TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

SEÝFEDDIN HAJY
IBN NYZAM UKAÝLY

# WEZIRLERIŇ ÖÇMEJEK YZLARY

AŞGABAT «MIRAS» 2006

# MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN

***Eý, Alla, işimi aňsat et, kynlaşdyrma we sag-aman gutarmaga medet ber!***

Älemi döredende kömekçä we wezire mätäç bolmadyk hem-de ähli zatlary ýaradanda hiç bir geňeşçi bilen maslahatlaşmadyk wezirsiz Soltan hem şäriksiz Jahandar bolan çäksiz Beýik Patyşa mübärek hamdy-senalar hem öwgüler bolsun! Alla oýlanyp ýörmeýän Dana we mal toplamaýan Baýdyr. Ol patyşalygyň rownagyny ýurt diwanyna akyldarlygy we dürs syýasaty bilen düzgün-nyzam berer ýaly parasatly weziriň barlygyna bagly edip goýdy.

Ýaradanyň beýikdir päk sypatlary,
Pygamberleň aklyny ýykýar
peslik zeminine.

Ähli halklar ýüz müň ýyllap pikirlenip,
Derňäp ýetmän, Allaň syrat mähirine.

Ahyry-da ejizläp, edipdirler

Allany şübhesiz ykrar,

Akly ýetmez hiç ynsanyň

Onuň bilýän zatlaryna.

Iki dünýäniň serweri we ynsu-jynsyň pygamberi bolan Muhammet pygambere gözel salamlar bolsun! Ol «Ol biderek zatlary gürlänok[1]» tokaýynyň berk agajydyr, «Ol diňe iberilýän wahyý esasynda gürleýär[2]» bagy-bossanynyň daragtydyr we «Ol ýaýyň iki ujy mukdardan, hatda ondan hem ýakyn durdy[3]» diýen bargähiň ýörite hem has ýakyn bendesidir. Şeýle beýik derejä we mertebä eýe bolsa-da, onuň pygamberlik dergähi we ilçilik tagty mynasyp ýaranlaryň we laýyk oruntutardyr wezirleriň ýardamy bilen «Meniň asmandakylardan iki sany, ýerdäkilerden hem iki sany wezirim bar» diýen jümle esasynda bezeldi. Bu pikiri tassyklaýan waka hökmünde şuny ýatlap bolar: Haçanda ymam Zeýnelabedin Aly ibn Hüseýine[4] (olara Allanyň salamy hem razylygy bolsun!) howandarlyk eden kişilerden bolýan bir topar[5]:

[1] Gurhanyň 53-nji («Nejm») süresiniň 3-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 53-nji («Nejm») süresiniň 4-nji aýaty
[3] Gurhanyň 53-nji («Nejm») süresiniň 9-njy aýaty.
[4] Hezreti Alynyň agtygy. Ol ylymda we bilimde tanymal bolupdyr.
[5] Şygalaryň rafyzy mezhebine degişli topar.

– Sen iki uly sahaba – hezreti Abu Bekre[1] we hezreti Omara[2] lagnat aýtmasaň, biz seniň bilen ähtleşmeris – diýenlerinde, ol:

– Alladan ant içýän, hiç haçan olara lagnat aýtmaryn – diýipdir. Şondan soň olar ony terk edip, „rafyzy[3] adyny alypdyrlar. Allatagala pygamberimiz Muhammede, onuň ähli maşgalalaryna we sahabalaryna salam hem salawat ibersin.

Käbir taryhy eserlerde, husused, şu döwrüň hem ökde akyldary Möwlana Abdylwahhap Gyddynyň eserlerinden bir risalada şeýle setirleri okadym:

«Amaly subutnamalarda we şerigat delillerinde subut edilişine görä, iki dünýäniň bagty-sagadaty – Perwerdigäri tanamakdan we oňa gulluk etmekden başga zat däldir. Allany tanamak we oňa gulluk etmek bolsa parahatlyga-rahatlyga baglydyr. Parahatlyk-rahatlyk durmuşyň gözelleşmegine, durmuşyň gözelleşmegi bolsa ynsaplaryň biri-birleri bilen arkalaşmaklaryna baglydyr. Pygamberleriň ilçiligini subut edýän kitaplarda muňa yşarat edilipdir, ýagny eger bir adam öz durmuş güzeranyny görmek bilen meşgul bolup, başgalardan kömek-arkalaşyk soramasa, onuň bütin wagty ýönekeý bir zada – nahar-iýmit, lybas-eşik tapmaga sarp ediler, hatda onuň bütin

---

[1] Abu Bekr – birinji halypa. Syddyk lakamy bilen tanalýan dört çaryýarlaryň birinjisi.

[2] Omar – ikinji halypa. Faruk lakamy bilen tanalýan dört çaryýarlaryň ikinjisi.

[3] Rafyzy – terk ediji, boýun gaçyryjy.

ömrüniň bu zada ýetmezligi hem mümkin. Şeýlelikde, durmuş işleriniň düzgün-nyzamly bolmagy arkalaşmak, bileleşik bilen amala aşýar. Bu bileleşik we arkalaşyk hem adyllyga baglydyr. Eger adyllyk bolmasa, her kim diňe öz pikiri-garaýşy boýunça işe girişer. Bu ýagdaýda durmuş bozular, kynlaşar. Şoňa görä, dessur edinip, onuň çäklerinden çykman, arkalaşyk hem birleşik işleri üçin, göwnejeý hem makullarly kada-kanun gerek. Ol kada-kanun şerigatdyr. Şerigat tutuşlygyna adyllykdyr. Şerigat hemaýatkäre, goragça we ýardamça mätäç. Ol hemaýatkär hem goragçy soltanlykdyr. Soltanlyk «Bu demri ýaratdyk, onda gatylyk, berklik hem adamlar üçin peýda bar[1]» diýen jümle ýaly, şerigatyň hormatyny saklap, onuň aýnasyny «Elbetde, nebis ýaramaz zatlara emr edijidir»[2] diýen tozandan päk saklamalydyr. Soltanlyk tutuşlygyna wezirlige baglydyr. Indi şu gepbaşylara we düşündirişlere görä, Adam ogullarynyň bu dünýäde bolsun, ahyretde bolsun, ähli kämillikleriniň we bütin bagty-sagadatlarynyň ählisiniň wezirlige baglydygy anyk-äşgär mälim bolýar. Bu meselä ýene bir delil şudur: beýik pygamberlerden bolan, «Kelimulla» («„Alla bilen gürleşen»») halady bilen bezelen, «„Men seni adamlara Özümiň sözlerimi we tabşyryklarymy ýetirmegiň üçin

[1] Gurhanyň 57-nji («Hadyd») süresiniň 25-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 12-nji («„Ýusup»») süresiniň 53-nji aýaty.

saýladym»[1] diýen hormata ýeten we «Eý, Perwerdigärim, meniň gursagymy giň et, işimi aňsat et, dilimiň peltekligini aýyr, kowumym maňa düşer ýaly et[2]» diýen dilegleriň kabul bolanyny gören hezreti Musa alaýhyssalam ýene-de «Maňa öz ýakynlarymdan doganym Haruny wezir edip belle»[3] diýip, ýalbaryp haýyş edip, bu uly işe wezirsiz girişmändir.

Hak Taňrydan Musaga gelse-de jogap,
Wezirsiz bu işi etmezdi dogry togap.

Ähli mülkleri alan we Beýik hem Päk Perwerdigäriň syrdaşy bolan hezreti Süleýmanyň pygamberligi hem akyldar wezir Asyf ibn Berhiýanyň wezirligi bilen bezeg tapdy. Şu düşündirişlere görä, hiç bir patyşa we hökümdar işbelet wezirsiz ýurdy dolandyryp bilmez. Mübärek bagtyýar wezirler we ýagşyzada geňeşçiler «Eger Alla bir adama ýagşylyk etmek islese, oňa ýatdan çykaran zatlaryny ýatladýan we ýatdan çykarmadyk işlerinde oňa ýardamçy bolýan wezir bagyş eder» diýen hadysa görä, hökümdarlara patyşalyk işleri dolandyrmakda dürli emrler we gadagan etmeler bilen ýardamçy we böwet bolýarlar. Bu eýýamlarda Allanyň enaýaty we hezreti Şahynşanyň mähremligi bilen bu beýik wezipe hem

[1] Gurhanyň 7-nji («Agraf») süresiniň 144-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 25-26-27-28-nji aýatlary.
[3] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 29-30-njy aýatlary.

mübärek orun älem wezirleriniň beýik soltany we gylyç-galam eýeleriniň hojaýyny, pazylatlary hem mähremlikleri özünde jemlän, sahawat çeşmesi, jebir-jepalary hem zulum-sütemleri ýok ediji, soltanlygyň ynamdary, ýurduň amanatdary, älem wezirleriniň halypasy, ähli emirleriň ýüzlenýäni, maksat-myratlar käbesi, arzuw-islegler kyblasy, ýurt sütünlerini mä-kämleşdiriji, soltanlyk kadalaryny jemleýji, haýyr-sogap binalaryny galdyryjy, ýagşy-oňat kanunlary ýola goýujy, ýurtlaryň hem bendeleriň goldaýjysy, bozuk-pisat işleri ýok ediji, ýolbaşçylyk asmanynyň güni, syýasat peleginiň diregi, kämillik ýüzüginiň göwher gaşy, beýiklik asmanynyň bagt ýyldyzy, patyşalygyň Asyfy, gözel nesepli, kämil akyldar, belent mertebeli, pelekleriň hem ýyldyzlaryň kyblasy, beýik wezir hezreti Kawamylmille Weddin Nyzamylmülk Hafynyň[1] mynasyp kämil durky we sahawatly asly bilen bezeg tapdy (Allatagala onuň mähremlik saýasyny kemeltmesin we sahawat tuguny älemdäkileriň başlaryna diksin!).

Şeýdip, gürrüňsiz, ol päk ygtykatly weziriň beýik hümmetiniň bereketi we dindarlygynyň hormaty bilen älemde parahatlyk, abadanlyk hem rahatlyklar peýda boldy. Ol halkyň azgynçylyga ýetmegine sebäp bolan we gadymy döwürlerden bäri dowam edip gelýän köp

---

[1] Bu ýerde 1369-1500-nji ýyllarda höküm süren Teýmirliler nesilşalygynyň hökümdary Abu Sagydyň (1451-1467-nji ýyllarda patyşa bolan) döwründe wezir bolan Nyzamylmülk Hafy göz öňünde tutulýar.

bedgatlary[1] doly ýok edip, olaryň ýerine dürli ýagşylyklary, haýyr-sogap işleri hem-de ýagşy ýol-ýörelgeleri ýola goýdy. Olary beýan etmegiň hajaty ýokdur, çünki, hemmeler bu zatlary bilýändirler. Nesip bolsa onuň eden bu ýagşy işleri öz ýerinde getiriler. Älemdäkileriň rahatlygyna we parahatlygyna sebäp bolýan bu döwlet we bu bagt[2] dowamat dowam tapyp, baky galsyn!

Eý, Rebbim, Sen bu hak saýaň bilen,
Bu jahanda häkimligi ornaşdyr.
Mähremligiň bilen aýaňda saklap,
Musulmanlyk esasyny goraşdyr.

Ýagşyzada „Asyfyň aýak tozlarynyň bendesi bolan bu kitabyň ýazary Seýfeddin Hajy ibn Nyzam Ukaýly şeýle diýýär:

Ol beýik hanadanyň we asylly nesliň boýnunda bendelik hak-hukuklarym bolanlygy sebäpli, ol alyhezretleriň ýagşylyklaryndan we sylag-serpaýlaryndan nesibäm bolsa-da, öz egindeşlerim hem ýoldaşlarym ýaly aýratyn merhemet we enaýat bilen gurşalamok, ýörite mähremliklerden, sylag-serpaýlardan paýly bolamok. Şeýlelikde, uç-gyraksyz ünsden düşme beýewanynda sergezdan, perişan hem

[1] Bedgat – täze çykan esassyz, delilsiz, ýaramaz ýol-ýörelgeler.
[2] Bu ýerde wezir Nyzamylmülk Hafynyň döwleti we bagty göz öňünde tutulýar.

bialaç bolup, bu ýagdaýy beýleki maksada ýetmezliklerime-de sebäp hasapladym. Öz gamly köňlüme «Hakly mydam mahrumdyr»[1] diýen jümle bilen teselli berip, Firdöwsi Tusynyň käbir beýtlerini ýada salýan şahyrlaryň halypasy Şems Tabasynyň iki beýt şygryny ýatladym. Ol «Saňa ýetýän erbetlikler we kynçylyklar seniň özüň zerarly»[2] diýen aýata görä, bu ýagdaýy özüniň ýaramaz-gara bagtyndan görüp, bu barada şeýle diýýär:

Öz ýurdumdan geldim,
dergähine Rum şasynyň,
Çünki, eşitdim ýokmuş
onuň sahylykda taýy-deňi.
Görmedim men ýardam isläp
gelenleriň içinden,
Menden başga şadan işi bitmäni.
Oýlanyp aýdardym öz-özüme men:
Ýagny baý ýyldyzlary halamaýarlar,
Dana pikirler esasynda seýil etmäni.

Bir gije düýşümde
Firdöwsiniň jemalyn gördüm,
Ol aýtdy: Eý Şems bu
islegde ýeke dälsiň sen,
Seniň bolşuň ýaly, men hem

[1] Araplaryň atalar sözi.
[2] Gurhanyň 4-nji («„Nisa») süresiniň 79-njy aýaty.

Mahmydyň gapysyna bardym,
Iki beýt aýtdym, ýöne sen
olary ýadyňda saklamansyň.

Mahmydyň mübärek dergähi bir deňizdir,
Ol deňiziň kenarynda
duranyň peýdasy ýokdur.
Eger onuň dergähinden teşne
bolup gaýtsaň gelşiksiz,
Günä meniň bagtymda, deňziň günäsi ýokdur.

Bu kemine bendäniň ol alyhezretlere bolan kämil yhlasynda zerreçe-de kemlik-nogsanlyk bolmady. Men bende ol mübärek weziriň ahwalatyna we bitiren işlerine ýakyndan we içgin belet bolmasam-da, başardygymdan öz sadaja, ýüzleýje we kemçiliklerden halas bolmadyk jümlelerim bilen agyr hem göçme manyly sözleri ulanmaga ýykgyn etmezden, olary ýazuw sapagyna düzmegiň arzuw-islegindedim.

Bir garynja Süleýmanyň huzuryna
getirdi bir çekirtge aýagyn,
Soň, garynja utanjyndan
saldy başyn aşaga.
Soňra başyn galdyryp aýtdy:
«Eý hormatlylar,
Her kimiň öz derejesine görä
sowgat getirmegi laýykdyr».

Meniň bu hyýalym-arzuwym «„Işler wagta bagly„» diýen hadysa görä, amala aşman ýördi. Ahyry alyhezretiň mübärek gulagyna men bendäniň bagtyýar soltanlaryň, beýik alym-ulamalaryň, at-abraýly wezirleriň we döwrüň ýagşyzadalarynyň ahwalatyny jemländigimi ýetiripdirler. Şeýdip, birden Süleýmanyň özüniň şol haýbatyna garamazdan, garynja ýüzlenişi ýaly, ol alyhezretiň «Zamana akyldarlarydyr ýagşyzadalary barada ýyllarboýy jemlän risalaňy iber»„ diýen päk ýüzlenmesi gelip ýetdi. Ol haýbatly Asyf mertebeliniň mübärek haty we hormatly ýüzlenmesi gelip ýetende, bu bendäniň gamgyn kalbyna köp şatlyklar getirdi. Çünki, ol Süleýman dek „guşlary synlap, «Men hüthüti görmeýärin ýa-da ol ýokmy?»[1]„ diýen aýatda aýdylyşy ýaly, bu bendäni ýatlapdy, ýadyna salypdy.

Saňa söýünji, indi köňül gamyny unut,
Sen hem-de seniň jemlän zadyň ýatlandy.

Şeýdip, bu emr bilen ýüzlenilen, Süleýmanyň huzuryna gelen garynja kimin men„ öz arzuwyma has höwesli we islegime has çynlakaý çemeleşmäge girişdim.

Men tikendir toprak ýaly,
sen bolsa Gündür, bulut

[1] Gurhanyň 27-nji («Neml») süresiniň 20-nji aýaty.

Eger maňa ýagşylyk etseň,

läle-güller bererin.

Hakykatdan hem bu risala (kitap) ýaşlygymdan tä häzirki günüme çenli gije-gündiz öwülmedir döwülmeler, çynlakaýlyklardyr degişmeler bilen ýygnalan ýygyndydy. Men bende şol ýygyndynyň içinden birnäçe bölekleri saýlap, haýbatly hojaýyna ibermek isledim. Emma bu ýygyndynyň köp bölegini beýik alymlaryň zamanasynyň wezirlerine ýa-da şöhratly wezirleriň zamanasynyň ýagşyzadalaryna ýazan hat-petekleri tutansoň, birden mende «Belent mertebeli taryhçylaryň we jadyly sözli dileçeperleriň hiç biri häzirki güne çenli şöhratly wezirleriň hem-de ýagşyzada geňeşçileriň ahwalatyny, galdyran öçmejek yzlaryny öz içine alýan aýratyn bir taryhy eser ýazmandyrlar. Diňe käbir taryhy kitaplarda ýeri gelende käbir wezirler barada gysgaça beýan etmek bilen çäklenipdirler» diýen pikir peýda boldy. Şeýlelikde, meniň kalbymda öňki öten mynasyp wezirleriň öçmejek yzlaryny we ahwalatlaryny jemlemek höwesi döredi. Şunluk bilen zamana Asyfynyň hümmeti we jahan hojasynyň üns bermegi bilen, dürli ýurtlarda permanlary meşhur bolup öten we döwürdeş wezirleriň beýanyny ýazmaga girişdim. Men bu iş şol deňsiz-taýsyz weziriň gözel alkyşlaryna hem öwgi-taryplaryna eýe bolmagyma sebäp bolar diýip umyt edýärin.

Wezirlik wezipesi bu bendäniň eserinde ol döwrüň saýlantgysynyň mübärek durky we mährem asly hem-

de ol alyhezretiň bereketli nesli bilen soňlanýanlygy sebäpli, ilki öňki geçen wezirlerden başlap, kitaby ol dinu-döwlet sütününiň, mülk-millet nyzamynyň gözel häsiýetleri, artykmaçlyklary, ahwalaty bilen soňladym. Wezirleriň beýanyny Ymam Muhammet Jeririň «Tabarynyň taryhy», Firdöwsiniň «Şanama„»„ Muhammet Awfynyň «Jowamygyl-hekaýat„» («Hekaýatlar ýygyndysy»), «El-Ferej bagda aş-şidde„» («Kynçylykdan soňky şatlyk„») eserleri, «Jamygyt tawaryh„» («Taryhlaryň jemi„») eseri, «„Taryhy Emininiň terjimesi», Abulfazl Beýhakynyň kitaby bolan «Hoja Abu Nasr Müşkanynyň mertebeleri» eseri, «Seljuklaryň taryhy», «Älemi eýeleýjiniň taryhy»„ «Mejmagyl ensap»„ («„Nesepler ýygyndysy»), «„Zafarnama» («Ýeňişnama»), «Taryhy Äli Muzaffar», «Taryhy Kerman», «„Taryhy nesaýymyl eshar» («Säherler şemaly»), Reşideddiniň «„Sewanyhy ruzgär» («Döwrüň kynçylyklary») ýaly kitaplaryndan peýdalanyp we şolara esaslanyp ýazdym. Taryhy kitaplardan belli bolan wezirleriň ahwalatlaryny, yzlaryny, eserlerini we goşgularyny giňişleýin getirdim. Olaryň içinden giňişleýin ahwalatlary barada maglumat tapmadyklarymy diňe ýatlap geçmek bilen çäklendim. Nesip bolsa, bu risala ol mätäçleriň perýadyna ýetiji, zamana Asyfynyň kabul ediş we diňleýiş derejesine ýeter. Şunlukda, bu kemine bendä enaýat-üns beriş nazary bilen seredip, köňlüne şatlyk eçiler, ünssüzlik çölünden mertebe sährasyna, nam-nyşansyzlyk we perişanlyk beýewanyndan rahatlyk

bossanyna ýetirer diýip umyt edýärin. Ömrüm juwanlyk mertebesinden garrylyk derejesine ýetip, «Garrylykdan saçym agardy»[1] diýen aýatyň şekili (mazmuny) peýda bolupdyr. Juwanlyk möwsümimde we ýaşlyk döwrümde hasratdan, puşmanlykdan, gaýgy-gamdan hem azgynlykdan başga gazanan zadym bolmady. Netijede, ryswalyk hem ýüzügaralyk getirýän bu haram-gadagan işler nadanlyga eltdi. Indi galan ömrümi sag-salamatlyk hem rahatlyk bilen, ol alyhezretiň döwletiniň günsaýyn ösmegini we dowam bolmagyny diläp ýaşaryn.

Tä eziz ömrüm soňlanýança,
Her pursat jan saglygyň dilärin.

Bu kitap **«Wezirleriň öçmejek yzlary»** diýip atlandyryldy. Ol iki makaladan ybaratdyr.

**Birinji makala**: Öňki[2] wezirleriň ahwalaty. Bu makala on iki baby öz içine alýar.

Birinji bap: Beýik sahabalaryň we ymamlaryň wezirleri.[3]

Ikinji bap: Gadymy soltanlaryň[4] wezirleri.

Üçünji bap: Emewi wezirleriniň beýany.

---

[1] Gurhanyň 19-njy («Merýem») süresiniň 4-nji aýaty.

[2] Bu ýerde ýazar öz döwrüne çenli bolan wezirleri göz öňünde tutýar.

[3] Bu ýerde ýazar sahabalara hormat üçin, olar hakdaky beýany gadym döwürleriň wezirlerinden öň getiripdir.

[4] Bu ýerde yslamdan öňki soltanlar göz öňünde tutulýar.

Dördünji bap: Apbasly halypalarynyň wezirleri.

Bäşinji bap: Samanlylar nesilşalygynyň wezirleri.

Altynjy bap: Gaznalylar nesilşalygynyň wezirleri.

Ýedinji bap: „Deýlemliler ady bilen tanalýan Aly Buweýh nesilşalygynyň wezirleri.

Sekizinji bap: Seljuk nebereleriniň wezirleri.

Dokuzynjy bap: Horezmşalar nebereleriniň wezirleri.

Onunjy bap: Çingiz han nebereleriniň wezirleri.

On birinji bap: Muzaffar nesilşalygynyň we Gurly patyşalarynyň wezirleri.

On ikinji bap: Hezreti sahypkyran emir Teýmir Körekeniň we onuň perzentleriniň wezirleri.

**Ikinji makala**: Zamana Asyfynyň öçmejek yzlarynyň, ahwalatynyň we ýagdaýlarynyň beýany. Bu makala dört baby öz içine alýar.[1]

Birinji bap: Ol alyhezretiň ahlagy we onuň älem wezirlerinden rüstemligi.

Ikinji bap: Ol alyhezretiň wezirlikden öňki ahwalaty we bitiren işleri.

Üçünji bap: Ol alyhezretiň enaýatlary we döreden zatlary.

---

[1] Şu ýerde bu makala dört baby öz içine alýar diýlipdir, ýöne bu eserde onuň diňe üç baby berlipdir. «Päkistanda saklanýan parsça golýazmalaryň katalogy» atly kitapda hem bu eseriň ikinji makalasynyň girişde «dört bapdan ybarat» diýlip ýazylandygyna garamazdan, diňe üç baby ýazylypdyr.

Päk hem Beýik Allatagaladan maňa bu kitaby ýazyp gutarmaga towpyk bermegini we bu kitabyň ol wezirler soltanynyň göwnünden turup, öwgä-tarypa mynasyp bolmagyny we ol päk ygtykatly weziriň şöhratynyň güneş deý Arşa galmagyny dileýärin.

# BIRINJI MAKALA. ÖŇKI WEZIRLERIŇ BEÝaNY

# BIRINJI BAP
# BEÝIK SAHABALARYŇ WE YMAMLARYŇ WEZIRLERI

Olaryň halypalyk döwri otuz ýyl bolupdyr. Şahyr bu barada şeýle diýýär:

Pygamberem aýdypdy, (Çaryýarlara)
halypalyk otuz ýyl,
Abu Bekr iki ýyl, on ýyl
boldy Omar halypa.
Osman on iki ýyl boldy,
Haýdar (Aly) bolsa alty ýyl
Doly otuz ýyl boldy, bary girdi galypa .

## *Abu Bekr Syddyk*

„Möminleriň emiri, takwalaryň ymamy hezreti Abu Bekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) pygamberimiz hezreti Muhammet alaýhyssalamyň weziridi. Onuň ahwalatyny gaýtalara hajat ýok. «„Owadan ýüzi taryplamaga dil, söz, galam gerek däl» diýipdirler.

## *Abdylla ibn Arkam*

Abdylla ibn Arkam möminleriň emiri, müşrik taýpalary ýok ediji Omar ibn Hattabyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) weziri hem geňeşçisi bolan beýik, meşhur we at-owazaly sahabalaryň biridi.

## *Merwan ibn Hekem*

Merwan ibn Hekem möminleriň emiri, pygamberimiziň iki gyzynyň ýoldaşy hezreti Osman Zünnuraýnyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) weziri bolupdyr. Onuň ahwalaty hem kasydalary örän meşhurdyr.

## *Abdylla ibn Abu Rafyg*

Abdylla ibn Abu Rafyg möminleriň emiri, musulmanlaryň algyr şiri we halypalarynyň soňkusy hezreti Aly Murtazanyň (goý, Alla oňa jenneti bagyş etsin!) weziri bolan. Ol Allanyň resulynyň beýik sahabalaryndandyr we onuň ahwalaty giňişleýin beýan etmäge mätäç däldir.[1]

[1] «Beýik sahabalaryň we ymamlaryň wezirleri» atly babyň gysga bolmagynyň sebäbi, yslamyň taryhy, Muhammet pygamber we onuň sahabalary hakdaky kitaplaryň, maglumatlaryň köplügidir we giň ýaýranlygydyr. Ýazaryň özi hem adyny tutan wezirleriň ahwalatlarynyň meşhurdygyny, olary giňişleýin ýazyp beýan etmegiň zerur däldigini beýan edýär.

# IKINJI BAP
# GADYMY SOLTANLARYŇ WEZIRLERINIŇ BEÝANY

## *Fisaguras*[1]

Fisaguras hekim Güştasbyň[2] weziri we Lukman hekimiň şägirdi bolupdyr. Ol saz ylmynda köp heňleri döredipdir. Onuň aýdan pähimlerinden mysallar:

„Özüňi öwmeklik ýaramaz zatdyr.
Ata-babadan ant içmeklik
aldawyň alamatydyr.
Agyr dertlere sabyr etmek –
gam-gussaňy ýeňilleşdirmekdir.

## *Jamasp*[3]

---

[1] Fisaguras – miladydan öňki VI asyrda ýaşap geçen gadymy ýunan (grek) alymy Pifagor.

[2] Güştasp – kyýany nesilşalygynyň 5-nji patyşasy.

[3] Ïamasp – Zertuşt (Zaratuştra) dinine eýerýänleriň aýtmaklaryna görä, ol hwagwa neslinden bolup, Fraşuştranyň dogany bolupdyr. Ol öz döwründe meşhur tebip we akyldar hökmünde tanalypdyr.

Jamasp Güştasbyň dogany we Lukmanyň şägirdi bolupdyr. Şeýle-de ol öz doganynyň maslahatçysy we akyldar adamy bolupdyr. Onuň saýýaraşynas[1] we ýyldyzşynas ylmyndaky aýdan zatlary öz ýaşan döwründen soň, tä üç müň ýyla çenli dowam edipdir. Ol pars welaýatynda jaýlanypdyr. Haýsydyr bir patyşa we häkim ol ýere ýetip, onuň gabrynyň ýanyndan atly geçse, ol şol ýyl hökman wepat bolar.

Onuň aýdan sözlerinden:

**Ýagşy adamyň iň erbet häsiýeti – onuň öz ýagşy amalyny taşlamagydyr, pes adamyň iň gowy häsiýeti – onuň öz ýaman amalyny taşlamagydyr.**

Iň uly ýara – ýagşy adamyň pes adamyň ýanynda kiçelmegidir.

Iň erbet we agyr iş – uly abraýly adamyň pes adamdan iş soramagy we işiniň bitmezligidir.

## *Bukrat[2]*

Bukrat hekim Fisagurasyň şägirdi, Bahmeniň[3] weziri bolupdyr. Onuň ylmy işleri lukmançylyk ylmynda uly ähmiýete eýedir. Bukradyň pasyllary (kitaplary) lukmanlar üçin kesgitli kanundyr. Onuň aýdyp geçen sözlerinden:

---

[1] Saýýara – Gün äleminiň uly hemralary (planetalary).

[2] Bukrat – miladydan öňki 460-njy ýyllarda ýaşap geçen gadymy ýunan (grek) lukmany Gippokrat.

[3] Bahmen – eýran hökümdarlaryndan bolan Ispendiýaryň ogly Erdeşiriň lakamy.

Özüniň gysga ömrüni ahyreti talap etmeklige we Haktagalany wasp etmelige sarp eden adam – akylly, düşünjeli adamdyr.

## *Sokrat*[1]

Sokrat hekim Bukradyň şägirdi we Humaý Bint Bahmeniň[2] weziri bolupdyr. Onuň aýdan sözlerinden:

Nadanyň öňünde başyňy egmek edil hanzala[3] suw beren ýalydyr, suwy näçe berseň onuň ajylygy artar.

**Akyl bilen ylym edil ruh bilen jisim mysalyndadyr.**

Ylymsyz akyl manysyz ýüzdür, akylsyz ylym ugursyz şemalydyr.

Ýerliksiz tagalla gerek ýerinde ýaltalyk ýetmekden hem erbetdir.

**Eger-de kimdir biri dana adam bilen maslahat edýän bolsa, ol duşman bilen hem onuň syryny bilýänçä maslahat etmelidir.**

## *Eflatun*[4]

[1] Sokrat – miladydan öňki takmynan 470-399-njy ýyllarda ýaşap geçen ýunan (grek) pelsepeçisi Sokrat.

[2] Bahmeniň gyzy Humaý.

[3] Hanzal – çölde bitýän ajy garpyz.

[4] Eflatun – miladydan öňki 428-427-nji ýyllarda ýaşap geçen gadymy ýunan (grek) akyldary Platon.

Eflatun hekim Sokradyň şägirdi, Darabyň[1] weziri bolupdyr. Onuň aýdan sözlerinden:

Erbet adamlar bilen oturma, olaryň elinden başyňy halas et, bolmasa, seniň janyňa howp salarlar.

Öz nebsine erk edip bilmedik kişi özgäniň nebsine nädip böwet bolsun.

Patyşanyň akyldarlaryň ýanynda şerap içmegi haramdyr, çünki patyşa raýatlaryň garawulydyr. Garawulyň özüni goraýan we oňa gözegçilik edýän garawuly bolmagy gelşiksizdir. Ol şerap içen mahaly huşuny giderer we oňa garawul gerek bolar. Bu bolsa ýaramaz we gelşiksiz görülýändir.

Ýaramaz adamlar bilen oturma, çünki seniň tebigatyň onuň ýaramaz nebsini görüp, oňa endik edenini duýman galar.

Kimdir biri sende ýok zat bilen seni öwse, ynjan wagtynda sende ýok zat bilen seni ýamanlar.

Özüni baý hasaplaýan derwüş edil tendäki ýaranyň çişi kimindir.

Bahylyň günäsini geçmeklik kiçijik ýagşylygyň öwezini dolmakdan aňsatdyr.

Eger-de siz bir agyr derde duçar bolsaňyz, ondan hem agyrrak derdi göz öňüňize getiriň, şonda derdiňiziň gam-gussasy ýüregiňizden zym-zyýat bolar.

Eger ýagşylyk kiçi bolsa-da, oňa kiçi diýmäň, çünki, ýagşylygyň gadyry gaty uludyr.

---

[1] Darap – kyýany nesilşalygynyň dokuzynjy patyşasy Keýkubat.

Eger-de senden ýagşylyk görmän, saňa sag bolsun aýtsalar, ondan şikaýat gelmänkä, derrew oňa ýagşylyk etmäge howluk.

Üç kişä ýagşylyk etmelidir: nadanyň golastyndaky dana kişä; güýçlüniň bendesi bolan ejize; bedasyla mätäç bolan asylzada.

Betnebis adamlaryň erbetligini äşgär eder, olaryň ýagşylyklaryny gizlär. Şeýle-de siňek hem hemişe hapa ýere gonar, arassa ýere asla gonmaz.

Käbir adamlaryň ýaramaz amallaryna we hal-ýagdaýlaryna şat bolma, çünki, dünýä aýlanyp, öwrülip durandyr, mümkin, bir wagtlar seniň hem üstüňden gülerler, şat bolarlar.

Akylly adam nadan adam bilen, hüşgär adam mes adam bilen hiç wagt jedele girmez.

Patyşanyň iň gowy häsiýeti onuň dogruçyllygydyr, çünki, onuň gorkusy, duşmany we dostluk umydy ol gorkuda jemlenendir.

Jomartlyk – tamakinçilik etmezden, zadyňy özgä bagyş etmekdir.

**Seýrek duş gelýän hikmetli sözleri ýazyp al, hatda olary hanjaryň ujy bilen gözüň agyna ýazmaly bolsa-da, ýaz!**

***Aristatalis***[1]

[1] Aristatalis – miladydan öňki 384-nji ýylda ýaşap geçen ýaşap geçen gadymy ýunan (grek) alymy we pelsepeçisi Aristotel.

Aristatalis hekim Eflatunyň şägirdi we Isgenderiň weziri bolupdyr. Ol pelsepe, logika (mantyk), ýewklide[1], jemgyýetçilik ylymlaryna degişli kitaplary we başga-da birnäçe gymmatly eserleri Eýrandan Rime ugradyp, galanlaryny oda ýakdy. Ol kitaplaryň hemmesi Eýrandan äkidildi. Onuň aýdan sözlerinden:

– Soltan edil uly derýa ýalydyr, döwlet sütünleri bolsa şol derýadan dürli ýerlere bölünip gaýdýan gollar kimindir. Derýanyň suwunyň reňki we tagamy nähili bolsa, onuň gollary hem şolar ýaly bolar. Patyşanyň ýol-ýörelgesi adyl ýa-da zulum bolsa, döwlet sütünleri hem şolar ýaly bolar;

Patyşa gowy häsiýetlere eýe bolmalydyr, çünki, raýatlar hem şol häsiýetlerden ybrat (sapak) almalydyr;

**Hikmet şeýle bir daragt bolup, onuň köki ýürege, miwesi bolsa dile barýandyr;**

Üç adamdan hüşgär bolmalydyr: aýaldan; perzentden; hyzmatkärden. Ýogsa bular üstüňe şir bolarlar.

Üç zat özüňe zyýan ýetirip biler: bar güýjüň bilen işlemek; özüňe agram salyp, köp iýmek; güýjüňe daýanyp, birine agyr iş buýurmak;

Uly bilen hem, kiçi bilen hem oýun etmeli däl, çünki, ulular kineçil bolupdyr, kiçiler bolsa hondanbärsi bolup üstüňe şir bolar.

Her kim ähli işlere hakykat gözi bilen seretse, hiç wagt gaýgy we gama duçar bolmaz.

---

[1] Ýewklid – gadymy matematika.

## *Büzürgmehr*

Büzürgmehr hekim Nowşirwan adylyň weziri bolupdyr. Onuň gelip çykyşy we doglan ýeri Merw şäheridir. Büzürgmehriň şöhrata eýe bolan wagty şu waka bilen baglanyşýar.

Nowşirwan bir gün agşam üç gezek düýş görýär. Düýşünde onuň öňünde janhowurly[1] şerap goýulýar. Ol şeraby hem bir doňuz gelip içýär. Nowşirwan şol günüň ertesi hemme ruhanylary we özüniň ygtybarly adamlaryny ýanyna çagyryp, düýşüni ýormagy buýurýar. Bularyň hemmesi düýşi ýormagy başarmaýarlar. Soňra olar düýşi ýorup bilmeýändiklerini boýun aldylar. Nowşirwan olara ýüzlenip: «Siz döwrüň hekimleri we alymlary! Eger-de meniň düýşümi ýormagy başarmasaňyz, älemiň ähli künjegine syýahat edip, meniň düýşümi ýorar ýaly kimdir birini tapyň» diýip buýurdy.

Netijede, patyşanyň hyzmatyndaky ynamdar adamlary we ruhanylary älemiň daş-töweregine aýlanyp çykdylar we adamlardan sorag-ideg etdiler. Olar altmyş dokuz ruhanydy. Olardan belli bir jogap bolmady, emma bir ruhany uzak ýollar söküp, Merw şäherine ýetdi. Ol birinji köçede bir adamyň mekdepde çagalara tälim berip oturandygyny gördi. Ýedi ýaşly

[1] Ïanhowurly – güýçlülik derejesi uly ýa-da ýiti diýmek.

çaga onuň öňünde oturyp sapak okaýardy. Ruhany ol mekdebe baryp, dyzyny epdi. Molla ondan:

– Seniň bu şähere gelmegiň sebäbi näme? – diýip sorady.

Ruhany görlen düýşüň mazmunyny oňa gürrüň berip, düýşi ýorup bermegini haýyş etdi.

Molla:

– Mende ylym bar, emma başarjaňlygym ýok, şu sebäpli düýşi ýormagy başarmaýaryn – diýip jogap berdi.

Şol wagt ýedi ýaşly çaga-da mugallymyň ýanynda otyrdy.

Ol çaga:

– Düýşüň ýorgudyny men bilýärin – diýip seslendi.

Molla oňa:

– Sen sapagyňy bir doly bilýärmiň, Nowşirwanyň düýşüni ýorar ýaly sen kim bolupsyň? – diýip, çaganyň üstüne gygyrdy.

Ruhany molla ýüzlenip:

– „Çaganyň üstüne gygyrma, belki, çaganyň aýdanlary düýşi ýormaga kömek eder, ýogsa-da adamlaryň bilmeýän zatlary çagalara aýdyňdyr. Dana kişiniň aýtmagyna görä, «Ylym köp dürlüdir, ýöne olar dürli hili adamlar bilendir – diýdi.

Soňra ruhany:

– Bolýar, aýt hany, düýşüň ýorgudy näme? – diýip, çagadan sorady.

Çaga:

– Düýşüň ýorgudyny siziň ýanyňyzda aýdyp bilmerin, men kim düýşi gören bolsa, şonuň ýanynda ýormagy başararyn – diýip ýüzlendi. Bu sözleri eşiden ruhany çaga bilen gyzyklanyp:

– Onuň kakasynyň aradan çykanyna näçe wagt boldy, onuň garry enesi barmy? – diýip, molladan sorady.

Ahyrsoňy ruhany çaga bilen onuň ejesini ýola taýýarlap, olary ýanyna alyp, Nowşirwanyň dergähine tarap ýola düşdi. Bular az ýöräp, köp ýöräp, bir agajyň kölegesine hem-de suwly çeşmäniň boýuna ýetdiler. Olar agajyň kölegesinde dynç almaga oturdylar. Ruhany çagany özi bilen äkitmek üçin, köp ýol geçipdi. Ol öz ýanyndan: «Nowşirwanyň düýşüni nähili ýorarka?» diýip oýlanýardy. Şol wagt onuň ukusy gelmeýärdi. Çaga bolsa uka gidipdi. Birdenkä, ruhany bir gara ýylanyň çaganyň aýagynyň üstünden süýkenip barýandygyny gördi. Ol ýylany kowmak isledi, ýöne ýylan yzyna dolanyp, agajyň ýokarsyna tarap ýöneldi we çaganyň kellesiniň ýokary ýanyndaky şahada saklandy. Haçanda çaga oýanan mahaly, ýylan gözden gaýyp boldy. Bu gören zatlaryna haýran galyp, ruhanynyň çaga bolan ynam-umydy artyp başlady. Olar Nowşirwanyň dergähine ýetenlerinde, ruhany çagany başga ýerde goýup, özi öňe düşdi. Nowşirwan ondan sorady:

– Aýlanyp gezen ýerleriňizden tapan adamyňyz boldumy?

Ruhany oňa şeýle jogap berdi:

– Hiç kimi tapmadym, ýöne «Düýşi ýorup bilýän» diýen bir çagany getirdim.

Ol hemme hal-ýagdaýyny Nowşirwana düşündürdi. Nowşirwanyň buýrugy bilen, dessine çagany onuň ýanyna getirdiler. Ol çagadan düýşüň ýordugyny sorady. Çaga şeýle jogap berdi:

– Siziň ýeke özüňize aýdyp bilerin.

Patyşa öz ýanyndaky adamlara ýüzlenip, mejlisi boşatmaklaryny buýurdy. Çaga şeýle diýdi:

– Siziň haremhanaňyzda hiç hili eginbaşsyz bir adam siziň aýallaryňyzyň biri bilen gepleşýär.

Bu sözleri eşiden badyna, Nowşirwanyň gahary gelip, öz haremhanasyndaky hemme aýallary ol ýere getirmegi buýurdy. Olaryň hiç birisiniň bu bolýan işlerden habary ýokdy. Soňra Nowşirwan olara: «Ýalaňaç duruň» diýip buýruk berdi. Bu buýrukdan soň, ady agzalan «aýal» olaryň arasynda peýda boldy. Nowşirwanyň aýaly bolan Rim imperatorynyň gyzy:

– Ol meniň bilen bile önüp-ösdi, men onsuz oňup bilmeýärin. Şonuň üçin şular ýaly işe baş goşdum – diýip gygyrdy.

Nowşirwan ol aýala we erkege jeza bermegi buýurdy. Wezir Büzürgmehr olaryň ikisini hem öldürdi. Şu wakanyň ýüze çykmagy Büzürgmehriň abraýynyň ýokary galmagyna sebäp boldy. Onuň ýazan ylymlary, hikmetleri örän köpdür. Onuň aýdan hikmetleri gysga sözlerde beýan edilýär:

Bäş sany zat takdyra baglydyr, ony gara zähmetiň bilen gazanyp bolmaýar; kybapdaş aýal; perzent; mal-mülk. [1]

Adam öz azaby bilen bäş zady gazanyp biler: ylym; edep; edermenlik; jenneti tapmak; dowzahdan halas bolmak.

Adamlarda bäş sany häsiýet tebigy bolýandyr: dogruçyllyk; ýatmak; aýal-erkegiň ýanaşygy; buşukmak; uly täret.

Bäş zat nesilden-nesle geçýändir: mylaýym ýüz; gowy häsiýet; syratly boý; tekepbirlik; peslik.

Men öz halypamdan: ,,

– Meni kanagatlandyrar ýaly, Hudaýtagaladan näme dileg etmeli? – diýip soradym.

Halypa:

– Üç sany zady, ýagny saglygy, baýlygy we imany dileg etmeli – diýip jogap berdi.

Men:

– Işlerimi kime ynansa bolar? – diýip soradym.

Halypa:

– Özüňe laýyk, mynasyp adama ynansa bolar – diýip jogap berdi.

Men:

– Ol laýyk we mynasyp adam kim bolup biler? – diýip soradym.

---

[1] «Ýokarda aýdylanda bäş zat takdyra bagly diýilýär, emma üç zat görkezilen. Bu hemmelere mälimdir». Kitabyň gyrasynda ýazylan ýazgyda şeýle diýilýär.

Halypa:

– Görip bolmadyk dostuňa ynansa bolar – diýip jogap berdi.

Men:

– Hemme wagt haýsy iş bilen meşgul bolmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– Öz işiň bilen meşgul bolmaly – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýaşlykda we garrylykda haýsy işler bilen meşgul bolmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– Ýaşlykda ylym öwrenmeli, garrylykda bolsa işlemeli – diýip jogap berdi.

Men:

– Adamlaryň ýanynda iň gowy görülmeýän dogrulyk näme?– diýip soradym.

Halypa:

– Hünäriňi görkezmeklik – diýip jogap berdi.

Men:

– Mynasyp däl dostdan nähili ýol bilen daşlaşyp bolar? – diýip soradym.

Halypa:

– Üç zat oňa sebäp bolup biler: onuň ýanyna didarlaşmaga gitmezlik; halyndan habar almazlyk; ondan tamakin bolmazlyk – diýip jogap berdi.

Men:

– Işler biziň tagallamyza baglymy ýa-da Allanyň takdyryna? – diýip soradym.

Halypa:

– Tagalla takdyra sebäpdir – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýaşlara we garrylara haýsy häsiýetler ýaraşýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Ýaşlara utanç we batyrlyk, garrylara ylym we agraslyk ýaraşýar – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşyzadalyk kime ýaraşar we ýagşyzada kimdir? – diýip soradym.

Halypa:

– Ýagşyzadalyk ýagşyny, ýamany seljerýäne ýaraşar we ýagşyzada her bir işi öz ussadyna tabşyrýan adamdyr – diýip jogap berdi.

Men:

– Kämillige ýetýänçäň, haýsy adamlardan goranmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– Ýaranjaň we baýamak isleýän gysyk, ownukçyl adamdan goranmaly – diýip jogap berdi.

Men:

– Iň sahy adam kim bolup biler? – diýip soradym.

Halypa:

– Bir zat berenden soň, begenýän adama sahylaryň sahysy diýip bolar – diýdi.

Men:

– Adamlar haýsy zatlar üçin janlaryny orta goýarlar? – diýip soradym.

Halypa:

– Adamlar üç zat üçin: din ylmy, ar almak, kynçylykdan halas bolmak üçin, janyndan geçip bilerler – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy zatlary hemmeler gözleýärler, ýöne käbir adamlar ony gözlese-de tapmaýarlar? – diýip soradym.

Halypa:

– Aýal, saglyk, şatlyk we dogry ýol – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşylyk etmek gowumy ýa-da erbetlikden daşda durmak? – diýip soradym.

Halypa:

– Erbetlikden daşda durmak hemme ýagşylyklaryň serbaşysydyr – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy hünäriň aýby bolar? – diýip soradym.

Halypa:

– Minnetli ýagşylygyň aýby bolar – diýip jogap berdi.

Men:

– Garyp adamlardan ylym öwrenmek bolarmy? – diýip soradym.

Halypa:

– Alym bolsa garyp bolmaz, garyp bolsa alym bolmaz – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy zat ylmyňa peýda getirer? – diýip soradym.

Halypa:

– Dogruçyllyk – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy zat batyrlygyň nyşanydyr? – diýip soradym.

Halypa:

– Güýçli wagtyň kimdir birini bagyşlamak – diýip jogap berdi.

Men:

– Aýpsyz kim bolup biler? – diýip soradym.

Halypa:

– Hudaýtagala – diýip jogap berdi.

Men:

– Işleriň iň gowusy haýsy iş bolup biler? – diýip soradym.

Halypa:

– Erbet adamy erbet iş etmekden gaýtarmak – diýip jogap berdi.

Men:

– Adamlaryň aýplarynyň içinde haýsysy has zyýanly iş hasaplanýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Görnüp duran aýpdyr – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýaşaýşyň iň bihuda, biderek geçýän sagatlary haýsylardyr? – diýip soradym.

Halypa:

– Eger-de kimdir biri ýagşylyk etmegi başaryp, ony etmese, şol wagt ol kişi üçin iň bihuda wagt hasaplanýar – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy buýruklara harlyk we äwmezlik bilen garamaly däl? – diýip soradym.

Halypa:

– Dört sany buýrugy hökman ýerine ýetirmelidir: Hudaýyň buýrugy; akyldarlaryň buýrugy; patyşalaryň buýrugy; ene-ataň buýrugy – diýip jogap berdi.

Men:

– Haýsy tohumy ekseň, iki hasyl berýär? – diýip soradym.

Halypa:

– Adamlara ýagşylyk etmek iki hasyl berýär. Bu şu dünýäde-de, ol dünýäde-de Hudaýtagaladan öz sogabyny alar – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşylykdan başga gowy zat näme? – diýip soradym.

Halypa:

– Asudalyk we iman – diýip jogap berdi.

Men:

– Ölümden agyr näme bar? – diýip soradym.

Halypa:

– Derwüşlik we gorky – diýip jogap berdi.

Men:

– Saglykdan başga näme gowy? – diýip soradym.

Halypa:

– Hudaýtagalanyň razylygy – diýip jogap berdi.
Men:
– Haýsy zatlar baýlygy weýran edip biler? – diýip soradym.
Halypa:
– Dört zat baýlygy weýran eder: dükanda bahyl adamyň oturmagy; köp gepleýän alymlar; utançsyz aýallar; ýalançy adamlar – diýip jogap berdi.
Men:
– Haýsy zatlar adamlaryň beýik işlerini weýran eder? – diýip soradym.
Halypa:
– Sütem edijileri öwmek – diýip jogap berdi.
Men:
– Tebibe ýüz tutmaz ýaly, näme iş etmeli? – diýip soradym.
Halypa:
– Az iýmeli, az geplemeli, az ýatmaly we aýallar bilen az ýanaşyk etmeli – diýip jogap berdi.
Men:
– Adamlaryň arasynda kime has akylly adam diýip bolar? – diýip soradym.
Halypa:
– Köp bilip, az gepleýän adama has akylly adam diýmek bolar – diýip jogap berdi.
Men:
– Mertebesizlik nämeden gelip çykýar? – diýip soradym.
Halypa:

– Eliňi serip ýörmekden – diýip jogap berdi.

Men:

– Eliňi serip ýörmek nämeden emele gelýär? – diýip soradym.

Halypa:

– Ýaltalykdan we erbetlikden emele gelýär – diýip jogap berdi.

Men:

– Kineli adam kim bolup biler? –diýip soradym.

Halypa:

– Ýekelikde ýaşaýan adam – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýaşaýyş serişdesiz adam kim bolar? – diýip soradym.

Halypa:

– Aýalsyz we perzentsiz adam – diýip jogap berdi.

Men:

– Meşhurlyk nämeden gelip çykýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Adyllykdan we dogruçyllykdan gelip çykýar – diýip jogap berdi.

Men:

– Utanç-haýa nämeden emele gelýär? – diýip soradym.

Halypa:

– Dindarlar üçin dinden gorkudan emele gelýär, dinsizler üçin, nadanlykdan emele gelýär – diýip jogap berdi.

Men:

– Merdanalygy we batyrlygy haýsy zat ýykýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Gysyklyk – diýip jogap berdi.

Men:

– Dünýäde haýsy işler gowy hasaplanýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Hemişe pespäl bolmak, diniň peýdasyna işlemek we azap çekmek, kimdir biri ýagşylyk etmänkä, sahylyk etmek – diýip jogap berdi.

Men:

– Şu jahanda haýsy işler gowy hasaplanýar? – diýip soradym.

Halypa:

– Patyşanyň gahar-gazabyna duçar bolmazlyk we baýlaryň mallaryna bahyllyk etmezlik – diýip jogap berdi.

Men:

– Pespälligiň asly näme? – diýip soradym.

Halypa:

– Özüňden peslere güler ýüz bilen garamak we zynadan daşda durmak – diýip jogap berdi.

Men:

– Agyr derde duçar bolmaz ýaly, kime ýüz tutmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– Üç häsiýete eýe bolan adama: arassa dine uýýan, ýagşylaryň söýgüsine eýe bolan we ylmy kämil adama ýüz tutmalydyr – diýip jogap berdi.

Men:

– Patyşalar kime mätäç bolarlar? – diýip soradym.

Halypa:

– Sowatly adama mätäç bolarlar – diýip jogap berdi.

Men:

– Şu dünýäde iň bikär adam kim? – diýip soradym.

Halypa:

– Iň nadan adama iň bikär adam diýmek bolar – diýip jogap berdi.

Men:

– Şu dünýäde iň bagtly adam kim? – diýip soradym:

Halypa:

– Işlerinde sahawat görkezýän we dogry sözli adama iň bagtly adam diýmek bolar – diýip jogap berdi.

Men:

– Baý, gurply halymdan garyp hala düşmez ýaly, haýsy gowy häsiýetleri özüme kabul edip bilerin? – diýip soradym.

Halypa:

– Töhmetden daşda bol, zulum ediji bolma we edepli bol – diýip jogap berdi.

Men:

– Uly-kiçiniň ýanynda nähili bolmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– Kişiniň syryny saklamaly, nesihat bermeli, başga adamyň ýanynda onuň göwnüne degmeli däl – diýip jogap berdi.

Men:

– Gowy dostuň häsiýeti nähili bolup biler? – diýip soradym:

Halypa:

– Seniň ýetmezçikleriňi gizlär, gorar we syrlaryňy hiç kime äşgär etmez. Geçen zatlary ýatlamaz. Dostuň häsiýeti, ine, şeýle bolmalydyr – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýaşaýşy gowy geçirer ýaly näme etmeli? – diýip soradym.

Halypa:

– Zamananyň patyşasyna, din alymlaryna we sadyk dostuňa hormatsyzlyk etmeli däl – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşylygy haýsy adamlara etmeli? – diýip soradym.

Halypa:

– Akylly we hudaýlykly adamlara etmeli – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşylygy haýsy adamlara etmeli däl? – diýip soradym.

Halypa:

– Kemakyl, erbet iş bilen meşgul bolýan adamlara etmeli däl – diýip jogap berdi.

Men:

– Ýagşylygy haýsy häsiýetler kämilleşdirýär? – diýip soradym.
Halypa:
– Tamakinçiliksiz pespällik, minnetsiz sahylyk, öwezini talap etmezden hyzmat etmek – diýip jogap berdi.
Men:
– Haýsy zatlar ýaşaýşy ýeňillişdirýär – diýip soradym.
Halypa:
– Halallyk, sabyrly bolmak we açgöz bolmazlyk – diýip jogap berdi.
Men:
– Söweşiň sermaýasy näme? – diýip soradym.
Halypa:
– Dogry ýöriş, güýç we ruhubelentlik – diýip jogap berdi.
Men:
– Arzuw-isleg haýsy adamlarda hasyl bolýar? – diýip soradym.
Halypa:
– Gowy häsiýetli, özüňden ökderäk we akyllyrak adamlarda hasyl bolýar – diýip jogap berdi.
Men:
– Hakyky baý bolmadyk adamlara kimler girýär? – diýip soradym.
Halypa:
– Paýhasly adam her näçe akylly bolsa-da baý bolmaz, uruşjaň adam her näçe güýçli bolsa-da, hilesiz

ýeňiş gazanyp bilmez, sopy her näçe takwa bolsa-da, ybadatdan doýmaz – diýip jogap berdi.

Men:

– Adamlar meni gowy görer ýaly, näme etmeli? – diýip soradym.

Halypa:

– Söwdada sütem görkezme, ýalan sözleme we hiç kimi diliň bilen ynjytma – diýip jogap berdi.

Men:

– Ylym öwrenmekde näme peýda bar? – diýip soradym.

Halypa:

– „Beýiklikden meşhur bolarsyň, derwüşlikden baý bolarsyň, eger öň meşhur bolsaň-da, has meşhurlyga ýetersiň – diýip jogap berdi.

Men:

– Näme maksat bilen baýlyk gazanmaly? – diýip soradym.

Halypa:

– „Ýakynlaryň, garyndaşlaryň hak-hukuklaryny berjaý etmek, ata-enäň huzuryna gazanjyňy ibermek, özüň üçin dünýäde gerek boljak azyk-goş toplamak, duşmanyňy baýlyk bilen dost etmek we dostlaryňy mätäçlikden halas etmek üçin – diýip jogap berdi.

Men:

– Iýilmeýän zatlardan başga haýsy zatlaryň bedeniňe peýdasy bar? – diýip soradym.

Halypa:

– Alty zat: ýumşak egin-eşik; ýagşy duşuşyk; gowy adamlaryň söhbeti; dostlaryňdan ýagşylyk görmek; yzygiderli hammama girmek; mähirli ýüz – diýip jogap berdi.

***Hekaýat***

Haçanda Anuşirwan Büzürgmehri tussag edende, oňa günde iki tegelek ýuka arpa çörek, bir küýze suw bermegi tabşyrýar. Gijäniň garaňky we gorkuly wagtynda, onuň el-aýaklaryny demir baglar bilen baglaýarlar. Anuşirwan öz ynamdar adamlaryna ony gözden salmazlygy we onuň zybanyndan çykan her bir sözi belläp almagy buýurýar. Ol aýlap zyndanda bolýar. Onuň agzyndan kelam agyz söz eşidip bilmeýärler. Anuşirwan onuň ýanyna öz ýakyn gatnaşýan alymlaryny iberip: «Onuň bilen söhbetdeş boluň, aýdan sözlerini jikme-jik belläp alyp, maňa ýetiriň» diýip buýruk berýär.

Alymlar onuň ýanyna baryp:

– „Eý, hekim, şeýle agyr halda-da ýüzüň reňki we bedeniň durky solmandyr, munuň hikmeti näme? – diýip soraýarlar. Ol:

– „Men alty sany zady garyp derman ýasadym, her gün şol ýasan dermanymdan şerbet taýýarlap içýärin. Şol sebäpli meniň bedenimiň haly üýtgemeýär – diýip jogap berýär.

Olar:

– Eý, hekim, Hudaý saklasyn, biz hem bir gün seniň halyňa duçar bolaýsak, ulanar ýaly ol dermanyň düzümini bize-de aýt – diýip haýyş etdiler.

Ol:

„– Dermanymyň birinji goşundysy – Hudaýtagala bil baglamakdyr. Bu ähli biçäre adamlaryň tutarygydyr. Ikinji goşundysy – takdyr ylmyna ynanmakdyr. Her nähili wakalar ýüze çyksa-da, alada galyp oturanyňa degmeýär. Üçünji goşundysy, sabyrdyr. Ol iň gowy dermandyr. Ony ulanyp, şypa tapyp bolýar. Dördünji goşundysy, eger sabyr etmän, hile bilen bu ýerden çykjak bolsam, kimdir biri meniň dadyma ýetişmese, men näme ederin. Bäşinji goşundysy – şükranalykdyr. Mundan agyrrak bela duçar bolmagym hem mümkindir. Altynjy goşundysy – umytdyr. Sagatsaýyn şatlyk bolar öýdüp, umyt edýärin. Wessalam – diýdi.

Büzürgmehr hekimiň ajaýyp häsiýetleri sanardan köpdür.

# ÜÇÜNJI BAP
# EMEWI WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Emewileriň agalyk döwri togsan bir ýyl bolupdyr. Olardan on dört adam soltan boldy. Şahyryň aýtmagyna görä:

***Beýt***

Ümeýe halypasy on dört kişi bolupdyr,
Olar älem mülküni başdan-aýak alypdyr.

Birinji Mugawyýa biwepa Hindiň ogly,
Soňra ol Ýezit il başyna waly bolupdyr,

Mugawyýa hem Merwan, Abdylmälikdir Welit,
Soň Süleýman, soň Omar
ol şa tagtyn alypdyr.

Soňra Ýezitdir Hyşam,
bulardan soňra Welit,
Ýezit, soňra hem Ybraýym
täç dawasyn salypdyr.

Merwan ibn Muhammet, onuň lakamy «Eşek»,
Soňkusynda on dördüň döwlet güli solupdyr.

### *Ibn Mansur*

Ibn Mansur Rumy Mugawyýanyň, Abu Süleýmanyň we lagnat siňen Ýezidiň (oňa mynasyp jeza berilsin!) weziri bolupdyr. Şahyrlar olar hakda gülküli, tankydy şygyrlary hem düzüpdirler.

### *Kaka ibn Isa*

Kaka ibn Isa Merwanyň, Abdylmäligiň we Welidiň weziri bolupdyr.

### *Süleýman Hamydy*

Süleýman Hamydy Süleýman ibn Abdylmäligiň maslahatçysy we weziri bolupdyr.

### *Jerah ibn Abdylla*

Jerah ibn Abdylla Hekimi musulmanlaryň ymamy älemiň adyl şasy Omar ibn Abdyleziziň (Alla ondan razy bolsun!) weziri we maslahatçysy bolupdyr.

### *Abdylhamyt ibn Ýahýa*

Abdylhamyt ibn Ýahýa hijriniň 67-nji ýylynda[1] Abdylmälik Merwanyň weziri bolupdyr. Soňra Merwan Hemaryň hem ahyrky weziri bolupdyr. Emewi döwleti üç adam tarapyndan dargady. Olar batyr bolmadyk Merwan Hemar, onuň leşgerbaşysy we Ýezit ibn Amrdyr.

Abdylhamyda taý geljek akylly we başarjaň adam ýokdur. Ol diwanyň hat-peteklerini pars dilinden arap diline geçiripdir. Abdylhamyt zikge oýlap tapypdyr. Şol wagtlar hasapda köplenç nohut ulanypdyrlar. Abdylmäligiň permanyna laýyklykda, 76-njy ýylda[2] altyndan we kümüşden ýedilik hem onluk teňňeleri çykarypdyrlar. Ol teňňelerde kulhuallanyň nagşy (şekili) bolupdyr. Ondan öň arapda kümüşden we altyndan teňňe ýasan bolmandyr. Ajamda Bagdat we pehlewi teňňesi bolupdyr. Rimde we Günbatarda ýüzüne her dürli şäherleriň şekili çekilen dürli zikgeler bardy. Abdylhamyt öz ýasan zikgesine (teňňesine) adamlaryň suratyny çekdirdi. Käbir adamlaryň aýtmaklaryna görä, Rimde we Ajamda ýüzüne şanyň şekili çekilen zikgeler ýasalypdyr.

### *Hekaýat*

Abdylhamyt ylymly we pazylatly wezir bolupdyr diýip, «Hekaýatlaryň ýygyndysy» atly kitapda

[1] Miladynyň 695-696-njy ýyllary.
[2] Miladynyň 686-687-nji ýyllary.

aýdylýar. Merwan Hemar öz döwletiniň gününiň ýaşyp barýandygyny we nesilşalykdan çykyp barýandygyny duýup, Abdylhamyda şeýle diýdi:

– Men halypalygyň Apbaslylara geçip barýandygy barada maslahat edip, köp pikirlendim. Haçanda halk we meniň döwlet sütünlerim menden ýüz dönderenlerinde, sen hem olar bilen gidip, gaçan ýaly et-de, olaryň ýanyna bar. Olaryň pikirlerine goşul-da, meni olaryň pikirlerinden habardar et, olary öz pikirlerinden dändir. Eger sen şu işi ýerine ýetirseň, biziň işimiz hasyl bolar.

Emma Abdylhamyt şeýle diýdi:

– Men bu ýumşuňyzy hiç haçan edip bilmerin. Şu wagta çenli dönüklik etmedim. Şol sebäpli bu iş meniň üçin wepasyz bolar. Çünki, olaryň işlerine goşulyşyp, çöreklerinden iýip, hyýanat etmegi başarmaryn. Eger-de men şu işi ýerine ýetirsem, siz maňa nädip ynanyp bilersiňiz?! Ol Merwan Hemaryň bu pikirini goldamandygy üçin, iň agyr kynçylykda heläk boldy.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, Abdylhamyt örän erkin adam bolupdyr. Merwan ibn Muhammet[1] gaçyp giden mahaly onuň şalygy weýran boldy. Şol wagt Abdylhamyt hem gaçyp, ibn Mukafynyň öýünde gizlendi. Şol döwürde Ibn Mukafy döwrüň akyldary

[1] Merwan ibn Muhammet – Merwan Hemaryň agtygy.

hasaplanýardy. Bir topar adamlar Abdylhamydy gözläp, ibn Mukafynyň öýüne bardylar. Ýörite ynanylan adamlar öýde bularyň ikisini hem gördüler. Olar:

– Siziň haýsyňyz Abdylhamyt bolarsyňyz? – diýip soradylar.

Olaryň ikisi-de:

– Men Abdylhamyt – diýip seslendiler. Muňa ýörite ynanylan adamlar haýran galdylar.

Ibn Mukafy:

– Abdylhamyt men, oňa degmäň – diýdi.

Abdylhamyt:

– „Ol bu sözleri maňa ýagşylyk etjek bolup aýdýar, Abdylhamyt men, meniň güwä geçer ýaly nyşanlarym bar, meni gözleýän adamlaryň ýanyna äkidiň, ony bolsa şu ýerde galdyryň, oňa degmäň – diýdi. Soňra olar Abdylhamydy äkitdiler. Ibn Mukafy bolsa halas boldy. Bularyň ikisiniň hem päkligi hekaýatymyzda aýan boldy.

### *Hekaýat*

Merwan öldürilenden soň, Abdylhamydy, Balbek azançyny we Salam Jadyny tussag etdiler. Olary möminleriň emiri Mansuryň ýanyna getirdiler. Mansur bularyň üçüsini hem öldürmegi tabşyrdy.

Salam Jady:

– Meni öldürmäň! Men Hudaýy zikr edýänleriň iň gowusydyryn – diýip ýüzlendi.

Mansur:

– Seniň Hudaýy zikr edişiň nähili derejedir? – diýip sorady.

Salam:

– Düýäni üç gije-gündiz suwsuz saklap, onuň öňüne suw getirilende, men hem şol wagt Hudaýy zikir edip başlasam, ol düýe tä men Hudaýy zikr edip bolýançam, suwa seretmez – diýip jogap berdi.

Mansur:

– Düýäni üç gije-gündiz saklap getiriň – diýdi. Üç gije-gündiz saklanan düýäni getirip, onuň öňünde suw goýdular. Düýe suwa agzyny uran wagty, Salam Hudaýy zikr edip başlady. Salamyň sesini eşiden düýe birden kellesini suwdan galdyryp, aňk-taňk bolup galdy. Bu zatlary gören Mansur Salamy tussaglykdan boşadyp, oňa sylag-hormat etdi.

Azançy Balbegi öňe çykardylar. Ol:

– Eý, möminleriň emiri, meni ölüme sezewar etmäň! Meniň ýaly azançyny görmersiň – diýdi.

Mansur:

– Seniň azan aýdyşyň nähili derejede? – diýip sorady.

Balbek azançy:

– Eger-de iň çalasyn kenizek siziň ýanyňyzda durup, eline kündük we legen alyp, suw akydyp berende, men azan çeksem, tä men azan aýtmagymy gutarýançam, kündük onuň elinden gaçyp, suw akmaz – diýip jogap berdi.

Möminleriň emiri ony hem synap görüp, doly göwni ýetensoň, oňa sylag-hormat bagyşlady. Bu gezek Abdylhamydy öňe çykardylar. Abdylhamyt:

– Eý, möminleriň emiri, meni öldürmäň! Meniň ýaly kätibi we wekili tapmarsyň – diýdi.

Mansur:

– Hawa, seniň ýaly adam tapyp bolmaz, sen ýazan ýeke hatyň bilen bütin dünýäni başagaý etdiň. Her näçe ýazyp bileniňi ýazsaňam, edip bileniňi etseňem, hiç zady üýtgedip bilmediň. Merwanlaryň döwleti dargady. Umuman, seniň çeken zähmetleriň puja çykdy – diýip jogap berdi.

Soňra Mansur oňa jeza bermegi buýurdy. Ol pajygaly ýagdaýda öldürildi.

## *Japar Barmaky*

Japar Barmaky hijriniň 90-njy ýylynda[1] Süleýman ibn Abdylmäligiň weziri bolupdyr. Onuň ogullary Erdeşir Babakanyň zamanynda wezir bolupdyr. Käbir taryhlarda aýdylyşyna görä, Erdeşir Babakanyň aýaly öz doganynyň aldawyna gidip, Erdeşire zäher bermek isläpdir. Erdeşir bu ýagdaýy duýup, wezire öz aýalyny öldürmegi tabşyrypdyr. Wezir aýaly öldürmek islände, ol aýal göwreli eken. Wezir bu ýagdaýy eşidip, aýaly öldürmeýär we bu syry gizlin saklaýar. Birnäçe aýdan soň, ol aýalyň göwresindäki çaga dünýä inýär. Wezir

[1] Miladynyň 708-709-njy ýyllary.

bu çagany öz ogluna terbiýelemäge berýär. Haçanda çaga dokuz ýaşa ýetende, wezir Erdeşire özüniň syryny beýan edýär. Erdeşir wezire sylag-hormat edýär. Barmakylaryň nebereleri şu weziriň nesillerindendir. «Nesaýymy baradaran» («Doganlaryň bahar şemaly») atly taryhy eserde şeýle maglumat berilýär: Barmakylaryň ata-babasy otparazlardan bolupdyr. Ol Balhyň Nowbahar diýen ýerindäki Keýkubadyň gurduran ataşkedesiniň ruhanasy bolupdyr. Pygamberimize pygamberlik berilmezden öň, bu ataşkede mukaddes ýer hasaplanypdyr. Parslaryň ata-babasy bu ýere zyýarata geler eken. Şeýle-de şahyrlaryň ussady Firdöwsi Tusy bu barada şeýle diýýär:

***Beýt***

Ol gözel Balhda mesgen tutupdy,
Halk bary Rüstemiň döwründe.
Ol mekany şeýle bir hormatlaýardylar,
Edil araplaň Mekgäni gowy görüşleri ýaly.

Allatagalanyň ezeli enaýaty olaryň atasyna ýetýär. Ol yslam dinine girip, mertebe-derejä eýe bolýar. Yslam dinine girmeginiň bereketi bilen, onuň nesliniň mertebesi şeýle bir dereje-de artdy welin, onuň perzentleri arap hem ajam ýurtlarynyň wezirlik we maslahatçylyk wezipelerini ýöretdiler. Şeýdip, olaryň jomartlyklary, ajaýyp häsiýetleri hem pazylatlary bilen taryhy eserler bezeldi we kitaplar düzüldi. Onuň

perzentleri barada öz ýerinde köp gürrüň etdiler. Elkyssa, Japar Barmaky 90-njy hijri ýylynda sap altyn kümüş bilen zikge kakmaklygy buýurdy. Ondan öň garyşyk altyn we kümüşler bilen zikge kakylýardy. Japar bu däbi ilkinji bolup esaslandyrdy.

### *Abu Jagda Şamy*

Abu Jagda Şamy Merwan Hemaryň weziri bolupdyr. Ol arap emeldarlarynyň we şam akyldarlarynyň biri bolupdyr. Abu Jagda Şamy kämillik derejesi boýunça öz ýanyndakylardan tapawutlanýar eken. Haçanda Merwanyň döwleti darganda, ol möminleriň emiri Abu Apbas Seffahyň hyzmatyna bardy we ol ýerde uly mertebä mynasyp boldy. Merwan Hemar öldürilensoň, başyny möminleriň emiri Seffahyň ýanyna getirdiler.

Seffah:

– Şu duran adamlardan kim şu başyň kimiňkidigini tanap biler? – diýip sorady.

Abu Jagda:

– Men tanaýyn – diýip, başa ýakyn durup seretdi. Görse, Merwanyň başydy. Ol gözlerine ýaş aýlap:

– Bu biziň mömin emirimiziň başy, onuň özi eşekdi, bu ruh bolsa Allanyň gudraty bilen halypalyk möminleriň emiriniň mübärek jemalyna bezelendir. Ol kyýamata çenli şu görnüşde-de galar – diýdi. Bu sözleri aýdanyndan soň, Abu Jagdanyň ýanynda duran adamlar derrew oňa seretdiler. Ol özüne gelip, nädogry

gepländigine düşündi. Näme-de bolsa ol Haka mynasyp sözleri aýdypdy. Eger-de kimdir biri Seffahyň ýanynda Merwany öwse, ol ony derrew öldürýärdi. Abu Jagda bolsa şol wagt yza dolanyp, öýüne gaýtdy. Ýaşamak umydyndan el üzdi, ahyret eşigini geýdi. Öz ajalyny boýnuna alyp oturdy. Näme-de bolsa, bu gijäni sag-salamat geçirdi. Haka şükür etdi. Garyplara sadaka berdi. Ýene-de möminleriň emiriniň gullugyna gitdi. Ol ýerde-de onuň bilen hiç kimiň işi bolmady. Düýn gaýdanyndan soň näme bolup geçendigi barada dostundan sorady. Möminleriň emiriniň hyzmatyndaky bir adam: «Jagda nähili akyla sygmajak iş etdi, patyşanyň duşmanyny onuň ýanynda möminleriň emiri diýip hormatlady» diýipdir.

Möminleriň emiri Seffah: «Onuň öz hojaýynyna goýan hormaty maňa ýarady. Hudaýtagala gör nähili nygmatlary öňünde saklaýar. Ony[1] biziň tagtymyzyň öňünde gowy sözler bilen ýatlady. Ýogsa-da wepanyň ähtde tapylmagy üçin, kimdir birine ýagşylyk görkezmek bolar ahyryn» diýipdir.

Abu Jagda onuň aýdan sözlerinden hoşal boldy. Hudaýa müň-de bir şükür etdi. Mundan soňra Apbas Alynyň Şamdan möminleriň emirine hat iberendigini eşitdi. Ol hatda şeýle diýilýär eken:

«Abu Jagda seniň mejlisiňde Merwan Hemary «möminleriň emiri» diýip hormatlapdyr. Sen hem ony kabul edip, jeza bermänsiň. Bu iş maňa ýaramady.

[1] Bu ýerde Merwan göz öňünde tutulýar.

Şalygyň syýasatyna görä, ony öldürmek wajypdy. Bular ýaly işiň gaýtalanmazlygy üçin, äleme göz edip öldürmeli ekeniň».

Haçanda bu hat Abu Apbas Seffaha ýetende, öz dogany Mansur bilen maslahatlaşyp:

– Bu barada «Seniň pikiriň nähili bolar?» diýip, ondan sorady.

Mansur:

– Abu Jagda bize eje tarapdan ýakyn garyndaş, ol kämil, ýetişen adam, öz hojaýynyny biziň ýanymyzda ýamanlamady. Biz ony öldürmeli däl-de, gadyryny bilmelidiris. Oňa sylag-serpaý etmelidiris – diýdi. Abu Apbas bu sözleri eşiden badyna, Abu Jagda öz hormatyny bagyş etdi. Bir gün Abu Jagda onuň ýanyndan gaýtjak bolup durka, oňa «Seniň bilen möhüm işim bar, biraz garaş» diýdi. Haçanda mejlis boşan wagty, ol öz otagynda şeýle diýdi:

– Seniň bilen syrym bar, ýöne bu syry paş etmek, janyňa howpludyr.

Abu Jagda: ,

– Men möminleriň emiriniň syrynda janymy goýýaryn. Ony hiç haçan aýan etmerin – diýip jogap berdi.

Ol:

– «Kim-de kim Merwan Hemaryň başyny meniň ýanyma getirse, men ony mirasdüşer edip bellejek» diýipdim. Bu aýdan zatlarymy kakamyň dogany ýerine ýetirdi we ol mirasdüşer bolmak isleýär. Meniň ýüregim bolsa öz doganym Mansurdady. Ol dana,

akylly, adyl we päk adam. Men Hudaýyň bendeleriniň içinde ony mynasyp saýýaryn. Sen aýt, bu meselä nähili garaýarsyň? – diýip, ondan sorady. Abu Jagda:

– Men pakyr halypalygyň işi barada näme aýdyp bilerin we möminleriň emiriniň pikirini oňlar ýaly, näme iş edip bilerin?! – diýip jogap berdi.

Möminleriň emiri:

– Elbetde, aýtmaly bolarsyň, aýt – diýdi.

Abu Jagda:

– Eý, möminleriň emiri, men öz ýanymdan hiç bir pikiri öňe sürüp bilmerin. Haçanda men Abdylmäligiň aýalynyň hyzmatynda bolanymda «Süleýman Abdylmälik Merwan dünýäden ötdi» diýen hat geldi. Omar Abdylezizi – onuň kakasynyň doganynyň ogluny mirasdüşer edip bellediler. Onuň aýaly aglap perişan boldy. Onuň hyzmatynda bolan adamlaryň biri: «Doganyň ölümine dady-perýat etme, halypanyň ölümine dady-perýat et» diýdi. „Ol bu sözleri eşiden badyna, aýalyň dady-perýady has-da artdy, ýöne bu dady-perýatdan hiç hili peýda bolmady.

Abu Apbas:

– Hudaý saňa rehmet indersin! Yşarat etdiň, nesihatyňy gaýgyrmadyň. Seniň özüň hem meniň kakamyň doganynyň hat ýazanyny, hatynda seni öldürmeli edenini eşidipsiň, ýöne doganym Mansur hatda ýazylan zatlardan elimi çekdirdi. Sen ýöne sözüň bilen, seni öldürmek islän adamy halypalykdan mahrum etdiň, saňa edilen ýagşylygy unutmadyň we bize dostlukly nesihat berdiň. Seniň ýaly başga adam

bolup bilmez. Sen mynasyp, gowy adamsyň – diýdi. Soňra ol Abu Jagdany ugratdy. Mansury bolsa mirasdüşer etdi. Mansur bu hekaýany eşidip, öz halypalyk döwründe Abu Jagdany hemmelerden eziz we mähriban gördi. Ol öz mirasyny oňa hödürledi. Ol bolsa ondan boýun gaçyrdy. Mansur mirasdan boýun gaçyrany üçin, ony bagyşlady. Abu Jagda hemişe onuň mülküne hakly boldy. Mansur hem onuň üçin elinden gelenini gaýgyrmady.

# DÖRDÜNJI BAP
# APBASLY WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Apbasly halypalary hezreti Muhammet pygamberiň (s.a.w.) kakasynyň dogany bolan Apbas ibn Abdylmuttalybyň perzentlerinden bolupdyr. Olaryň halypalyk döwri bäş ýüz elli ýyl bolupdyr. Olardan otuz ýedi adam halypalyk sürdi. Şol zamandaky yslamy ündeýän patyşalar olaryň permanyna boýundylar we ol ýerde maslahat geçirýärdiler.

## *Abu Seleme Hafs ibn Süleýman*

Abu Seleme Hafs ibn Süleýman özüniň Hallal lakamy bilen Apbaslylaryň birinji halypasy möminleriň emiri Seffah Abu Apbas Abdylla ibn Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbasynyň weziri bolupdyr.

Haçanda Abu Müslim Nasyr Saýýardan üstün çykyp, Nasyr Saýýaryň doganlary öldürilende, älemde Abu Müslimiň bagt ýyldyzy dogup, ol Emin lakamy bilen meşhur boldy. Hutba okanlarynda halypanyň ady bilen bilelikde onuň adyny hem tutupdylar. Nasyr Saýýar Sawä gaçyp gidip, ol ýerde dünúeden ötdi.

Abu Müslim Kahtaba diýen adamy Horasan we Yrak ülkelerini basyp almaga iberdi. Adamlaryň arasynda agzalalyk döredi. Abu Seleme Hallal münbere çykyp, çuňňur manyly hutba okady:

– Muhammediň neberesiniň ynamdary Abu Müslim şeýle buýruk berdi: «Hakyky ymam we halypa bellemeli». Köp oýlanmalardan we tagallalardan soň onuň ygtyýar bijesi beýik asyllylyk, aňrybaş takwalyk, hudaýhonluk, kämil sahawatlylyk, edermenlik we dindarlyk bilen bezelen Abdylla ibn Muhammet ibn Aly ibn Abdylla Apbasa düşdi.

Hemmeler biragyzdan päkgöwünlik, arassa niýet hem doly höwes bilen onuň bu wezipä bellenilmegine razylyk berdiler we onuň bilen ähletleşdiler. Abu Seleme Hallal bu işde şowly hereket edensoň, oňa çäksiz hormat goýdular. Abu Abdylla Apbaslylaryň uly goşuny bilen geldi. Ol juma namazy okamaly wagty, münberi özüniň mübärek durky bilen bezedi. Namaz okalansoň ymamlarda adat bolşy ýaly, mährapda oturdy. Uly-kiçi – hemmeler onuň mübärek ellerini ogşap, onuň bilen ähtleşdiler.

## *Halyt ibn Japar Barmaky*

Halyt ibn Japar Barmaky Abu Seleme Hallaldan soň, Seffah Abu Apbasyň weziri boldy. Mundan soň ol hijriniň 132-nji ýylynda[1] Abu Danek ady bilen

---

[1] Miladynyň 749-750-nji ýyllary.

tanalýan Apbaslylaryň ikinji halypasy Mansur Abu Japar Abdyllanyň weziri boldy. Barmakylaryň nebereler taryhynda şeýle ýazylypdyr:

Abu Japar Mansur 145-nji ýylda[1] Bagdat şäherini bina etmek islände, kesralaryň[2] ymaratynyň zatlaryny Bagdada geçirmegi hem-de kesralaryň ymaratyny weýran etmegi ýüregine düwüp, Halyt Barmaky bilen maslahat etdi. Ol bolsa halypanyň bu gürrüňini goldaman:

– Patyşa öz şäherini gurup bilmän, başga bir şäheri weýran edip, şäher gurmak isleýär diýerler – diýdi.

Halypa onuň aýdanlaryny diňlemän, şäheri weýran etmäge başlady. Birnäçe wagt geçensoň, ýük daşaýjy abzallaryň we gurallaryň çydaman döwlüp başlamagy we köp çykdaýjy sebäpli, bu işi saklamagy ýüregine düwdi. Wezir oňa şeýle diýdi:

– Eger-de siz weýran etmäge başlan bolsaňyz, ol işi soňuna çenli dowam etdirip, doly gutaryň, ýogsa «Patyşa şäher gurmak isledi, emma bir şäheri weýran etmegi hem başarmady» diýip aýdarlar. Bu ymaratyň eýwany seniň doganoglanyň Muhammet Mustapanyň pygamberligine uly alamat we adyl (diri) şaýatdyr. Çünki, bu eýwan onuň doglan gijesi weýran boldy. Bu eýwan durka ol hakyndaky hekaýat dillerden-dillere geçip, adamlaryň gözleri bilen gören mugjyzasy bolar.

---

[1] Miladynyň 762-763-nji ýyllary.

[2] Kesralar – gadymy eýran hökümdarlardan bolan Nowşirwan Adylyň lakamy bolup, ondan soňkular hem bu lakam bilen tanalýar.

Pygamberimiz öýünde dik dursa, kellesi öýüniň depesine degerdi. Muňa garamazdan, ol beýle uly ymarat gurdurandan üstün çykdy. Soňra bu wakanyň Hudaý tarapyndan bolup, adamlar tarapyndan bolmandygy hemmelere mälim boldy».

### *Abdylmälik ibn Hamyt*

Abdylmälik ibn Hamyt möminleriň emiri Mansuryň wezirleriniň biri bolupdyr. Abdylmälik şerap içip, şatlanmagy gowy görýär eken. Şu sebäpli halypalyga uly zyýan ýetiripdir. Ol Abu Eýýup Süleýman ibn Ahmet ibn Süleýman Murýanyny öz orunbasary belläpdir. Ol adam başarjaň, ruhubelent we dana adam bolup, weziriň hyzmatynda köp işleri ýerine ýetiripdir. Ol dogruçyllyk bilen öz başarjaňlygyny görkezip, wezirligiň ähli işlerini doly ele alypdyr. Abdylmälik bolsa bogunagyry sebäpli, dünýäni aýlanyp, wezirlik bilen işi bolmaýar.

### *Abu Eýýup Süleýman ibn Ahmet Ibn Süleýman Murýany*

Abu Eýýup Süleýman ibn Ahmet Ibn Süleýman Murýany möminleriň emiri Mansuryň wezirligine eýe bolanda, Mansur oňa şeýle bir ysnyşdy welin, hatda adamlar ol hakda «Mansury jadylapdyr» diýip gürrüň edipdirler. Ol hoşboý ysly ýagy (atyry) oýlap tapypdyr. Haçanda ol şol ýagdan özüne sürtüp, mejlise baranda,

onuň ysy mežlisiň içini tutýardy. Adamlar ol atyry taryplapdyrlar. Haçanda adamlar öz gowy görýän adamlaryny ýatlanlarynda: «Onda Abu Eýýubyň atyry bar» diýipdirler.

Abu Eýýup wezirligiň işini ýöredýän mahaly Halyt Barmaky möminleriň emiriniň hyzmatyna geldi. Onuň hormatlylygy we arkasynyň barlygy sebäpli, Abu Eýýuby wezir etmediler hem-de ýokary çekmediler.

Abu Kasym Ysraýyl şeýle diýýär:

«Günleriň bir güni men Abu Eýýubyň ýanyna gitdim. Barsam, ol pikir edip, gamgyn halda otyr eken. Men ondan gamgyn halda oturmagynyň sebäbini soradym. Biraz salym geçenden soň, ol:

– Eý, dogan, halypalygyň hyzmatynda nähili baýlygym we güýjüm bar bolsa-da, hemmeler maňa gyýa göz bilen seredýärler. Sebäbi Halyt Barmaky başarjaň we dana adam. Meniň şu wagtky kärimi ilkibada ondan maňa geçirdiler. Şondan soň ol hemişe meniň duşmanym bolup geldi. Halypanyň hyzmatyndaka onuň güýji we baýlygy örän uly. Eger-de ol pursat tapsa, meni ýok etmäge-de taýýardyr. Hemişe onuň pikiri meniň kastyma çykmakdyr. Men onuň garşysyna hiç hili çäre tapyp bilmeýärin – diýip gürrüň berdi.

Men Abu Eýýuba şeýle maslahat berdim:

– Möminleriň emiriniň patyşalyk işleriniň bähbidine aýdylýan teklipleri diňlärlik ýagdaýy bardyr. Ertir bilen möminleriň emiriniň ýanyna baryp: «Pars welaýatynyň kürtleri pitne turuzýarlar, olaryň öňüni almak gerek,

emma olary dep etmek aňsat iş däl. Eger möminleriň emiri öz islegine görä hereket etse, hem-de pars welaýatyna Halyt Barmakyny ugratsa gowy bolar diýip pikir edýärin. Sebäbi ol akylly we öz sözüniň eýesidir. Şonuň üçin ol garşylyk görkezýän adamlaryň hötdesinden geler» diýip aýt. Şondan soň ol tagtdan daşlaşan wagty, seniň maksadyň hasyl bolar.

Haçanda Abu Eýýup bu sözleri eşiden badyna, maňa hormat goýup, müň dinar berdi».

Şol günüň ertesi halypa Abu Eýýubyň pikirini goldap, Halydy öz dostunyň ýanyna iberdi. Ol Pars welaýatyna gidenden bir hepde geçensoň, Abu Eýýup wezir boldy. Abu Kasymyň maslahaty ýerine düşdi. Ol akylly adam eken.

### *Süleýman ibn Halyt Ferzbany*

Süleýman ibn Halyt Ferzbany Halyt Barmakydan we Abu Eýýupdan soň, möminleriň emiri Mansuryň weziri boldy. Onuň hyzmatynda beýik derejelere ýetdi.

### *Rabiý ibn Ýunus*

Süleýman ibn Halyt Ferzbanydan soň, Rabiý ibn Ýunus wezir boldy. Ymam Agzam Abu Hanapy (Alla oňa rehmet etsin!) hem şol asyrda ýaşapdyr. Sahylykda ikinji Hatam Taý bolan Magyn Zäide hem şol döwürde ýaşapdyr. «Kalila we Dimna» kitabyny pehlewi

dilinden arap diline geçiren Abdylla ibn Mufagga hem şol döwürde ýaşapdyr.

### *Abu Abdylla ibn Mugawyýe ibn Abdylla*

Abu Abdylla ibn Mugawyýe ibn Abdylla Apbaslylaryň üçünji halypasy Mäti Abu Abdylla Muhammet ibn Mansuryň weziri bolupdur. «Hekaýatlaryň ýygyndysy»[1] kitabynda aýdylyşyna görä, haçanda halypa Mansur Mätini mirasdüşer edip bellän wagty, Mugawyýe ibn Abdyllany özüniň kethudasy edip aldy. Halypalyk möminleriň emiri Mätä ýetende, Mugawyýany öz weziri edip belleýär. Mugawyýe ilkibaşda hyzmatkär bolup, wezirlige ýeten birinji adamdyr. Onuň kakasy Abu Apbas Seffanyň hyzmatkäridi. Miras Mansura geçensoň, Mugawyýanyň kakasynyň hünäri, pazylaty we başarnygy üçin Mansur onuň ogluny Mätiniň kethudasy edip belledi. Onuň dine we musulmançylyga bolan ynamly işlerinde üstünlik gazanmaga kömek etdi. Oňa mysallaryň biri hem şudur:

„Mugawyýe şeýle gürrüň berýär:

«Bir gün möminleriň emiri Mätiniň huzuryna geldim. Oňa seredenimde, ýüzünde gam-gussanyň bardygyny gördüm. Onuň ýanynda oturyp:

– Möminleriň emiriniň gahary näme sebäpdendir? – diýip soradym. Möminleriň emiri:

---

[1] Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» kitaby.

– Abdylla ibn Hasan Hüseýniniň pitnelerinden halas boldum. Ol üç gezek pitne turuzdy. Her näçe duýdursam-da, pitnesini bes etmeýär. Menden çekinmeýär. Şonuň üçin ony bir sagadyň dowamynda meniň ýanyma getirip, jeza bermegi buýurdym. Goý, bu iş beýlekilere-de sapak bolsun – diýdi.

Mugawyýe:

Men ol sözüni soňlaýança garaşyp durup, soňra şeýle diýdim:

– Möminleriň emiri sözüni yzyna alsa gowy bolardy. Eger-de möminleriň emiriniň din we dünýäsi üçin maslahat bermesem, hyýanat etdigim bolar. Möminleriň emiriniň tagta geçen gününden başlap, hiç bir alawy onuň elinden öldürilmedi, hiç kim onuň zyndanynda heläk bolmady. Halypalygyň hökümdarlarynyň (ata-babasynyň gurbany bolaýyn) hiç biri hem ýokarda agzalan permanlary gaýdyp ulanmadylar. Bu ýagdaýlar bagtly möminleriň emirine şu dünýäde ýagşy patyşa adyna eýermäge kömek etdi. Möminleriň emiri hem sogap üçin öz adyny zaýalamaly däldir. Ýüreginde gahara orun bermeli däldir. Ertirki gün möminleriň emirine Aly alaýhyssalamyň ýanynda utanç bolar – diýdim.

Men bu gürrüňleri aýdanymdan soň, ol maňa ýüzlenip:

– „Hudaýtagala seniň ýaryň bolsun! Gaharymy köşeşdirdiň. Eger sen gelmedik bolsaň, Abdyllany jezalandyrardym. Soňky puşman abraý getirmezdi – diýdi.

Biz söhbetimizi dowam etdirip durkak, Abdyllany getirdiler. Mätiniň nazary onuň ýüzüne düşende:

– Maňa näme üçin azap görkezýärsiň, öz ajalyňa howlugyp, pitne turuzýarsyň? – diýdi.

Abdylla:

– Möminleriň emiri dogry aýdýar, men erbet iş etdim, emma siz meniň günämi geçseňiz, men toba ederin we size dostluk ýoluna eýererin – diýip ötünç sorady.

Mäti:

– Ony işlerinde synap görüň – diýip yzyna goýberdi.

Möminleriň emiri ol gije uka gidende, möminleriň emiri Aly alaýhyssalamy düýşünde gördi. Ol ony gyra çekip: «Sen meniň perzentlerimiň howpsuzlygyny üpjün etjek adamsyň» diýdi. Soňra Mätiniň elinden tutdy-da, ony öz döşüne eltip we sypalap: «Bu el meniň perzentlerimi şerden aman saklajak eldir» diýdi.

Mäti ukudan oýanyp, derrew Abdyllany getirmegi buýurdy. Onuň ýanyna gelýänçä, gorkudan ýaňa Abdyllanyň ýüregi agzyndan çykaýjak bolýardy. Ol Mätiniň ýanyna ýetende, Mäti oňa ýüzlenip: «Eý, doganoglanym, sen mundan beýläk pitne turuzma, meniň gaharymdan gaça dur, sen menden pena isläp bilersiň, galan ömrüňi arkaýynlykda geçir» diýdi. Şeýlelikde, Abdylla kasam içdi. Mäti Abdyllany ýakynragyna çagyryp, onuň başyny we ýüzüni öpüp, oňa mal-mülkden başga üç ýüz müň dirhem bermegi buýrup: «Eger-de bu dirhemleri hereket etdirip aýlan-

şyga goýberseň, onuň bir ýylky peýdasy on iki müň dinar boljak» diýdi. Biz ony doly kanagatlandyryp, yzyna ugratdyk. Bu hormatlylyk we mertebelilikleriň hemmesi ynamdar, akylly-başly weziriň nesihatlarynyň netijesidir. Ol öz hojaýynyndan maslahatlaryny gaýgyrmaýardy. Wezir hiç hili şek-şübhesiz özüniň we Mätiniň bu dünýäde we ahyretde sogap gazanmagyny hasyl etdi.

## *Abu Abdylla Ýakup ibn Tehman*

Abu Abdylla Ýakup ibn Tehman möminleriň emiri Mätiniň weziri bolupdyr. Oňa şaýy mezhebine ýykgyn edýär diýýärdiler. Şonuň üçin Mäti oňa gahar edip, synap görmek üçin alawylaryň birini onuň ygtyýaryna öldürmäge berdi. Ýakup ol alawyny halas edip, gizlinlikde Basra iberdi. Mäti alawynyň yzyndan adam iberip, ony ýolundan alyp galyp gizledi. Soňra ol Ýakupdan alawynyň hal-ýagdaýy barada sorady.

Ýakup:

– Men ony öldürdim – diýip, birnäçe gezek ant içdi.

Mäti oňa alawyny görkezip, Ýakuby wezipesinden boşatdy we tussag etdi. Ýakup Harun Reşidiň zamanyna çenli tussag edildi. Soňra Harun ony halas etdi. Ol bolsa Mekgä gidip, dünýäden ötýänçä, müjewür bolup gezdi.

## *Abu Apbas Pazl ibn Süleýman Tusy*

Abu Apbas Pazl ibn Süleýman Tusy Apbaslylaryň dördünji halypasy, möminleriň emiri Hady Musa ibn Mätiniň weziri bolupdyr. Onuň hal-ýagdaýy baradaky maglumatlar hiç bir taryhy çeşmelerde gabat gelmeýär.

### *Ýahýa ibn Halyt ibn Japar Barmaky*

Ýahýa ibn Halyt ibn Japar Barmaky 170-nji hijri ýylynda[1] Apbaslylaryň bäşinji halypasy Harun Reşidiň weziri bolupdyr. Ol halypany öz kakasy hökmünde görýärdi. Zeýnep hatyn Ýahýa Harunyň enekesi, Pazl we Japar Ýahýanyň ogullary bolupdyr. Pazl Harunyň dosty bolupdyr. Ýahýanyň işleri hem Harunyň döwletiniň zamanynda uly derejelere we belent mertebelere eýe boldy.

#### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, möminleriň emiri Harun Horasan welaýatyny Aly Isa Mahana bermekçi bolupdyr. Ýahýa Harunyň bu pikirini goldaman, oňa:

– Aly Isa arassa adam däl. Horasan welaýaty hem serhetdedir. Yslam ýurtlarynda ýerleşen bu welaýaty oňa bermek sogap iş bolmaz – diýdi.

Harun onuň maslahatyny kabul etmän, Horasan welaýatyny Aly Isa berdi. Aly ýüzüni zulumlyga öwrüp, ep-esli emläk ýygnap, gazna ugradýardy.

[1] Miladynyň 786-787-nji ýyllary.

Haçanda birnäçe tylla, kümüş, göwher, ud[1], türk gullary, arap atlary, türk hem bulgar samyrlary we başga seýrek duş gelýän ajaýyp zatlar Hindistandan we Türküstandan getirilende, Reşit ilkibada olary görüp haýran galyp, Ýahýa we onuň ogullaryna olary kabul edip almagy buýurdy. Möminleriň emiri ýanyna gelen Ýahýa ýüzlenip:

– Mundan öň bu zatlar nirededi we biz nirededik?! Hudaýtagala bu emlägi biz üçin bagyş etdi. Bu işler seniň pikirleriňi diňlemedigimiň miwesidir – diýdi. Ýahýa bu sözlere:

– Eý, möminleriň emiri, bu emläkler hojaýynlaryň hazynalarynda boldy. Siz bu emlägiň jogapkärçiliginden daşda durduňyz. Möminleriň emiri bu mala we mülke guwanmaly däldir. Eger-de emläk on esse köp bolup, Horasan tarapyndan gözegçilik edilse, onda bu emläkden bir zat galmaz – diýip jogap berdi. Bu sözler Reşidiň göwnüne ýaramady. Soňra ýene Ýahýa garap:

– Horasan gozgalaň üstünde dur. Harun Reşit Horasany öňki durkuna getirýänçä, köp iş we hereket etmelidir – diýdi.

### *Hekaýat*

Günleriň birinde uly mertebeli kişi bir adama howandarlyk etmek üçin Ýahýa Halydyň ýanyna gelip:

---

[1] Ud – hoşboý ysly tütedilýän agaç.

– Başarjaň we öz işini bilýän adam siziň hyzmatyňyzda gulluk etmek isleýär. Ol adamy pylan wezipä geçiräýseňiz – diýip haýyş etdi. Ýahýa:

– Biziň wezirligimizde başga birini işe kabul edip almazlyk şertimiz bar. Başga biriniň işini öz işimizde rowa görmeýäris. Onuň hal-ýagdaýyny doly derňäp, bize mynasyp adamdygy doly äşgär bolýança, biz oňa raýatyň üstünden gözegçilik etdirip bilmeris. Haçanda onuň başarjaňlygy bize aýan bolanda, ony wezipä belläris. Oňa aýdyň, biz ony doly synagdan geçirýänçäk, taýýarlyk görüp başlasyn. Eger iş başarýan bolsa, oňa mynasyp wezipe bereris, iş başarjaňlygy ýok bolsa, seniň sözüňi ýykmaz ýaly, oňa serpaý bereris – diýip jogap berdi. Mertebeli kişi:

– Onuň diwan işlerinde uly başarjaňlygy bar. Köp wagtlap pylan kärde işledi – diýdi. Ýahýa:

– Belkem, ol wezipede onuň uly arkasy bolandyr. Eger-de ol raýatyň gadryny bilmese we Haka gulluk etmese, onuň iş başarjaňlygy biziň işlerimize delil bolup bilmez. Biz oňa iş berip bilmeris. Sebäbi oňa iş tabşyrylan ýagdaýda onuň erbet gylyklaryny biz çekmeli bolarys. Boljak iş bolansoň, kyýamata çenli düzedip bilmeris. Eger-de döwlet işlerinde şular ýaly zatlary elden bermesek, ähli ýaşalýan şäherler abat galar – diýdi.

***Hekaýat***

Abdylla Eswar şeýle diýýär:

«Men Ýahýa Halydyň kätibi bolupdym. Günleriň birinde ol meni öz ýanyna çagyryp:

– Otur-da, oglum Pazla hat ýaz – ,diýip buýruk berdi. Men:

– Meniň ýanymda syýa ýok – diýip jogap berdim. Ol:

– Syýasyz we galamsyz kätibiň ylmy edil leşgersiz we gaharsyz emir ýaly bolar. Gaharsyz we leşgersiz emir ganymat bilinmez. Şonuň ýaly-da syýasyz we galamsyz kätibiň hem gadyr-gymmaty bolmaz. Sen meniň ýanyma syýa we galamyň bolmasa gelip oturma. Eger-de sen meniň saglygymy soramak üçin gelseň, onda başgaça bolar – diýdi.

Soňra ol syýa getirdi we meni öz ýanynda oturdyp, ogly Pazla hat ýazdyrdy. Ol men gaty görendir öýdüp, öz aýdan sözlerine puşman edýärdi. Haty doly ýazyp gutaranymdan soň:

– Bergiň barmy? – diýip, menden sorady. Men:

– „Bar – diýip jogap berdim. Ol:

– Näçe bergiň bar? – diýip sorady. Men:

– Üç ýüz müň dirhem – diýip jogap berdim.

Ol bu hatyň soňunda öz elleri bilen «Öz oglumyň tarapyna ýazýaryn. Abdyllanyň üç ýüz müň dirhem bergisi bar eken. Haçanda şu haty okap gutarmankaň (öz başymdan ant içýärin), derrew şol dirhemi oňa ber» diýip ýazdy.

Pazl ol puly derrew Abdylla iberip, Ýahýanyň jomartlyk häsiýetine sebäp boldy.

### *Hekaýat*

«El-Ferej bagda aş-şidde» («Kynçylykdan soňky şatlyk») atly kitapda aýdylyşyna görä, bir gün Ýahýa halypanyň huzuryndan çykdy. Ol Hady bilen jedelleşip, eşitmesi agyr bolan haýbatly sözleri eşidip, umytsyz galdy. Hady oňa:

– „Tä meniň oglum mirasdüşer bolýança, Harun Reşidiň ýanyndan işden gaýt – diýip teklip etdi.

Ýahýa:

– Harun meni goýbermez, siziň bu pikiriňizi goldamaz – diýdi.

Hady onuň aýdýanlaryny tassyklamady. Ýahýa gorkuly ýagdaýda öýüne geldi. Ol perişan halda öz hyzmatkäriniň üstüne gygyryp, onuň ýüzüne şarpyk çaldy. Şol wagt onuň ýüzügi döwlüp, içindäki gaşy gopup zaýalandy. Ýahýa şol sebäpli has-da gamgyn we perişan hala düşdi. Beşary atly şahyr bu barada şeýle rubagy aýdýar.

### *Rubagy*

Ýüzük döwlüp zeper ýetäýse gaşa,
Munuň üçin hergiz gam çekme aşa.
Döwlen ýüzük üçin gussa batmagyn,
«Bagt getir» diýerler döwülen daşa.

*Hekaýat*

«Tabarynyň taryhynda» Ýahýa ibn Halydyň dört sany ogly bolupdyr diýip ýazylýar. Olar: Pazl, Japar, Musa we Muhammet. Pazl we Japar wezir boldular. Musa we Muhammet emir boldular. Olaryň çagalary, Ýahýanyň doganoglanlary hem bar eken. Hemme emirler we Barmakylaryň nebereleri Ýahýanyň döwletiniň we abraýynyň saýasynda mertebeli adamlar bolup ýetişdiler.

Harun Reşit Barmakylaryň neberelerinden Japary gowy görýärdi. Haçanda Ýahýa garran mahaly Harundan: «Men indi garradym, eger-de rugsat berseňiz, Mekgä gidip, müjewür bolaýyn» diýip haýyş etdi.

Reşit onuň bu pikirini kabul etmän: «Seniň ogullaryň Pazl we Japar wezir bolmaga mynasyp adamlardyr. Janyň sag wagty bularyň birini wezirlige teklip et. Meniň ýanymda oturyp, permanlarymy seniň bilen maslahat edip, ýerine ýetirsinler» diýdi.

Reşit Japary wezir etmegi isleýärdi, emma Ýahýa Pazly maslahat berdi. Japar ussat kätip, dilewar, ýagşy gylykly we hoş ýüzli adamdy.

Pazl Japardan bir ýaş uludy we köp işlerden başy çykýan tejribeli adamdy. Ýahýa Pazla öz wezirlik wezipesini ynanyp, weziriň ýüzügini oňa bagyş etdi. Pazl wezir boldy. Reşidiň ýüregi Japardady, emma ol muny ýüze çykarmaýardy.

Pazl öz kakasyndan soň, iki ýyllap wezir boldy. Soňra Reşit Japary wezir edip belläp: «Sen Pazldan ýüzügi al-da, kakaň wezipesine eýelik et» diýdi. Japar iki ýyllap wezirligiň işi bilen meşgul boldy. Ondan soň Reşit ýüzügi Japardan alyp, Ýahýa iberip, şeýle diýdi: «Ogullaryň haýsysyny wezir bellemelidigini seniň özüň gowy bilýärsiň, ýüzügi ogullaryň haýsysyna saýlasaň, şoňa-da ber. Men seniň hormatyňa ýüzügi olara bermek isleýärin».

Ýahýa ýüzügi olaryň ikisine-de bermedi. Işleri bolsa tä haldan gaçýança, özi ýöretdi. Olaryň döwletiniň galan wakalary Japar kyssasynda beýan ediljekdir.

## *Pazl ibn Ýahýa ibn Halyt ibn Japar Barmaky*

Harun Reşit ogly Muhammet Emini dokuz ýaşyna ýetende mirasdüşer edip belledi. Horasany bolsa Pazla berdi. Pazl 170-nji hijri ýylynda[1] Reşit bilen dogan okaşyp, onuň bilen şerap mejlisinde oturypdyr. Reşit zenanlaryň mejlisinde sazandalar we kenizekler bilen şerap içýärdi. Pazl kenizeklere seretmejek bolup kynçylyk çekýärdi. Soňra ol bu işlerden özüni gyra çekdi. Şerap içmeklikden toba etdi.

### *Hekaýat*

---

[1] Miladynyň 786-787-nji ýyllary.

«Saýlanan taryhda» bellenilişine görä, Mansur halypanyň döwründe gozgalaň turzan Muhammediň we Ybraýymyň dogany Ýahýa ibn Abdylla Alawy Tabarystandaky patyşa Hasanyň goldawy bilen ymamlyk dawasyny etdi.

Dürli hilegärlikler bilen «Ýahýa ibn Abdylla Harun Reşidiň guly bolupdyr» diýipdirler. Oňa Hasanyň ýanynda güwä geçdiler. Hasan ony bialaç olara tabşyrmaly boldy. Ony Bagdada iberdiler. Harun oňa ýagşylyk etdi. Bäş aýdan soň ony zyndana taşlady. Zyndana düşensoň, ol barada maglumat ýok.

***Hekaýat***

«Kynçylykdan soňky şatlyk» diýen kitapda getirilişine görä, Pazl ibn Ýahýa Barmaky adamkärçilikde we mylaýymlykda öz egindeşlerinden tapawutlanypdyr. Ol batyr, sahy we jomart adam bolupdyr, emma onuň tekepbir, boýunegmezek, ynjyk häsiýetleri hem bar eken. Bir gün oňa:

– Seniň bu at-abraýyň we sahawatyň tekepbirligiň sebäpli harap bolar – diýdiler.

Ol:

– Men Amara ibn Hemzä meňzejek bolup, onuň endikleridir häsiýetleriniň özüme geçenini bilmän galypdyryn. Häzir ol endigi özümden aýyrjak bolup, hernäçe dalaş etsem-de, aýryp bilmeýärin. Bu erbet häsiýetden ugur almagymyň sebäbi, ýüze çykan bir mesele bilen bagly boldy. Meniň kakam Ýahýa ibn

Halyt möminleriň emiri Mätiden Pars welaýatyny karzyna (töleg bermek esasynda) aldy, emma müň-müň (million) dirhemi töläp bilmedi. Ol dirhemleriň hemmesini ýokary wezipeli adamlardan almalydy. Emeldarlar möminleriň emiriniň meniň kakam baradaky pikirini üýtgetdiler. Şol sebäpli möminleriň emiriniň gahary gelip, emeldarlaryň biri Abu Awny öz ýanyna çagyryp, ol dirhemleri bir günüň dowamynda kakamdan yzyna almagy talap etdi. Eger-de gün ýaşýança ýekeje dirhem tabşyrman galaýsa, kakamy öldürmegi buýurdy. Şondan soň Abu Awn kakamdan dirhemleri almak üçin talabyny güýçlendirdi. Kakamyň hemme zatlary we biziň öýümiz ol puluň möçberiniň ondan birine hem ýetmeýärdi. Kakam maňa ýüzlenip: «Eger şol pul üçin meniň janyma dawa salynsa, onda ony karz almaly bolar. Bolmasa, men şübhesiz öldürilerin. Sen hökman Amara ibn Hemzäniň ýanyna git-de, halymyň harapdygyny oňa aýt» diýdi.

Men Amara ibn Hemzäniň ýanyna gitdim. Barsam, ol eşikde ýapynjany ýüzüne çenli çekip ýatyr eken. Salam berdim. Ol eýläk-beýläk yranyp, salamymy almady. Soňra kellesi bilen «Otur» diýip yşarat etdi. Men ondan biraz daşrakda oturdym. Şondan soň ol maňa seretmedi. Men gamgyn halda umytdan düşüp: «Eger-de onuň myhman garşy alşy şular ýaly bolsa, ondan nädip, gowulyga garaşyp bolar. Oňa arzymy aýtsammykam ýa-da yzyma dolansammykam» diýip köp pikir edip, içimi gepletdim. Ol: «Bir zat isläp gelen bolsaň, arzyňy aýt» diýdi. Men hemme bolan wakany

bolşy ýaly beýan etdim. Ol meniň gürrüňime jogap bermedi. Bu gürrüňleri aýdyp berenimden soň, ol belli bir jogap aýdar diýip umyt etdim, emma ol hiç zat aýtmady. Men ýerimden turdum we geň galmakdan ýaňa aýagymy ýerden süýräp, ýöräp ugradym. Her bir ädimde bu wakany «kakama aýtsammykam ýa-da ondan ýaşyrsammykam» diýip pikir etdim. Şeýdip ýola düşüp, bu wakany kakama gürrüň bermek üçin ýüzümi öz öýmüze öwürdim. Şol gün kakama berlen möhlet hem gutarýardy. Kakamy halas etmek üçin, başga ýol tapmak gerekdi. Haçanda men öýümiziň gapysyna ýetenimde, üsti ýükli gatyrlary gördüm. Men ol gatyrlaryň ýanynda duran adamlardan «Bular näme?» diýip soradym. Olar: «Müň-müň (million) dirhem, ýagny Amara ibn Hemzäniň size iberen dirhemleri» diýip jogap berdiler. Men öýe girip, hemmeleri habardar etdim. Namazdan soň bu pullary möminleriň emiri Mätiniň hazynasyna tabşyrdyk. Bu waka möminleriň emiriniň gulagyna-da degdi. Şondan soň ol Amaranyň ýagşylygyny göz öňünde tutup, özüniň kakama bolan garaýşyny üýtgetdi. Kakamy bagyşlady. Ondan soň ol pul Pars welaýatynda iki aýyň dowamynda gazanyldy. Ol pullar kakamyň eline gelensoň, kakam maňa ýüzlenip: «Sen Amaranyň ýanyna git-de, ondan ötünç sorap, şol iberen gatyrlaryny we pullaryny yzyna gaýtaryp ber» diýdi.

Men kakamyň aýdyşy ýaly, ol gatyrlary we pullary alyp, Amaranyň ýanyna bardym. Men onuň ýanyna baranymda, ol bu saparam ilki gören halymda ýatyr

eken. Ol maňa ýene-de hiç hili ähmiýet bermedi. Men oňa şükürler aýdyp, hormat goýup, baş egdim. Soňra getiren pullarymy kabul etmegi haýyş etdim. Ol:

– Men seniň kakaň hazynaçysy boldum. Pul gerek bolsa alýaryn, kime bermeli bolsa berýärin. Siz näçe karz ber diýseňiz bererin we yzyna al diýseňiz alaryn – diýdi. Men:

– Hudaý saklasyn, siz meniň kakamyň janyny ölümden halas etdiňiz. Kakam bir gezek siziň puluňyzy aldy. Indi ikilenç yzyna almaz – diýip jogap berdim. Ol:

– Eger seniň kakaň bu pullary yzyna iberen bolsa, onda men bu pullary saňa bagyş edýärin. Yzyňa dolanda, bu pullary özüň bilen äkit – diýdi.

Men hiç haçan bir adamyň şular ýaly pullary birine bagyş edenini görmändim. Men yzyma dolanyp, kakamyň ýanyna bardym. Kakam:

– Eý, oglum. Bu pullaryň hemmesini saňa goýmak islemeýärin. Bu saňa dogry gelmez. Diňe iki ýüz müň dirhemi saňa berýärin – diýip jogap berdi.

Men iki ýüz müň dirhemi aldym, galanyny bolsa kakama gowşurdym.

## *Japar ibn Ýahýa ibn Halyt ibn Japar Barmaky*

«Japar ibn Ýahýa ibn Halyt ibn Japar Barmaky Harun Reşidiň weziri bolupdyr» diýlip köp çeşmelerde ýazylypdyr. Ol örän ygtybarly adam bolupdyr. «Kynçylykdan soňky şatlyk» kitabynda aýdylyşyna

görä, möminleriň emiri Harun Reşidiň ýakyn adamlarynyň biri Yshak Ybraýym Müwzel şeýle diýýär:

„ Men Japar Barmaky ýaly keremli, adamkärçilikli, edepli, gowy häsiýetli we mylaýym adamy görmändim. Şeýle-de ol oturlyşyklarda ýadawlygy aýyrmak üçin, tanslara, gülküli hekaýalara tomaşa etmekligi gowy görerdi.

Bir gün Harun Reşidiň huzuryna bardym. Şol wagt möminleriň emiri dynç alýar eken. Birden Japar peýda boldy. Ol maňa: „

– Sen şu ýerde bol – diýdi-de, özi çykyp gitdi. Onuň hyzmatkäri bolsa maňa hyzmat etdi. Haçanda Japar yzyna dolanyp gelende, maňa:

– Ýör biziň öýümize gideli, ol ýerde biraz şatlanyp, ruhumyzy belent edeli we aýdym-saz diňläli – diýdi.

Men:

„ – Bolýar – diýip jogap berdim.

Biz onuň öýüne baryp, egin-eşiklerimizi çykardyk. Hyzmatkärler biziň öňümize tagam getirdiler. Nahar iýip bolanymyzdan soň, ol «kenizleri getiriň» diýip buýurdy. Biziň aramyzda çekiner ýaly adam ýokdy, şonuň üçin şerap getirdip, gymmatbaha jamlarda şerap içdik. Şerap guýup berýän hyzmatkärler bize oňat hyzmat etdiler. Bir gezek ol meniň üçin aýdym aýtdy, bir gezek men onuň üçin aýdym aýtdym. Ondan soň, ol öz ýanyna hajyby çagyryp:

– „Şu gün kim meniň ýanyma gelse goýberme, eger möminleriň emiriniň resuly gelse, onda meniň

işlidigimi aýdarsyň. Meniň aýdan gürrüňlerimi hemme hyzmatkärlere berk tabşyr, eger-de Abdylmälik gelse, oňa girmäge rugsat ber – diýdi.

Abdylmälik onuň öz nökerleriniň biridi. Japar onuň bilen ýürekdeş dostdy. Olar bile tirkeşýärdiler. Mejlisler gurup, aýdym – saz diňleýärdiler. Haçanda hajyp yzyna dolanan mahaly, biz öz işimiz bilen meşgul bolup, ruhubelentlikleriň kenarynda, hoşal ýagdaýda otyrdyk. Birden perde açyldy, görsek, Abdylmälik ibn Salah Haşemi gelipdir. Hajyp ony ýalňyşlyk bilen goýberipdir. Ol Japaryň «goýber» diýen adamymyka diýip güman edipdir.

Bu gelen Abdylmälik Haşemileriň abraýly adamsydy. Ol hormatlanýan beýik mertebeli adamdy. Takwalyk hudaýhonlygy bilen tanalýardy. Harun Reşit birnäçe gezek oňa şerap hödür edipdir, emma ol ony kabul etmän yzyna gaýtarypdyr. Haçanda biz ony görenimizde, ikimiz hem haýran galyp, biri-birimize seredişdik. Ony görüp, mes halymyzdan öňki durkumyza geldik. Japar öz hal-ýagdaýyny bildirmejek boldy. Abdylmälik bolsa derrew biziň halymyzyň nähili ýagdaýdadygyny aňdy. Ol öýüň eýwanyna gelipdi. Biziň oturan otagymyz hem şol eýwanyň içindedi. Abdylmälik öz kelle ýapynjasyny, donuny we sellesini çykaryp, bir tarapa oklap, tagam sorady. Japar tagam getirtdi. Şeýle-de Japaryň gahary gelýärdi. Abdylmälik nahar iýensoň, şerap içmek isledi. Oňa şerap getirip berdiler. Ol şerap içensoň, biziň oturan otagymyza gelip: «Siz öz meşgullanýan işiňize meni

hem şärik edersiňiz» diýdi. Japar birnäçe ýüpek egin-eşikleri getirdi. Ol egin-eşikleri geýip, yzly-yzyna birnäçe gezek şerap içdi. Ondan soň aýdym aýdyp, şatlygynyň üstüne şatlyk goşdy. Soňra ikimizdenem labyzly gürläp başlady. Ol hemme meýlislerde-ýygnaklarda nedimlerden hem has labyzly we täsirli gürleýärdi. Japaryň gahary köşeşip, ýüzi açylyp başlady. Şondan soň oňa ýüzlenip:

– Seniň näme islegiň bar? – diýip sorady. Abdylmälik:

– Bu wagt islegleriň aýdylýan wagty däl – diýip jogap berdi. Japar:

– Aýt – diýip, aýak diräp durdy. Abdylmälik:

– Möminleriň emiri maňa başgaça garaýar. Biz bolsa ondan kömek soramaly – diýdi. Japar:

– Möminleriň emiri senden razydyr, ol sen barada ýaramaz pikirde däldir. Şonuň üçin näme kömek isleseň, sora! – diýdi. Abdylmälik:

– Men köp bergä batdym – diýdi. Japar:

– Näçe? – diýip sorady. Abdylmälik:

– Dört müň-müň (million ) dirhem – diýdi. Japar:

– Eger isleseň dört müň-müň dirhemi häzir getirdip, size gowşar ýaly edeýin. Seniň gadyryň biziň ýanymyzda uludyr. Meniň ýaly başga bir adam size bular ýaly sowgat edip bilmez. Emma men siziň aýdanlaryňyzy kabul edip, ertir möminleriň emiriniň hazynasyndan siz üçin pul alyp bererin – diýdi. Abdylmälik:

– Möminleriň emirinden soraň, ol meniň oglumyň mertebesini beýgeldip, onuň derejesini we wezipesini ulaltsyn – diýdi. Japar:

– Möminleriň emiri Müsür welaýatyny seniň ogluňa berip, Aliýe diýen gyzyny onuň bilen nikalaşdyrar. Soňra iki müň-müň (million) dirhemi öz mal-mülkünden bölüp, oňa berer – diýdi.

Men: «„Bu adam mes, şonuň üçin näme gepleýändigini bilmeýär» diýip içimi gepletdim. Haçanda daň atanda, men möminleriň emiriniň huzuryna bardym. Japar ibn Ýahýa bolsa menden öň gelen eken. Şol wagt möminleriň emiriniň köşgi adamdan doludy. Olaryň arasynda Abu Ýusup Kazy, ymamlar we Bagdadyň mertebeli adamlary bardy. Bu adamlar ýörite çagyrylypdyr. Şol sanda Abdylmälik ibn Salyh Haşemi we onuň ogluny hem çagyrypdyrlar. Soňra biziň hemmämizi Harunyň ýanyna äkitdiler. Japar Abdylmälige ýüzlenip:

– Möminleriň emiri size gahar gözi bilen garaýardy, emma indi size dört müň-müň (million) dirhemi bermäge razy boldy. Şeýle-de, siziň ogluňyza öz Aliýe atly gyzyny gelin edip bermegi we iki müň-müň (million) dirhemi sowgat edip, Müsür welaýatyny bermegi şu ýerde duranlaryň şaýat bolmagynda razylaşdy – diýdi.

Japar daşary çykan wagty, bu bolan waka barada ondan soradym. Japar:

– Säher bilen möminleriň emiriniň ýanyna geldim. Ikimiziň aramyzda bolan wakany doly gürrüň berdim.

Soňra Abdylmäligiň gelendigi we hajybyň ýalňyşandygy, Abdylmäligiň biziň ýagdaýymyza geň galandygy we oňa ýarandygy barada oňa beýan etdim. Ondan soň möminleriň emirinden birnäçe zady amanat dilejekdigimi aýtdym. Ol dilejek zatlarymyň nämedigini sorady. Men hem hemmesini bolşy ýaly gürrüň berdim. Ol: «„Sen öz soraýan zadyň yzynda dur» diýip, olaryň hemmesini öz huzuryna çagyrdy. Şeýlelikde, galan wakany özüň gözüň bilen gördüň – diýdi.

***Hekaýat***

«Kynçylykdan soňky şatlyk» atly kitapda ýatlanylyşyna görä, Wagedi şeýle gürrüň berýär:

Haçanda baýlyk menden ýüz öwrende, garyp halda galdym. Şol wagt hem remezan aýy ýakyn gelipdi. Remezan aýynda çykaryljak harajatlar mende ýokdy. Meniň alawy dostum bardy. Men oňa müň dirhem karz pul sorap hat ýolladym. Ol maňa möhür basylan haltada soran pulumy iberipdir. Şol wagt meniň başga bir dostumdan hat geldi. Ol menden remezan aýy üçin, müň dirhem sorapdyr. Menem ol alan pulumy oňa iberdim. Günleriň bir güni menden pul karz alan adam bilen meniň pul karz alan adamym ýanyma geldiler.

Alawy:

– Menden karz alan pullaryňy näme etdiň? – diýip sorady. Men:

– Sowdum – diýip jogap berdim.

Alawy gülüp, agzy möhürlenen haltany çykaryp görkezdi. Soňra ol haltany meniň ýanymda goýup:

– Men bu pullary remezan aýy üçin ýygnap goýupdym. Seniň «Pul gerek» diýen hatyň gelende, men bu ýygnan dirhemlerimi saňa iberdim. Soňra men şu dostumdan müň dirhem karz bermegini haýyş edipdim. Ol bolsa maňa şu agzy möhürli haltany ýollapdyr. Haçanda men pully haltadaky öz möhrümi görenimde haýran galyp, ondan bolan işi soradym. Ol hem wakany bolşy ýaly gürrüň berdi. Şeýdip, biz iki bolup seniň ýanyňa çözülişmek üçin, haltany getirdik. Hudaýtagala bize eçilmek üçin, öz günleriniň biriniň gapysyny açdy – diýdi.

Men:

– Bu bolup geçen wakada biziň üçümizden haý-symyzyň jomartdygymyzy bilmedik – diýdim.

Şeýlelikde, ol puly üç bölüp paýlaşdyk. Remezan aýy gelip ýetdi. Biz şol dirhemden köp harç etdik. Ondan biraz galypdy. Men perişan hala düşüp, pikir edip otyrdym. Japar ibn Ýahýa ir bilen öz ýanyna ça-gyryp:

– Men siziň ikiňizi düýşümde gördüm. Seniň halyň agyr bolup göründi, şonuň üçin sen öz hal-ýagdaýyň barada gürrüň ber – diýdi.

Men alawy we beýleki dostumyň arasynda bolan wakany gürrüň berdim. Ol muny eşidip haýran galyp:

– „Men siziň haýsyňyzyň kämildigiňizi bilmedim – diýip, maňa otuz müň dirhem bermegi tabşyrdy.

Beýleki dostlarymyň her birine bolsa, on müň dirhemden ugratdy. Biziň halymyz has gowulaşdy.

## *Japar Ýahýa Barmaky*

Onuň öňden görýän, ýagny waragyň ýüzünden ýüregiň syrlaryny bilýän adam bolandygy barada «Hekaýatlaryň ýygyndysy» kitabynda aýdylýar. Japar Ýahýa Barmakynyň öňdengörüjilik we ýitilik derejesini görkezýän wakalaryň biri ine, şu hekaýatda beýan edilýär.

### *Hekaýat*

Günleriň birinde möminleriň emiri Harun Mesrur Hademi huzuryna çagyryp, onuň bilen gizlin gürrüň etdi. Japar Harunyň we Hademiniň arasyndaky syrly pikiri aňypdyr. Soňra Japar Hademi ýanyna çagyryp:

– Sen möminleriň emiri Harunyň menden hiç gep-gürrüň ýaşyrmaýandygyny bilýärsiň, siziň araňyzda bolan şol syrly gürrüňi maňa aýt – diýdi. Mesrur Hadem:

– Eger möminleriň emiriniň maňa aýdan gürrüňlerini saňa aýdan bolsa, men hem senden sorasam, sen maňa aýdyp berermidiň? – diýip sorady. Japar:

– Ýok. Ýöne eger isleseň, möminleriň emiri bilen siziň araňyzda bolan gürrüňi welin aýdyp bereýin – diýdi.

Hadem:

– Möminleriň emiriniň biziň aramyzda bolan gürrüňi başga biriniň ýanynda aýtmagy mümkin däldir – diýip jogap berdi. Japar möminleriň emiriniň oňa aýdan gürrüňleriniň hemmesini bolşy ýaly aýdyp berdi.

Hadem geň galyp:

– Bu zatlar möminleriň emiriniň gulagyna ýetmeli däldir. Ol «men bu gürrüňleri paş edendir» diýip güman eder – diýdi. Soňra Hadem möminleriň emiriniň ýanyna baryp, oňa bu bolan wakany jikme-jik gürrüň berip, ondan ötünç sorady. Harun:

– Japaryň öňdengörüjiligine we pikirleriniň dogrudygyna hiç hili şek-şübhe ýok, ol syryňy pikirlenmän, aýan edýär – diýip jogap berdi.

### *Hekaýat*

Japaryň öňdengörüjiligine möminleriň emiri hem haýran galyp, bir gezek onuň kastyna çykmagy ýüregine düwdi. Elbetde, ol bu pikiri öz ýanyndan makullap, daşyna çykarmaýardy hem-de hiç kime aýtmaýardy. Ol her gün Japar bilen hoşamaý gürleşýärdi. Bir gün awa gidenlerinde, Japar oňa darajyk ýerde gabat geldi. Ol bugdaýreňk, daýaw we owadan adamdy. Harun Japaryň gerdenine seretdi-de:

– Haçan seniň gerdeniňi egniňden jyda düşürerkäm?! – diýdi.

Japar bu sözleri eşidip, oňa gaýta-gaýta seretdi. Harun bolsa oňa seredip güldi. Japar:

– Eý, möminleriň emiri, müň gezek posa beren[1] başymy kesmeklik siziň adamkärçilik häsiýetiňize hem keremiňize sygýan we gelişýän zat däldir – diýip jogap berdi. Harun bu sözlere haýran galyp:

– Bu zatlary göwnüňe alyp oturma, biz mynasyp bendeleri we hyzmatkärleri jenaýat etseler-de, hiç hili jeza sezewar etmeris – diýip, Japara «ahyrynda häzir bol» diýen ýaly etdi.

## *Hekaýat*

Barmakylaryň dargamagyna birnäçe zadyň sebäp bolandygy barada Ymam Muhammet Jerir «Tabarynyň taryhy» atly kitabynda ýazylypdyr. Olaryň birinjisi, iş zerarly köp wagtlap dynç alyp bilmedik we duşmany köp bolan Ýahýa Barmaky döwrüň aýlanmagy bilen iş dereje-wezipesiniň peseljegini bilip, wezipesinden boşadylmagyny sorapdyr, emma muňa kanagatlanarly jogap berilmändir. Beýleki sebäbi, asly ylymly, adamlara pent-nesihat berýän ýagşyzada Abu Rabyg Muhammet Ylýasyň hereketi bolupdyr. Ol Ýahýadan azap çekipdi. Muhammet Ylýas Haruna gizlin hat ýazdy. Ol hatda şeýle diýilýär:

«Eý möminleriň emiri, Hudaýtagaladan gork, näme diýseňem, nähili delil getirseňem, Ýahýa ibn Halydy we onuň öýüni hemme musulmanlardan beýik etdiň. Şeýle-de, musulmanlaryň işini olara tabşyrdyň. Ol

[1] Bu ýerde merhemetlik we ýagşylyk göz öňünde tutulýar.

otparazlyga ynanýar ahyryn. Onuň ogullary we öýündäki adamlaryň hemmesi otparazlyga uýýarlar. Ol dinsiz adam».

Ýahýa ýazylan hatyň mazmuny bilen tanyşýar, ýöne sesini çykarmaýar. Bir gün Reşit ondan:

– Ýahýa, sen Muhammet Ylýas hakda näme aýdyp bilersiň?! – diýip sorady. Ýahýa oňa ýüzlenip:

– Ol erbet, mynapyk, dinsiz adam, hemme adamlar onuň gürrüňlerine aldanýarlar – diýip jogap berdi.

Reşidiň ýüregi Muhammetden doýdy. Ol soňra ony tussag etdirdi. Ýahýanyň wezirlik wezipesiniň ahyryna çenli, ol hem zyndanda boldy. Haçanda Harun Ýahýany tussag eden wagty, Muhammedi zyndandan çykardylar. Reşit Muhammediň zyndanda ýazan hatlaryny derňäp barlady. Ol her haçan Barmakylar barada sorasa we olaryň dinini yzarlap görse, her bir ynjan adam Reşidiň ýüregi gahar-gazapdan püre-pür bolýança, olaryň aýyplaryny açdylar.

Ýene-de bir sebäbi, Ýahýa ibn Abdylla Hüseýni Tabarystanda Haruna garşy gozgalaň turuzdy. Harun ony tussag edip getirmek üçin, Pazl ibn Ýahýany ugratdy. Ol gozgalaňçyny getirensoň, Harun ony Japardan başga hiç kime ynanman, oňa tabşyrdy. Japar ony özi bilen äkitdi. Ýahýa bir gün agşam Japara ýüzlenip:

– Eý, Japar, meniň mertebämi peseldip, öldürmek isleýärsiňizmi, siz meniň kimdigimi bilýärsiňizmi? «Günämi geçjek» diýip, meni aldadylar. Öz sözlerinde tapylmadylar – diýdi.

Japar:

– Nirä gitmek isleseň, gidiber. Eger Reşit menden bir zat sorasa, eýdip-beýdip, bir çykalga taparyn – diýip jogap berdi. Şeýlelikde, Ýahýa gaçyp gitdi. Birnäçe wagtdan soň, onuň gaçyp gidenligi baradaky habar Reşidiň gulagyna ýetdi. Bir gün saçak başynda Harun oňa ýüzlenip:

– Eý, Japar, Ýahýanyň ýagdaýy nähili? – diýip sorady. Ol:

– Heniz hem zyndanda azap çekip ýatyr – diýip jogap berdi. Harun:

– Meniň başymdan we janymdan ant iç – diýdi. Japar sesini çykarman:

– Eý, möminleriň emiri, siziň başyňyzdan we janyňyzdan ant içip bilmerin. Ýahýa gowy adam, ondan erbet iş çykmaz, ol pygamberimiziň nesli hem-de siziň garyndaşyňyz bolany üçin, oňa ýüregim awap, ony goýberdim – diýip jogap berdi.

Reşit Japardan bular ýaly iş çykar öýdüp, güman etmeýärdi. Ol:

– Gowy iş edipsiň, meniň ýüregim hem şol işi etmekdi – diýip, sesini çykarmady, ýöne Reşit bu bolan işi ýüregine sygdyryp bilmedi.

Ýene-de bir sebäbi, Reşidiň özünden uly Apbasa atly aýal dogany bolupdyr. Ol dogany Hadydan hem ulurak bolupdyr. Hady köplenç Reşit bilen oňuşmaýan eken. Apbasa bolsa Reşidi köşeşdirip, pendi-nesihat berer eken. Reşit halypa bolansoň, öz dogany Apbasa hormat goýup, öz syrlaryny onuň bilen paýlaşar eken. Soň-

soňlar bile şerap içipdirler. Japar hem Apbasa bilen mejlislerde şerap içip oturar eken, emma Japar öz agzyndan bir zatlar sypar öýdüp gorkup, şeraply mejlislerden özüni gyra çekip başlaýar. Reşit bu ýagdaýy, ýagny Japaryň daşlaşýandygyny aňyp, oňa:

– Eý, Japar, men Apbasany saňa gelin edip bermek isleýärin, ýöne onuň berjaý etmeli şertleri bardyr. Ol şert şulardan ybaratdyr: sen mejlisden başga ýerde Apbasany görmeli dälsiň, seniň teniň onuň teni bilen degişmeli däldir. Men bu işi seniň mejlise arkaýyn gelip bilmegiň üçin etdim – diýýär. Japar:

– Möminleriň emiri näme buýursa, şoňa boýun egýärin – diýip jogap berýär.

Soňra Reşit Apbasany oňa gelin edip berdi. Harun Reşidiň köşgünde Apbasa iň görmegeý gyzlaryň biridi. Japar hem owadan we hoşzyban adamdy. Ol Apbasa bilen hylwatda galýar. Apbasanyň ygtyýar jylawy elden gidýär. Onuň şöhweti oňa gün bermeýär. Şundan soň Apbasa şu beýtleri aýdýar.

***Beýt***

Güýç bilen hyjuwmy saklap başarsam,
Ah, ölerin öýdýän ony ýaşyrsam,
Degme, terk etmerin seniň yşgyňy,
Öz söýgüňe aldyň, göwün köşkümi.
Seni gam-gussa goýman, bu dünýäden gaýdaryn
Ýöne şol gün jelladymyň
sendigini aýdaryn.

Japar ýaşlyk hyjuwynyň hötdesinden gelip bilmän, onuň bilen ýanaşdy. Apbasa göwreli bolup, ekiz çaga dünýä inderdi. Ol çagalary gizlinlikde Mekgä ugratdy. Bir ýyl geçensoň, Apbasa bilen kenizegiň arasyna düwün düşüp, Apbasa kenizege: «Öldürderin» diýip haýbat atýar. Şonda ol kenizek çagalar barada Reşide habar berýär. Reşit „bu gürrüňi hiç kimiň ýanynda aýtmazlyk hakda kenizege buýruk berýär. Reşit ol kenizegi Apbasanyň ýanyndan aýryp, öz kenizekleriniň ýanyna iberýär. Kenizegiň gürrüňleri Reşide ýaramaýar. Ol ony tä Ýahýa ibn Abdylla Hüseýniniň Horasandadygyny eşidýänçä, öz ýüregine salyp geldi. Soňra Reşidiň Barmakylara bolan garaýşy düýbünden üýtgedi.

Ýahýa bilen Japary gyrakladyp ugrady. Olar hem özleriniň gyraklanýandygyna düşündiler. Reşit olara ýagşylyk etmeýärdi. Mundan soňra Reşit haja gitmegi ýüregine düwdi. Barmakylary hem özi bilen äkitdi. Olar Mekgä baransoň, Apbasanyň ogullaryny getirmegi buýurdy. Reşidiň gaty gahary gelip, Japar bilen Apbasany öldürmek isledi, emma «Bularda näme günä bar?» diýip, bu pikirinden dändi. Mekgeden yzyna dolanan mahaly, Pazl Japary we Musany ýanyna çagyryp, halat-serpaý ýapdy. Şol wagt Ýahýany hem çagyryp, sylag-hormat etdi. Olaryň ýürekleri şatlykdan dolup begendiler.

Bir gün Reşit namazdan soň, Japara ýüzlenip:

– Men şu gün agşam kenizekler bilen şerap içmek isleýärin, sen hem öz kenizekleriň bilen şady-horram bol – diýdi.

Reşit kenizekleriň ýanyna baryp, şerap içmäge oturdy. Birnäçe wagt geçensoň, bir adamy Japaryň şerap mejlisine barandygy ýa-da barmandygy barada maglumat getirmek üçin, onuň ýanyna ýollady. Görse, Japar şerap mejlisinde ýok eken. Reşit ýene-de birini onuň ýanyna ýollap, oňa şeýle diýipdir: «„Öz başymdan we janymdan ant içýärin, şerap mejlisini gur-da, şu gün agşam şerap iç, şerap içmeklik meniň hoşuma gelýär, şonuň üçin sen hem şerap iç» diýdi.

Japaryň keýpi gaçyp we gorkup, şerap mejlisini gurup, gamgyn halda oturdy.

Reşit agşam we ýassy namaz wagtynda, öz oturan ýerinden Japaryň ýanyna adam iberdi. Umuman, ol şol gije üç gezek Japaryň ýanyna adam ýollady. Haçanda gijäniň ýary geçende, Reşit kenizekleriň jaýyndan çykyp, öz otagyna bardy. Soňra Mesrur Hademi ýanyna çagyryp, oňa: «„Git-de Japaryň başyny getir» diýip buýruk berdi. Mesrur Japaryň ýanyna baranda, Japar ony görüp gorkdy. Mesrur:

– Möminleriň emiri seni öldür diýip tabşyrdy – diýdi. Japar:

– Möminleriň emiri nirede? – diýip sorady. Mesrur:

– Öz ýerinde – diýip jogap berdi. Japar:

– Maňa biraz wagt ber, men öz maşgalam bilen hoşlaşyp, olara wesúet edeýin – diýip sorady. Mesrur:

– Bolmaz, näme wesúetiň bar bolsa, maňa aýt, olara meniň özüm ýetirerin – diýip jogap berdi. Japar şol ýerde wesúet etdi.

Mesrur ony öz çadyrynyň ýanyna äkidip, gylyjyny çykaranda, Japar:

– Möminleriň emiri saňa anyk näme diýip buýruk berdi? – diýip sorady. Mesrur:

– Seniň başyňy alyp, özüniň ýanyna eltmegimi buýurdy – diýip jogap berdi. Japar:

– Ol mes bolan wagty bu sözleri aýdýandyr, sen ýalňyşýan bolaýma, ýene bir gezek ondan anyklap sorap gör – diýip haýyş etdi. Mesrur ikinji gezek Reşidiň huzuryna baranda ol düşekde otyr eken. Haçanda onuň gözleri Mesrura düşende, ondan:

– „Näme etdiň? – diýip sorady. Mesrur:

– Japary getirdim – diýip jogap berdi.

Möminleriň emiri:

– Men Japary getir diýdimmi ýa-da onuň başyny? – diýip gygyrdy. Mesrur yzyna dolanyp, Japaryň başyny getirdi.

Reşit:

Onuň başyny we jesedini getir diýýänçäm, öz ýanyňda sakla. Häzir bolsa git-de, Ýahýany we onuň üç ogluny öz öýüňe äkit, olara degişli hemme zatlary al – diýip tabşyrdy. Mesrur onuň aýdyşy ýaly etdi. Gün dogansoň, asyp goýmak üçin, Japaryň başyny Bagdada ýollady. Ýahýa zyndanda dünýeden ötdi.

Pazly, Muhammedi we Musany Reşidiň huzuryna getirip, başlaryny aldylar. Umuman, Barmakylaryň

neberelerinden hiç kim aman galmady, ýöne Muhammet ibn Halyt, Pazl we Japaryň ogullary öldürilmedi. Japaryň başy Reşit Rakgadan Bagdada gelýänçä asylgy durdy. Soňra Reşit onuň başyny «Ýakyň» diýip perman berdi.

***Hekaýat***

«Saýlanan taryhda» ýazylyşyna görä, Japaryň wakasy 187-nji hijri senede[1] bolup geçipdir. Haçanda Japar ölensoň, onuň ýakyn garyndaşlarynyň mal-mülkleri talanyldy. Adamlary olaryň öýlerine iberdiler. Ýahýa Barmaky Gurhan okaýardy, adamlar bolsa öýleri talaýardylar. Şonda-da Ýahýanyň ýüzi üýtgemän: «Kyýamat güni hem şeýle bolar» diýýärdi. Onuň göze görünýän zatlarynyň ählisini aldylar. Gizlin galan zatlaryny bolsa talap etdiler. Ýahýa:

„– Bütin älem-jahan biziň mal-mülk üçin ýaşamandygymyzy bilýärler. Biz at-abraý üçin ýaşadyk. Ol at-abraýymyzy bolsa bizden hiç kim alyp bilmez – diýdi.

Şeýlelikde, Barmakylaryň maşgalasy dagady, olaryň öýleri, aýallary we kenizekleri alyndy. Ýahýa tussaglykda wepat boldy. Onuň jübüsinden möhürlenen kagyz tapdylar. Olar ol kagyza «Gençnamadyr» diýip begenip, Harunyň huzuryna

---

[1] Miladynyň 802-803-nji ýyllary.

äkitdiler. Haçanda ol kagyzy açyp okanlarynda, şu aşakdaky ýazgyny tapdylar:

«Duşman ýok edildi, dawa ediji häzir diri, duşuşyk wagty bolsa kyýamat günüdir. Häkim – kazy ol gün hiç zulum etmeýän Adyl Patyşa bolar». «Zalymlar öz barjak ýerlerini tiz bilerler»[1].

Harun aglap, öz eden işine gaty puşman etdi.

Ýahýa Barmakynyň sözlerinden:

«Men galamdan beter gowy aglaýany we ondan gowy ýylgyryp bilýäni görmedim. Zamana ýagşyzadalary dürli kynçylyklar bilen synap görýär, ýöne alkyş-senalar olara ýetip durýar».

Barmakylar dargansoň, Pazl ibn Rabyg wezir boldy. Ol hem kämil we keremli maşgaladan bolupdyr. Möminleriň emiri „mundan beýläk hiç kimiň Barmakylar barada söz açmazlygy hakynda buýruk berdi.

### *Hekaýat*

«Kynçylykdan soňky şatlyk» atly kitapda beýan edilişine görä, Mesrur Hademi şeýle diýýär:

Bir gün meni Mamun halypa öz huzuryna çagyryp:

– „Meniň jansyzlarym birnäçe wagtdan bäri: «Bir adam Barmakylaryň harabaçylygyna gelip, ahy-nala edýär we olaryň ruhuna doga okaýar» diýip, habar

---

[1] Gurhanyň 26-njy («Şahynlar») süresiniň 227-nji aýatyndan alnypdyr.

getirýärler. Sen Dinar ibn Abdylla bilen şol harabaçylyga baryp, onuň hereketlerini öwrenip, meniň ýanyma getir – diýdi.

Men Dinar ibn Abdylla bilen Mamun halypanyň permany boýunça ir säher ol ýere ýola rowana boldum. Biz ol ýere baranymyzdan soň, her haýsymyz harabaçylygyň bir burçunda oturyp, atlarymyzy gizledik. Daň atan wagty gullukçylaryň biri oturgyç getirip, onda oturdy. Ol adam daşky görnüşi boýunça uly ýaşlydy, gymmat bahaly geýimlerdir bezegler bilen bezelen ajaýyp lybaslar geýnendi. Ol daş-töweregine garanjaklap, hiç kimiň ýokdugyna göz ýetirip, doga okamaga durdy. Olaryň ruhlaryna Alladan yzygiderli doga-dileg edip, gynanç bildirdi. Ol yzyna dolanjak mahaly ikimiz hem ýerimizden turup, ony ele saldyk. Ol:

– Siz kim bolarsyňyz we menden näme isleýärsiňiz? – diýip sorady. Men:

– Men Mesrur Hadem. Bu bolsa Dinar ibn Abdylla. Möminleriň emiri seni tussag etmegi tabşyrdy – diýdim. Ol bu sözleri eşideninden, howsala düşüp:

– Öz janyňa ynam ýokdur. Biraz wagt berseňiz, wesúet edeýin – diýdi.

Biz oňa razylyk berdik. Ol eline kagyz bilen syýa alyp, wesúetnama ýazdy. Soňra biz ony halypanyň ýanyna getirdik. Mamun onuň üstüne gygyryp:

– Barmakylar bilen araňyzda nähili ysnyşyk bardy? Näme üçin olaryň ruhuna ahy-nala edip, doga okaýarsyň? – diýdi. Gullukçy:

– Eý, möminleriň emiri, Barmakylar maňa köp ýagşylyk edipdi. Eger rugsat berseňiz, ol ýagşylyklaryň birini size gürrüň bereýin – diýdi. Mamun:

– Aýt – diýip rugsat berdi. Gullukçy:

– Meniň adym Münzir ibn Mugyra Dymyşky. Özüm at-abraýly we şöhratly adamlaryň maşgalasyndan. Biz bu döwletiň arkasy bilen kämillige ýetdik. Haçanda döwletiň öz içinde bihaýalyk ýüze çykyp başlanda, nygmatlar weýran bolup, durnuksyzlyk emele geldi. Şeýlelikde, döwlet aňsat usul bilen dargady oturyberdi. Baýlyklar bizden ýüz öwürdi. Biz şeýle bir ýagdaýa düşdük, hatda öz watanymyzdan hem gaçmaly bolduk. Adamlar maňa Barmakylaryň ýanyna gitmegi maslahat berdiler. «Seniň halyňy Barmakylardan başga hiç kim düzedip bilmez» diýdiler. Şu sebäpli men öz ýigrimi adamdan köpräk maşgalam – çagalarym we aýallarym bilen Bagdada gitmegi ýüregime düwdüm. Yslam ýurdy Bagdada ýetenimizde, çagalardyr aýallarymy bir metjitde goýup, adamlar bilen didarlaşmak üçin egin-eşiklerimi geýip, ýola düşdüm. Men nirä barýanymy bilmeýärdim. Ýöräp barşyma owadan, nagyşlanan we dürli palasdyr halylar bilen bezelen metjide gözüm düşdi. Ol ýerde göze ýakymly jemagat oturan eken. Men bu metjide baryp, adamlardan kömek soraýyn diýdim, emma bular ýaly ýagdaýa ilkinji gezek duş gelýändigimi sebäpli, tolgunyp utandym. Haçanda men ol metjide baranymda, oturan adamlar ýerinden turup, jem bolup, daşary çykdylar. Men hem olara

goşulyşdym. Biz beýik, giň we uzyn köşge girdik. Ol köşgüň iki tarapynda ullakan baglar oturdylypdyr. Onuň her dört tarapy owadan halylar bilen bezelipdir. Ýahýa Halyt şol ýerde otyr eken. Biz hem onuň öňünde oturdyk. Hyzmatkärler bize seredip, näçe adamdygymyzy bilmek üçin, bizi sanadylar. Biz bir ýüz bir adam bolduk. Hyzmatkärler bir ýerlere gidip, yzlaryna dolandylar. Olaryň her biriniň elinde içinde ud ýakylan mejme bardy. Owadan, bezemen guşakly gullar ol mejmeleri biziň aramyzda goýup, tütetdiler. Soňra meniň gözüm ol ýerde oturan gyza düşdi. Ol gyz diýseň görmegeýdi. Onuň ýaňagynda inçe çyzyklar, zülpler sallanyp durdy. Onuň boý nahaly, husny jemal ýabynyň kenarynda boý alypdy. Soňra adamlar düşekde oturdylar. Ýahýa Halyt ýüzüni kaza öwrüp: «„Meniň gyzym Aýşa doganoglanymyň ogly bilen nika gyý» diýdi.

Kazy hutba okap, nika gyýdy. Daş-töwerekden pul seçdiler. Müşk-anbar we hoşboý ysly atyrlar sepilýärdi. Adamlar ol zatlardan alýardylar. Men hem özüme ýetdiginden paýymy aldym. Şondan soň başga ýüz bir hyzmatkär geldi. Olaryň her biriniň elinde kümüşden ýasalan tabak we müşke batyrylan müň dinar bardy. Olar tabaklary biziň öňümizde goýdular. Adamlar ýekän-ýekän ýerlerinden turup, dinarlary ýeňlerine gysdyryp, tabaklary ellerine alyp, daşary çykdylar. Men ýeke özüm galdym. Tabagy elime alyp, daşary çykmagy başarmadym. Bu dinarlar meniň üçin köpdi. Şonuň üçin bu dinarlary özüme rowa görmedim, emma

mätäçlik meni ol altyn dinarlardan el çekdirmeýärdi. Başymy egip, pikir edip, ýüregimi howsala saldym. Şol wagt aýak üstünde duran gulama gözüm düşdi. Ol gözleri bilen tabagy alyp, daşary çykmagymy yşarat etdi.

Men tabagy alyp, ýöräp ugradym, emma ol gul «tabagy ýerinde goý» diýer öýdüp, eýläk-beýläk garanjakladym. Şol wagt Ýahýa ibn Halyt meniň hereketimi synlapdyr. Men bolsa ondan gapyl galypdyryn. Ol ýerden çykmak islämde, meni yzyma gaýtardylar. Şol mahal men ol tabakdan we altyndan umytsyz galdym. Hyzmatkärler meni Ýahýanyň ýanyna äkitdiler. Ýahýa maňa «„Otur» diýdi. Men onuň ýanynda oturdym. Ol meniň halym barada we nireden gelendigimi sorady. Men öz başdan geçirmelerim, perzentlerim we aýallarym barada doly gürrüň berdim. Öz perzentlerimiň we maşgalamyň aç ýagdaýda pylan metjitde goýandygymy hem aýtdym. Ol dessine Musany çagyryp:

– Oglum, bu adam nygmat eýelerinden, irki emeldarlaryň neslinden we beýikleriň kömekçileriniň biridir. Zamananyň hadysalary ony şu güne saldy. Bu adamy asyl watany we öýi ynjydypdyr. Sen onuň bilen meýlis gur-da, oňa ýagşylyk et – diýip tabşyrdy.

Soňra Musa meni öz öýüne äkidip, özüniň iki sany owadan haladyny we aýratyn egin-eşiklerini maňa geýdirdi. Şol gün agşam men Musanyň ýanynda şady-horramlykda boldum. Ertesi ol öz dogany Apbasy ýanyna çagyryp, oňa:

– Wezir bu adamy maňa tabşyrypdy. Ol uly hormata mynasyp adam. Men siz bilen oturasym gelýär, emma möminleriň emiriniň köşgüne gitmeli boljak. Şol sebäpli bu adam seniň ýanyňda galar. Sen bu adamyň hyzmatynda bolmaly – diýdi.

Apbas meni öz öýüne äkidip, Musanyň tabşyryşy ýaly, gowy hyzmat görkezdi. On gün diýlende Japar ibn Ýahýa meni öz öýünde bir gije-gündiz myhman aldy. Daň atan mahaly gullukçylaryň biri gelip:

– Turuň, aýallaryňyzyň ýanyna gitmeli wagt boldy – diýdi.

Şol wagt «Hoşlukda geçiren on günümiň ýerine şol günki içi altynly tabak bilen maşgalamyň ýanyna giden bolsamdym» diýip, içimi gepletdim. Men öýden çykyp, ýene bir gezek Ýahýa ibn Halydyň huzuryna gamgyn halda ýola düşdüm. Hyzmatkär meniň ýanym bilen ýöräp, köşke çenli ugratdy. Şonda meniň gören aňrybaş owadan, özüne çekiji halylarym, tutularym we owadan geýim asgyçlarym ýadyma düşýärdi. Haçanda biz köşge ýakyn gelenimizde, özümiň perzentlerimdir gullaryma gözüm düşdi. Olar köşgüň meýdançasynda parçalardyr atlazlary geýip, birnäçe müň dirhemi we jübüt lybaslary ýere goýup durdular. Gullukçy beýik köşgüň öý depderini maňa gowşuryp:

– Bu ýerler, köşk we bu ýerdäki ähli zatlar saňa degişlidir, seniň mülküňdir – diýdi.

Şol wagtdan soň, tä Barmakylar jezalandyrylýança, olaryň döwletiniň saýasynda gurply ýagdaýda arkaýyn ýaşadym. Häzirki maňa degişli zatlaryň hemmesi

olaryň sowgadydyr. Olar wepat bolansoň, paç ýygnaýjy Amr ibn Made öňki berlen ýerleri maňa hususy eýeçilige berdi. Şeýlelikde, bu ýerlerden gelýän girdeji töleýän pajyma-da ýetmedi. Men hernäçe gam-gussa batyp, ýüregimi howsala düşürsem-de, kynçylyklar üsti-üstüne bolup, betbagtlyk getirdi. Men bu bolýan işlere çydap bilmän, birnäçe sagatlap, olaryň harabaçylygyna baryp, doga okaýardym we aglaýardym. Olaryň zamanynda şatlanyp, bolelin gezen günlerim geçdi. Olary ýatlap şükür edip, doga okaýardym. Döwri biwepalykda we durgunsyzlykda ýazgarýaryn. Ýüregimdäki bar bolan gam-gussany şol ýere baryp dökýärin. Men bu rowaýaty doly beýan edenimden soň, indi ýüregim biraz köşeşdi.

Bu gürrüňleri eşidensoň, Mamunyň ýüregi awap, Amr ibn Mädäni getirmegi buýurdy. Amr ibn Mäde Mamunyň tabşyrygy bilen geçen döwürde näçe paç artdyryp alan bolsa, oňa yzyna gaýdyp berdi. Umuman, ol Barmakylaryň döwründäki alan ähli pajyny yzyna gaýtaryp berdi.

Soňra Mamun ol kişini hormatlap, sylag-serpaý ýapmagy tabşyrdy. Mamunyň bu sözüni eşiden ol adam ýüregi bilen aglamaga başlady. Mamun:

– Men saňa ýagşylyk etmedimmi, näme üçin aglaýarsyň? – diýdi. Ol garry adam:

– Möminleriň emiri patyşalyk, rehimlilik we beýiklik derejesi bilen elinden gelenini gaýgyrmady, ýöne bu hem Barmakylaryň ýagşylyklarynyň biridir – diýdi. Mamun:

– Aman saglygyňda we mertebeliligiňde yzyňa dolan, meniň ýagşy aýdanlaryma ynan we wepaly bol. Meniň ýol-ýörelgäm bilen boýunça hereket et – diýip tabşyrdy.

### *Pazl ibn Rabyg*

Möminleriň emiri Harun Reşit Pazl ibn Rabygy Barmakylardan soň, wezir edip belledi. Ol Harunyň zamanynda doly ygtyýarly wezir boldy. Harun Tusda 193-nji hijri ýylynyň[1] Dört tirkeşikleriniň ikinji aýynyň 3-ne Ruhgüni agşam aradan çykanda, ony häzirki meşhur Ymam Aly ibn Musa Ryzanyň jaýlanan ýerinde jaýladylar. Şol wagt Pazl onuň ýanyndady. Harunyň uly ogly Muhammet Emine Bagdatda halypalyk etmeklik tabşyrylypdy. Mamun bolsa Merwdedi. Muhammet Emin wezir Pazla hat ýazdy. Ol hatynda şeýle diýipdir:

«Wezir Pazl meniň öýümi goramalydyr. Meniň kakamyň ýanynda näme bar bolsa, Bagdada getirmelidir».

Harun ölmezinden öň «„Maňa degişli ähli zatlar Mamunyňky bolmalydyr» diýip, wesúet edipdir. Pazl ibn Rabyg Muhammet Eminiň hökümi bilen Harunyň yzynda galan mal-mülkleri we hazynalary Bagdada getiripdir. Ol Muhammet Eminiň weziri bolupdyr. Mamun bolsa Horasanda galyp, Muhammet Emine

[1] Miladynyň 808-809-njy ýyllary.

birigip, oňa boýun egdi. Pazl ibn Rabyg gorkusyndan, Emininiň syryny Mamuna aýan etdi.

### *Hekaýat*

«Kynçylykdan soňky şatlyk» kitabynda ýazylyşyna görä, Harun Reşit Tusda kesellände, bu habar mirasdüşer Muhammet Emine ýetdi. Muhammet Emin Bagdatdan Pazl ibn Rabyga we Ysmaýyl ibn Sabyha Bekr ibn Mugtemerden hat ýollady. Muhammet Emin hatynda olara şeýle diýipdir:

«Eger hadysa ýüze çykyp, bolmasyz iş bolsa, Reşidiň ýanynda näme bar bolsa, ýagny hemme hazynalaryny we mal-garalaryny Bagdada getiriň».

Reşit bolsa «Her bir maňa degişli bolan mal-mülkler we hazynalar Mamuna berilmelidir» diýip, wesúetnama ýazypdyr.

Bekr ibn Mugtemer Reşidiň leşgergähine ýetende, Reşidiň saglygy soralyp ýazylan aýratyn haty çykaryp berdi. Reşit Bekr ibn Mugtemere halat ýapdy. Şondan soň ol hezreti Reşidiň huzuryndan yzyna dolandy. Biraz wagt geçensoň, Muhammet Eminiň leşger emirlerine ýazan hatynyň Bekre berlendigi Reşide mälim boldy. Reşit Bekri öz huzuryna getirmegi buýurdy. Bekr Reşidiň ýanyna gelende, ol ýokarda ady agzalan hatlary tapyp bermegi buýurdy. Bekr ony inkär etdi. Reşit Pazl ibn Rabyga ýüzlenip: «„Oňa aýt, eger hatlary tapyp bermese, ony öldüreris» diýdi, emma Bekr muny inkär edip durdy. Reşit ýadawlyk bilen:

– Ony bize dolaň – diýip buýruk berdi. Bu adama azap bermegiň bir usulydyr. Soňra Bekri daşrak goýup, biz getirip, başyndan-aýagyna çenli berk oradylar. Bekr „öz ölümini boýun aldy, ýaşaýyşdan umytsyz galdy. Şonuň üçin syryny aýan etmäge duranda, Rafyg ibn Leýsiň doganyny we onuň garyndaşyny tussag edip getirdiler.

Reşit:

– Rafyg, sen meniň elimden syparyn öýdüp pikir etdiňmi? Alladan ant içýän, eger onuň leşgerleri ýyldyzlaryň sany ýaly köp bolsa-da, ýeke-ýekeden edil towugyň däne çöpleýşi ýaly, birini hem diri goýmaryn – diýdi. Rafygyň dogany:

– Meniň ýigrimi ýyl bäri öz doganymdan bizarlygymy Hudaý bilýändir, muňa Horasanyň ilaty hem şaýatdyr – diýip jogap berdi.

Şol wagt onuň ýanynda duran garyndaşy:

– Seniň diliň kesilsin, men birnäçe ýyldan bäri Hudaýtagaladan şehitlik derejesini diläp gelýärin. Häzir bolsa iň erbet güne düşdüm. Meniň islegim hasyl boljak bolup durka, sen ötünç soraýarsyň – diýdi. Reşit bu sözleri eşidip gahar-gazaba münüp:

– Kelle keseri çagyryň – diýip buýurdy. Onuň garyndaşy:

– Sen eliňden näme gelse, aýaman ýerine ýetir. Hudaýtagaladan şehitlik derejesini berer diýip, umyt edýäris. Biz ýakyn günlerde seniň bilen Hudaýtagalanyň huzurynda görüşeris. Şol wagt siziň nähili güne duçar boljagyňyzy göreris – diýdi. Soňra

olary biri-birinden daşlaşdyrdylar. Bekr olary görüp, özüni hem jezalandyrarlar öýdüp gorkdy. Şol wagt Abu Abahiýäniň gulamlaryndan atly bir gulam oňa hat berdi. Ol hatda şu beýtler ýerleşdirilipdir.

***Beýtler***

Ahwallar panydyr, eýýamlar üýtgäp barýandyr,
Beýik Allanyň merhemeti bize ýaru-ýarandyr.

Ulam bolsa hadysalar üçin, etmäň dat-peryat,
Çünki, Alla islemese,
bolýan däldir hiç bir zat.

Näumyt bolup özüňi ejir-muşakgata goýsaň
Munda Hakyň ýazgydy we
takdyra hökmi näme?!

Bekr bu beýtleri okanda, Haka imany artyp, şatlyga umyt baglady. Şol mahal ahy-nala gulagyna degdi, emma olaryň niýetiniň nähilidigini bilmedi. Şol wagt Pazl ibn Rabyga onuň arkasynda durdy. Ol «Abu Hamedi halas ediň» diýip, tabşyryk berdi.

Şol wagt Bekr öz ýanyndan: «Meni boşatmagyň wagty däl ahyryn» diýip pikir etdi. Soňra onuň dolanan bizini çözdüler.

Pazl ibn Rabyg:

– Oňa halat ýapyň, Hudaýtagala seni möminleriň emiriniň gaharyndan halas etdi. Möminleriň emiri wepat boldy – diýdi.

Soňra ol Bekriň elinden tutup, çadyra tarap äkitdi. Ol Reşidiň jany çykansoň, çadyry onuň ýüzünden aýyrdy. Bekriň hemme gorkusy aýryldy. Pazl:

– Gizlän hatlaryňy getir – diýdi.

„Bekr aşhanadaky sandygy getirmegi haýyş etdi. Ol sandygy boşadyp, hatlary aldy. Hatlary bermeli adamlara berdi we olaryň jogaplaryny alyp, yzyna dolandy.

***Hekaýat***

Aýtmaklaryna görä, Pazl ibn Rabyga bir gün Pazl ibn Ýahýa ibn Halyt Barmakynyň ýanyna geldi. Şol mahal Pazl ibn Ýahýa oňa tagzym etmedi. Onuň aýdýan gürrüňlerine hiç hili üns bermedi we isleglerini amala aşyrmady. Pazl ibn Rabyga gaharly we sussypes halda ýerinden turup gidiberdi. Ol mejlisden çykyp gidende, Ýahýa öz ýanyndaky adamlarynyň birine:

– Pazlyň yzyndan git-de, oňa gözegçilik et. Onuň ata münende näme aýdýandygyny diňle. Adam üç halda öz içindäki pikirini beýan edip biler: ýan berende; aýaly bilen ýekelikde galanda; ata münende – diýdi.

Ol adam Pazlyň yzyndan bardy. Pazl ata münende, bu iki beýdi aýtdy:

***Beýt***

Şeýle iş etmegi geň däldir bu ýazgydyň
Ol aýlap duran, ykbalyn bu panydakylaryň.

Gaýgy-gamdan soň saňa ýene-de şatlyk paýlar,
Ähli zady üýtgedip seni jahana aýlar.

Bu gürrüňi bir gün Harun Reşit Barmakylara ýatlatdy. Bir aý geçmänkä olaryň mertebesi Pazl ibn Rabyga geçdi.

***Hekaýat***

Pazl ibn Rabyga şeýle gürrüň berdi:

Men Muhammet Emini öldürenlerinden soň, gorkup, öz aýallarymy, ýaranlarymy we beýleki ähli özüme degişli zatlary gizlin sakladym. Meniň nirä gidenimi hiç kim bilmedi. Men her gün agşam öz bolýan ýerimi üýtgedýärdim. Mamun Bagdada ýakynlaşanda meniň gorkym artyp başlady. Howsala düşüp, Zaziniň öýüne bardym. Ol meniň gadymky tanşymdy. Men oňa doly ynanýardym. Mamun Bagdada ýetende ol meni her edip, hesip edip tapmagy tabşyrdy. Mamunyň adamlary meni tapmak üçin birnäçe wagtlap azap çekdiler. Elbetde, olar men barada hiç kimden degerli maglumat alyp bilmediler. Mamun meni tapmagy başarmaýandyklary üçin gaharlanyp, Yshak ibn Ybraýyma käýäp, ony

gorkuzdy. Yshak onuň huzuryndan gaharly çykyp, öz adamlaryna işiň doly berjaý edilmegi üçin, berk tabşyryk bererdi. Kim-de kim Pazl Rabygany tutup getirse, oňa on müň dinar nagt hem-de ýylda üç müň dinar girdeji getirjek mellek-mülk ýer beriljekdir. Egerde ol kimdir biriniň öýüne gelen bolsa, öý eýesi hem onuň gelendigi barada habar bermese, bäş ýüz gamçy uruljakdyr we öýi talanyljakdyr, onuň galan ömri bendilikde geçjekdir» diýip, Bagdadyň hemme ýerine jar çekdirdi. Öý eýesi bu gürrüňleri eşidensoň, meniň ýanyma gelip:

– Hudaýdan ant içýärin, meniň bu howpa sabyr eder ýaly gurbatym ýok, men birden jar edilen hem-de wada berlen mal-mülke meýil edip, halypa habar edäýmäýin. Birden ikimiz hem heläk bolmagymyz mümkin. Egerde men sen barada olara aýtsam, halypa-da seni bagyşlasa, sen uly mertebelere ýetersiň. Soňra maňa gahar edip, meni günäkärlikde aýyplarsyň. Meniň üstüme ähli garany ýüklärsiň. Sen, iň gowusy, meniň ýanymdan git – diýdi.

Men howsala düşüp:

– Haçan garaňky düşende, men öýden giderin – diýdim. Ol:

– Men agşama çenli sabyr edip bilmerin. Häzir gurçugyň samanda wagty[1], adamlar günortan ukusyndadyr, ýollar, köçeler boş. Hiç kim görmänkä, öz ýüz-keşbiňi üýtget-de ötägit – diýdi. Men:

[1] Göçme manyly söz.

– Men öz şekilimi nädip üýtgedeýin? – diýip soradym. Ol:

– Sakgalyňy kiçelt, ýaralanan ýaly ýüzüň bir tarapyny ýap, düýe ýüňden dokalan köýnegi göbegiňe çenli edip, geý-de gidiber – diýdi. Men:

– Aýdyşyňyz ýaly ederin – diýdim.

Soňra gaýgyly halda sakgal-murtumy kiçeldip, onuň aýdyşy ýaly egin-eşik geýdim. Özüme gelişmeýän eginbaşlary geýip, daşary çykdym. Men heläk bolaryn diýip gorkýardym we nirä gitjegimi bilmeýärdim. Ýöräp barşyma köprä ýetdim. Şol wagt köprüde hiç hili adam ýokdy. Suw bolsa akyp durdy. Men köpriniň üstüne ýetemde, öňki öýümiň garawuly bolan adamlarymyň biri meniň ýanymdan geçdi. Men wezir wagtym oňa köp ýagşylyk edipdim. Ol meni derrew tanady. Möminleriň emiriniň gözleýän adamsyny tapdym diýip, yzyna dolanyp, atyň üstünde meni tutmak isledi. Men oňa gaýtargy berip, atyň ýüzüne urdum. At duran ýerinde howsala düşüp, böküp, aýaklaryny köprüniň tagtasyna saldy. Şol wagt köpri ýaýkyldap, onuň aty gaýyklaryň birine ýykyldy. Olar köpriniň aşagynda galdy. Adamlar ylgaşyp, ol adamy we onuň atyny halas etmek üçin, olara tarap ygladylar. Maňa bolsa üns berip durmadylar. Menden gapyl galdylar. Men derrew köprüden geçip, şäheriň beýleki tarapyna ýetenimde, öz öýüniň işigini açyp duran aýaly gördüm. Men onuň ýanyna baryp: «Men ölümden gaçan bir adam, eger zalymlar meni görseler, şübhesiz öldürerler. Hudaýyň haky üçin, meni halas et»

diýip ýalbardym. Ol «Daşky otaga gir» diýip yşarat etdi. Men onuň görkezen daşky otagyna girip oturdym. Aýal öýüne girip, gapyny ýapdy. Bir sagat geçensoň, ol aýalyň gapysyny kakdylar. Aýal gapyny açdy. Şol wagt men öýüň penjiresinden jykladym, görsem, köprüde duşuşan adamym dur. Ol gapydan girdi. Onuň hal-ýagdaýy öwerlik däldi. Kellesiniň birnäçe ýeri ýaralanypdyr. Ol aýal onuň hal-ahwalyndan habar aldy. Ol adam hemme bolan wakany ol aýala gürrüň berdi. Ol:

– Sen sorama, meniň galan ömrüm harap boldy, atym bolsa maýyp boldy – diýýärdi. Ol sözüniň ahyrynda maňa sögüp, gargyş aýdýardy. Şol mahal onuň bu gürrüňleri eşidip oturanymdan habary ýokdy. Ol aýal oňa duýgudaşlyk bildirip köşeşdirdi. Garaňky düşen wagty aýal meniň ýatan otagyma gelip:

– Onuň aýdan gürrüňleriniň gahrymany sen bolmaly – diýdi. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Ol aýal:

– Onuň aýdan sözlerini we niýetini özüň eşitdiň, Hudaýdan gork, bu ýerden näçe çaltrak gitseň gowy bolar. Sag-salamat bu öýden başyňy aman gutar – diýdi.

Men oňa alkyş-doga okap, öýden çykdym. Uly bolmadyk köçä ýetenimde, ýene-de bir garawulyň oturandygyny görüp, näme etjegimi bilmän, howsala düşdüm. Seretsem, bir adam öz öýüniň gapysyny açyp durdy. Ol maňa seredip ýylgyrdy. Men öz ýanymdan “Bu adam maňa hormat goýýar, belkem, ol maňa pena

tapar ýaly ýer berer” diýip pikir etdim. Soňra men onuň ýanyna baryp: “Meni halas et, Hudaý seni öz azabyndan halas eder, meni öz howlyňda gizle, Hudaý seniň iki dünýäňi abat eder we öz penasynda saklar” diýip haýyş etdim.

Soňra men onuň öýüne girenimde, onuň bir garybrak adamdygyny gördüm. Şol gije onuň ýanynda boldum. Ol säher ir bilen öýden daşary çykyp, öýle namaz wagty ýene-de yzyna dolandy. Onuň ýanynda gamyş, ýassyk, birnäçe küýze, täze kündük, täze gazan we käse bardy. Soňra ol meniň öňümde çörek, et, miwe we gök otlar goýup, daşary çykmak üçin gapynyň ýanyna bardy. Men:

– Sen näme üçin meni utandyrýarsyň, meniň üçin köp alada edýärsiň? – diýip, ondan soradym. Ol:

– Men garyp, dellekçilik edip, adamlaryň sakgal-murtuny kiçeldýärin. Käwagtlar bolsa damardan we tenden gan alýaryn. Sen meniň elimden tagam iýmekden ýüz öwürmeli dälsiň. Täze gap-gaçlarda öz islegiň boýunça nahar bişirip iýersiň diýip getirdim. Nahar bişireniňden soň, maňa-da köne tabagymda biraz berseň bolar. Galanyny bolsa özüň iýersiň – diýip jogap berdi. Men oňa sag bolsun aýtdym. Soňra men öz ýanymdan pikir edip, bu adamyň maňa görkezýän hormatyna şübhe edip ugradym. Üç gün onuň aýdyşy ýaly etdim. Özüme nahar bişirip, oňa-da berdim. Üçünji gün agşam ondan ötünç sorap:

– Üç gün hödür-kerem, hormat etdiňiz. Hudaý sizden razy bolsun. Meni hem şol ýagşylyklaryň içinde

etsin. Häzir siz bilen hoşlaşyp başga ýere ugraýaryn – diýdim. Ol:

– Sen bu öýden gitme, men ýeke-ýalňyz adam. Meniň öýüme başga adam gelmez, bu öýdedigiňi hiç kim bilmez, syryňy hiç kim bilmez. Meniň saňa edýän hyzmatlarym hiç zatdyr – diýdi.

Men onuň bilen hoşlaşyp, daşary çykdym. Soňra hyzmatkärlerimiziň biri bolan garry aýalyň öýüniň gapysyny kakdym. Ol aýal daş çykdy we meni görüp aglady. Ol meniň jan-saglygyma şükür etdi. Ondan soň meni öz öýüne saldy. Şol gün onuň ýanynda boldum. Men ýatyrkam, ol öýden çykyp, Ýahýa ibn Ybraýyma habar edipdir. Men muny Ýahýanyň adamlary meniň bolýan öýümiň daşyny gaban mahaly bilip galdym. Olar meni tussag etdiler. Soňra meni derrew Mamunyň huzuryna äkitdiler. Haçanda Mamun meni görende sežde etdi. Ol başyny ýerden galdyryp:

– Eý, Pazl, meniň näme üçin sežde edenimi bilýärmiň? – diýdi. Men:

– Hawa bilýärin, Hudaý seniň duşmanyňy seniň eliňe getirdi. Seniň we doganyň arasynda jedele giren adam seniň eliňe ýesir düşdi — diýip jogap berdim. Mamun:

– Ýok, Hudaýdan ant içýärin, ýalňyşýarsyň. Men bu şükür seždesini seni bagyşlamak üçin ýerine ýetirdim. Hudaý maňa ylham berdi, güýç-kuwwat berdi. Seniň günäň hernäçe uly bolsa-da, seni bagyşladym. Şonuň üçin sen Mamunyň goragynda galdyň. Häzir bolsa başdan geçirenleriňi gürrüň ber. Dogrudan-ýalandan,

şatlykdan-gamdan hemme gören zatlaryňy beýan et – diýip tabşyrdy.

Men öz başdan geçirenlerimi doly, başdan-aýak gürrüň berdim. Mamun meniň nirede ýerleşýändigimi aýdan, on müň dinar puluň aşygy bolan garry aýaly öz huzuryna çagyryp:

– Sen näme sebäpli özüňi halas etmek üçin öňki hojaýynyňy satdyň, onuň hyzmatynda bolan wagtyň ondan ýagşylyk görmediňmi? Hany, seniň ondan gören ýagşylyklaryň jogaby? — diýip sorady. Aýal:

– Mal-mülk we baýlyk meniň gözümi gapdy – diýip jogap berdi. Mamun:

– Seniň doganyň, äriň ýa-da perzentleriň barmy? – diýip sorady. Aýal:

– Ýok – diýip jogap berdi. Mamun oňa iki ýüz gamçy urup, zyndana taşlamagy buýurdy. Mamun Yshaga ýüzlenip:

– Derrew şol garawuly we onuň aýalyny getiriň — diýip tabşyrdy.

Derrew hälki är-aýaly getirdiler. Soňra dellegi hem çagyrdylar. Olaryň üçüsinem Mamunyň huzuryna alyp bardylar. Mamun menden:

– Olar şu adamlarmy? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Mamun garawuldan:

– Sen näme üçin bu adama kast etmek islediň? Oňa ýagşylyk etseň bolmadymy – diýip sorady. Garawul:

– Men wezipä, mal-dünýä göz gyzdyrdym – diýip jogap berdi. Mamun dellege ýüzlenip:

– Sen delleklериň we gan goýberijileriň ýolbaşçysy bolarsyň. Biziň döwletimiziň adamlarynyň hemaýatçysy bolarsyň – diýdi. Soňra ony halypanyň hyzmatynda gulluk edip ýören gan goýberijileriň we dellekleriň arasyna äkitdiler.

Mamun garawulyň aýalyny haremhananyň gahryman aýaly diýip hasap etdi. Onuň eden işlerini hormatlap, oňa akylly, dindar aýal diýdi. Soňra garawulyň jaýyny we hemme zatlaryny alyp, dellege berdi. Garawulyň adyny leşgeriň toparyndan aýyryp, dellegiň adyna geçirmegini buýurdy. Maňa bolsa hoşbagtlykda, sag-salamatda öz öýüme gaýtmaga rugsat berdi.

***Hekaýat***

“Hekaýatlaryň ýygyndysy” atly kitapda şeýle diýilýär:

Möminleriň emiri Mamun Pazl Rabyganyň günäsini geçende:

– Men onuň günäsini geçdim, emma hormatyny peselderin. Ol her wagt köşge gelende hiç kim oňa tagzym etmez. Pazl sada hyzmatkär adamlaryň ýanynda oturmalydyr – diýdi.

Hajyp Pazla ýüzlenip:

– Möminleriň emiri seniň oturmaly ýeriňi belledi. Siz şu ýere geleniňizde, ýörite bellenen ýerde oturmaly bolarsyňyz – diýdi.

Pazl onuň aýdanlaryna boýun egdi. Ol her wagt gelende özi üçin bellenen ýerde oturdy. Haçanda Pazl ýokarky hatarda oturan mahaly, möminleriň emiriniň huzuryndan çykan her bir adam ýa-da emeldar birnäçe sagat onuň ýanynda ýürekdeş bolýarlar hem-de ony köşeşdirýärler. Bu habar Abdylla Tahyra ýetdi. Onuň ýüregi awap, möminleriň emiriniň huzuryna geldi. Abdylla:

– Pazl Rabyga wezir hem-de siziň doganyňyz boldy. Ol elli ýyl uly we belent derejeli wezipede oturyp, ömrüni geçirdi. Onuň ýerine ýetiren işleri ýüreklerde saklanýar, orny bolsa göz öňümden gitmeýär. Möminleriň emiri oňa “Sada adamlaryň ýanynda tä onuň hormaty peselýänçä otursyn” diýip buýruk beripdir. Mertebeli adamlaryňyz her gezek siziň huzuryňyzdan daşary çykanlarynda, onuň üstünden geçýärler. Olar oňa duýgudaşlyk bildirip, ýanynda oturýarlar we hemmeleriň hormatyna zyýan ýetirýärler. Eger ol öz ýerinde oturmasa, biziň düzgün-tertibimize zyýan ýetirer – diýdi. Möminleriň emiri:

– Häzir sen näme isleýärsiň? – diýdi. Abdylla Tahyr:

– Ony bihormat ýagdaýda goýmaň, oňa ýüregiňiz awasyn – diýip haýyş etdi. Möminleriň emiri:

– Meniň ýüregim ynjamaýar. Ýöne seniň üçin onuň oturan ýerini üýtgedip bolar – diýip jogap berdi. Abdylla Tahyr ýene-de durup bilmän:

– Onuň hormatyny öz ýakyn adamlaryňyzyň derejesine ýetiriň – diýip haýyş etdi.

Ol yzyna dolanan wagty Abdylla Tahyryň halypanyň huzuryna gelip, Pazly öňki derejesine getirmeli diýen pikiri orta atandygyny adamlaryň biri Pazla habar berdi. Ol adam:

– Pazl, seni öňki ýeriňden beýigräk orna çekip, iki gullukçyny seniň hyzmatyňda goýýarlar – diýdi. Şol güniň ertesi Abdylla öz nökerleri bilen köşkden yzyna gaýdyp gelýärkä, Pazl onuň öňünden çykyp, salam berdi. Ol Abdyllanyň ýany bilen köşgüň gapysyna çenli gitdi. Pazl Abdylla şükürler aýdyp, özüni bagyşlamagyny sorady. Soňra oňa ýüzlenip:

– Emir, men size hormat goýýan, emma bermäge zadym ýok, wezipäm ýok, ýöne siz meniň ýanymda beýiksiňiz. Men muňa örän şat bolup, şükür edýärin. Şonuň üçin men siziň hyzmatyňyzda tä öýüňize çenli geldim. Bu elli ýylda halypa we mirasdüşerden başgalara hyzmat etmedim – diýdi. Abdylla:

– Ol işler gutardy. Men olara eden hyzmatyňa minnetdar. Hernäçe mümkinçiligim bar bolsa ony ýerine ýetirerin – diýdi.

Bu hekaýanyň maksady olaryň ýagşylyklaryny görkezmekdir.

***Beýt***

Eý, päk köňülli, şeýle ýaşa şükürli,
Allaň açyp beren ykbalynyň gapysynda,
Şonda gamlanarlar seniň gam-gussaň bilen,
Aýak basan ýeriňe-de ederler tagzym.

## *Pazl ibn Sähl*

Pazl ibn Sähl Apbaslylaryň ýedinji halypasy bolan Mamunyň weziri bolupdyr. “Pazl ibn Sähliň asly kesralaryň neslinden bolupdyr” diýlip, “Saýlanan taryhda” ýazylypdyr. Ol ilki otparazlyga uýupdyr. Soňra Ýahýa ibn Halyt Barmakynyň elinde musulmançylygy kabul etdi. Ol musulman dinini kabul eden gününden başlap, gusul aldy, arassa lybaslary geýdi. Soňra namazlyga münüp, otparazlaryň aýdymyna hiňlendi. Adamlar oňa ýüzlenip:

– Sen musulman dinini kabul edeniňden soň, näme sebäpden otparazlaryň nagmasyny aýdýarsyň? – diýdiler.

Ol:

– Men özümiň bir pursadymy dine uýman geçirmek islemeýärin – diýdi.

Haçanda Mamun Tahyr ibn Hasan ibn Musgap Zülúemineýn Muhammet Eminiň iberen Aly ibn Isa Mahanyň garşysyna urşa ýollanda, Pazl ibn Sähl oňa: “Seniň täleýiň açykdyr, seniň baýdagyň öz täleýiňe daňylgydyr. Takmynan, altmyş ýyl ol täleýi hiç kim açyp bilmez” diýip ugratdy. Onuň aýdyşy ýaly hem boldy. Mamun uly we kiçi işlerini Pazl ibn Sähle tabşyrdy. Mamun oňa “Iki başlyk” lakamyny dakdy. Ol wezirlik hem-de emirlik wezipelerde oturdy. Pazl ibn Sähl her bir ýerde pitne emele gelse, möminleriň emirinden gizleýärdi. Ol Mamunyň dergähinde doly

ynama giripdi. Onuň Mamunyň huzuryndaky orny örän hormatlydy. Hiç bir wezir edil onuň ýaly uly hormata mynasyp bolmandy. Möminleriň emiri Mamunyň Reýhan atly hyzmatkäri bolupdyr. Ol örän dogruçyl we ynamdar adam eken. Reýhan hiç wagt ýalan sözlemeýärdi.

Günleriň bir güni möminleriň emiri Mamun Abdylla Sähl Heşemi bilen küşt oýnamak isläp, öz hyzmatkärlerine ýüzlenip:

– Eger kim meniň küşt oýnaýandygymy Pazl ibn Sähle aýtsa, ony jezalandyrjak – diýdi.

Şondan soň Pazl köşge gelip, Reýhandan:

– Möminleriň emiri näme edýär? – diýip sorady. Reýhan:

– Möminleriň emiri küşt oýnaýar – diýip jogap berdi.

Pazl möminleriň emiriniň huzuryna girip, onuň öňünden küşdi alyp:

– Bu wagt küşt oýlanýan wagt däl, namaz wagty. Alym adamlar menden: “Möminleriň emiri nirede?” diýip soran mahaly, menem: “Möminleriň emiri namaz okap, doga edýär” diýsem, sizem şol wagt küşt oýnasaňyz, aýyp bolmazmy – diýdi.

Mamun:

– Sen biziň bir sagat oýun bilen meşgul bolmagymyzy rowa görmeýärmiň? – diýip sorady. Pazl:

– Möminleriň emiriniň halypalygy dowamat-dowam bolsun. Men onuň ömürboýy şatlanmagyny

isleýärin, emma işlerimiz galyp barýar – diýip jogap berdi.

Mamun onuň gürrüňlerini makullady. Şol günden soň ol öz emeldarlarynyň ýanynda:

– Men şol günki wakany kimiň Pazla aýdandygyny bilmeli – diýdi.

Olar hemme hyzmatkärleri we gullukçylary ýygnap, sorag-ideg etdiler. Soňra Reýhandan:

– Sen gürrüňi Pazla habar bereni bilýärmiň? – diýip soradylar. Ol:

– Men aýtdym – diýip jogap berdi. Reýhany möminleriň emiriniň huzuryna getirdiler. Mamun:

– Sen näme üçin aýtdyň? – diýip sorady. Reýhan:

– Sebäbi ol “Menden möminleriň emiri näme edýär?” diýip sorady. Menem möminleriniň emiriniň näme edýändigini bilemsoň, ýalan sözlemän dogrymy aýtdym. Bu mesele barada hiç kime töhmet atmagyň geregi ýok. Bu gürrüňi aýdan men. Onuň hem sebäbi, ýalan sözlemejek bolup, dogrymy aýtdym. Eger bagyşlamak isleseňiz, bagyşlaň, eger-de jeza bermek isleseňiz, jeza beriň – diýip jogap berdi. Mamun:

– Gowy iş edipsiň, seniň bu hereketiň meni tertibe saldy. Pazlyň eden işi hem sogap boldy – diýdi.

Soňra Mamun oňa ýüz müň dirhem sowgat berdi. Pazl Sähle bolsa ol haldan habarly bolany üçin, elli müň dirhem sowgat berdi. Bu hekaýatda Pazlyň danalygy, işjeňligi, adamkärçiligi we dogrysözlüligi mälim bolýar.

### *Hekaýat*

“Hekaýatlaryň ýygyndysy” kitabynda Müslim Welidiň adyndan şeýle diýilýär:

Günleriň bir güni, işden boş wagtym Pazl ibn Sähl bilen ýola rowana bolduk. Şonda biz her zatdan gürrüň edip gelýärdik. Men bir goşgudan şu beýtleri aýtdym.

### *Beýt*

Peýdasy ýok perýadyň, zyýanlydyr endişe
Mert kişä agyr günde sabyrdyr ýagşy pişe,
Azap çekme goýsa-da, ol seni agyr günde
Onuň adyllyk nury görüner wagt gelende.

Soňra ol bu beýtleri menden alyp, ýatdan öwrendi. Ikimiz şol ýerde hoşlaşdyk. Birnäçe wagt geçensoň, ol Merwde möminleriň emiri Mamunyň weziri bolupdyr diýip eşitdim. Men oňa umyt baglap, onuň ýanyna gitdim. Onuň beýik we bagtly huzuryna bardym. Haçanda onuň gözi maňa düşende şeýle diýdi: “Sabyr her bir kynçylyga duçar bolan adamyň derdiniň dermanydyr. Biz sabyr etdik, maksadymyza ýetdik. Ykbal bize gülüp bakdy”.

Soňra ol maňa otuz müň dirhem berip: “Hemme gerekli zatlar bilen özüňi üpjün et. Sen tä özüňi tutup, gam-gussalaryňy ýok edýänçäň, biz bilen işle” diýdi.

Men özümi taýýarlap, onuň hyzmatynda gulluk etdim. Gysga wagtyň içinde ol meni rysgally

wezipelere belledi. Men bu wezipleriň üsti bilen gurplanyp, baý boldum. Bu hemme baýlyklar onuň ähdiniň, ýagşylygynyň we kereminiň alamatydyr.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, Abdylla ibn Beşr Pazl ibn Sähliň garyndaşy bolupdyr. Abdylla ibn Beşr şeýle gürrüň berýär:

Pazl özüniň dynç alyş wagtynda Bagdada gelip, Häze atly miwe satýan adamyň öýünde boldy. Häze we onuň adamlary Pazlyň hyzmatynda boldular. Soňra ony Horasanda möminleriň emiri Mamunyň weziri edip bellediler. Ol köp ýyllar içinde wezir bolup oturdy.

Döwrüň kynçlyklary miwe satýan adamy öz watanyndan jyda düşürdi we ony Pazl ibn Sähliň penasyna getirdi. Ilkibada ol meniň ýanyma geldi. Men bolsa onuň gelenine şat boldum. Onuň çeken kynçylyklaryna duýgudaşlyk bildirip, öz öýüme alyp gitdim. Soňra Pazlyň ýanyna bardym. Şol mahal ol nahar iýmäge oturan eken. Men oňa:

– Siziň Bagdatda bolan öýüňiziň eýesi garry ýadyňyza düşýärmi? – diýip soradym. Pazl:

– Jan Alla, onuň eden ýagşylyklaryny nädip ýatdan çykaryp bolar. Onuň bu ýerlere düşmegine näme sebäp bolduka? Enşalla, kimdir biri onuň ölüm habaryny getiren däldir-dä hernä – diýdi.

Men:

– Ol gelipdir, häzir meniň öýümde otyr – diýip jogap berdim. Bu sözleri eşiden Pazl begenip:

– Men naharymy iýip bolýançam, ony derrew meniň ýanyma getir – diýip tabşyrdy.

Ony Pazlyň ýanyna getirenimde, Pazl oňa hezzet-hormat etdi. Soňra ony aramyzda oturdyp, hödür-kerem etdi. Pazl:

– Sen şu çaka çenli näme etdiň, bu ýerlere düşmegiňe näme sebäp boldy? — diýip, ondan sorady. Miwe satýan:

– Hudaýtagala menden ykbal ýüzüni öwürdi, betbagtçylyk ojagyma düşdi. Maşgaladan, perzentlerden, mal-mülkden hiç zat galmady. Men karz pul we mätäçlik sebäpli öz hojaýynymyň huzuryna geldim — diýip jogap berdi.

Pazlyň oňa ýüregi awady. Ondan ötünç sorady. Ol nahar iýip bolansoň, oňa dürli-dürli sowgatlary, ýagny zerden tikilen egin-eşikleri, gatyrlardyr atlary, dirhem-dinarlary we iň gowy göwherleri sowgat berip, öz öýüne nahara çagyrdy. Şol güniň ertesi Bagdadyň söwdagärleriniň wekilleri şäheriň gyrasyndaky beýik galla harmanlaryny satyn almak üçin, Pazlyň ýanyna gelipdirler. Pazl olary çagyrdy. Olar şäheriň gyra-syndaky gallalary satyn almak üçin Pazldan rugsat soradylar. Ol bolsa rugsat bermän, maňa:

– Düýn meniň bilen olaryň arasynda näme bolandygyny bilýärmiň, olar bilen ylalaşmak üçin bir şertimiz bar. Eger özleriniň alan zatlarynyň dörtden bir bölegini Häzä berseler, biz razylaşarys. Sen daşary

çyk-da, meniň aýdanlarymy olara düşündir – diýdi. Men daşary çykyp, bu şerti söwdagärlere aýtdym. Olar şatlanyp, razylyk berdiler. Men Pazlyň ýanyna girip:

– Olar razy boldular – diýip habar berdim. Soňra Pazl Häzä bakyp:

– Söwdagärler azygyň köplüginden gorkup, saňa dänäniň bir bölegini bermän, ýüz müň dirhem bermek isleýärler. Şeýdip, seni razy etjek bolýarlar. Şonuň üçin sen olar elli müň dinar berýänçä az baha razylaşmaly dälsiň – diýip tabşyrdy. Maňa hem:

– Senem daşary çyk-da, olaryň arasynda dellal bol – diýdi.

Men daşary çykyp, tä olar elli müň dinary Häzä berýänçäler razylaşmadym. Soňra Häzä Pazlyň ýanyna baryp, oňa şükürdir dogalar aýtdy. Bu wakadan birnäçe wagt geçensoň, Häzä Pazlyň ýanyna bardy. Pazl pikire batyp, gam-gussaly oturan eken. Ol onuň gam-gussasynyň sebäbini sorady. Pazl:

– Men bu hadysany saňa aýdanym bilen seniň eliňden geljek zat ýok, bu meseläni saňa aýdanym bilen hiç hili peýda getirmez – diýip jogap berdi. Häze:

– Eger bu pikiriň syryny maňa aýan etseňiz, gam-gussany öz şatlygym bilen basyp, size hyzmat ederdim. Ýogsa-da ýüregiň gam-gussasyny kimdir birine aýtmak adamyň ýüregine rahatlyk berer – diýdi. Pazl:

– Keseki ýurtly duşmanlar Horasanyň şäherleriniň birine çozupdyr. Leşgerler bolsa Bagdadyň häkimleri

bilen başga ýerlerde gezip ýörler. Beýtilmalda[1] ätiýaç hazynalarymyz köp däl. Şonuň üçin başga adamlara sarp edip bilmeris. Duşmanlar bolsa gün geldigiçe kuwwatlanýarlar. Olar ilki şäheri basyp alyp, soňra ýurduň dawasyny eder diýip gorkýaryn. Meniň gam-gussamyň esasy hem şudur – diýdi. Häze:

– Eý, emir, men mundan agyr hadysalara hem duş geldim. Bu mesele pikire batar ýaly däl. Şeýle-de ol atsyz ogrynyň emiri beýle pikire we gam-gussa düşürer ýaly nähili hetdi bar. Şonuň üçin siz pikire batman, onuň işini maňa tabşyryň. Eger emiriň berkarar ösüp barýan döwleti öňki kaddyna gelse, men duşmanyň kellesini emiriň dergähine getirerin. Şeýdip, maksadymyza ýeteris. Eger maňa bir zat bolaýsa, döwlet onuň üçin uly ýitgä sezewar bolmaz – diýdi. Pazl:

– Hudaýtagala özüniň gudraty bilen Häzäni bize beren ýaly-la – diýdi.

Soňra Pazl birnäçe çykdajy edip, leşger düzdi. Ol goşunyň serkerdebaşysy edip, Häzäni belledi. Häze bilen leşger duşman tarapa ýola rowana boldular. Haçanda iki leşger bir-birine gabatlaşanda, Häze öz leşgerine ýüzlenip:

– Meniň aslym söweşjeň däl, emma Hudaýtagalanyň pazly-keremi we möminleriň emiriniň döwleti üçin, ýeňiş biziň tarapymyzda bolmalydyr. Hemmäňiz jem bolup, duşmanyň kastyna

[1] Beýtilmal — döwlet hazynasy.

çykmalysyňyz. Başga hiç kime nazaryňyzy dikmeli däldir – diýip gygyranda, olar baş egip, söweşe girişdiler. Şolbada duşman serkerdesiniň başyny getirip, Häzä berdiler.

Häze Pazla gysgaça hat ýollady. Ol hatda: “Men ýeňiş hatyny ýazyp bilemok. Ýöne Hudaýtagala ybadat edip bilýärin. Hudaýtagala duşmany jezalandyrdy. Men hatymyň soňunda keseki ýurtlynyň başyny size iberjekdigimi aýdýaryn”.

Ol hat emire ýetenden soň, Häzäniň abraýy öňküsinden hem beýgeldi.

## *Hekaýat*

“Hekaýatlar ýygyndysy” kitabynda getirilişine görä, Pazl ibn Sähl pazylatly, hüşgär we utanjaň adam bolupdyr. Ol köp ylymdan habarly bolupdyr. Şeýle-de Mamunyň hyzmatynda uly abraýa we mynasyp hormata ýetipdir. Mamunyň hiç haçan bular ýaly weziri bolmandyr.

Ýahýa Eksem şeýle gürrüň berýär: Bir gün men Mamunyň hyzmatynda gezip ýörkäm, Mamun:

– Pazl örän nadan adam – diýdi. Men oňa:

– Eý, möminleriň emiri, biz Pazl Sähliň beýle derejededigini bilmändik. Şu dünýäde oňa taý geljek dana adam barmyka? – diýip soradym. Mamun ýene şeýle diýdi:

– Sen ýalňyşýarsyň, ol akmak we nadan adam. Men bu syry seniň ýanyňda aýan edeýin. Haçanda Tahyr

Zülúemineýni[1] Aly Isa garşy urşa iberenimde Pazl Sähl: “Tahyr beýik we güýçli adam. Ony öz huzuryňyza çagyryp, oňa hormat goýup, öz elleriňiz bilen hemaýat etseňiz örän gowy bolar” diýipdi. Soňra men Tahyry öz ýanyma çagyryp: “Men seni wekil edip bellän wagtym, ähli mümkinçiligiň bilen ýagşy işleri ýerine ýetirdiň. Häzir bolsa seni Aly Isanyň garşysyna urşa ibermek isleýärin. Sen ony tutup öldürersiň, ýeňiş gazanarsyň. Olaryň üstüne meniň özüm hüjüme gitjekdim. Sen bolsa meniň wezirim, ýagny çep eliň sag el bolar, sag eliň hem meniň sag elim bolar”[2] diýip tabşyrdym. Şu sebäpli onuň ady Zülúemineýn diýip atlandyryldy. Soňra Tahyr urşa gidip, ýeňiş gazanyp, Aly Isany öz eli bilen öldürdi. Bir gün ýeke özüm otyrkam, Pazl Sähl meniň ýanyma geldi. Ol: “Möminleriň emirine umyt baglap, haýyş bilen geldim. Eger ol haýyşymy ret etmese, men ony beýan edeýin” diýdi. Men oňa “Düşnükliräk aýt” diýip tabşyrdym. Ol: “Ol gün möminleriň emiri Tahyra ýüzlenip: “Sen söweşe gidersiň, Aly Isa bolsa seniň eliňden öldüriler. Soňra sen ýeňiş gazanarsyň” diýipdir. Eýsem, siz muny nädip öňünden bilmegi başardyňyz, megerem, bu ylymlaryň syrlaryndan habarlysyňyz ýa-da möminleriň emiriniň şu meseleler barada aýratyn kitaby bardyr. Eger bendäňize şol ylmy öwretseňiz ýa-da kitaby

[1] Zülúemineýn — iki ähdiň eýesi.

[2] Göçme manyly sözlem. Bu ýerde wezir, ynamdar adam göz öňünde tutulýar.

berseňiz, onda möminleriň emiriniň öz bendesine geçirimlilik etdigi bolardy” diýip haýyş etdi. Men: “Bu barada meniň hiç hili kitabym ýok, men şol gün bu sözleri Tahyra arka we hemaýat bolsun diýip aýdypdym. Men ol sözleri akyl-parasat we öňdengörüjilik arkaly aýtmadym” diýip jogap berdim. Ol meniň gapymyň agzyna ýykylyp: “Möminleriň emiri meni boş goýbermäň, ol kitap bilen bendesini tanyşdyrsyn” diýip ýalbardy. Men hernäçe ondan ötünç sorasam-da, ol aýak diräp durdy. Şol wagt onuň nadan adamdygy mälim boldy.

Bu hekaýatdan wezirler, emeldarlar we nedimler hiç wagt öz patyşalary bilen gatnaşykda gödeklige, ýüzi galyňlyga ýol bermeli däldirler, hökümdarlaryň ýanynda özlerini agras hem salyhatly alyp barmalydyrlar diýlen netije çykarylýar. Olar hiç wagt öz hojaýynlaryna el uzadyjy bolmaly däldir. Hiç mahal edebiň ýollaryndan gapyl galmaly däldir.

### *Hekaýat*

Taryhy çeşmelerde beýan edilişine görä, bir gün Pazl Sähl döwlet sütünleriniň birine:

– Şu döwletde meniň ýerine ýetiren işlerim Abu Müslimiň ýerine ýetiren işlerinden köpdür – diýdi.

Emeldar:

– Bu döwlet Abu Müslime taýpadan-taýpa geçip ýetdi. Sen bolsa bu döwlete dogandan-dogana geçip ýetdiň – diýdi.

Pazl ibn Sähl:

– Eger ömrüm dowam etse, taýpadan-taýpa hem ýeterin – diýdi.

Mamun Alawylaryň pitnesini ýatyrmak üçin, Apbaslylaryň gara baýdagyny Alawylaryň ýaşyl baýdagyna öwürmäge we öz gyzy Zeýnebi hezreti Aly ibn Musa Ryza bermäge mejbur boldy. Bu habar Bagdada ýetdi. Beni Apbas Mamunyň bu hereketine garşy çykyp, ony eýeleýän wezipesinden boşatdy. Halypalygy onuň doganoglany Ybraýym ibn Mätä berdiler. 202-nji hijri ýylynyň[1] Aşyr aýynda şu ýagdaý sebäpli, Mamun Pazl Sähl tarapyndan aýyplandy. Mamun Sarahsa ýetende, özüniň daýysy Galem ibn Hekeme we başga-da birnäçe adama Pazl Sähli hammamda öldürmegi tabşyrdy. Mamun ondan aryny almak üçin öldürtdi. Pazlyň hazynasyndan möhürlenen sandyjak tapdylar. Adamlar ilki sandyjagyň içinde göwher bardyr diýip pikir etdiler. Ol sandygy açanlarynda, onuň içinde şeýle jümleler ýazylan ýüpek matany gördüler: “Bu Pazl ibn Sähliň özünde galdyrýan zady, ol kyrk sekiz ýyl ýaşasa-da, oda düşjegini-de, suwa düşjegini-de bilip bilmedi”.

Pazlyň öňden görüjilik häsiýetine hemmeler haýran galdylar.

Hasan ibn Sähl Pazl ibn Sähliň dogany bolupdyr. Pazlyň ölüminden soň, möminleriň emiri Mamunyň

[1] Miladynyň 817-818-nji ýyllary.

wezirligi oňa tabşyrylypdyr. Ol akylly we ynamdar adam bolupdyr.

## *Hasan ibn Sähl*

Hasan ibn Sähl ilkibada möminleriň emiri Mamunyň hajyby bolupdyr. Ol öz doganyndan soň wezir bolýar. Hasan wezirlik wezipesini ýöretmegiň köp usullaryny bilýän eken. Ol jomart we hümmetli adam hasaplanypdyr. Onuň jomartlygyny görkezýän ahwalatlaryň biri hem şu aşakdaky gürrüňdir.

### *Hekaýat*

Bir gün Hasan ibn Sähliň arkasy haltaly suw daşap ýören garry adama gözi düşdi. Onuň ol goja nebsi agyrdy we öz ýanyna çagyryp, onuň hal-ýagdaýyny sorady. Goja:

– Men garradym, maşgalam we perzentlerim ýaş. Maldan-baýlykdan hiç zat galmady. Çagalarym hor-homsy galmaz ýaly işlemäge mejbur boldum – diýip jogap berdi. Hasan ibn Sähliň bu adama ýüregi awap, eline galam bilen syýa alyp, pul geçirme baradaky nama bir zatlar ýazdy. Ol hat ýazanda müň dirhemdir öýdüp, ýüz müň dirhem ýazypdyr. Suw daşaýan ol namany gaznaça berdi. Gaznaçy bu namany okap haýran galyp: “Weziriň bu möçberdäki puly ýazmagy asla mümkin däl” diýip, derrew weziriň huzuryna baryp:

– Eý, emir, Hudaýtagala isripçiligi gowy görýän däldir. Suw daşaýan adama ýüz müň dirhem bermegiň näme manysy bar? – diýip sorady. Wezir:

– Dogry aýdýarsyň, Hak seniň tarapyňdadyr, ol pul hakykatdan hem suw daşaýan üçin örän köp. Men ol nama müň dirhemden gowrak ýazmak isledim, emma galamym tersiräk düşüp, ýalňyşlyk goýberipdirler. Ol puly suw daşaýan garra ber. Şonda adamlar biz hakda akyly gowşak diýip pikir etmezler, gaýta hümmetli beýik iş edipdirler diýerler – diýdi.

### *Hekaýat*

Hasan Sähl wezir bolandan soň, älem-jahanyň çar künjünden gutlag hatlary gelip gowuşdy. Şol sanda dilewarlykda deňsiz-taýsyz bolan Sähl Harundan hem gutlag haty geldi. Ol hatyň mazmuny şunuň ýalydy: “Her bir zamana şatlykdan doludyr. Senem öz zamanaňy şatlykly geçirjek bolup jan et. Döwlet aýlanyp durandyr. Döwlet aýlanyp durka, haýsy-da bolsa bir hile et-de, ondan peýdalanjak bol. Işiň ortasynda gözüňi ýum-da, öz akylyňy sapla. Senden öňküler hem şular ýaly wezipä eýedi, soňra olar hem öz nobatynda gidip, işlerini dost-duşmana goýdular. Bilip goý! Bu wezipäni şu gün saňa berdiler, ertirki gün sen başga birine tabşyrarsyň”

Hasan Sähl haty okansoň, şeýle diýdi: “Gysgaça peýdaly pent-nesihat beripdir, ol meni gaflatdan

oýardy. Onuň ýazan nesihatlaryndan ugur alyp ýöremek üçin, Hudaýtagaladan kuwwat dileýärin”.

### *Hekaýat*

“Kynçylyklardan soňky şatlyk” kitabynda Abu Hassan Zyýady şeýle gürrüň beripdir:

Garyplyk we horluk döwri meniň başyma ýetende, köp çykdaýjylar zerarly, meniň arkam karz ýükünden doldy. Daş-töweregim gassaplardan we çörek bişirýän adamlar bilen gurşaldy. Men şol sebäpli gamgyn hala düşüp, başagaý boldum. Dostlarym menden ýüz öwürdiler. Söwdagärler menden ellerini çekip, müşderileri daşlaşdyrdylar. Şeýdip hiç hili girdejisiz galdym. Bir gün nähili çäre taparkam diýip otyrkam, hyzmatkär meniň ýanyma gelip:

– Bir adam siziň ýanyňyza girmäge rugsat soraýar – diýdi. Men rugsat berdim. Ol adam Horasandan salam getirip:

– Abu Hassan sizmi? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Ol:

– Men bir daş ýerden gelen hossarsyz adam, Käbä gitmegi niýet edýärin. Öz ýanymda on müň dirhem bar. Şol dirhemi size amanat goýmak isleýärin. Siz ony amanat hökmünde gorarsyňyz diýip ynanýaryn – diýip, ol pullary çykardy-da, terezide çekdi. Soňra ony bölek-bölek edip goýdy. Ol daşary çykanda ol puluň bir bölegini alyp, diwanyň emeldarlaryna we söwdagärlere aýlyk hökmünde berdim. Galanlaryny bolsa öz maşga-

lama sarp etdim. Soňra: “Ol adam yzyna gaýdyp gelýänçä, Hudaýtagala rysk gapylarynyň birini meniň üçin açar, şondan soň men onuň pullaryny ýerine goýaryn” diýip pikir etdim. Şol gün agşam begenjimden ýatyp bilmedim. Ertesi meniň gulamym Abdylla Sebbah gapydan girip:

– Horasanly siziň ýanyňyza girmäge rugsat soraýar – diýdi. Men:

– Goýberiň – diýip jogap berdim. Ol meniň ýanyma gelip, saglyk-amanlyk soraşandan soň:

– Men ýola rowana bolup, barmaly ýerime bardym, ýöne şu gün bir adam yzymdan ýetip, kakamyň wepat bolandygy baradaky habary getirdi. Men hökman Horasana gitmeli boljak, şonuň üçin size “amanat” diýip goýan pullarymy sizden yzyna almak isleýärin – diýdi.

Men bu habary eşidip, hiç haçan gabat gelmedik agyr halyma düşdüm. Älem jahan maňa garaňky bolup göründi. Utanjymdan ýaňa, ýer ýarylmady, menem girmedim. Näme jogap berjegimi bilmän, içimden pikir edip: “Eger-de onuň pul berenini inkär etsem, kaza ýüz tutup, ant içer. Şonda men bu dünýäde-de, ahyretde-de ýüzügara bolaryn. Eger-de bolşy ýaly aýan etsem, ol dady-perýat edip, meniň derdimi agyrlaşdyrar. Hudaý saklasyn, munuň derdiniň aşagyndan çykyp bolmaz” diýdim. Soňra men oňa ýüzlenip:

– Seniň goýan pullaryňy zerurlyk sebäpli başga ýere ugratdym. Bagtyňa şu gün yzyna dolanyp gelýär. Ertir

meniň ýanyma geliň, şonda men size ol pullary gowşuraryn – diýip jogap berdim.

Ol yzyna dolandy. Men öz-özüme haýran galyp, pikire batdym, soňra oňa-muňa urnup, hiç zat tapyp bilmedim. Älem-jahan tüm garaňky bolup, gün görünmedi. Garaňky düşende uky, arkaýynlyk, sabyr we karar menden ýüz öwürdi. Birnäçe wagt geçensoň, hyzmatkäre: “Düýäni howutla” diýip buýurdym. Ol bolsa: “Bu wagt giç dälmi?” diýip, düýäni howutlady. Men düýä münüp, nirä barjagymy bilmeýärdim. Ygtyýar jylawy elden gidipdi. Aýaklarymy tabynlyk üzeňňisinde goýup, Hudaýtagalanyň pazly-keremine bil bagladym. Düýe gidip barşyna bir ýabyň gyrasyna ýetip, köprüden geçdi-de, sag tarapa, ýagny möminleriň emiri Mamunyň öýüne tarap ýüz öwürdi. Mamunyň köşgüne ýetenimizde, agşam düşüpdi. Ýollar görünmeýärdi. Şol wagt meniň deňimden biri geçip barýardy. Ol maňa seredip, yzyna dolandy-da:

– Abu Hassan senmi? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Ol:

— Meni seniň ýanyňa iberdiler — diýdi. Men:

— Kim iberdi? — diýip soradym. Ol:

– Emir Hasan Sähl — diýip jogap berdi. Men: «Emir menden näme isleýärkä?” diýip pikire batdym.

Soňra biz emiriň huzuryna tarap ýola rowana bolduk. Emiriň köşgüniň agzyna ýetenimizde, meniň ýanymdaky adam emire habar bermek üçin köşge girdi. Ondan soň meni emiriň huzuryna çagyrdylar. Men

emiriň huzuryna baran wagtym, Hasan ibn Sähl maňa bakyp:

– Eý, Abu Hasan, sen haýsy habar bilen geldiň, bu ýerlere nädip düşdüň? – diýip sorady. Men eýle-beýle diýip, dogrymy aýtmajak boldum. Emir:

– Sen dogryňy aýt, nähili wakalara duçar bolduň? Men seni perişan halda görýärin – diýdi.

Men hemme bolan wakany başdan-aýaga çenli gürrüň berdim. Ol derrew her birinde on müň dirhem bolan iki haltany getirmegi buýrup:

– Bu pully haltalaryň birini horasanly adama ber, beýlekisini bolsa özüň sarp et – diýdi.

Men derrew yzyma dolanyp, horasanly adamyň puluny özüne gaýtaryp berdim. Şondan soň meniň hal-ýagdaýym gün-günden gowulaşyp başlady. Hudaýtagala meni naz-nygmatlar içinde goýdy.

## *Ahmet ibn Abu Halyt Ehwel*

Ahmet ibn Abu Halyt Ehwel Hasan ibn Hasan ibn Sählden soň Mamunyň weziri bolupdyr. Ol ýiti, dana we akyldar adam bolup, möminleriň emiriniň ynamyna doly girmegi başarypdyr.

«Hekaýatlaryň ýygyndysy» kitabynda ýazylyşyna görä, Ahmet ibn Abu Halyt kämil we akylly adam bolupdyr, emma ynjyk we tiz gaharlanar eken. Sähelçe zady adamlardan gaty görüpdir. Günleriň bir güni ol möminleriň emiriniň huzurynda Mamunyň emeldar-larynyň biri bolan Şemmamä:

– Möminleriň emiriniň huzurynda işleýänleriň hemmesiniň arkasy ýa-da baýlygy bar. Seniň nähili goldawyň we baýlygyň bar? – diýdi.

Şemmame:

– Meniň iş başarjaňlygym bar – diýip jogap berdi.

Ahmet ibn Halyt:

– Seniň nähili hünäriň bar? – diýip sorady.

Şemmame:

– Eger menden soraýan adam wezirlikde özüniň nähili başarjaňlygynyň bardygyny aýtsa, menem onuň başarjaňlygynyň bardygyny bilip, özümiň nähili hünärimiň bardygyny ýa-da ýokdugyny aýdaýyn – diýip jogap berdi.

Ahmet bu sözleri eşidip, utandy we hiç hili jogap bermedi.

### *Hekaýat*

Bir gün medineli çarwa araplaryň biri Ahmet ibn Halydyň ýanyna gelip, onuň bilen gürrüňdeş bolupdyr. Ol arap oňa maslahat bermek bilen, öz sözüni berk tutup durupdyr. Muňa Ahmet ibn Halydyň gahary gelip, ol adama gödek sözler aýdypdyr. Medineli:

– Eý, wezir, bilgil, Hudaýtagala saňa Mustapa (s.a.w.) bermedik zadyny beripdir – diýdi. Ahmet Abu Halyt geň galyp:

– Sen küpür gepleme, ilki oňa bermän, nädip maňa bersin?! – diýdi. Medineli:

– Saňa erbet häsiýet beripdir, emma pygambere bermändir. “Elbetde, sen beýik häsiýete-ahlaga eýesiň”[1] – diýdi.

Ahmet Abu Halyt ýerinden turup, ony hormatlady. Şu sözi üçin onuň islegini kanagatlandyrdy. Bu hem Ahmet Abu Halydyň ynsaplylygyny görkezýär.

## *Hekaýat*

Bir gün Ahmet Abu Halyt möminleriň emiriniň huzuryna bardy. Gapydan giren mahaly kürsiniň üstünde goýlan uçgur bilen jalbary görüp utandy. Ol: “Biwagt gelipdirin öýdýärin, belki, möminleriň emiri Mamun öz kenizekleri bilen ýekelikde galandyr. Bu jalbar onuňky bolsa gerek” diýip, yzyna dolanjak bolanda, Mamun ony görüp, öz ýanyna çagyrdy. Olar gürleşip durkalar, Bagdadyň kazysy Ýahýa Eksem elli kündükli başga jaýdan çykyp, jalbary alyp geýdi. Soňra Ahmet Abu Halydyň ýanyna gelip: “Möminleriň emiri halypalygyň nygmatyndan lezzet alsyn. Şeýle-de, onuň bendeleri möminleriň emiriniň kereminden, döwletinden we wezipesinden lezzet alsynlar” diýip öwdi.

“Ýörite otagda jalbarsyz gezip bolar. Bu şerigat taýdan we adaty taýdan bolup biljek zatdyr, ýöne möminleriň emiriniň öňünde jalbar geýip-çykarmak başga zatdyr” diýip, Ahmet Abu Halyt bu ýagdaýy gel-

[1] Gurhanyň 68-nji (“Galam”) süresiniň 4-nji aýaty.

şiksiz görüp, keýpden gaçdy. Ol örän hüşgär we öňdengörüji adamdy. Soňra Ahmet Halyt içini gepledip: “Kazy patyşanyň huzurynda jalbaryny çykaryp-geýip bilýän bolsa, her haçan islese, meni ýamanlap hem biler” diýdi.

Soňra ol hilegärlik edip, Ýahýa Eksemi günäkärlemek isläp:

– Eý, möminleriň emiri, men halypalygyň bendeleriniň biri. Ýahýa Eksem maňa başga göz bilen garaýar. Onuň pikiri meniň pikirim bilen gabat gelmeýär. Şu gün bolsa men möminleriň emiriniň kereminden ol azary menden daşlaşdyrar diýip umyt edýärin. Möminleriniň emiriniň mähribanlyk suwy biziň aramyzdaky oňuşmazlyklary aradan aýrar diýip umyt baglaýaryn – diýip haýyş etdi.

Mamun Ýahýa Ekseme ýüzlenip:

– Kazy Ahmet bilen gowy aragatnaşykda bolmalydyr. Göwnüçökgünligi we garşylykly pikirleri aradan aýyrmalydyr. Çünki siziň ikiňiz hem biziň halypalygymyzyň adamlarysyňyz, siziň pikirleriňiz bir bolmalydyr – diýdi. Kazy Ýahýa:

– Eý, möminleriň emiri, men hiç haçan oňa azar bermedim. Men ol barada hemişe gowy pikirdedirin – diýip jogap berdi. Mamun:

– Size ýaraşmak gerek – diýdi.

Soňra Ahmet ýerinden turup, kazynyň ellerini öpdi. Kazy bolsa ony gujaklady. Bir sagatdan soň ikisi hem möminleriň emiriniň huzuryndan gaýtdylar.

Kazy Ýahýa Eksem Ahmet ibn Halyda bakyp:

– Seniň bu guran işiňe nädip düşünmeli? – diýip sorady. Ahmet:

– Men seniň möminleriň emiriniň ýanyndaky güýjüňi göremde, ikirjiňlenip, seni ýamanlamak isledim, sebäbi günlerde bir gün sen meniň garşyma çykaýsaň, möminleriň emiri “bularyň arasynda öňdenem oňşuk ýokdy” diýip, seniň maňa garşy guran garşylygyňy kabul etmez – diýip jogap berdi.

Kazy onuň akylyna, danalygyna we öňdengörüjiligine haýran galyp, oňa berekella aýdyp: «Eger akylly adam gowy pikirlense, onuň ýerine ýetirjek işi ýiti bolar» diýdi.

Emma käbir adamlar Ahmediň öz syryny Ýahýa aýtmagyny akyllylyk we ýitilikden daşda durýandygyny bellediler. Olar «Akylly adam öz syryny duşmana aýan etmez» diýdiler. „

***Hekaýat***

«Kynçylykdan soňky şatlyk» atly kitapda aýdylyşyna görä, Ahmet Abu Halyt güýçli, hoşniýetli we akylly adam bolupdyr, ýöne onuň gödek häsiýetleri hem bar eken. Ol ýaranlaryna köp azar beripdir. Olar bilen gödek gürleşipdir. Onuň şol ýaranlarynyň biri galam eýesi, köp ýagşy häsiýetleri özünde jemlän we wezipe umydy bilen gulluk edip ýören Salyh ibn Aly Ybraýymdy. Salyh şeýle gürrüň berýär:

Meniň bikär ýatmagymyň uzaga çekmegi halýagdaýymy gaty peseltdi. Şonuň üçin bir gün ir bilen

öz ýagdaýymy düşündirmek maksady bilen ýeke özüm Ahmet ibn Abu Halydyň ýanyna gitdim. Ol şol wagt Mamunyň weziridi. Men säher bilen onuň köşgüne ýetdim. Heniz älem jahan garaňkydy. Gapyny açdylar. Şol wagt ol işikden çykyp gelýärdi. Onuň öňünden şem ýakyp gelýärdiler. Ol möminleriň emiriniň köşgüne tarap ýöredi. Onuň nazary maňa düşende, ýüzüni turşadyp:

– Şu dünúede edil şu wagtlar kimdir biri bir adamyň gapysyndan gelermi? – diýdi. Men bu peseldiji sözlere hiç hili sabyr edip bilmän: „

– Sende hiç hili mähir we muhabbet ýok. Sen ajy we biperwaý sözler bilen meniň ýüzüme urduň, emma men bütin agşam seniň jomartlygyň we hormatyň barada pikir edip ýatmadym. Öz maşgalamy we gulgyrnaklarymy saňa umyt baglatdym. Seniň edýän aladalaryňy taryplap, söz tapmaýardym, häzir bolsa ähli ýagşy pikir-niýetlerim puç boldy. Hudaýdan ant içýärin, perişdeleri şaýat tutýaryn, tä siziň özüňiz meniň ýanyma gelýänçäňiz we bu gödek sözleriňiz üçin menden ötünç soraýançaňyz, men siziň gapyňyza hiç haçan barman we sizden kömek soramaryn – diýdim.

Men bu sözleri aýdanymdan soň, gaýgy-gam bilen onuň ýanyndan yzyma dolandym. Bu işime puşman etdim, bu meniň gam-gussamy artdyrdy. Eger-de men onuň ýanynda kasam içmedik bolsam, onda ol menden ötünç soramazdy diýip güman etdim. Bu bolup geçen hadysalara haýran galyp, öýde özbaşyma oýlanyp

oturşyma gün dogup giden eken. Şol wagt hyzmatkärleriň biri gapydan gelip: «„Ahmet Abu Halyt biziň öýümize tarap gelýär» diýdi.

Onuň yzysüre başga hyzmatkär girip: «Biziň köçämize ýetdi» diýdi. Ondan soň ýene bir hyzmatkär girip: «„Biziň öýümiziň gapysynyň agzynda dur» diýdi.

Men töweregime seredýänçäm, beýleki hyzmatkärler meniň daşyma aýlandylar. Ol öýüň dälizine girdi. Men ylgap, onuň öňünden çykyp, baş egdim. Ol öýe girip oturan mahaly, men oňa mübärek gadamlary üçin, doga we şükürler aýtdym. Maksatlarym hasyl boldy. Soňra ol maňa ýüzlenip, şeýle diýdi: «Men şu gün möminleriň emiriniň huzuryna bardym. Ol maňa birnäçe pähimleri aýtdy. Men saňa aýdan sözlerime puşman edip otyrkam, möminleriň emiri arkamdan syn edip otyr eken. Ol meniň oýa batyp oturmagymyň sebäbini sorady. Men oňa bolan wakany gürrüň berdim. Ol maňa şeýle diýdi:

„– Sen onuň ýanyna git-de, ötünç sora. Men:

„– Onuň ýüregi gahar-gazapdan doludyr. Elim boş, onuň ýanyna nädip baraýyn – diýip jogap berdim. Möminleriň emiri:

„– Ol näme işleýär? – diýip sorady. Men:

„– Siz onuň hakyny menden talap edýärsiňiz, talabyňyza görä karz pul beräýseňiz, gowy bolar – diýip jogap berdim. Möminleriň emiri:

„– Näçe gerek? – diýip sorady. Men:

„– Üç ýüz müň dirhem – diýip jogap berdim. Möminleriň emiri:

„– Oňa pul bermek baradaky permany ýaz – diýip tabşyrdy. Men:

„– Bu möçberdäki puly oňa berip, onuň çykdajylaryny ýapmak üçin, ýene-de üç ýüz müň dirhem hem-de dolandyrar ýaly şäher bersek has-da gowy bolar – diýip, ondan haýyş etdim. Möminleriň emiri:

„– Müsür welaýatyny ýa-da başga şäheri oňa dolandyrmaga ber – diýdi. Men:

„– Onuň sapara taýýarlygy üçin hem pul gerek bolar – diýdim.

Möminleriň emiri:

„– Ýüz müň dirhem onuň sapary üçin al – diýip tabşyrdy.

Şeýlelikde, Ahmet Abu Halyt ýedi ýüz müň dirhem ýazylan hasap kagyzy we Müsür welaýaty baradaky permany öz jübüsinden çykaryp, maňa berip yzyna dolandy.

## *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, bir gün Ahmet ibn Halyt Ýahýa ibn Halyt Barmakynyň ýanyna gelip salamlaşyp ýenede yzyna dolanypdyr. Ýahýa ibn Halyt öz ogly Pazla: «Şu adam we onuň kakasy barada hekaýatym bar, boşrak wagtym maňa duýdur, gürrüň bereýin» diýýär. Ýeri gelende Pazl kakasyna şol hekaýaty ýatlatdy.

Ýahýa:

„– Möminleriň emiri Mätiniň döwründe kakam ikimiz işsiz, boş galdyk, kynçylyklar üsti-üstüne bolup, hiç bir çykgynsyz ýagdaýa düşdük. Bir gün eşigimi geýip, atlanjak bolanymda, perzentlerimiň ejesi maňa: «Düýn agşam bu çagalar aç ýatdylar. Olary müň hyýallar bilen ýatyrdyk. Bu gün ne çagalarda, ne-de mal-garalarda güýç bar» diýdi.

Men bu sözleri eşidenimden soň, pikire batyp, näme etjegimi bilmedim. Öň dostum Allabeg maňa Tabary matasyny getiripdi. Men şol matalary bazarda satyp, kyn gün üçin harçlamagy ýüregime düwdüm. Soňra gatyra münüp, nirä barjagymy we kimden kömek sorajagymy bilmän, ýola rowana boldum. Şonda onuň kakasy Abu Halyt Serahuly gördüm. Ol uly atly goşun bilen gelýärdi. Şol wagtlar ol Mätiniň weziri Abu Abdyllanyň kätibidi. Men ony görenimden, onuň atly goşunyna goşulyp, olar bilen bilelikde ýola rowana boldum. Soňra öz hal-ýagdaýym barada oňa gürrüň berdim. Onuň ýanynda öz günümden naladym. Näme aýtsam-da, hiç hili üýtgeşiklikler bolmady. Ol meniň sözlerimi eşitse-de, atyny sürüp barýardy. Haçanda olar barmaly ýerine ýetende, men yzyma dolandym. Ondan ne ýagşy söz, ne-de erbet söz eşitdim. Sözlerime hiç hili jogap bermänligi üçin, men gamgyn we perişan halda geň galyp yzyma dolandym. Özümi güýçsüz we ejiz halda duýdum. Soňra men öýe gaýtdym. Maşgalam meniň ýagdaýymy daş-keşbimden aňyp, maňa sögünç baryny ýagdyrdylar. Olar: «Akylly adamlar seniň daş-keşbiňi görüp, puluň azdygyny we maşgalaň

köpdügini bilip, senden ýüz öwürerler. Saňa iş ynanmazlar” diýip käýindiler.

Men bu käýinçleri eşidenimden soň, gaýgym, gam-gussam öňküdenem artdy. Şol günüň ertesi eşikdir donlarymy satyp, maşgalama berdim. Men biçäre halda otyrkam, maşgalam we beýleki adamlar maňa ýüzlenip: «„Beýle gam-gussa çümüp oturma, şatlykdan eliňi üzme, Hudaýtagalanyň öz nygmatlaryny eçilmegi mümkindir. Ol bir gün özüniň nygmatly gapylarynyň birini açar” diýip, meni biraz köşeşdirdiler. Şondan soň daşary çykyp ugrasam-da, nirä barýandygymy bilmedim. Men ýolda Abu Halydyň habarçysyny gördüm. Ol meni özi bilen alyp gitmäge gelýär eken. Biz onuň bilen Abu Halydyň öýüne gitdik. Onuň gapysyndan girenimizde, Abu Halydyň nazary maňa düşdi. Men oňa salam berdim. Ol maňa ýüzlenip:

– Eý, doganoglanym, düýn sen maňa öz ykbalyň barada gürrüň berdiň. Şol wagt men pikirlenip, anyk jogap tapyp bilmedim – diýip, birnäçe söwdagäri we öz doganyny ýanyna çagyrdy. Olar bir ýylky bütin gallany we şäheriň gyrasyndaky galla ammarlaryny döwlet diwanyndan satyn alyp bilýän uly söwdägärlerdi. Olar bu gallalardan köp girdeji alýardylar.

Abu Halyt olara ýüzlenip:

– Düýn size otuz müň geri[1] galla satdym. Şondan iki müň sekiz ýüz segsen geri galla meniňki bolmaly.

---

[1] Geri – ýer, egin-eşik we galla ölçeg birligi bolup, 10 000 inedördül metr.

Şeýle-de meniň şu duran doganoglanymy şärik etmeli bolarsyňyz – diýdi.

Soňra maňa seredip:

– „Şu mukdardan on müň geri seniň nesibäňdir, eger saňa otuz müň dinar berseler, öz paýyňy olara berde, aradan aýryl, bolmasa olaryň söwdasyna goşulmaly bolarsyň – diýdi. Ol iki söwdagär meni gyra çekip:

– „Sen bir uly mertebeli adam, söwda etmek siziň işiňiz däl. Bu iş biziň işimiz. Bu işde köp ýaran we dostlar gerek, şonuň üçin eger ylalaşsaň, otuz müň dinary al-da, öz nesibäňi bize goý – diýdiler. Men olaryň aýdanlaryny kabul etdim. Soňra ol wakany Abu Halyda gürrüň berdim. Ol:

„– Gowy iş edipsiň, bu seniň üçin ýeňil bolar, sen pullary al-da, yzyňa dolan we bar güýjüň bilen gulluk et – diýip tabşyrdy.

Men otuz müň dinary ol iki söwdagärden alyp, derrew kakamyň ýanyma gaýtdym, sebäbi men öýümiz satuwa çykarylmanka, derrew barmalydym. Ol pullary kakamyň öňünde goýup:

– Meniň janym siz üçin gurban bolsun, bu pullara eýelik ediň – diýdim. Kakam:

„– Abu Halyt söwdagärlere näme höküm eden bolsa, menem saňa şony höküm edýärin. Puluň üçden iki bölegi seniňki, üçden bir bölegi meniňkidir – diýdi.

Şeýdip, getiren pulumdan on müň dinaryny kakama berdim. On müň dinary mülk ýer we başga gerekli zatlara harç etdim. Bu hekaýaty ol adamyň eden ýagşylygyny unutmazlyk üçin aýdyp berdim.

Apbaslylaryň taryhyny ýazan Muhammet ibn Abdus şeýle gürrüň berýär:

Bir gün men Ýahýa ibn Hakandan:

– Ýahýa ibn Halyt Barmaky Ahmet ibn Abu Halyda nähili ýagşylyk edipdir? – diýip soradym. Ol kakasynyň oňa nähili sylag-hormat edendigini ýatlap, şeýle diýdi:

„– Ahmet ibn Abu Halyt Barmakylaryň döwründe olaryň tabynlygynda bolupdyr. Ol şol döwri hormat we mertebe bilen geçiripdir. Ol olaryň nygmat-merhemetinden tä möminleriň emiri Harun Reşit Ýahýa ibn Halyt Barmakyny tussag edýänçä peýdalandy. Ahmet ibn Abu Halyt Ýahýa ibn Halydyň tabşyrygy esasynda Bazuna gidipdi. Ol bu barada şeýle gürrüň berdi:

Haçanda men yzyma dolanyp gelenimde, Barmakylaryň ýüzünde gam-gussanyň we kynçylygyň bardygyny gördüm. Olaryň döwleti perişan haldady. Şol wagt meniň ýanymda alty müň dinar bardy. Men eýdip-beýdip, Ýahýa ibn Halydyň ýatan zyndanyna bardym. Oňa ýanymdaky alty müň dinary hödürledim we olaryň döwletiniň betbagtçylyga duçar bolandygy üçin gynanç bildirip, dinarlary kabul etmegini ondan haýyş etdim. Ýöne ol maňa ýüzlenip: «Saňa meniň üçin köp çykdajy etmegiň zerurlygy ýok» diýip, hödürlän alty müň dinarymdan üç müňüni alyp, galanyny bolsa yzyna gaýdyp berdi. Soňra ol iki sany hat ýazdy. Birini namazlygyň aşagynda goýdy, beýlekisini bolsa maňa berip: «Döwür we döwlet geçdi. Bir gün bir

halypanyň döwri geler, beýleki halypanyň döwrany geçer. Soňra iki halypanyň arasynda uly pitne turar. Ahyrsoňy gündogar tarapdaky halypa ýeňiş gazanar. Pazl ibn Sähl diýen bir ýigit ol halypanyň hyzmatynda bolup, onuň weziri bolar. Haçanda bu habary eşiden badyňa, onuň ýanyna bar-da, meniň saňa ýazan şu hatymy oňa ber. Sen şu işi ýerine ýetireniňden soň, ol seni beýik derejelere ýetirer hem-de seniň wezipäňi ösdürer» diýip tabşyrdy.

Men Ýahýa ibn Halydyň ýatan zyndanyndan çykanymda elimdäki üç müň dinary öz ornundan maňa iş görkezen adama berip bilmänligim üçin, örän gynandym. Soňra men onuň beren hatyny gorap sakladym. Döwür aýlandy. Reşit bolsa amanadyny tabşyrdy. Ol Muhammet Emini öz mirasdüşeri edip belläpdi. Muhammet Emin bilen Mamunyň arasynda tä Muhammet Emin öldürilýänçä, pitneler we özara garşylyklar dowam etdi. Soňra halypanyň tagty Mamuna geçdi. Meniň gün-güzeranym kynlaşdy. Baýlygym puja çykdy. Mamun Merwde paýtagt edindi. Tahyr ibn Hüseýin Mamunyň hemaýaty bilen Bagdatda emir boldy. Bir gün agşam öz gün-güzeranymy nädip geçirerkäm diýip otyrkam, birden kimdir biriniň sesi meniň gulagyma degdi. Men aýalyma ýüzlenip: «Git-de onuň kimdigini bil, hem-de ol meniň adymy tutýança gapyny açma» diýip, berk tabşyrdym. Ol işige tarap ýöredi-de, derrew yzyna dolanyp, goşun esgerleri bilen serkerdäniň gapynyň

öňünde durandygyny habar berdi. Men gapynyň agzynda durup:

– Siz kim bolarsyňyz? – diýip soradym. Olar:

– Bu Ahmet ibn Abu Halyt Serahulyň öýümi? – diýip sorardylar. Men:

– „Hawa – diýip jogap berdim. Olar:

„– Biz emir Tahyr ibn Hüseýiniň iberen adamlary – diýip jogap berdiler. Men:

„– Siz ýalan aýdýarsyňyz, emir perman beren däldir – diýdim. Olar:

„– Biz onuň buýrugy esasynda işli geldik. Git-de onuň özüne aýt, biz bir onuň hyzmatkär adamlary – diýdiler.

Men yzyma dolanyp, el çyrany ýakyp, gapyny açdym. Olar içeri girdiler. Görsem, olaryň arasynda serkerdebaşy hem bar eken. Ol meniň öýümde hormat we edep bilen oturyp:

– Alla seniň hormatyňy artdyrdy, Ahmet ibn Abu Halyt sen bolarmyň? – diýdi. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Ol:

– Emir sizi öz öýüne çagyrýar – diýdi. Men maşgalam bilen hoşlaşyp, daşary çykdym. Soňra olardan münüp gidere ulag soradym. Olar maňa bezelen bir aty berdiler. Men ol ata münüp, olar bilen Tahyr ibn Hüseýiniň ýanyna gitdim. Ol ýere baranymyzda, men oňa baş egip salam berdim. Ol:

– Ahmet ibn Halyt senmi? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim.

Ol ýaryna çenli ýazylan kagyzy meniň öňüme oklady. Ol haty Pazl ibn Sähl ýazypdyr. Hatyň mazmuny şu aşakdaky ýalydyr: „«Bu hat haçanda saňa ýetende, Ahmet ibn Abu Halydy nirede bolsa-da, Bagdadyň töwereginde haýsy işde işleýän bolsa-da, tapyp öz ýanyňa çagyr we oňa elli müň dirhemi we ýigrimi sany bezelen aty gowşur. Soňra ony hormatlap, möminleriň emiriniň huzurynda işlär ýaly wezipe ber. Goý, ol hemişe möminleriň emiriniň hyzmatynda bolsun».

Bu haty elime alanymda, begenjimiň çägi bolmady. Soňra men yzyma dolanmak üçin, rugsat soradym. Ol:

– Elbetde, gaýdyp bilersiň – diýip jogap berdi.

Olar derrew elli müň dirhem hem-de ýigrimi sany bezelen aty maňa gowşurdylar. Tahyr ibn Hüseýin:

– Bir sagadyň dowamynda ata mün – diýdi. Men bu möhletiň dowamynda öýe gerekli zatlary ýazyp alyp hem-de maňa berlen dirhemdir we beýleki zatlaryň köpüsini maşgalama, perzentlerime iberdim. Ol Ýahýa ibn Halydyň ýazan hatynyň beýleki bölegini getirmegi buýurdy.

Men säher bilen Tahyryň öýünden ata münüp, Bagdatdan çykdym. Her bir şäheriň deňinden geçenimde, meni hormat bilen garşy aldylar. Pazl ibn Sähliň hormatly dergähine barýançam, adamlar meni hoşal etdiler. Merwe baranymda meniň gelendigim barada Pazly habardar etdiler. Men Pazlyň gapysyndan girip, hyzmat borçlaryny berjaý etdim. Pazl:

– Kätip Ahmet Abu Halyt senmi? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Pazl:

– Sen yzyňa dolanyp, öýüňe gaýt, üç günden soň Apbaslylaryň „ nyşany bolan «Gara eşiklileriň» geňeşi bolýar. Sen barada şonda maslahat ederis – diýdi. Men onuň aýdyşy ýaly yzyma dolandym, emma nirä barjagymy bilmedim. Şol wagt gullukçylaryň biri meniň ýanyma gelip, öz öýüne çagyrdy. Maňa halylardyr gymmat bahaly zatlary sowgat taýýarlap goýupdyrlar. Soňra ol üç güni şady-horramlykda geçirdim. Dördünji gün «Gara eşikliler» bilen duşuşmak üçin, Pazl ibn Sähliň ýanyna ugradym. Men onuň öýüne ýetenimde, ol möminleriň emiriniň huzuryna gitjek bolup, atlanyp duran eken. Men derrew atdan düşüp, onuň ellerini öpdüm. Ondan soň ata münüp, Mamunyň köşgüne tarap gitdim. Biz köşge ýeten wagtymyz, atdan düşüp, möminleriň emiriniň mejlisler öýüne tarap ýöredik. Şol wagt Pazl tagtyrowana mündi. Esgerler tagtyrowany göterip, Mamunyň tagtynyň ýanynda goýdular. Men şol wagt garaşyp oturdym. Olar biraz wagt geçensoň, meni ýanlaryna çagyrdylar. Mamunyň huzuryna baranymda baş egdim. Şol mahal Mamun bilen Pazl biri-birine seredip, gürleşip otyrdylar. Pazlyň nazary maňa düşende, ol:

– Eý möminleriň emiri, bu adama Ahmet ibn Abu Halyt diýýärler. Bu adam Muhammet Eminiň tagtdan agan wagty Bagdatdan Muhammet Eminiň hal-ahwalatlary barada hem-de ol ýerde näme bolup geçen

bolsa bize habar berdi, özi kätiplik derejesinde işledi. Häzir bolsa mülkli, giň ýerli we köp nygmatly adam hasaplanýar. Bu adam özüniň hemme zatlaryny möminleriň emirine bagş etmek isleýär – diýdi.

Mamun:

– Hudaý onuň mal-mülküne bereket bersin! Ol bereketiň yzy üzülmesin – diýip jogap berdi. Pazl:

– Ony möminleriň emiriniň huzuryna uly adamlaryň arasyna goşsak gowy bolar – diýdi. Ol:

– Bolar – diýdi. Pazl:

– Adamlar onuň gadyryny biler ýaly, möminleriň emiri oňa dereje sowgat beräýse gowy bolardy – diýip haýyş etdi. Möminleriň emiri:

– Rowa bolar – diýip jogap berdi. Pazl:

– Höküm diwanyny oňa ynanaýsak nähili bolar?! – diýip sorady. Mamun:

– Bolar – diýip jogap berdi.

Men daşary çykdym. Olar ýokarda agzalyşy ýaly, meniň ykbalymy çözdüler. Bu gürrüňlerden köp wagt geçip-geçmänkä, agşam Pazl meni öz ýanyna çagyrdy. Men onuň ýanyna gidenimde Ýahýa ibn Halydyň ýazan hatynyň ýarysyny özüm bilen alyp gitdim. Barsam, ol oturan eken.

Ol maňa ýüzlenip:

– Eý, Abu Apbas sen biziň hoja halypamyz Abu Aly Ýahýa ibn Halyt hem-de onuň tussag edilmeginiň sebäbi barada bilýärmiň? – diýip sorady. Men:

„– Hawa – diýip, Ýahýa ibn Halyt, onuň zyndanda geçiren ahyrky ömri we maňa hat berendigi barada

gürrüň berip, haty onuň öňünde goýdum. Ol namazlygyň içine elini salyp, hatyň beýleki bölegini çykardy. Soňra ol haty meniň oňa beren hatym bilen birikdirip okady-da gözlerine ýaş aýlady. Ol ýüzüni öz dogany Hasan Sähle öwrüp:

– Hakykatdan hem bu hat Abu Alynyň ýazuwy – diýdi. Soňra ol maňa ýüzlenip:

– Bilýärmiň, bu hatda näme ýazylypdyr – diýip sorap, elindäki haty maňa uzatdy. Bu hatda şeýle ýazylypdyr:

«Eý, Barmakylaryň ogly! Hudaý seni öz penasynda aman saklasyn. Ahmet ibn Abu Halydyň ýagdaýy öwerlikli däl. Meniň bolsa oňa ýagşylyk we kömek etmäge güýjüm ýok. Onuň kakasyndan görenimi ýerine salmalydym, ýöne biziň günümiz we işimiz tamam boldy. Ertirki gün döwlet seniň eliňe geler, gün seniň depäňde-de dogar. Meniň senden etjek haýyşym şulardan ybarat: bu haty oka-da, meniň ynamdar adamym bolandygy üçin, bu adama kömek et!».

Meniň Pazl bilen ýerine ýetirýän işlerim güngünden üstünlige eýe bolup başlady. Abraýym wezirlik derejä ýetýänçä, men Mamunyň ýanynda hyzmat etdim.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, Ahmet ibn Halydyň eýýamynda Amr Heýberiniň perzentleriniň biri Ahmet ibn Abu Halydyň ýanyna birnäçe gezek barypdyr. Ol her

gün weziri görmek üçin, onuň öýüniň gapysyna gelýärdi. Wezir öz öýünden daşary çykanda, başyny egip, hyzmat şertlerini ýerine ýetirýärdi hem-de halypanyň köşgüne çenli onuň nökerleri bilen goşulyp giderdi we wezir köşkden daşary çykýança garaşýardy. Haçanda wezir daşary çykanda, köşgüň bosagasyndan öýüne çenli ugradyp, yzyna dolanýardy. Ahmet ibn Abu Halyt oňa hiç üns bermeýärdi. Bir gün Ahmet ibn Abu Halyt ata münüp durka, gözleri Heýberä düşdi. Ol hyzmatkärleriniň birine:

– Onuň çeken zähmetlerine we aladalaryna nebsim agyrýar. Oňa aýt, ol meniň ýanyma gelip, «selle geýerin ýa-da wezipe eýelärin» diýip pikir etmesin, menden oňa hiç hili ýagşylyk ýok. Gaýdyp meniň ýanyma gelmesin, goý, ol öz işi, öz aladasy bilen bolsun – diýdi.

Hyzmatkär:

„– Ol adam mertebeli adam, siziň hyzmatyňyza bir umyt bilen gelýär – diýdi. Ahmet ibn Abu Halyt:

„– Ony kim umytsyz galdyrdy – diýip jogap berdi. Hyzmatkär onuň aýdan gürrüňlerinden utandy.

Ahmet ibn Abu Halyt ýene:

„– Mundan çäre bolmaz, meniň saňa aýdýan zatlarymy sözme-söz onuň ýanyna git-de aýt – diýdi.

Hyzmatkär ol adamyň ýaşaýan ýerine özünden üç müň dirhem alyp, ýola rowana boldy. Onuň ýanyna baranda hyzmatkär oňa weziriň aýdan şu sözlerini jikme-jik beýan etdi: «Ol adam meniň ýanyma köp gatnaýar, oňa berer ýaly boş wezipe ýa-da iş ýok. Şu üç

müň dirhemi oňa ber, öz ýoly bilen bolsun, ömrüni bimany geçirmesin».

Heýberi bu sözleri eşiden badyna:

– Ol meni yzyma gaýtarar ýaly, men ondan bir zat soramak üçin gelmedim. Men bu dirhemi kabul etmek islemeýärin – diýdi.

Hyzmatkär bu sözleri eşiden mahaly, gahar bilen:

– Bu dirhemleri ol ibermedi, men ony öz öýümden alyp saňa berýärin. Men seniň göwnüne degmejek bolup, onuň aýdan sözlerini eşitdirmejek bolup we gamgyn hala düşürmejek bolup, jezanyň aşagynda durup, saňa kömek etmek isledim – diýdi.

Ol bu sözlerden soň:

– Hudaýtagala saňa ýagşylyk baryny eçilsin, seniň bu dirhemleriň özüňe nesip etsin. Eger-de meni öldürseler-de, onuň aýdýanlaryny kabul etmerin. Ýöne senden haýyşym, meniň sözlerimi oňa ýetir, men onuň aýdanlaryny kabul etmek islemeýärin. Sen weziriň huzuryna bar-da aýt, meniň onuň yzynda gezmegim onuň özi üçin däldir. Onuň wezipesi üçindir. Ýogsam, hiç haçan onuň gapysyndan seretmezdim. Meniň kärim patyşalaryň dergähinde hyzmat etmekdir. Beýikleriň işlerini ýerine ýetirmekdir. Ol bolsa gelip, meniň gün-güzeranymyň öňünde durdy. Eger-de ol islese, öz erbetligi bilen meni öz eşretli günümden aýryp biler. Eger Hudaýtagala maňa onuň elinden ýagşylyk görmegi nesip etdirse, onda şek-şübhesiz ol maňa ýagşylyk etmeli bolar. Ol hernäçe işli bolsa-da, men öz didarym bilen oňa päsgel bermeli bolaryn, eger men mundan öň

onuň huzuryna günde bir gezek barýan bolsam, indi günde iki gezek bararyn – diýdi.

Hyzmatkär onuň bu sözlerini Ahmet Abu Halyda ýetirende, ol şeýle gürrüň berýär:

Haçanda meniň iberen habarçym bu jogaby getirende, meniň gaharym geldi. Şol gahar bilen hem Mamunyň huzuryna bardym. Mamun maňa ýüzlenip:

– Müsüre ýolbaşçy edip iberer ýaly bir adamyň adyny aýt – diýdi.

Meniň göwnüm Zeýberi atly gowy adamyň adyny tutmakdy. Men «Zeýberi» diýjek bolup, «Heýberi» diýip ýalňyşypdyryn. Mamun ol sözi eşiden badyna:

„– Ol dirimi? – diýip, ony derrew tanady. Soňra onuň ýagşy hereketlerini ýatlady. Men bolsa onuň bu pikirlerini gyra sowup, ony sowatsyzlykda hem-de nadanlykda görkezmek isledim, hernäçe ony aýyplasam-da peýdasy bolmady. Mamun:

„– Bu wezipä ondan başga hiç kim mynasyp däl. Men onuň hyzmatlaryny köp işlerde synap gördüm, onuň batyrlygyny hem-de adamkärçiligini doly bilýärin – diýdi. Men ahyrsoňy ol wezipä Zeýberini goýmak isleýändigimi we Heýberini bolsa ýalňyşyp aýdanymy oňa aýtdym. Mamun:

„– Hernäçe ýalňyşsaňam, men ol iki adamy gowy tanaýaryn. Bu wezipä Zeýberiden Heýberi has mynasybrakdyr – diýdi.

Gepiň gysgasy, ol Heýberi ikimiziň aramyzda bir işiň bardygyny aňyp:

– Seniň bilen alawynyň arasynda bir zat bar ýalyla? – diýip sorady. Men oňa bolup geçen hemme zatlary aýtdym. Mamun:

– Hudaýtagala onuň geljegini seniň diliňe getiripdir. Sen bolsa onuň tersine hereket edýärsiň, git-de, Müsür welaýatyny oňa tabşyr – diýip buýurdy. Men:

„ – Ol bir derwüş adam, onuň Müsüre gider ýaly ýagdaýy ýok, oňa köp ýaranlar, öý esbaplar we mal-garalar gerek ahyryn – diýdim. Mamun:

„– Ine, bu hem Hudaýtagalanyň seniň diliňe salan sözleridir. Şonuň üçin ol özüni tutýança, oňa ýüz müň dirhem hazynadan alyp beriň – diýip tabşyrdy. Şol wagtyň özünde onuň aýdanlaryny berjaý etdim.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, bir gün möminleriň emiri öz halypalygynyň emeldarlygynyň biri bolan Amr ibn Meselläni Ahmet ibn Abu Halydyň ýanynda ýazgaryp, onuň üstünden şikaýat etdi.

Ahmet ibn Abu Halyt Amr ibn Mesellä bu habary aýtdy. Amr örän gyssanmaçlyk bilen Mamunyň huzuryna girdi. Ol:

„– Men möminleriň emiriniň gözünden düşdüm, onuň gahar-gazabyndan çekinýärin. Men özümi möminleriň emiriniň derejesinden hemişe pesde saýýaryn – diýdi. Mamun:

„– Bu habaryň sebäbi näme, seni beýle howsala düşüripdir? – diýip sorady. Ol Mamun bilen Ahmediň

arasynda bolan gürrüňi oňa jikme-jik beýan etdi. Möminleriň emiri Ahmet ibn Abu Halyt gelýänçä, ony eýdip-beýdip köşeşdirdi. Ol geleninden soňra möminleriň emiri oňa ýüzlenip:

– Men seniň bilen mejlisde oturyp, ýaranlaryň we meniň emeldarlarym barada şikaýat edipdim, haýsy habar mejlisden nädip daşa çykdyka, kim ol habary paş edip, mejlise hormat goýmadyka?! Ony kimiň paş edendigini men güman edýärin – diýdi.

Ahmet:

– Eý, möminleriň emiri bu meselede menden başga hiç kimi aýyplap bolmaz, gürrüňi Amra men ýetirdim – diýip jogap berdi.

Mamun:

– Sen bu işi näme üçin etdiň? – diýip sorady. Ol:

– Möminleriň emirine şükür, döwlet ýolbaşçylaryna nesihat we muhabbet bolmagy üçin bu işleri ýerine ýetirdim. Meniň beýle diýmegimiň sebäbi, döwlet sütünleriniň, emeldarlaryň we beýleki hyzmatkärleriň öňünde, hususan-da, Amr ýaly döwlet sütünlerine degişli adamlara sapak bolmagyny isledim, ýagny möminleriň emiriniň aýdan zatlaryny oňa aýtmasam, Amr möminleriň emirine çyn ýürekden hyzmat etmezdi. Möminleriň emiriniň köňül aýnasyna siňen tozan, Hudaý saklasyn, bir gahara öwrülerdi. Onuň gahary bilen edilen iş bolsa ökünje getirerdi. Şonuň üçin ol ýalňyşlyk goýbermez ýaly bu wakany oňa gürrüň bermegi makul bildim. Ol gürrüňi Amrdan gizlemek onuň janyna howp salardy. Şu bolup geçen

zatdan soň ol hemişe gowy hyzmatda bolar diýip umyt edýärin – diýdi. Mamun:

– Ýagşy iş etdiň, meni şübheli pikirden sapladyň – diýip, olaryň ikisini hem bagyşlady.

### *Abu Apbas Pazl ibn Merwan*

Abu Apbas Pazl ibn Merwan Apbaslylaryň sekizinji halypasy Mugtasym Billäh Ybraýymyň weziri bolupdyr. Käbir taryhlarda ýatlanylyşyna görä, Pazl Merwan akylly we ýiti adam bolupdyr. Onuň mertebesi we hormaty möminleriň emiri Mugtasymyň hyzmatynda gün-günden beýgelipdir. Ol günleriň bir güni möminleriň emiri Mugtasymy öz öýüne myhmançylyga çagyrdy. Mugtasym çakylygyny kabul edip, onuň öýüne bardy. Olaryň duşuşygy beýik we owadan köşkde gurnaldy. Köşk iň gowy halylar, gap-gaçlar we mynasyp zatlar bilen bezelip, aňrybaşy datly tagamlar goýlupdyr. Bu zatlaryň hemmesiniň atlaryny ýatlap geçmek asla mümkin däldi. Haçanda Mugtasym bu zatlary görende, haýran galdy we gabanjaňlyk bilen garnynyň agyrýanlygyny bahana edip, derrew ýerinden turup, gitmek bilen boldy. Pazl haýran galyp, bolan wakany zamananyň ýiti we dana adamlarynyň biri bolan Ybraýym ibn Ishak Muwsyla gürrüň berdi. Ybraýym:

– Saňa berjek maslahatym şulardan ybarat, men saňa hat ýazýançam, sen möminleriň emiriniň ýanynda we onuň hyzmatynda bol! Hat haçanda saňa ýetende,

möminleriň emiriniň ýanynda ol haty okan bol. Möminleriň emiri: «Bu hat näme?» diýip, senden sorar welin, sen bu haty möminleriň emiriniň häkimleri ýazypdyr, ol hatda sizi myhmançylyga çagyran wagtym olardan alan halylarymy we tylladan we kümüşden ýasalan gap-gaçlary yzyna soraýarlar diýersiň» – diýip maslahat berdi.

Pazl dananyň aýdyşy ýaly etdi. Möminleriň emiri öz ýanyndan pikir edip: «Ol gyzyl we kümüş zatlar Pazlyňky däl eken» diýip şatlandy. Pazl hem öz gezeginde şat bolup: «„Gaýdyp onuň bilen beýle gelşiksiz iş etmerin, oda-köze düşmerin» diýip ant içdi.

***Hekaýat***

Pazl ibn Merwan şeýle gürrüň berýär: Möminleriň emiri Mamunyň zamanynda Muhammet ibn Ýezdat Amr ibn Pehlewä töhmet atypdyr. Mamunyň muňa gahary gelip, maňa:

„– Amry tussag edip zyndana taşla, onuň eden işlerini ýekän-ýekän öwren, tä ol özüne amanat bolan oljanyň nirededigini aýdýança, oňa nahar bermän, sorag-ideg et – diýip, berk tabşyrdy. Men:

„– Aýdyşyňyz ýaly ederin – diýip jogap berdim.

Soňra Amry öz ýanym bilen äkidip, öz öýümiň bir otagyny boşadyp, oňa gerekli zatlary berip, Amry onda ýerleşdirdim. Özüm bolsa başga işler bilen meşgul boldum. Amrdan hiç hili sorag edip durmadym, oňa garşylyk hem görkezmedim. Üçünji gün diýlende, Amr

meniň ýanyma bir adamy iberip, öz ýanyna gelmegimi haýyş etdi. Haçanda men onuň ýanyna baranymda, ol özüniň mallaryny, mülk ýerlerini, halylaryny, gallalaryny, tylla-göwherlerini hazyna tabşyrýandygyny aýtdy. Muňa kepillik berýän haty maňa berdi. Umumy bahasy ýigrimi müň dirhem bolan nusgany maňa berip, bu zatlaryň hemmesini halal ýol bilen gazanandygyny möminleriň emirine aýtmagymy haýyş etdi. Men:

„– Arkaýyn bol, möminleriň emiri seniň mal-mülküňi, nygmatyňy eliňden almakdan has adyldyr. Ol senden razy bolar – diýdim.

Amr:

„– Möminleriň emiri seniň aýdyşyň ýaly beýik adamdyr, emma ikimiziň aramyzdaky gürrüňleri ýalançy we töhmetçi adam eşitse, möminleriň emiri olaryň gürrüňlerine ynanar. Möminleriň emiri meniň işimi saňa berk tabşyran bolsa-da, meni näçe çetleşdirmek islese-de, sen meni hoşal etdiň – diýdi.

Men hernäçe möminleriň emiriniň adyllygyny gazanyp bilsem, öz razylygymy hasyl ederin diýip, onuň beren hatyndaky zatlary azaldyp, on müň-müň (million) dirheme getirip, möminleriň emiriniň razylygyny almak üçin, on müň-müň (million) ýazylan haty alyp, Mamunyň huzuryna gitdim.

Muhammet ibn Ýezdat menden öňürti Mamunyň ýanyna baryp, meni günäkärläp, Mamuny gazaba mündürip oturan eken. Men olar gürrüň edip otyrkalar gapydan girdim. Olar meniň gapydan girenimi görüp,

gürrüňlerini bes etdiler. Mamun maňa seredip şeýle diýdi:

„– Eý, Pazl, sen biziň bilen oýun etjek bolýarsyňmy?! Men:

– Siziň bendäňiz, size boýun egýärin – diýip jogap berdim. Ol:

„– Men saňa Amry tutup, berk gynap sorag et diýdim, sen bolsa oňa hormat goýup, öz öýüňden orun beripsiň – diýdi. Men:

– Eý, möminleriň emiri, men onuň mal-mülküni hasaba almaly boldum, ýalňyşmazlyk üçin, ony başga ýerde saklamagy makul bilmedim hem-de ol gaçyp gitmez ýaly we zatlarynyň ogurlanmazlygy üçin, öz ynamdar adamlarymy gözegçilik etmäge goýdum – diýip jogap berdim.

Her gezek ony köşeşdirmek üçin, sözümiň arasynda ötünç soradym. Şol wagt Mamun gaharly bolandygy üçin, ýanymdaky haty oňa görkezmedim. Ol gahar bilen:

– Amry Muhammet ibn Zeýde gowşur – diýdi.

Men derrew bir adamy ugradyp, ony Muhammet ibn Zeýde tabşyrdym. Muhammet Zeýt ondan bir zatlar almak üçin, ony dürli ezúetler bilen gynapdyr, emma Amrdan hiç hili kanagatlanarly jogap alyp bilmändir. Haçanda Amryň ýaranlary hem-de welaýat häkimleri üç müň-müň (million) dirhemi Muhammet Zeýde berenlerinde, ol Amry gynamasyny bes edipdir. Şondan soň Muhammet Zeýt şat bolup, Mamunyň ýanyna baryp: «Amrdan üç müň-müň (million) dirhem

almagy başardym» diýip habar berdi. Şol wagt men Mamunyň huzuryndadym. Ol:

– Käbir adamlar maýa oljalaryny almagy başarmaýarlar we näçe perman berilse-de, ýerine ýetirmeýärler – diýdi. Men:

– Maýa oljalaryny almak üçin, möminleriň emiriniň hormatyna käbir adamlardan köpräk iş eden bolsam gerek – diýip jogap berdim. Ol:

– Ynha, Amryň üç müň-müň (million) dirhem berýändigi barada ýazylan kagyzy – diýip görkezdi. Men ol haty görüp, şeýle diýdim:

„– Men sypaýyçylyk etmekde beýlekilerden biraz tapawutlanýandygymy möminleriň emirine habar bermek isleýärin– diýdim.

Soňra Amryň ýigrimi müň-müň (million) dirhem tabşyrandygy baradaky hatyny hem-de on müň-müň (million) dirhem ýazylan haty beýleki möminleriň emiriniň öňünde goýup, hemme bolan zatlary başdan aýagyna çenli gürrüň berdim. Möminleriň emiri hatdaky ýazgyny görende, hatlaryň ikisiniň hem Amryň ýazgysydygyny bildi.

Mamun:

„– Men siziň ikiňize hem geň galýaryn. Sen Amry öz at-abraýyňdan we wezipäňden eziz gördüň. Çykgynsyz ýagdaýda ony goradyň. Amr bolsa seniň ýagşylygyňy görüp, öz bütin mal-mülküni saňa aýan etdi. Şeýle uly baýlygy saňa ynandy. Siziň ikiňiz[1] hem

[1] Bu ýerde Pazl we Amr göz öňünde tutulýar.

ýagşylyk etmekde menden geçmersiňiz. Men ol pullary Amra bagş etdim. Derrew ony boşadyň – diýdi.

### *Ahmet ibn Ammar*

Ahmet ibn Ammar Pazl ibn Merwandan soň, Mugtasym Billähiň weziri boldy.[1]

### *Muhammet ibn Abdylmälik Zeýýat*

Muhammet ibn Abdylmälik Zeýýat Ahmet ibn Ammardan soň, Mugtasymyň weziri we Apbaslylaryň dokuzynjy halypasy Wasyk Billähiň weziri boldy. Muhammet ibn Abdylmälik örän gazaply we gaharjaň adam bolupdyr. Ol köp sanly beýik we meşhur adamlary, halypalygyň häkimlerini, şeýle-de döwrüň güýçli adamlaryny tussag etdirdi.

Süleýman ibn Wehip şeýle gürrüň berýär:

Men, Ibn Hesip we halypalygyň häkimleriniň köpüsi Muhammet Abdylmäligiň zyndanynda tussaglykda bolduk. Ol bizi Wasyk halypanyň iň ahyrky gününe çenli tussaglykda saklady. Biz halas bolmakdan umytsyz galypdyk. Möminleriň emiri Wasyk şol wagtlarda agyr ýatyrdy. Ahmet ibn Abu Dawut Faty Wasygyň ýanyna saglygyny soramaga barypdyr.

[1] Bu ýerde wezir barada bir sözlem beýan edilýär. Başga hiç hili maglumatlar görkezilmändir.

Wasyk:

– Eý, Abu Abdylla, dünýä we ahyrúet – bularyň ikisi-de menden geçdi, men öz döwrümde ahyrúeti elden berdim. Bu dünýä maňa wepa görkezmedi – diýdi.

Ahmet ibn Dawut:

– Eý, möminleriň emiri, bütinleý beýle bolmasyn, Hudaý saklasyn! – diýip jogap berdi.

Wasyk:

„– Hawa, dünúe geçdi, ajal ýakyn geldi. Men öňki eden işlerim bilen ahyreti elden berdim. Maňa peýdaly maslahatyň ýa-da dowaň bolsa gaýgyrma – diýdi.

Ahmet Dawut:

– Eý, möminleriň emiri, Muhammet Abdylmälik birnäçe ýokary wezipeli adamlary we hekimleri bendi etdi. Olaryň mal-mülklerine eýe çykdy. Bendi edilen adamlar örän köp. Şonuň üçin birnäçe müň adam, ýagny olaryň aýallary, oglan-uşaklary, kowum-garyndaşlary we dost-ýarlary Hudaýdan size bet doga dileýärler. Eger-de siz olary boşatsaňyz, size bet doga edip ýören birnäçe ynsan haýyr dogasyny edip, Hudaýdan möminleriň emirine alkyş dilärler–diýdi.

Wasyk:

– Dogry aýdýarsyň, olary bendilikden boşatmak hakdaky buýrugy men size dil bilen aýdaýyn, sen bolsa ýazga geçir – diýdi.

Ahmet Dawut:

– Eger-de Muhammet Abdylmälik meniň ýazgymy göräýse, ynanmazlyk edip, boýun egmez. Eger-de bu

hat möminleriň emiriniň mübärek gollary bilen ýazylsa, onda bu biziň üçin dereje, siziň üçin bolsa sogap bolar – diýdi.

Soňra möminleriň emiri ellerini saňňyldadyp, hat ýazdy. Ol haty döwlet emeldarlaryň birine berip:

– Haty Muhammet Abdylmälige gowşur we ol nirede bolsa, halypanyň aýdanlaryny özüne borç bilip, ýerine ýetirsin. Eger ony ýolda görseň, yzyňa dolanman, özüň bilen alyp git – diýip tabşyrdy.

Ol emeldar derrew atlandy we Muhammet Abdylmälige ýolda duş geldi.

Ol:

– Atdan düşmän ýola düş, halypa size iş tabşyrdy – diýdi.

Muhammet Abdylmälik:

– Bu gürrüň eýgilikmikä? – diýip, ýola rowana boldy. Ol adam ýolda oňa hemme zatlary gürrüň berdi.

Muhammet Abdylmälik emeldaryň aýdan gürrüňlerini kabul etmän:

– Eger-de men olary azat etsem, mal-mülki nireden alaýyn? – diýdi.

Ol adam:

– Elbetde, başga çäre ýok – diýip jogap berdi.

Muhammet Abdylmälik:

– Men halypanyň ýanyna gidip, maslahat etmeli boljak – diýdi.

Ol emeldar:

– Rugsat ýok –diýip jogap berdi.

Şeýdip, ol emeldar tä tussag bendiler boşaýança, weziriň ýanyndan aýrylmady. Şeýlelikde, hemme bendiler azat boldular.

## *Musa ibn Abdylmälik*

Musa ibn Abdylmälik Apbaslylaryň onunjy halypasy möminleriň emiri Mütewekkel Japar ibn Mugtasymyň weziri bolupdyr. Musa ibn Abdylmälik akyldar, dana we ýiti paýhasly adam bolupdyr. Ol öz öýi üçin patyşanyň gaznasyndan ep-esli derejede karz pul alypdyr we ol puly wagtynda töläp bilmändir. Möminleriň emiri onuň karz alan kümüşdir tyllalaryny bir günüň dowamynda yzyna getirmegi, şeýle-de olary getirmedik ýagdaýynda onuň abraýdan we hormatdan gaçjakdygy barada perman kabul edipdir. Permany Atap atly öz serkerdeleriniň birine Musa ýetirmegi buýurýar.

Atap heniz Musanyň ýanyna barmanka, bu habar Musanyň gulagyna ýetdi. Musa ol karz alan pullaryny tapmak üçin aladalanyp başlady. Atabyň gelenine bir sagat boldy. Musa öz otagynda otyrdy. Iki garawul hem nobatma-nobat Musany goraýardylar. Şol wagt Musa uly göwrümli hat ýazyp otyrdy. Atap gapydan girip, baş egdi we ýazylan permany Musanyň galamdanynyň üstünde goýup, gyra çekilip otyrdy.

Şol wagt Musa birnäçe sagat hat bilen meşgul bolupdy. Hişhananyň[1] içiniň howasynyň salkynlygy Atabyň ukusyny getirdi. Musa galamdanynyň üstünde goýlan permany alyp gizledi. Atap oýanyp, ýene-de uka gitdi. Haçanda howanyň yssysy gaýdyşanda, Atap ukudan oýanyp:

„– Men bir iş bilen geldim, siz näme üçin habarymy almaýarsyňyz? Şol özüňizi kitaba berip otyrsyňyz?! – diýdi.

Musa:

– Ol nähili iş bilen geldiňiz? – diýip sorady.

Ol:

– Perman getirdim – diýip jogap berdi.

Musa:

– Ol nirede, hany? – diýip sorady.

Ol:

– Men şu ýerde goýupdym – diýip jogap berdi.

Musa:

– Sen düýş gören bolaýma, ol nähili perman we ony kime getirdiň? – diýip sorady.

Atap:

– Permany ogurlapdyrlar, eý, ýaranlar, şaýat boluň – diýip gygyrmaga başlady.

Musa:

[1] Hişhana – gamyşdan ýa-da otlardan ýasalan öý. Ol howa yssy wagty salkyn bolýar.

– Eý ýaranlar, şaýat boluň, ol ýalan sözleýär, eger-de perman onuň ýanynda bolan bolsa-da, ony ýolda gaçyrandyr – diýdi.

Atabyň hiç hili çäresi bolman, Abdylla Ýahýa Hakanyň ýanyna baryp, bolan ýagdaýy oňa doly gürrüň berdi. Abdylla Mütewekkeliň ýanyna baryp, gatydan gülüp:

– Ataby oýnapdyrlar – diýip aýtdy. Soňra Mütewekkel Musany öz huzuryna çagyryp, şeýle diýdi:

– Sen meniň permanymy görmediňmi? – diýip sorady.

Musa:

„– Eý möminleriň emiri, puluň ýarysyny jemledim, ony häziriň özünde hazyna tabşyraryn. Atap möminleriň emiriniň permanyny meniň öňümde goýdy, ýöne maňa hiç zat diýmedi. Ondan soň «Ol permany meniň galamdanymyň üstünden alyň» diýip, öz hyzmatkärlerimiň birine tabşyrdym – diýdi.

Mütewekkel bu bolup-geçen wakany eşidip, gülüp:

– Men seniň hakyky iş başarýandygyňa güwä geçýärin – diýdi.

Ol şu wakadan soň meşhur boldy.

## *Ahmet ibn Hasyp Kazy*

Ahmet ibn Hasyp Kazy Apbaslylaryň on birinji halypasy Muntasyr Billä Muhammet ibn Mütewekkeliň weziri bolupdyr.

Ahmet ibn al Hasyp örän rehimdar we adamkärçilikli adam bolupdyr. Ol Muntasyryň ýanynda uly abraýa eýe bolýar. Bir gün döwrüň şahyrlarynyň biri Muntasyry goşgy bilen wasp edýär. Muntasyr oňa bäş ýüz dirhem sowgat berýär. Ahmet Hasyp:

– Şahyryň diline we galamyna müň dirhemden az sowgat bermeklik patyşanyň iň pazylatly we beýik işleriniň sahawatly ahlagyna degmeýär – diýdi.

Muntasyr:

– Eý, Ahmet, meniň atam möminleriň emiri Mäti şahyrlara segsen müň dirhem sowgat beripdir. Onuň kakasy Mansur on alty müň dirhem sowgat beripdir. Soňra onuň öwgüsi şol derejede gowy däl diýip, yzyna alypdyr – diýdi.

Ahmet:

„– Şeýle bolupdyr, emma Mäti ol puly gizlinlik bilen şahyra iberipdir. Mätiniň şahyr diýip hormatlan şahyry şu gün möminleriň emirini öwen hem-de taryplan şahyryň atasydyr. Dowanyk lakamly halypa Abu Japar Mansur ol şahyra on alty müň dirhem beripdir, emma möminleriň emiri özüniň bütin sahylygy bilen şahyra bäş ýüz dirhem berdi – diýýär.

Muntasyr utanyp:

„– Biz bäş müň dirhem bermeli edipdik, ýöne Kafur gullukçy ýalňyş düşünipdir – diýdi.

Wezir:

— Asyl şeýledir-le, möminleriň emiriniň şolar ýaly iş etmejegini bilýärdim – diýip jogap berdi.

Muntasyr bu sözleri eşiden soň, oňa halat ýapdy. Halypa şundan soň öz işlerini bu weziriň maslahatyna görä ýerine ýetirdi.

### *Muhammet ibn Abu Şawaryp Bagdady*

Muhammet ibn Abu Şawaryp Bagdady ilki Apbaslylaryň on ikinji halypasy Mutasyn Ahmet ibn Muntasyryň weziri bolupdyr. Mugtaz Apbaslylaryň on üçünji halypasy bolupdyr. Apbaslylaryň on dördünji halypasy Muhtady Muhammet ibn Wasyk bolupdyr. Taryhlara ser salanymyzda, onuň weziriniň kim bolandygy barada hiç hili maglumat tapmadyk. Onuň halypalyk döwri on bir aý bolýar.

### *Süleýman ibn Wehep*

Süleýman ibn Wehep Mugtamyt Billäh Ahmet ibn Mütewekkeliň weziri bolupdyr. Mugtamyt Apbaslylaryň on bäşinji halypasy bolupdyr. Ol örän dana, akylly we ýiti zehinli adam bolupdyr.

#### *Hekaýat*

«Kynçylyklardan soňky şatlyk» atly kitapda aýdylyşyna görä, Muhammet ibn Seýit Ýary şeýle diýipdir:

Süleýman Wehep Mugtamydyň elinden tussag edilmän we jerime salynman, wezirlige ýetdi. Men

onuň kätibidim. Bir gün ol maňa «Hat ýaz» diýip tabşyrdy. Men onuň görkezmesi boýunça häkimlere nama ýazdym. Ol hatlar Süleýmana ýapylan töhmediň hem-de onuň gadymky günäsiniň geçilendigi baradaky möminleriň emiriniň permanydy.

Men haty ýazyp, oňa berenimde, ol «aldaw» diýen sözüň üstüni çyzdy.

Soňra:

„– Sen bu hatyň mazmunyna doly düşünmeýärsiň, meniň boş wagtym ýatlatsaň, «aldaw» sözüniň gelip çykyşyny düşündireýin – diýdi.

Men hatlary doly ýazyp gutaranymdan soň, onuň eliniň boşrakdygyny görüp, «aldaw» sözüniň gelip-çykyşyny soradym. Ol:

„– Wasyk Billäh meni we Ahmet Hasyby günäkärläp, gahary gelip, birnäçe wagt zyndanda saklady. Käbir adamlar bizi Wasyga ýamanlapdylar. Men Ahmet Hasyba ýüzlenip:

– Bizi Wasyk öz huzuryna çagyrýar. Ol ilki bize sögüp, bizi günäkärlikde aýyplar. Soňra bolsa boşadar diýip pikir edýärin. Men seniň sabyrsyzdygyňy bilýärin. Şonuň üçin sen meniň aýdyşym ýaly et. Ol gepläp başlanda onuň gahary köşeşýänçä, azat bolmakdan mahrum bolmaz ýaly, sen agzyňy ýumup, diliňi dişleriň aňyrsynda saklamaly bolarsyň – diýip berk tabşyrdym.

Ol:

– Ýok – diýip, meniň aýdan teklibimi kabul etmedi.

Men:

– Biz hökman dymyp oturmalydyrys. Biz malymyzy, özümizi we wezipämizi halas etmelidiris. Tä patyşanyň mähri artýança, onuň gürrüňini bölmeli däldiris. Maňa gulak as-da, geplemän oturgyn – diýip, ony razy etdim.

Ol:

– Seniň aýdyşyň ýaly ederin – diýip jogap berdi. Haçanda biz Wasygyň bolýan ýerine ýetenimizde, ol dişlerini miswak bilen arassalap otyr eken. Onuň öňüne altyndan legeni goýup, altyn kündük bilen onuň ellerine suw akydýardylar. Uzynlygy üç gez bolan miswak onuň elindedi. Ol bizi görende:

– Men size hemişe ýagşylyk etdim. Siz bolsa meniň nygmatymy depelediňiz – diýdi.

Men Ahmet ibn Hasyba näçe maslahat bersem-de, ol Wasyk heniz sözüni soňlamanka, saklanyp bilmän gygyryp:

– Hudaý saklasyn, eý möminleriň emiri, biz barada size ýetirilen maglumatlaryň hemmesi ýalan, sizi aldapdyrlar – diýdi.

Wasyk:

— Seniň ýaly nadany aldan bolaýmasynlar – diýip jogap berdi.

Men gözlerim bilen oňa yşarat etdim. Ol sözüni bes etdi. Wasyk bolsa sözüni dowam edip, biziň üstümize minnet baryny ýagdyrdy. Biziň günälerimizi ulaltdy. Ahmet ýene-de saklanyp bilmän, Wasyk heniz sözüni tamamlamanka, sözüň ortasyna girip:

– Size näme aýdan bolsalar, ýalan aýdypdyrlar. Möminleriň emirini aldapdyrlar – diýdi.

Wasyk ýene-de:

– Eý nadan, seniň ýaly akmagy aldapdyrlar – diýdi. Men ýene-de gözüm bilen yşarat etdim. Ol sesini kesdi. Wasyk bolsa öz gürrüňini dowam etdirdi, emma Ahmet ýene-de saklanyp bilmän, özüni aklap:

— Sizi aldapdyrlar – diýdi.

Wasyk bu sözleri eşidensoň, şeýle bir gahar-gazaba münüp, gözleri edil hanasyndan çykaýjak bolup, Ahmede iň aňrybaşy hapa sözleri aýdyp, miswagy onuň ýüzüne aýlap saldy. Eger-de miswak däl-de başga zat bolan bolsa, Ahmet agyr ýagdaýa duçar bolup, onuň gözlerini we ýüzlerini weýran ederdi. Wasyk:

– Ony derrew köşkden çykaryň – diýip öz hyzmatkärlerine buýruk berdi. Men haýran galmakdan ýaňa, näme etjegimi bilmän galdym. Içimi gepledip: «Eger-de bu ýerde dursam, ol maňa bularyň ikisiniň hem niýeti bir, olaryň birini daşary çykardyk, emma bu näme üçin bu ýerde dur, äkidiň diýer. Eger-de ýöräp ugrasam, onda biziň ikimizi hem zyndana taşlap, ölüme sezewar eder» diýip güman etdim. Soňra özüme bäs gelip, onuň öňünden ýuwaş-ýuwaşdan ýöräp ugradym. Haçanda ol meniň ýuwaşlyk bilen ýöräp barýandygymy görüp:

– Eý, Süleýman, ýeriňden gymyldama, sen hem öz eden günäleriňi inkär edýärmiň? – diýdi.

Men:

– Eý, möminleriň emiri, men öz eden günälerimi boýnuma alýaryn. Häzir hem näme jeza berseňiz, men taýýar, ýöne meniň möminleriň emiriniň keremine we ýagşylygyna umydym bar – diýdim. Men onuň ýanynda öz halymdan naladym we özümiň biçäre halda galandygymy duýdurdym. Ol:

– Seniň günäleriňi geçýärin – diýdi. Men şol wagt zemini öpüp, Asmana doga-sena aýtdym. Ol:

– Halat ýapyň, goý, ol öz öýüne hormat bilen gaýtsyn, özem her gün köşge gelip, halypanyň hyzmatynda bolsun – diýip tabşyrdy. Men yzyma dolanjak wagtym, ol maňa:

– Nadanlyk bilen meniň gaharymy getiren ol adamy hem bagyşlaýaryn – diýdi. Soňra:

– Oňa-da egin-eşik geýdirip, hormat bilen boşadyň – diýip, maňa tabşyrdy.

Men köşkden daşyna çykanymda, Ahmet köşgüň dälizleriniň birinde duran eken. Men hyzmatkärlere:

– Bir mejlisde halypanyň sözüni üç gezek inkär eden adam şu dünýäde barmyka, oňa halat ýapyp goýberiň – diýip, tabşyryk berdim.

Şol wagtdan bäri «aldaw» sözi hiç haçan meniň ýadymdan çykanok.

### *Hekaýat*

Günleriň bir güni Süleýman ibn Wehep diwanda otyrdy. Ahmet ibn Abu Halyt Zirefi Kätip onuň ýanyna

geldi. Süleýman oňa hormat goýup, ýerinden turup emeldarlaryň arasyndan orun berdi.

Ol ýerinden turup, yzyna dolanmak islände, Süleýman öz hyzmatkärlerine: «Ony ugradyň» diýip buýruk berdi. Mejlisde oturan adamlar geň galyp, onuň bu tagzymyny goldamadylar. Öň hiç wagt diwanda bular ýaly wakalar bolup geçmändi. Süleýman hemmelere göz aýlady-da, ýüzüni öz ogly Abdylla tarap öwrüp: «Mejlisiň adamlary dagan wagty, ol adama goýan hormatymyň sebäbini menden sora, men saňa hemme wakany aýdyp bereýin» diýdi.

Adamlar öýli-öýlerine gaýtdylar. Ataly-ogul bolsa nahar iýmäge oturdylar. Abdylla ýüzüni kakasyna tarap öwrüp:

– Kaka nahar iýip otyrkak, ýaňky bolan waka ünsüňizi çeksem bolarmy? – diýip sorady.

Süleýman:

„– Sen we mejlisdäki adamlar maňa müňkür bolduňyz– diýdi.

Abdylla:

– Hawa – diýip jogap berdi.

Süleýman şeýle gürrüň berdi:

„– Ol adam birnäçe wagtlap Müsüriň hojalyk işleriniň dolandyryjysy wezipesinde işledi. Ony pul işlerindäki kemçilik sebäpli işden boşatdylar. Müsüriň işlerini bolsa maňa tabşyrdylar. Men Müsüre baranymda, onuň alyp baran käri we ýagdaýy bilen doly tanyşdym. Onuň ol diýardaky at-abraýyna haýran galdym. Ony hemmeler öwýärler, onuň goşunlary we

leşgerleri ondan razy eken. Çaparlaryň baştutany Hadym Arafeddin onuň bilen dost eken. Men onuň pullaryny yzyna almak üçin, hernäçe oňa garşy dursam-da, hiç hili peýda bermedi. Hiç zat başaryp bilmedim. Ol geçen ýylyň hasabatyny hem möminleriň emiriniň diwanyna geçirmändir. Ýylyň ahyrynda onuň geçirmedik hasabatyny maňa berdiler. Men onuň eden çykdajylary ýapmak üçin, iki ýylyň girdejisinden alyp tölemeli etdim. Bu iki ýylyň töleg hasaby her bir ýyl üçin ýüz müň dinardan düşýärdi. Ol meniň teklibim bilen ylalaşmady. Men onuň bilen gödek gürleşsem-de, ahyrsoňy her ýyla elli müň dinar tölemeli etdim. Emma ol kabul etmän:

– Men özüme hyýanat etmeýärin, beýleki adamlara-da hyýanat etmek islemeýärin. Men öz ýaşaýşymy dogruçyllykda geçirmek isleýärin – diýipdi.

Şondan soň men ony tussag etdirdim. Ol birnäçe wagt zyndanda bolsa-da, meniň aýdanlarymy kabul etmedi.

Çaparlaryň başlygy Hadym Arafeddin Mütewekkele hat ýazypdyr. Ol hatyň mazmuny şulardan ybarat: «Müsüriň mal-gullaryny we azyk gorlaryny Süleýmana ynanmak bolmaz. Ahmet ibn Halyt dogruçyl we güýçli adam. Raýatlar ondan razy».

Men bolsa bu hatdan bihabardym. Günleriň bir güni Ahmet ibn Halydyň ýazan hatyny maňa getirdiler. Ol hatynda: «Möhüm işim bar» diýip, özüni kabul etmegimi haýyş edipdir. Men ol zyndanda heläk bolar, ejizlär diýip pikir etmeýärdim. Haçanda men nahar iýip

bolamsoň, ony öz ýanyma çagyrdym. Tussag ýanyma gelende, ikiçäk bolmak isledi. Men: «Bizi ikiçäk galdyryň» diýip buýurdym. Ol:

– Eý, beýik ynsan, döwlet menden geçip barýar, maňa rehimiň insin, çünki, biziň aramyzda hiç haçan duşmançylyk we kine bolmandy. Bu muşakgatlary maňa rowa görme. Sizden näme islesem kabul ediň – diýdi.

Ol bu gürrüňleri meni aldamak üçin edýändir diýip pikir etdim we gaharym gelip, oňa agzyma gelenini diýdim. Soňra men:

– «Seniň möhüm işim bar» diýip ýazanyň şumy, meni masgaralajak bolýarmyň? – diýdim. Ol:

– Eý emir, elbetde, meniň haýyşym siziň ýanyňyzda kabul bolmaz, ýöne hernäçe diýseňiz hem çäräňiz bolmaz – diýdi. Men:

– Ýok, men saňa kömek etmeli bolaryn – diýdim.

Ol:

– Bu haty oka – diýip maňa berdi. Men ol haty onuň elinden aldym. Hatyň ýazgysyndan onuň halypa Mütewekkeliň hatydygyny tanadym. Mütewekkel meni wezipeden boşadyp, Ahmet Abu Halyda tabşyrmagy buýrupdyr. Meni wezipämden aýrypdyr. Ol mendäki bar bolan zatlary hasabat geçirip, Ahmede tabşyrmaly edipdir.

Men bu erbet wakadan gamgyn bolup, biraz wagt öň üstüne gygyryp duran adamymyň öňünde peseldim. «Ol adam indi meniň üstümden höküm sürer, meniň halym nähili bolar?» diýip, gamgyn boldum. Şol wagt

şäheriň emiri öz ýaranlary bilen meniň ýanyma geldiler. Olar meniň hemme ýaranlarymy, kätiplerimi, gullukçylarmy hem-de maşgalamy ele salyp, köşgi we hazynany möhürlediler. Men bu ýagdaýlara gynanyp, utanç bilen öz ornumdan pese düşdüm. Şeýdip, men dyza çöküp, Ahmediň ýanyna bardym. Şäheriň emiri esgerleri getirip, Ahmede dakylan elbagy aýyrdy we meniň aýagyma dakjak boldular. Emma Ahmet ony goldamady we ýerinden turup:

– Eý, Eýýup, seniň bu şäherde öýüň, ýakyn garyndaşlaryň we dostlaryň ýok, meniň bolsa ýanymda maşgalam we gullukçylarym köp. Şonuň üçin sen şu köşkde galyber. Men bolsa başga ýerden öý taparyn – diýdi-de, daşary çykdy.

Ol meniň ynamdar adamlarymy we hyzmatkärlerimi boşatdy. Köşgüň möhürini aýyrdylar. Kätipleri, wekilleri we hasapçylary özleri bilen äkitdiler. Olar gideninden soň köşk boşap galdy. Haçanda men ýatjak bolanymda, öz ýanymdaky adamlara ýüzlenip:

– Hyzmatkärlerden kimdir birini biziň daşymyzda goýup giden bolaýmasynlar – diýdim. Olar:

– Hiç kim ýok – diýip jogap berdiler.

Men muňa haýran galdym. Heniz namazymy okap gutarmankam, meniň ähli kätiplerim we ynamdar adamlarym ýanyma gelip:

– Ol biziň her birimiz bilen hasaplaşyk geçendigimiz barada hat aldy. Soňra bolsa bu adamlary goýberiň diýip tabşyryk berdi – diýdiler.

Men bu bolan zatlara geň galdym. Ol säher bilen meniň ýanyma salamlaşmaga geldi. Men bolsa şol günüň agşam namaz wagty onuň ýanyna bardym. Ol säher bilen meniň ýanyma gelse, men agşam onuň ýanyna gidýärdim. Şu düzgün bir aýlap dowam etdi. Şeýle-de her gün datly tagamlar, dürli miweler, towuklar, balyklar we toklular yzly-yzyna gelip ýetýärdi. Günümiz şu tertipde geçýärdi. Bir gün ol maňa:

– Eý, Eýýup, aşyk bolan Müsüriňde ne gowy howa bar, ne özüňe çekiji sähra, ne gowy suw, ne-de gowy topragy bar. Eger-de sen Müsürde bolmak bilen wezipä ýa-da mal mülke eýe bolmak isleseň, onda bu ýeriň nähoşluklary bilen öwrenişmeli bolarsyň. Eger-de sen halypalygyň hyzmatynda bolmak isleseň, beýik wezipä, ýokary orna eýe bolmak isleseň, gysga wagtyň içinde seniň üçin bu işleri ýerine ýetirerler – diýdi.

Men:

– Meniň şu wagtky orunym we öýüm siziň hökümiňiz hem-de permanyňyz astynda boldy. Eger-de siz rugsat berseňiz, yzyma dolanaýyn – diýip jogap berdim.

Ol:

– Bolýar, sen kätibiň ýanyna bar, goý, ol saňa şäheriň hasabatyny maňa tabşyrdy diýip hat bersin, soňra Hudaý seniň ýaranyň bolsun – diýdi.

Men kätipden onuň aýdyşy ýaly hat aldym. Soňra ol haty Ahmede gowşurdym. Şol günüň ertesi bolsa şäherden çykdym. Meni Ahmet, şäheriň emiri, kazy we

Müsüriň beýleki wezipeli adamlary şäheriň daşyna çenli ugratdylar. Şonda Ahmet Abu Halyt maňa:

– Sen şäheriň bäş parsaň ýolundaky öýde saklan, men seniň ýanyňa birnäçe adam goşup goýbereýin, olar seniň hyzmatyňda bolarlar – diýdi.

Men bu sözleri eşidenimden soň, tolgunyp, perişan hala düşdüm we öz ýanymdan şeýle diýip pikir etdim: «Ol meni aldap şäheriň daşyna çykarýar, hemme zatlarymy özüm bilen äkitmäge rugsat berýär, soňra meni ýene-de esgerleriň eline berip, tussag etdirer. Aramyzda bolan alyş-berşi derňeşdirip, hasabat geçirer we hemme zat aýdyşym ýaly bolar».

Şeýlelikde, men onuň aýdan ýerinde düşledim. Ykbalymy onuň bilen duşuşyga tabşyryp, bir belanyň ýüze çykmagyna garaşyp otyrdym. Şol wagt bir topar esgerler Müsürden çykyp, biziň ýanymyza ýöneldiler. Men hyzmatkärlere ýüzlenip:

– Esgerler bizi tussag etmäge gelýär, taýýar boluň. Kimleriň gelýändigini anyklaň – diýdim. Hyzmatkärler:

– Ahmet Abu Halyt gelýär – diýip jogap berdiler. Men öýden çykyp, ony garşyladym, onuň bilen salamlaşdym. Ol atdan düşüp:

– Öýi boşatsynlar – diýdi. Men onuň aýtjak zadynyň möhüm meseledigi üçin, «Öýi boşadyň» diýdim. Öýüň içindäki adamlar daşyna çykanda, men onuň bilen ikiçäk galdym. Ol:

– Sen Müsüri köp wagtlap dolandyryp bilmediň. Seniň hatlaryň köpüsi maňa peýda getirmedi, öz

döwrüňde maňa köp žerime saldyň, men bolsa seniň teklipleriňi kabul etmedim. Häzir bolsa seniň Müsürden daşary çykmagyňa razy boldum. Şol günden häzirki güne çenli seniň teklipleriň hakda oýlanyp, käbir ýagdaýlara duş geldim, ýagny çykdaýjylary hasaplan mahalym her ýyl üçin on bäş müň dinar tapawut etdi. Iki ýyl boýunça otuz müň dinar boldy. Bu möçber örän dogry bolup çykdy. Bu ýerde uly tapawut görmedim. Men şol otuz müň dinary toplap getirdim. Ol dinarlar gatyrlaryň üstündedir, haýyş edýärin, olary kabul et – diýdi. Men olary kabul etdim hem-de onuň ellerini öpüp:

– Seniň ol eden işleriň geçdi – diýdim. Ol öz eden işlerini näletläp, meniň el-aýaklarymy öpüp:

– Meniň sizden ýene bir haýyşym bar, ol haýyşy hem kabul etmegiňizi sizden soraýaryn – diýdi.

Men:

– Ol näme? – diýip soradym. Ol:

– Bäş müň dinar, bu dinarlary menden kabul etmegiňizi haýyş edýärin – diýdi.

Men:

– Kabul etmerin, kabul etmek hem islemeýärin diýdim, emma ol günüme goýman, «Kabul et diýip» köp özelenip haýyş etdi. Şonuň üçin men ol dinarlary hem kabul etdim. Ol:

– Sen möminleriň emiriniň ýurduna gidip barýarsyň. Diwanyň kätipleri möminleriň emiriniň hyzmatynda gezip ýören ýolbaşçylar senden sowgat islärler we Müsür welaýatynyň işleri barada sorarlar –

diýip, birnäçe zatlaryň sanawy düzülen kagyzy getirdi. Ol kagyzda sowgatlaryň birnäçe görnüşleri – egin-eşikler, mal-garalar, gullar we gymmat bahaly ýokary hilli halylar ýazylypdyr. Ol hatdaky hemme zatlaryň umumy bahasy on müň dinardan köpdür. Men olaryň hemmesini kabul edip aldym. Oňa bolsa köp-köp sag bolsun aýtdym. Soňra ol:

– Men gymmatbaha halylaryň aşygy däl, seniň üçin öýde geýer ýaly sada egin-eşik buýurdym. Ol eşikler şeýle bir owadan bolup, onuň dört ýerinde haly we palas gölleri ýerleşdirilendir. Bu eşiklere bäş müň dinar sarp edildi, emma on müň dinara-da olar ýaly zat tapdyrmasa gerek. Eger-de sen ony wezire berseň, emeldar bolarsyň. Eger-de sen ony halypa berseň, mülk eýesi bolarsyň. Eger sen özüň üçin alsaň, onda owadan bolarsyň – diýdi. Soňra ol zatlary gowşuryň diýip buýurdy. Men:

– Men hiç wagt bular ýaly eşik görmändim we hiç wagt geýmändim. Ony diňe seniň doglan günüňde geýdim. Ol häzir hem täzeligine dur. Eý, oglum, şeýle adam üçin ýerimden turup, baş egenim üçin maňa minnet edýärsiňiz.

Abdylla:

– Ýok, Hudaý saklasyn, ol adam bu hormata mynasyp adam eken – diýip jogap berdi.

Mundan soň Süleýman hiç haçan ony wezipesinden daşlaşdyrmady. Onuň üçin hemme ýagşylyklary berjaý etdi. Ol hemişe:

– Ahmet ibn Abu Halyt bize ýagşylyk etmegi öwretdi – diýerdi.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, haçanda Süleýman Wehep wezir bolanda, häkimler onuň ýanyna geldiler. Süleýman olaryň her birine iş, wezipe berdi. Ol häkimler welaýatlara ugrandan soň, ýene-de bir adam wezipe maksady bilen weziriň ýanyna geldi. Ol adam uly hormata eýe bolan meşhur kätip eken. Ol weziriň huzuryna gelip, wezipe sorady we hoşlaşmak islände, oňa:

– Men siziň gulagyňyza bir zat aýtmak isleýärin – diýdi.

Wezir oňa rugsat berdi. Ol kätip derrew weziriň ýanyna baryp, gulagyna pyşyrdap:

– Eşegi gitmek üçin kireýine alaýynmy ýa-da gelmek üçin? – diýdi. Wezir gülüp, oňa-da wezipe berdi. Kätibiň aýdan sözlerinden soň ol hiç kimi işden boşatmady. Wezir şu wakadan soň öz sözünde doly tapyldy.

## *Abdylla ibn Süleýman Wehep*

Abdylla ibn Süleýman Wehep Apbaslylaryň on altynjy halypasy Mugtazyt Billah Talha ibn Mütewekkeliň weziri bolupdyr. «Kynçylyklardan soňky şatlyk» atly kitapda ýazylyşyna görä, Abdylla

wezir bolanda, arza-şikaýat diwanynda oturdy. Bir gün onuň ýanyna giň geýimli perişan haldaky bir adam gelip, oňa hat gowşurdy. Wezir haty okap görüp, geň galdy we pikirlenip:

– Bolýar, seniň kakaň birnäçe gezek gaýtalap aýdanlaryny ýerine ýetirmerin, öz kakamyň tabşyrygyny ýerine ýetirerin – diýdi. Soňra Abdylla oňa ýüzlenip:

– Işleri barlansoň indiki namazda meniň ýanyma gelersiň – diýdi. Şondan soň öz ýanyndaky adamlara ýüzlenip:

– Men işleri gutaran badyma, bu mesele barada meni habardar ediň, men size ajaýyplyklaryň ajaýyby barada gürrüň bererin – diýdi.

Ol işlerden boşan mahaly:

– Indi ol hojaýyna menden hat ýetiriň – diýip gürrüňe başlady:

Meniň kakam Abu Eýýup Süleýman şeýle diýipdi:

Men Wasygyň eýýamynda tussag edildim. Bir gün meni tussag halymda Muhammet ibn Abdylmälik Zumadyň ýanyna äkitdiler. Wezir meni dört ýüz müň dinary bikanun alanlygym barada aýyplady. Men bu möçberiň iki ýüz kyrk müňüni yzyna beripdim. Ol şon-da-da razy bolmady. Soňra men mülküme el degirmesizlik şerti bilen, elli müň dinar tabşyrmagy boýnuma aldym. Heniz bu möçberi ýazmankam, onuň hadymy öýe girip, weziriň eline hat gowşurdy. Ol haty okap görüp, ýerinden turdy. Şol wagt meniň doganym Abu Aly Hüseýin ibn Wehep geldi. Ol weziriň

huzuryna göni girip bilýän adamdy, ýöne ol men barada söz açmaga çekinýärdi. Şonuň üçin ol hiç zat geplemedi. Haçanda wezir ýerinden turup gidende, öz hatyny maňa tarap oklady. Men ol haty okadym, onda «Edil şu wagt seniň öýüňden habar geldi, Hudaý saňa ogul beripdir. Sen oňa nähili at dakmak isleýärsiň» diýlip ýazylan eken.

Abdylla Abulkasym derrew hat ýazyp, haty meniň öýüme iberdi. Şu sebäpden meniň ýüregimde ruhubelentlik we şatlyk peýda boldy. «Indi meniň oglum beýik derejelere ýeter» diýip örän şatlandym. Şol wagt Muhammet Abdylmälik gelip, öňki gürrüňini dowam etdirdi. Ol maňa näme teklip etse, kabul etmedim. Soňra ol maňa ýüzlenip:

– Eý, Abu Eýýup, bu ýerde nämeler bolup geçdi. Men ýerimden turup gitmänkäm, seniň keýpiň we ýagdaýyň beýle däldi. Seniň ýüzüňden bir üýtgeşikligiň bardygyny bilmek bolýar. Sende bir täzelik bolan däldir-dä hernä?! Hudaý bar, eger dogryňy aýtmasaň, şeýle-şeýle ederin – diýip gorkuzdy.

Men:

– Saňa aýdar ýaly, hiç hili zarym ýok– diýdim. Ol:

– Näme bolan bolsa, dogryňy aýt – diýdi. Şundan soň doganym hemme wakany oňa beýan etdi. Onuň gahary köşeşip:

– Siz meniň näme üçin turup gidenimi bilýärsiňizmi? – diýdi. Biz:

– Ýok – diýip jogap berdik. Ol:

«Şu wagt seniň ogluň boldy» diýip ýazypdyrlar. Şonuň üçin men onuň ýanyna baryp, ogluma Abu Merwan diýip at dakdym» diýip jogap berdi.

Süleýman ibn Wehep:

– Men ýerimden turup, onuň el-aýagyny öpdüm. Onuň dünýä inen ogluny gutlap: «Eý, wezir, bu gün mübärek gündür. Hudaý saňa we maňa ogul berdi. Siz maňa rehim ediň, meniň siziň hyzmatyňyzdaky hak-hukugymy öz üns merkeziňize alyň. Oglumy öz ogluňyzyň hyzmatkäri hasaplaň. Goý, meniň oglum onuň hyzmatynda önüp-össün. Biri-birine mekdep-tälim bolsunlar. Döwletde abraý tapsynlar. Meniň oglum seniň ogluňa hyzmatkär we kätip bolsun– diýip tagzym etdim.

Onuň keýpi we şatlygy ýokdy. Ol:

– Eý, Abu Eýýup, sen meni aldamak isleýärsiň, seniň gara nebsiň şu sagatda gör nämeler isleýär. Öz ogluň derejesini beýgeldip, wezirlik derejesine ýetirmek, şu pursatlardan peýdalanyp, ony döwrüň weziri etmek isleýärmiň?! «Sen ogluňyň meniň oglumdan beýik bolmagyny isläp, oglumyň öz ogluň ýanyna gelip, ýagşylyk keremini islemegini umyt edýänsiň. Men ant içýärin, eger seniň ogluň şol derejelere ýetse, oňa wesúet edip goý, birden oglum seniň ogluň ýanyna bir hajat bilen barsa, oňa hiç hili ýagşylyk etmesin! – diýip tabşyrdy. Süleýman Wehep:

– Men bu sözleri eşidip, haýran galdym. Ol adam wezir bolup otyr, men bolsa onuň ýesiri. «Bu sözleri näme üçin aýdýarka?» diýip geň galdym. Ol bu sözleri

çyn ýüregi bilen aýtdy. Men şeýle bir utandym. Utanjymdan ýaňa ondan ötünç soradym. Soňra içimden onuň aýdan sözlerini gaýtalap, Hudaýdan meniň oglumyň ýanyna onuň oglunyň mätäç bolup gelmegini diledim. Onuň maksady hasyl bolsun diýdim. Köp wagt geçmänkä, Hudaý meniň dilegimi hasyl etdi – diýdi.

Abdylla şeýle diýdi:

– Haçanda kakam bu hekaýaty gürrüň berende, maňa:

– Eý oglum, eger sen wezir bolsaň we seniň döwrüň gelip, onuň ogly saňa mätäç bolup gelse, oňa ýagşylyk etgin! – diýip, wesýet edipdi.

Şol wakadan soň men Merwan barada hiç zat eşitmedim. Soňra «Abu Merwany getiriň» diýip buýurdy. Oňa köp mal-mülk bagyş etdi. Halat we at peşgeş berip, diwan başlygy edip belledi. Şondan soňraky wagtlara çenli Ibn Zadyň wezirligini Abu Merwan eýeledi. Abu Merwan şol wezipesindekä wepat boldy. Ol bu wezipede otuz ýyl döwran sürdi.

## *Kasym ibn Abdylla*

Kasym ibn Abdylla Abdylla ibn Süleýman ibn Wehep wepat bolansoň, Mugtazydyň weziri boldy. Mugtazytdan soň Apbaslylaryň on ýedinji halypasy bolan Muktafy Aly ibn Mugtazydyň weziri boldy. Kasym akylly we dana adam bolupdy. Ol şerap içip, wagtyny hoş geçirmegi gowy görýärdi, emma ol

Mugtazyt halypadan gorkýardy. Şeraby Mugtazytdan birugsat içmeýärdi. Şeýle bolmagyna garamazdan, käwagtlar şeraby gizlin içmesi hem bardy. Ol bir gün kenizekler bilen bagşylary, sazandalary çagyryp, her reňkli eşikleri geýip, dürli-dümen miweleri ýygnap, şady-horramlyk agşamyny geçirdi. Säher bilen ukudan oýanyp, halypanyň köşgüne bardy. Mugtazydyň nazary oňa düşende, ol:

– Eý Kasym, agşam nirede bolduň? Şady-horramlyk meýlisine ýygnanyp, dürli lybasa bürenip, agyr pyýalalar götereniňizde, bizi hem ýatlap, özüňize şärik eden bolsaňyz, örän ýagşy bolardy – diýdi.

Kasym ejiz hala düşüp, ähli bolup geçen zatlary ýaşyrman, gürrüň berdi. Özüniň günäsini geçendigi üçin, oňa köp şükürler aýtdy. Ol özüniň ähli hereketlerinden halypanyň nädip habarly bolýandygyna geň galyp: «Men ätiýaçlylygy elden bermejek bolup, hernäçe jan etsem-de, meniň syrym oňa äşgär bolýar. Munuň sebäbi nämedir» diýdi.

Soňra ol perişan halda öýüne dolandy. Pikir edip, hemme öýlere, hüjrelere, köşklere gözegçilik edýän adamy öz ýanyna çagyrdy. Halypa bilen öz arasynda bolup geçen gürrüňleriň hemmesini gürrüň berip, oňa:

– Sen bu işde howlukman, pikirlenip aňta we bu syrlaryň Mugtazyda nädip ýetýändigini anykla! – diýdi.

Jansyz bu sözleri eşidensoň, gam-gussa batyp, Kasymyň hyzmatyndan daşary çykdy. Ol bütin gününi oý-pikirde geçirdi. Jansyz şeýle gürrüň berýär:

«Şol günüň ertesi ir säher bilen Kasymyň ýanyna geldim. Heniz köşgüň gapysy hem açylmandy. Şol wagt meniň ýanymdan bir adam geçip gitdi. Hemmeler oňa hoşamaýlyk bilen garadylar. Ol dälizde oturyp:

– Wezir ýatyrmy? – diýip sorady. Olar:

– Hawa – diýip jogap berdiler. Ol:

– Haçan ýatdy? – diýip sorady. Olar:

– Pylan wagt – diýip jogap berdiler. Seretsem, ol weziriň hal-ýagdaýy barada soraýar. Özi hem osmaklap, aňtaşdyryp, bir zatlar biljek bolup jan edýär. Men haýran galyp: «Aňtaýjynyň işleri ugruna bolaýjak öýdýän» diýip, başga zatlar bilen gümra bolup başladym. Soňra onuň her bir hereketine we aýdýan sözlerine uly dykgat bilen üns berip ugradym. Ol bolsa bu zatlardan bihabardy. Men: «Oňa garawullar habar berýändir» diýip güman etdim. Içerden bir türk çykyp, bolup geçen zatlaryň ählisini oňa aýtdy. Ondan soň perdeçileriň ýanyna baryp, özüne gerekli habarlary aldy-da, ol ýerden yzyna dolandy. Men perdeçilerden, gullukçylardan we hadymlardan:

– Ol adam kim? – diýip soradym. Olar:

– Bir samsyk derwüş adam – diýip jogap berdiler.

Ol köşge gelende, onuň bilen degşip-gülüşdiler, oňa sadaka berdiler we «Ol biziň berýän sadakalarymyz bilen öz gün-güzeranyny aýlaýar» diýip aýtdylar.

Soňra men onuň yzyny yzarlap, aşpezhana gitdim. Ol bu ýerde hem edil öňküsi ýaly, özüne gerekli soraglary berip, weziriň nähili nahar iýendigini, kim bilen tabakdaş bolandygyny, az iýendigini ýa-da köp

iýendigini anyklady. Ähli aşpezlerdir hyzmatkärler onuň bilen degşip, oýun etdiler. Ol özüniň jansyzdygyny birjikde syzdyranokdy. Soňra ýüzüni şeraphana tarap tutup, şerapçy we onuň ýaranlary bilen oýun eden bolup, gerekli habarlary ýygnady. Ol ýerden gazna garşy ýüzüni öwürdi. Bu ýerdäki gaznaçylardyr hyzmatkärler hem onuň bilen degşip, gülşüp, oňa sadaka berdiler. Derwüş sypatly bu adam bu ýerdäkilerden weziriň näme geýendigini, hazynadan näçe möçberde pul alandygyny, haýsy zatlary daşary çykarandygyny bildi. Ondan soň diwan mejlisiniň kätiplerine tarap gitdi. Ol ýerde-de edil öňküsi ýaly sadaka dilän bolup, kätipleriň näme iş edýändigini we nähili gürrüň edýändigini bildi. Soňra çagalar, hyzmatkärler we ýaşlar bilen degşip, oýun edip, olardan sadaka aldy. Ol gülki-şadyýanlyklaryň arasy bilen hadymlaryň hal-ýagdaýlaryndan hem habarly boldy. Ähli ýerlere baryp, özüne gerekli maglumatlary alandan soň, yzyna dolanmakçy bolup, gapydan çykmak islände, ony ele salyp, öýe getirdim we gulp astynda goýdum. Wezir işden boşan wagty hemme bolup geçen zatlary onuň dykgatyna ýetirdim. Ol maňa ony derrew öz huzuryna getirmegimi tabşyrdy. Men ony weziriň huzuryna alyp bardym. Wezir onuň üstüne gygyryp:

– Maňa hemme zady mälim et, ýogsa, gözüň ýagtylyk görmez– diýip, gazaba mündi. Ol:

– Janymy aman etseň, men hemmesini bolşy ýaly edip aýdaýyn – diýip ýalbardy.

Wezir:

– Janyňy aman ederin– diýdi.

Ol ýerinden turup:

– Men pylany ibn pylany Haşemi. Özüni oňarýan adamlardan biri. Birnäçe wagtdan bäri Mugtazyda siz barada habar ýygnap berýärin. Meniň öýüm Ýakubyň öýüniň gapdalynda we Ibn Tahyr bilen goňşy bolup ýaşaýaryn. Mugtazyt maňa her aýda elli müň dinar altyn pul töleýär. Men her gün adamlaryň meni görýän lybasynda öýden çykýaryn. Halet diýen kerwensaraýda kireýine tutan öýüm bar. Ol ýerde din alymlary ýaşaýarlar. Olar meni öz adamlary hasap edýärler. Men olaryň ýanyndan egin-eşigimi üýtgedip, özümi garyp hala getirip, saçlarymyň reňkini üýtgedip, çykyp gaýdýaryn. Meni öňki eşigimde gören adamlaryň hiç biri şu wagtky eşigimde görenlerinde, tanap bilmeýärler. Men şu eşiklerim bilen köşge gelip, siz barada ähli maglumatlary ýygnap, kerwensaraýdaky öýüme barýaryn. Soňra eşiklerini çalşyp, şerap içip şatlanýaryn. Haçanda garaňky düşende, Tahyryň öýüne hadymlaryň biri gelip, meniň ýygnan habarlarymy alyp gidýär– diýdi.

Mundan soň ýere bagryny berip:

– Hudaýdan gork, meni bagyşla– diýdi. Kasym:

– Dogryňy aýt, Mugtazyda başga ýene nähili habarlary ýetirdiň? – diýdi.

Kasym ony tussag etdirdi. Soňra maňa ýüzlenip:

– Sen her gün köşge baryp, onuň ähli jansyzlaryny mälim et – diýdi.

Men gidip, onuň görkezme beren ýerinde oturyp, agşam namazyna çenli garaşdym. Şol wagt bir hadym gelip, ony sorady. Ol ýerdäki adamlar:

– Ol gelmedi – diýip aýtdylar. Men bu waka geň galdym. Hadym yzyna dolandy. Ertesi gün şol wagt ýene-de gelip, ony sorady. Oňa şol jogaby berdiler. Ol oňa örän gynandy. Birnäçe gün geçensoň, ondan umytlaryny üzdüler, ýöne onuň heläk bolandygyna ynanmadylar. Onuň kakasynyň we doganoglanynyň öýünden habar tutdular. Men Kasymyň ýanyna gelip, oňa bu zatlary gürrüň berdim. Kasym şol günüň ertesi atlanyp, Mugtazydyň köşgüne gitdi. Mugtazydyň gözi düşenden, Kasymy öz ýanyna çagyryp:

– Ol özüň bilen äkiden Haşemiňi tussaglykdan boşat-da, oňa ýagşylyk et. Şundan beýläk hiç haçan özüň üçin jansyz tutanyňy görmäýin. Hudaý bar, eger onuň kellesinden bir gyl gaçaýsa, onuň aryny senden alaryn–diýdi.

Kasym ýeri öpüp, derrew yzyna dolandy. Haşemini öldürmedigine köp şükür etdi. Getirip oňa halat ýapdy we hormat-sylag etdi. Haşemi şat bolup yzyna dolandy. Şondan soň onuň habarynyň Mugtazyda ýetirilmegi bes edildi.

***Hekaýat***

Aýtmaklaryna görä, Kasym bir gün atlanyp, halypanyň köşgüne tarap ugur tapdy. Ol köşgüň howlusyna ýetende, emeldarlaryň biriniň eşigine

zagfyranyň degendigini hem-de onuň yzynyň galandygyny gördi. Ol emeldara ýüzlenip:

– Siziň eşigiňizde zagfyranyň reňkiniň yzy bar, bu uly wezipeli adamlar üçin gelşiksizdir – diýdi.

Weziriň yzyna dolanar ýaly wagty ýokdy. Kasym oňa:

– Siz zagfyranyň degen ýerine syýa galamyny degrip garalaň, çünki, wezirleriň eşiginde syýa galamynyň gara reňkiniň bolmagy aýp zat däldir – diýdi.

Onuň ýakynynda duran adamlar onuň akylyna haýran galyp, oňa «berekella» aýtdylar.

## *Abu Apbas Hasan*

Muktefi Billah öz weziri Kasym ibn Abdylla dünúeden ötensoň, Abu Apbas Hasany wezir edip belledi.

Kasym Abdylla ýarawsyz ýatan mahaly Abu Apbas Hasan ony soramaga barypdyr. Bu Abu Apbas Hasanyň iň ajaýyp häsiýetleriniň biri bolupdyr. Ol Kasymyň öýüne baranda ony hormat bilen garşy aldylar. Hasan olaryň ellerini öpüp, olardan ötünç sorady. Onuň öýden çykan wagty, Kasym Abdylla dünúeden ötdi.

Halypa wezirlik wezipesini Apbas Hasana berdi. Hasan Kasymyň köşgüne baryp, ir säherden agşama çenli ol ýerde boldy. Diwanyň işinde bir wagtda

birnäçe özgerişlikler emele geldi. Muktafydan soň Mugtazydyň weziri Hasan boldy.

### *Abylhasan ibn Ferat*

Abylhasan Ferat beýik arap wezirlerinden biri boldy. Özi-de örän akylly adamdy. Ol Wezir Abylhasan öldürilenden soň, Apbaslylaryň on sekizinji halypasy, möminleriň emiri Mugtadyr Billah Abu Pazl Japar ibn Mugtazydyň weziri boldy. Ol Mugtazydyň weziri bolan wagty üç gezek wezirlik wezipesinden aýrylyp, gaýtadan bellenildi.

Ol birinji gezek wezir bolanda, Süleýman Muhammedi öz orunbasary edip belleýär. Süleýman birnäçe wagtlap şol wezipede oturdy. Süleýman bir gün Ibn Feratyň ýanyna gelýär. Işlerini bitirip, yzyna dolanžak wagty, onuň elinden bir hat gaçyp galýar. Bu hatyň gaçyp galanyndan onuň habary ýokdy. Ol haty şol ýerdäki adamlaryň biri alýar. Hatyň içinde Ibn Ferada töhmet atylyp, onuň hyýanatlary we ýaramaz işleri barada ýazylan bir hatyň nusgasy bar eken. Ol adam bu haty wezire berýär. Wezir Süleýmany işden aýyrýar. Onuň hemme emlägini elinden alyp, Wasa iberýär we erbet halda ony şol ýerde zyndana taşlaýar. Süleýman Muhammediň ejesi bir gün oglunyň tussaglykda ejir çekýänligi sebäpli, wezire hat ýazýar. Ol hatda: «Hudaýtagaladan oglum bilen duşuşmagy dileg edýärin, siz hem muny kabul ediň. Siziň maňa rehmiňiz gelsin – diýlip ýazylypdyr.

Bu haty okansoň, weziriň oňa rehimi gelýär. Süleýman Muhammet bilen öz arasyndaky dostlugy ýadyna salyp, oňa şeýle hat ýazýar: «Bilgin, seniň eden hyzmatlaryňy we öňki ýagşylyklaryňy göz öňünde tutup, günäleriňi geçdim. Bilgin, saňa ediljek ýagşylyklarda seniň çeken zyýanlaryň öwezi dolunjakdyr. Seniň köne hukuklaryň göz öňünde tutulyp, jenaýatlaryň ýatlanyljak däldir».

***Hekaýat***

Abylhasan Ferat ikinji gezek wezirlik kürsüsinde oturanda, wezirlik kürsüsi onuň mübärek žemaly bilen bezeldi. Şol wagt Ibn Bewabbe möminleriň emiriniň kätibidi. Möminleriň emiri Mugtadyr etrap häkimlerine we wezirlikdäki işleýänlere perman ýazmaly diýip buýruk berdi. Ol perman şeýle ýazyldy:

«Möminleriň emiri, sahawatlylaryň sahawatlysy, wezirleriň seýidi Abylhasan Ferradyny patyşalygyň işi üçin wezir edip belleýär. Ähli işlerde onuň goly ýöredilsin. Onuň höküm berýän permanlaryna boýun egiň we buýruklaryny ýerine ýetirmäge çalşyň. Ol dana we asly akylly adamdyr. Döwrüň kätipleridir häkimleri – ähliňiz öz mertebe-derejäňize garamazdan, oňa boýun egiň. Bu perman hemmelere buşluk bolsun. Wessalam».

Haçanda, bu perman möminleriň emirine ýetende, ol Abulhüseýine mähremlikler edip, hormat bilen öz huzuryna çagyrdy.

***Hekaýat***

Abu Abdylla Kabediň aýtmagyna görä, Ibn Ferat üçünji gezek wezir bolanda, Ibn Mugallany tussag etdirdi. Şol mynasybetli men Ibn Feratdan gorkyma onuň ýanyna baryp bilmedim. Oňa boýun egmedim we dostluk şertlerini hem berjaý etmedim. Ol meniň ýanyma hat ýollapdyr. Bu beýtler hem şol hatyň içinde ýerleşdirilipdir.

***Beýt***

Dostlara hat ýazmak döwri haram boldy.
Megerem kagyzyň bahasy gymmatlapdyr.

Betbagtlyk güni duşman dost boldy
Rahatlyk güni dost ýagy bolup başlapdyr.

Seniň halyň neneň? diýip,
sorasaň bolmadymy,
Betbagtlygyň zarbasy neneň?
diýseň bolmadymy.

Sen dost, eger duşman
bolsaňam, köp ýagylar –
betbagtlyk güni öz duşmanyny
mähriban saýýar.

Bu hatyň yzyndan we bu käýinçleriň soňundan elime galam alyp, oňa hat ýazdym. Hatda oňa weziriň hyzmatyna ýüz tutmagy teklip etdim.

Men weziriň ogly Abu Ahmet Muhsen gelmänkä, wezire ýazylan haty okadym. Ol hatda şeýle ýazylypdyr: «Döwlet we ykbal wezirlik bilen biri-birine baglydyr. Birnäçe muşakgatlyga çydap, tä erbet azaplara we bela-beterlere duş gelýänçäm şikaýat etmäge meniň dilim gysga boldy. Janym we malym gutardy. Bu maňa gowy terbiýe we sapak boldy. Häzir bolsa iş-işden geçdi, maşgalamdan we beýleki hemme zatlardan mahrum bolup, perişan hala düşdüm. Men bu ýagdaýa düşmäge haklydym. Eger-de wezir özüniň meşhurlygyny we ýagşylygyny görkezse, onda bu onuň ýagşylyk etdigi hem-de ýüregindäki kinäni ýok etdigi bolar. Eger-de wezir meni şu ýagdaýdan halas etse, men oňa hormat goýmaga we hyzmat etmäge hemişe taýýar. Eger wezir meni bu azaplardan halas etse, onda bu weziriň keremli we pazylatly iş etdigi bolar».

Men Ibn Mugalla bilen aramyzdaky dostlugy hem-de onuň wezir tarapyndan ejir çekýändigini wezire aýtmak üçin, amatly pursat gözleýärdim. Şeýle-de onuň maňa ýazan haty ýokarda agzalan zatlary aýtmaga delil boldy. Men oňa haty görkezen mahalym, ol haty okap:

– Hudaý bar, Ibn Mugalla meniň hunumy we malymy almak üçin jan edipdi. Haçanda meni Hamyda tabşyranlarynda, ol: «Hudaý bar, eger Ibn Ferady işden boşadanlaryndan soň, ýekeje gün onuň öldürilmän

saklanjakdygyny bilen bolsadym, hiç haçan oňa garşy gitmezdim, hemişe oňa doga okardym» diýdi. Men Hudaýyň haky üçin, Bagtana we Ibn Mugalla ýagşylyk edipdim. Ibn Mugalla kätipdi. Kätipligi üçinem hernäçe erbetlik etse-de, bir kine sebäpli, onuň ömrüni zaýalamaga dözmedim. Döwletiň garrylarynyň garrysynyň hem ölmegini, Ibn Mugalladan bolsa betnamlygyň galmagyny islemedim. Meniň Bagtana eden dogalarym hem kabul boldy. Men onuň bilen duşuşmankam, ol bu älem bilen hoşlaşdy. Ibn Mugallanyň çeken jebir-jepalarynyň käbirleri meniň ygtyýarym bilen bolmady. Şundan soň oňa hiç hili ýamanlyk edilmez. Hiç bir günä-de ýüklenmez. Ony tussaglykdan boşadyp, azat ederis. Men ony Süleýman Hasan bilen Pars welaýatlaryna iberipdim. Onuň açylmadyk bir syry bar: «Ibn Mugalla köp baýlyk ýygnapdyr» diýip, göni aýtmak bolýar. Eger onuň ýüregi gowy bolmasa, onda ol şygyr aýdyp bilmezdi»[1] diýdi. Ol şol günüň ertesi: «Ony halas ediň» diýip buýruk berdi.

Ony Süleýman bilen Pars welaýatyna iberdiler. Parasatly sözleri ony tussaglykdan we heläkçilikden halas etdi.

### *Muhammet ibn Dawut Heraj*

---

[1] Bu ýerde şygyr aýdyp bilýän adamyň ýüregi päk bolmaly diýiljek bolunýar.

Ibn Feratdan soň, Mugtadyr Billähiň weziri Muhammet ibn Dawut Heraj boldy. Mugtadyryň zamanynda wezirlik wezipesi dagynykdy. Ol on dört gezek wezir çalyşdy. Şol wezirleriň biri hem Muhammet ibn Dawut boldy. Onuň wezirlik döwründe pitneler köpelip, welaýatlar harap boldy.

## *Aly ibn Isa*

Aly ibn Isa hem Mugtadyryň weziri boldy. Ol pazylatly, kämil we ussat kätip şyhlaryň biri bolupdyr. Ony wezipesinden üç gezek aýryp, ýene täzeden goýupdyrlar» diýlip, käbir taryhlaryň sahypalarynda ýatlanylyp geçilýär, ýöne «ol öz wezirlik döwründe gowy ýaşapdyr» diýip aýdylýar. Ol hiç haçan dine perwaýsyz garamandyr. Hemişe Hakyň razylygyny hojaýynynyň razylygyndan ýokary tutupdyr.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, bir gün Aly ibn Isany bir möhüm iş bilen Mekgä ugradýarlar. Ol barada Abu Sähl Zeýýat şeýle gürrüň berýär:

Men onuň hyzmatynda bolanymda tomus paslydy. Howa örän yssydy. Bir gün ol:

– Men Hudaýtagaladan jöwenek ýagdyrmagyny isleýärin – diýdi. Men oňa:

– Şu yssy howada siziň bu arzuwyňyz hasyl bolarmyka? – diýdim. Şu gürrüňleri dowam etdirip

duran mahalymyz, birden bulut gelip, howanyň ýüzi tutuldy. Soňra güýçli ýagyş ýagmaga başlady. Onuň yzysüresi jöwenek ýagyp ugrady. Hatda jöwenegiň uzak ýagmasyndan adamlar hem halys boldular. Men hyzmatkärlere «Küýzeleri dolduryň» diýip aýtdym. Şol wagtlar Aly ibn Isanyň agzy beklidi. Men bu küýzeleri ol agzyny açýança sakladym. Aly ibn Isanyň agzyny açmaly wagty bolanda, küýzeleri onuň ýanyna äkitdim. Ol bu suwlardan şerbet taýýarlamagy tabşyrdy. Şerbet taýýarlanansoň metjide gelip, ony öz elleri bilen metjidiň ýanynda ýaşaýan adamlara we metjitdäkilere paýlady, emma onuň özi bu şerbetlerden bir agyz hem datmady. Ol:

– Men Hudaýtagaladan günälerimi geçmegini soramanlygym üçin, gaty puşman edýärin. Eger men Hudaýtagaladan günälerimi geçmegini dilän bolsam, belki, Ol meniň bu dilegimi kabul ederdi – diýdi. Şeýle-de döwletde her günüňi adamlara ýagşylyk edip geçirseň, ahyrsoňy bu dünýäniň ýagşy işleri bilen özüňe bagt gazansa bolar. Hudaýtagalanyň öňünde ýagşylyk hiç haçan puja çykmaz. Kimdir biri zemine bir ýagşylyk tohumyny taşlasa, ir-u-giç onuň hözürini görer.

### *Hekaýat*

Kärh ilatyndan atyr satýan bir meşhur adam bolupdyr. Ol Hudaýdan gorkýan, dindar, hakykatçyl, ýagşy we adyl häsiýetlere eýe bolupdyr. Bu bende köp

karz pul alyp, olary yzyna gaýdyp berip bilmändir. Zerurlyga düşende gaçyp gizlenip, doga we namaz okamaga meşgul bolar eken. Gündizlerine roza tutup, agşamlaryna çenden aşa iýmeýär. Ol juma güni agşam düýş görýär. Düýşünde Muhammet pygamber (s.a.w.) oňa:

– Sen Aly ibn Isanyň ýanyna git. Men oňa saňa dört ýüz dinar pul bermegi tabşyrdym. Sen ondan şol pullary al–diýip tabşyrýar. Atyr satýan:

– Men ukudan oýanyp, öz ýanymdan Resul alaýhyssalam «Kim meni düýşünde görse, hakykatdanam, onuň meni gördügidir, çünki, şeýtan meniň suratyma girip bilmez» diýipdir – diýip içimi gepletdim.

Soňra säher bilen, daň atan wagty ýerimden turup, weziriň öýüne tarap rowana boldum. Men weziriň öýüniň gapysyna ýetenimde, onuň garawullary maňa girmäge rugsat bermediler. Soňra men weziriň gapysynyň agzynda oturdym. Köp garaşmakdan ýaňa, ýüregim gysyp başlady. Soňra men olara ýüzlenip:

– Men indi bu äsgermezlige çydap bilmerin – diýip, yzyma dolanjak bolanymda, Ymam Şapygy (Alla oňa rehim etsin!) ol ýerden çykyp gelýär eken. Meniň onuň bilen biraz tanyşlygym bardy. Şonuň üçin men bolan wakany oňa aýtdym. Ol:

– Eý pylany, wezir ir säherden bäri seniň gözlegiňde gezip, birnäçe adamy seni tapmak üçin ýollady ahyryn, sen häzir ýeriňde otur – diýip, weziriň ýanyna gitdi.

Soňra meni derrew weziriň huzuryna çagyrdylar. Men onuň huzuryna baranymda, Aly ibn Isa menden:

– Seniň adyň we kakaň ady näme? – diýip sorady.

Men öz adym, kärim we ornum barada oňa doly gürrüň berdim. Wezir:

– Eý pylany, sen meniň ýanyma gelip gowy iş etdiň, Hudaý senden razy bolup, saňa haýyr etsin. Pygamber alaýhyssalamy düýşümde görüp, özüme karar we ýer tapmadym. Allanyň resuly maňa: «Atyr satýan Kerha dört ýüz dinar ber» diýdi. Şonuň üçin şu gün daňdandan bäri seniň gözlegiňde boldum – diýdi. Men hem öz gören düýşüm barada oňa gürrüň berdim.

Aly ibn Isa aglap:

– Resul ekrem maňa-da üns beripdir – diýdi. Soňra bolsa hazynadan müň dinar getirdip:

– Al, bularyň dört ýüz dinary Resul alaýhyssalamyň permany, alty ýüz dinary bolsa menden sowgat – diýdi. Men:

– Men sebäpli keramatyň dörändigine şükür edýärin. Şonuň üçin hem Resul alaýhyssalamyň buýran pulundan köp almak islemeýärin. Onuň sowgatlaryny alaýyn. Ähli bereket – Resul alaýhyssalamyň pulundadyr – diýip žogap berdim.

Şeýlelikde, men onuň beren alty ýüz dinaryndan üç ýüz dinaryny iki ýyllyk karzyna aldym. Iki ýüz dinaryny öz ýaranlaryma karz berdim. Galan mukdaryna bolsa gapymda dükan açdym. Bir ýyl geçip geçmänkä, meniň sermaýam müň dinara ýetip, güngünden artmak bilen boldy.

*Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä: Mugtadyr Aly ibn Isany wezipeden boşadan wagty, ony tussag etmegi tabşyrypdyr. Onuň tussaglygy uzak ýyllar dowam edip, adamlar ondan umytlaryny üzüpdirler.

Abu Hyja atly döwlet emeldarlarynyň biri Mugtadyry tagtdan agdaryp, onuň ýerine Kaheri oturtmak üçin, oňa garşy aýgytly herekete geçdi. Ol we onuň ýaranlary zyndanlaryň gapylaryny döwüp, we Mugtadyryň käbir köşklerini talamaga başlaýarlar. Aly ibn Isa öz tussag edilen ýerinden çykyp, üç günläp gizlenip ýaşaýar. Olaryň gozgalaňy üç günden artyk dowam etmedi. Başga adamlar gelip olaryň gozgalaňyny ýatyryp, Abu Hijany öldürdiler. Mugtadyryň gabalan öýüni deşip, ony tussaglykdan halas etdiler we halypalyk tagtynda oturtdylar. Kaheri bolsa tussag etdiler. Şol wagt Abu Aly ibn Mugalla Mugtadyryň weziri boldy. Ol gozgalaň turan wagty gizlenip galyp, birden peýda bolupdy. Adamlar ony mübärekllediler. Bir gün Aly ibn Isa Abu Aly ibn Mugallanyň ýanyna geldi. Onuň tussag edileninden birnäçe wagt geçipdi. Ol Aly ibn Isany görüp, onuň bilen duşuşdy. Wezir Abu ibn Isanyň pikirini goldap, Mugtadyrdan pena soramagy makul bildi. Wezir şol wagtyň özünde Mugtadyryň huzuryna baryp, ýüze çykan wakany oňa beýan etdi. Mugtadyr Aly ibn Isany emeldar edip belledi. Derrew Aly ibn Isa egin-eşik

geýdirdiler. Ibn Mugalla döwlet dolandyryş işlerinde onuň bilen bilelikde işlemeli boldy. Aly ibn Isa hiç bir meseläni we köşgüň hem-de diwanyň işlerini ibn Mugalladan birugsat çözmeýärdi. Olaryň ikisi-de diwanyň işleri bilen meşgul boldular. Ibn Mugalla Aly ibn Isa ýüzlenip:

– Müsüri dolandyrýan häkim Muhammet ibn Aly seniň hemaýat eden adamlaryň biri. Eger sen perman berseň, ol seniň permanyňy möhüm hasaplap, ýerine ýetirer. Bu bolup geçen wakalar Müsüre ýetip, ol ýerde-de pitne turaýmasyn. Sen oňa hat ýaz. Hatyňda-da bolup geçen wakany, ýagny pitnäniň turandygyny, möminleriň emiriniň ikinji gezek tagta geçendigini we bu çärelere biziň hem gatnaşandygymyzy beýan et – diýdi.

Aly ibn Isa:

– Eger bu haty öz mübärek elleri bilen wezir ýazsa, has gowy bolar diýip umyt edýärin – diýdi.

Ibn Mugalla:

– Onuň ýanynda kätipleriň şyhy durka, biziň hat ýazmagymyz gelşiksizmikä diýýärin? – diýip jogap berdi.

Aly ibn Isa:

– Siz diliňizden beýan ediň, men olary ýazga geçireýin. Galyberse-de, siz wezir adam, biz bolsa siziň hyzmatkäriňizdiris – diýdi.

Ibn Mugalla bu sözleri eşidip şat boldy.

## *Abu Aly Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ibn Mugalla*

Abu Aly Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ibn Mugalla Mugtadyr Billähiň, Kaher Billäh Muhammet ibn Mugtazydyň, Razy Billäh Muhammet ibn Mugtadyryň we Müstekfi Billähiň weziri boldy.

***Beýt***

Sehbanyň dile çeperligi,
Ibn Mugallanyň hatdatlygy,
Lukmanyň tebipçiligi,
Ibn Edhemiň takwalygy.
Bularyň ählisi bir garyp adamda jem bolsa,
Onuň bir dirhemiň
gymmatyça-da ýokdur gadyry.

Apbaslylaryň ýigriminji halypasy Razy Abu Apbas Muhammet ibn Mugtadyryň zamanynda Ýahkym Makafi we birnäçe adamy Bagdatdan çykarýar. Halypa olaryň Bagdatda oturmagyndan heder edip, ýagny pitne turuzarlar öýdüp, öz hyzmatkärlerine olary Bagdadyň daşyna çykarmagy tabşyrdy. Olaryň her haýsy bir tarapa gitdiler. Ýahkym Makafi bolsa Abu Bekr Daýykyň ýanyna bardy. Birnäçe wagt geçensoň, ýagny hyzmatkärleriň işi gowşansoň, halypa Ýahkym Makafä hat ýollaýar. Ol hatynda onuň Bagdada gelip, emir bolmagyny soraýar. Bu hat birnäçe wagtdan soň Ýahkymyň eline düşýär. Ol haty halypa Abu Bekr

Raýege ýazypdyr. Ony möminleriň emiri öz ýanyna çagyrýar. Ýahkym ol hatyň üstünde halypa bilen gödek gürleşipdir. Halypa muňa müňkür bolup:

– Bu işi Wezir ibn Mugalla eden bolaýmasyn, ol bilen weziriň arasynda bir kine bolup, ol hem şol kine zerarly, ony Bagdatdan çykarandyr – diýdi. Şu pikir bilen hem derrew weziri tussag edip, onuň sag elini kesdirdi. Wezir:

– Şeýle hatlaryň birnäçesini ýazan, üç sany Gurhan mejidi gören we dört halypanyň weziri bolan adamyň elini ogrynyň elini kesen ýaly, nädip kesip bildiňiz? – diýip, dady-perýat etdi.

### *Abu Japar Muhammet ibn Kasym Abdylla*

Abu Japar Muhammet ibn Kasym Abdylla Kaher Billähiň weziri bolýar. Abu Hasan ibn Aly Tahyr şeýle diýýär:

Haçanda Abu Japar Muhammet ibn Kasym wezir bolanda, gahar edip, kakamy we meni tussag etdirdi. Bizi garaňky ýere saldylar we daşyňyzy berk gabadylar. Her gün meni daşary çykaryp, kakamdan pul talap edýärdiler. Soňra kakamy gorkuzmak üçin, meni onuň öňünde gynadylar. Biz köp kynçylyklara sezewar bolduk. Biz birnäçe wagtlap günümizi tussaglykda geçirdik. Bir gün kakam maňa ýüzlenip:

– Bize garawullar bilen tanyşmak miýesser etdi. Men biraz wagt olar bilen söhbetdeş boldum. Olaryň ünsüni özümize çekmek gerek. Pul çalyşýan pylany

biziň dostumyzdyr. Sen hat ýollap, ondan üç müň dirhem haýyş et. Soňra ol dirhemleri garawullara ber – diýdi.

Men kakamyň tabşyrygyny aýdyşy ýaly ýerine ýetirip, dirhemleri getirtdim. Bu dirhemleri olara gowşurmak isledim. Emma olar dirhemleri almadylar. Hernäçe jan etsem-de berip bilmedim. Men olaryň näme üçin kabul etmeýändiklerine düşündim. Olar bilen söhbetdeş bolanymdan soň:

– Wezir sizi şu gün agşam öldürmeklige perman berdi. Şonuň üçin bular ýaly ýagdaý ýüze çykyp durka, biz sizden nädip bir zat kabul edip bileris – diýip jogap berdiler.

Men bu sözleri eşidip, uly howsala düşdüm. Meniň reňkim düýpgöter üýtgedi. Bu hal-ýagdaýy kakama gürrüň berenimde, ol:

– Dirhemleri hazynaça ber – diýeninden soň hemişe agyz beklenýän we agşamlaryna agyz açylýan wagtlary gusul edip ýuwunyp ugrady. Agşam namazyny okandan soň hem agzyny açmady. Namaz we doga okamagyny dowam etdirdi. Kakam tä ýassy namazyny okap gutarýança, men oňa hiç zat diýmedim. Soňra ol:

– Sen hem otur – diýdi. Soňra kybla tarap bakyp, ýüzüni asmana tutup:

– Eý Rebbim! Muhammet Kasym zulum edip, meni tussag etdi. Indi bolsa meniň janyma kast etmek isleýär. Men Biribardan pena soraýaryn, Eý Rebbim! Sen höküm edijileriň höküm edijisisiň, bize hemaýat et! – diýip doga okady.

Onuň doga okaýan owazy ýokary galyp ugrady. «Biziň aramyzda höküm et» sözüni özünde bar bolan ähli güýji bilen birnäçe gezek gaýtalady. Şol wagt gijäniň dörtden bir bölegi geçipdi. Emma Hudaý saklasyn, ol heniz hem şol sözüni gaýtalap otyrdy. Owaz şol gulagyma geldi durdy. Emma ölüm gorkusy meni bihuş hala salyp, barha basmarlaýardy. Şol wagt Kaher Billähiň gullukçysy Şapury gördüm. Ol elleri şemli Ibn Aly Tahyr diýip gygyrdy. Kakam ýerinden turup:

– Siz nirede? – diýip, sowal berdi.

Ol:

– Seniň ogluň nirede? – diýdi.

Men:

– Siz nirede? – diýip, soradym.

Ol «bismilla» diýip gapyny açdy-da:

– Sag-salamatlyk bilen öz öýüňize gaýdyň – diýdi. Biz daşary çykanymyzda Muhammet Abu Kasymyň tussag edilendigi mälim boldy. Kaher oňa gahar edip, bendilige sezewar edipdir. Köp wagt geçmänkä, ol bendilikde janyny Haka tabşyrdy.

## *Talyp Muhammet ibn Süleýman ibn Eýýup*[1]

Talyp Muhammet ibn Süleýman ibn Eýýup Apbaslylaryň ýigrimi dördünji halypasy Tagalla

[1] Talyp Muhammet ibn Süleýman ibn Eýýubyň «Baştutanlaryň baştutany» diýen lakamy bolupdyr.

Abdylkerim ibn Metih ibn Mugtadyryň weziri bolupdyr.

### *Abu Kasym Aly ibn Muhammet Abu Seleme*[1]

Abu Kasym Aly ibn Muhammet Abu Seleme Apbaslylaryň ýigrimi bäşinji halypasy Kadyr Billäh Ahmet ibn Yshak Muttakynyň weziri bolupdyr. Samanlylaryň nesilşalygy hem şol döwürlerde Mawerannahrda, Horasanda, Ajam Yragynyň käbir şäherlerinde Nemrutda, Gaznada, Kahystanda we Kermanda ornaşyp, öz garaşsyzlygy ugrunda göreşip, halypa töleýän paçlaryny kemeldip ugradylar. Deýlem şalary Rukneddöwle, Azaduddöwle we Bahaweddöwle Buweýh neberelerinden saýlanyp, Bagdatda, Badinde, Huzystanda we iki Yragyň köp şäherlerinde şalyk sürdüler. Göräýmäge olar halypa boýun egýän ýaly bolsalar-da, aram-aram pitne oduny turuzypdyrlar. Halypa olaryň turuzýan pitneleriniň ýesiri bolýardy. Halypalaryň işi şol döwürden tä Nasyr Lidinilläniň döwrüne çenli, ýagny seljuklar döwletiniň pese düşüp başlan wagtynda, Ajam ülkelerine diňe hutbalarda atlarynyň aýdylmagyna kanagat etdiler.

### *Abylkasym ibn Süleýman ibn Hasan ibn Muhallet*

[1] Abu Kasym Aly ibn Muhammet Abu Selemäniň «Begler begi» diýen lakamy bolupdyr.

Abylkasym ibn Süleýman ibn Hasan ibn Muhallet Kaýym Biýemrilläniň weziri bolupdyr. Halypalaryň wezirleri Kaýym Billähiň döwrüne çenli soltanlaryň wezirlerinden ýokary we mertebeli hasaplanypdyrlar. Emirleriň emiri Abu Bekr Raýeg halypalaryň wezirlerini ilkinji bolup günäkärlän adamlaryň biridir. Deýlemleriň wezirleri wezir Abulkasym ibn Süleýmandan ähmiýetliräk hasaplanypdyr. Şol wagtlarda patyşalaryň wezirleri halypalaryň wezirlerinden üstün çykypdyrlar. Halypalar soltanlaryň wezirlerini wezirleriň täji, wezirleriň buýsanjy we wezirleriň weziri diýip atlandyryp, öz wezirlerine ýolbaşçylaryň ýolbaşçysy we ýolbaşçylaryň sütüni diýip lakam beripdirler.

### *Abulfeth Mansur ibn Darst Şirazy*

Abulfeth Mansur ibn Darst Şirazy Kaýym Biýemrilläniň weziri bolupdyr. Adamlar oňa ýüzlenenlerinde we hat ýazanlarynda «wezir» diýip atlandyrypdyrlar. Ol pars wezirleriniň neberesinden bolup, hoşgylykly Täjilmülk Abulkaýymyň tagallasy bilen ýokary derejelere göterilýär. Soňra ol Mälik şanyň esasy adamlarynyň biri bolýar. Ol adamkärçilik sypatlarynyň ajaýyby bilen sypatlanyp, suhangöýlügi, hatynyň owadanlygy tanalyp, manyly şygyr beýtlerini düzmegiň ussady bolupdyr. Soltan Togrulbeg Selžugy öz weziri Abdylmälik Abu Nasyr Kündüri, Deýlem şalygynyň birnäçe adamlaryny we öz emirlerini halypa

Kaýymyň gyzy Sidä gudaçylyga – halypalyk öýüne iberýär.

Amydylmälik Abu Nasyr wezir ibn Darastyň hormatyndan, at-abraýyndan we mertebesinden çekinip, soltanyň huzuryndan yzyna dolananda, halypa hat ýazyp, ony ýamanlaýar. Halypa bolsa ony işden boşatmaýar we weziriň mertebesini öňküden hem ýokary galdyrýar, ýöne ol ony kabul etmän, işden çykýar. Soňra ol Ahwaza we Şoştora gidýär. Tä ýagty jahan bilen hoşlaşýança, ol ýerde ýaşaýar. Onuň wezirlik süren döwri iki ýyl bir aýdyr.

## *Müweýeddin Fahreddöwle Şerfulwezra Abu Nasyr Muhammet ibn Muhammet ibn Jehirilmusel*

Müweýeddin Fahreddöwle Şerfulwezra Abu Nasyr Muhammet ibn Muhammet ibn Jehirilmusel Diýarbekrde Mälik Nasryldöwle Abu Nasyr ibn Merwanyň weziri bolupdyr. Ol öz wezirlik döwründe köp mal-mülk ýygnaýar we köp emläk edinýär. Onuň at-owazy jümle-jahana ýaýraýar. Mälik Nasryldöwle Abu Nasyr wepat bolansoň, Halypa Kasym Biýemrillä öz döwlet emeldarlarynyň birini onuň ýanyna iberip, ony halypalyk öýüne wezir bolmaga çagyrýar. Oňa bu habary gizlin we açyk ýagdaýda onuň dykgatyna ýetirýärler. Ol permana boýun egip, halypalyk öýüne barýar.

454-nji ýylyň[1] arafa gününde oňa wezirlik haladyny ýapýarlar. Dileçeperlikde, sahawatlylykda oňa taý ýokdy. Ol deňsiz-taýsyzdy.

Soltan Togrul beg Bagdada gelende, Fahreddöwle ony resmi ýagdaýda kabul etdi. Oňa wezirlik haladyny ýapdy. Alp Arslanyň tabşyrygy bilen Hoja Nyzamylmülk Fahreddöwläniň kastyna çykdy. Bu barada halypalyga soltan hezretlerinden hat bardy. Hat gelip ýetmänkä, halypa öz jansyzlarynyň üsti bilen ol wakadan habarly boldy. Ol döwrüň bähbidine görä, weziri işinden boşadypdyr. Soňra birnäçe adamlary iberip, wezirligi Abu Ýagly Hasana gowşurypdyr. Bu wezir köp wagt geçmänkä, Allanyň rehmetine gowuşdy. Halypa Hoja Nyzamylmülküň razylygy bilen Fahreddöwläni ikinji gezek wezir etdi. Haçanda Fahreddöwle Hülle diýen ýerden halypanyň hezretlerine ýetende, Täjil Bagdat diýen ýerde halypa Kaýym Biýemrilläniň edep zeminini öpdi. Ol şol günüň ertesi juma güni öz iki ogluny, ýagny Amydeddöwle Muhammedi we Mejideddöwle Alyny hem-de öz nökerlerini metjide alyp bardy. Şol ýerde döwletiň belent mertebeli adamlary, häkimler, hyzmatkärler we halypalygyň emeldarlary olaryň hyzmatynda boldular. Olaryň üçüsine-de halat ýapdylar. Wezir öz ogly Amydeddöwläni halypalygyň hyzmatyndan soltan Alp Arslanyň dergähine ilçi edip ugratdy. Fahreddöwle hoja Nyzamylmülk bilen gowy aragatnaşykda bolýar.

[1] Miladynyň 1062-nji ýyly.

Ol hoja Nyzamylmülküň gyzyna gudaçylyga barýar. Wezir Fahreddöwle halypanyň permany bilen Abu Talyp Hasan ibn Muhammet Razyny Mekgä («Alla ony öz penasynda saklasyn!») iberdi. Ol köp baýlyk berip, Mekgede we Medinede halypa üçin äht aldy. Soňra şol şäherleriň münberlerinde halypanyň adyna hutba okadylar.

Yrakdan, Horasandan, Arapdan, Hindistandan, Mawerannahrdan, Parsdan we Kermandan geçýän kerwen ýoly ýetmiş ýyllap ýapykdy. Ol ýol Şam tarapa gitmelidi. Şu sebäpden Mekge we Medinede batynylar we müsürlileriň şygary ýörgünlidi. Soltan Alp Arslan şehit bolandan soň, soltanlyk tagtyny soltan Mälik şanyň mübärek jemaly bezedi. Wezir Fahreddöwläniň ogly Amydeddöwle ilçi bolup, soltan Mäligiň hyzmatyna bardy. Ol özi bilen halypanyň hatyny we haladyny getirdi. 467-nji ýylyň Meret aýynyň 13-ne Sogap güni agşam halypa Kaýym Biýemrillä Allanyň rehmetine gowuşdy. Şol gije onuň perzendi Muktady Biýemrillä Abulkasym Abdylla ibn Kaýym bilen ähtleşdi we uly-kiçi – hemmeden onuň adyna äht-peýman aldylar. Tä soltan Mälik şanyň ähdi alynýança, Amydeddöwle Yspyhanda boldy. Abu Abdylla Muhammet ibn Hasan Beýzawyny soltan Abu Muzaffar Ybraýym ibn Söbüktegininiň ýanyna günbatara iberdiler. Halypa Fahreddöwläni öňki wezipesinde goýdy. Hoja Nyzamylmülk we onuň ogly Müýeýýidilmülk bilen bilelikde ýene-de Fahreddöwläniň, Amydeddöwläniň we olaryň

perzentleriniň garşysyna aýaga galdylar. Fahreddöwle olaryň garşy hereketlerini görüp, wezirlikden çykdy. Halypa wezirligi Fahreddöwläniň ogly Amydeddöwlä tabşyrdy. Muňa garamazdan, hoja Nyzamylmülk şonda-da olara kast etmek pikirinden el çekmeýärdi. Ol soltan Mälik şanyň döwlet sütünleriniň birini Bagdada iberip, Fahreddöwläni we Amydeddöwläni tussag etmegi buýurýar. Fahreddöwle Yspyhana – hezreti soltanyň hyzmatyna gaçyp gidýär. Halypanyň wezirligine öň ata-babasy wezir bolan Başlyklaryň başlygy Muzaffar ibn Aly ibn Hasan Seleme geçirilýär. Fahreddöwle soltanyň hyzmatyna baryp:

– Men Diýarbekr şalygynyň hal-ýagdaýyny we ol ýerde ýaşaýanlaryň uly-kiçi – hemme adamlaryny bäş barmagym ýaly tanaýaryn, ol ýerleri nädip basyp almalydygyny bilýärin – diýdi. Soltan oňa halat ýapyp, ýörite sylag-hormat etdi. Soňra böwsüji leşger bilen ony şol tarapa ugratdy. Şol wagt soltan:

– Ol welaýatda Fahreddöwläniň adyna hutba okamaly. Onuň ady soltanyň ady bilen deň hatarda bolmalydyr – diýip buýruk berip, olara surnaý, tebil, çadyr we baýdak berýär.

Fahreddöwläniň çeken azap-zähmeti ýerine düşüp, oňa ol ýerleri basyp almak nesip edýär. Ol ýerden, ýagny Beni Merwanyň şalygyndan basylyp alnan baýlyklar, hazynalar, mal-emläkler soltanyň hazynasyna geçirilýär. Fahreddöwle segsen bäş ýaşynda dünúeden ötýär.

## *Amydeddöwle ibn Fahreddöwle*

Amydeddöwle ibn Fahreddöwle soltanyň dergähinde mynasyp hormata eýe boldy. Ol öz at-abraýy we mertebeliligi babatda öz kakasyndan ozdurdy. Ondan soň halypa Mugtadyr Biýemrilläh 484-nji ýylda[1] kätipler Kemalyldöwle Hadyny we Muhammet Temimini ilçi edip, Amydeddöwläni halypalar öýüne wezir edip bellemek üçin getirmegi buýurdy. Soltan hem ony kabul etdi. Amydeddöwle ikinji gezek wezir boldy. Soltan Mälikşa 485-nji ýylyň Baýram aýynda Bagdatda düşleýär. Şondan soň agyr kesele duçar bolýar. Wezir Amydyldöwle halypanyň buýruk bermegi bilen ony soramaga barýar, ýöne ýetişmeýär. Soltan Mälik şa wepat bolansoň, Amydeddöwläniň halypalyk öýi tarapyndan eden tagallalary, soltanyň naýyby we soltanlyk dergähiniň uly emiri Täjilmülk Abulganaýymyň aladalary bilen, jahan soltanlygy we hökümdarlygy Mahmyt ibn Mälik şa ýetýär. Ol halypanyň ýörite haladyna mynasyp bolýar. Halypa Mugtadyry doga edip ýörkä, dünüeden ötýär. Amydeddöwläniň tagallaasy bilen Bagdadyň ýaşululary halypanyň ogly Mustazhyr Billä Abu Epbaşy bilen ähtleşdiler. Soltan Börgiýaryk ibn Mälik öz doganyndan üstün çykyp, Bagdatda düşleýär. Ol birnäçe baýlyklary berip, soltan Börgiýaryk türk hem ajam emirleri we soltan bilen ähtleşýär. Wezir Amy-

---

[1] Miladynyň 1091-1092-nji ýyllary.

deddöwle Halypanyň hazyna-malynyň az mukdardadygyny soltan Börgiýaryga habar berýär. Şonda soltanyň weziri:

– Eger halypa bu ýagdaýa ýeten bolsa, onda näme üçin oňa Mustazhyr[1] diýip lakam goýduňyz? – diýýär. Soltan emiriň bu aýdan inçe gürrüňlerine gülüp, öz ýüzüni açdy.

488-nji ýylyň[2] Sapar aýynyň soňky günlerinde wezir Amydeddöwle halypa Mustazhyrdan şübhelenip, perişan halda Bagdatdan emir Seýfeddöwle Sadakanyň öýüne barýar. Halypa Muztazhyr oňa göwünlik bermek üçin yzygiderli köp hat-petekleri iberip durýar. Ynha, bu hat hem onuň mübärek elleri bilen ýazylan hatdyr: «Eý wezir Şerefeddin Amydeddöwle, öz öňki ornuňa gaýdar ýaly, bu çakylygy kabul et. Bu işde tutanúerlilik bilen gyssanmaçlyk et, beýik häsiýetiň bilen bu haýyşy kabul et». Bu haýyşnamaly hatdan soň, wezir Amydeddöwle çakylygy arkaýynlyk we giň gursaklyk bilen kabul etdi. Halypanyň ýanyna gidip, wezirlige eýe boldy.

Soltanyň weziri Abu Muhasem Abdyljelil Dehistany Amydedöwle bilen oňuşman, onuň kastyna çykýar. Soňra ony bir aýlap zyndana taşlaýar. Amydeddöwle tussaglykdaka dünúeden ötýär. Onuň wezirlik döwri iki nobatdan ybarat bolup, on üç ýyl dowam edýär.

---

[1] Mustazhyr – arkaly, gurply.

[2] Miladynyň 1095-nji ýyly.

## *Zahyreddin Müweýýeddöwle Fahrylwüzera Abu Şujag Muhammet ibn Hasan*[1]

475-nji ýylyň[2] Rejep aýynda halypa Mugtady Biýemrillä Wezir Zahyreddin Müweýeddöwle Fahrylwüzera Abu Şujag Muhammet ibn Hasana (möminleriň emiriniň saýlany) gymmat bahaly halat ýapyp, oňa wezirlik wezipesini tabşyrdy. Ol özüne arka tutunmak maksady bilen, Fahrylmülk ibn hoja Nyzamylmülküň gyzyny öz ogly Rabibeddöwle Abu Mansura alyp bermek üçin, gudaçylyga barypdyr.

Birnäçe wagt geçensoň, soltan şalygynyň gözegçisi Täjilmülk Abulganaýym wezir Abu Şujagyň garşysyna çykyp, weziri soltanyň tagtynda biabraý edip görkezdi. Muňa soltanyň gahary gelip, halypa habar etdi hem-de weziri wezipesinden boşatdy. Wezir öz öýünde terkidünýälige ýüz urdy. Ol her juma güni pyýada metjide gelýärdi. Metjide baranda «Namazlyk ýetmezçiligi bolmasyn» diýip, öz ýany bilen bir namazlyk alyp barar eken. Bagdadyň halky ondan doga-dilegler alýardy. Şeýle-de halypa ony wezipesinden boşadanda, oňa birnäçe ýerleri, ýaplary we ekin meýdanlary beripdi. akyldarlygyna we danalygyna garamazdan, ol örän husyt adam bolupdyr. Ol köp

[1] Wezir Zahyreddin Müweýeddöwle Fahrylwüzera Abu Şujag Muhammet ibn Hasanyň «Wezirleriň saýlantgysy» diýen lakamy bolupdyr.

[2] Miladynyň 1082-1083-nji ýyllary.

saçak ýazmazlyk üçin, hemişe agzyny bekleýär eken. Agşam ýeke özi garaňky jaýda agzyny açar eken. Ol işden aýrylan mahaly, takwalyk äheňinde özüniň şygyr diwanlaryny ýakypdyr. Ondan soň Mekge Medinä gidip, şol ýerde, ýagny Medinede müjewür bolýar. 488-nji ýylyň[1] Dört tirkeşikleriniň üçünji aýynda aradan çykýar. Ol Muhammet pygamberiň (s.a.w.) ogly Ybraýymyň jaýlanan ýerinde jaýlanýar.

### *Azudeddin Sedidilmülk Abulmagaly Yspyhany*

Wezir Azudeddin Sedidilmülk Abulmagaly Yspyhany ilki soltan Mälik şa Seljugyň diwan leşgerbaşynyň naýyby bolýar. Ol hasap-hesip we maliýe işlerine ökde bolmagyna garamazdan, bahyl adam bolupdyr. Muhammet Aryzyň naýyby patyşanyň gaharyna duçar bolýar. Ol soltan Mälik şanyň, soltan Börgiýarygyň we soltan Muhammediň döwürlerinde leşgerbaşy bolup, şol wagtlarda köp baýlyk toplaýar. Müweýedülmülk ibn Nyzamylmülki öldürenlerinde, Sedidilmülki tussag edip, zatlaryny elinden alanlarynda, ol arap patyşasy Seýfeddöwle Sadagadan hemaýat soramak üçin, şol ýere gaçyp gidipdir. Emir Sadaga oňa hemaýat berip, ony halypalyk öýüniň weziri edip belleýär. Bir ýyldan soň, onuň aňrybaş göripligi we bahyllygy halypalygyň ynamdar adamlary we döwlet sütünleri tarapyndan özüne kast edilmegine

[1] Miladynyň 1095-nji ýyly.

sebäp bolýar. Ony tussag edip, ondan köp baýlyk talap edýärler. Şonuň üçin ol perişan halda tussaglykdan gaçyp, soltan Börgiýarygyň leşgergähine barýar. Ol ýerde otuz ýyl leşgerbaşy bolansoň, harby diwanyň naýyby bolýar. Birnäçe näsazlyklar bilen 507-nji ýylda[1] Hemedanda wepat bolýar.

### *Mejdeddin Abulkasym Aly ibn Fahreddöwle Muhammet ibn Muhammet ibn Jehir*

499-njy ýylyň[2] Remezan aýynda Mustazhyr Mejdeddin Abulkasym Aly ibn Fahreddöwle Muhammet ibn Muhammet ibn Jehire wezirlik wezipesini beripdir. Onuň kakasy Fahreddöwle dogany Amydeddöwle. Bularyň ikisi hem halypanyň weziri bolupdyr. Biz olar barada aýdyp geçipdik. Mejdeddin öz dogany Amydeddöwle ölensoň, birnäçe ýyllap tussaglykda ýatypdyr. Ol dana we akylly adam bolup, wezirlik tagtynda dünýeden ötýär. Ol wezirlik işini dokuz ýyl dolandyrypdyr.

Apbasy halypalygynyň döwrüne çenli dört wezir wezirlik wezipesinde wepat bolýar.

Birinjisi, Muktafy Kasym ibn Abdyllanyň weziri, halypa ondan razy bolup we onuň ölümine gaty gynanypdyr. Ikinjisi, Abulganaýym Aly ibn Fahreddöwle. Üçünjisi, Müsterşit Billäniň weziri

---

[1] Miladynyň 1113-1114-nji ýyllary.

[2] Miladynyň 1105-1106-njy ýyllary.

Jelaleddöwle Sadaga. Dördünjisi, Muktafy Awneddöwläniň weziri.

Dört ýüz ýylyň dowamynda bu dört wezir döwletiň hyzmatynda boldular, galanlary bolsa gylyçdan geçdiler, işden aýryldylar ýa patyşanyň gaharyna duçar boldular, ýa-da tussaglykda öldüler.

## *Weliýeddöwle Abulmagaly Hibetillä ibn Muhammet ibn Aly (Ibnilmatap ady bilen tanalan)*

Mustazhyr Billä wezirligi Weliýeddöwle Abulmagaly Hibetillä ibn Muhammet ibn Ala berýär. Soltan Muhammet ibn Mälik şa onuň wezir bolmagyny goldamandyr. Ol weziri wezipesinden aýyrmak üçin, halypalyk öýüne yzly-yzyna hat ýollapdyr. Hatynda:

«Razefi[1] nähili ýagdaýda şu wagtky halypanyň weziri bolup biler?» diýip ýazypdyr. Şol sebäpli wezir Hibetillä ibn Muhammedi wezipesinden aýyrýarlar. Ol wezipesinden aýrylan badyna soltana we onuň weziri Mejidilmülke haýyş edip, ýene-de ikinji gezek wezir bolýar, ýöne olar munuň öňünde birnäçe şert goýarlar. Ol şertler şulardan ybaratdyr: Sünnüleriň ýol-ýörelgesine eýermek, zulum-süteme ýol bermezlik, jöhitlerdir nasranylaryň[2] neslinden diwana häkim we ýolbaşçy bellemezlik, terekeleri öz mirasdüşerine bermeklik.

---

[1] Razefi – şaýylaryň bir mezhebi.

[2] Nasrany – hristianlar.

Ýokarda agzalan şertleriň hemmesi soltan Muhammet dünúeden ötýänçä ýerine ýetirilipdir. Soltan Muhammet ölensoň, zulum-sütem, zalymlyk, terekeleri mirasdüşere bermezlik düzgünleri öňki kaddyna gelipdir. Bu düzgüne laýyk gelmeýän işler tä Çingiz han peýda bolýança dowam edipdir. Halypanyň oňa bolan garaýşy üýtgäp: «Bu wezir öz sözünden dändi» diýip, onuň kastyna çykýar. Şondan soň wezir soltanyň huzuryna gaçyp barýar. Ol tä wepat bolýança, Yspyhanda soltanlyk köşgüniň diwanynda gulluk edýär.

## *Jelaleddöwle Eşrafylyslam Abu Aly Hasan ibn Aly Sadaka*

Halypa Müsterişit Billä 513-nji ýylda[1] Jelaleddöwlä wezirlik wezipesini berýär. Müsterşit Billä kapyrlaryň ýurtlaryny we jahan soltanlaryny edil öz ata-babalary Harunyň, Mamunyň we Mugtasymyň basyp alyşlary ýaly, basyp almak isleýär. Münejjim ýyldyzlara seredip, halypanyň täleýiniň «owlakdygyny», şonuň üçin hem öz maksadyna ýetjekdigini aýdýar. Halypa bu syryny öz wezirine aýdyp berýär. Ol Seljuk döwletiniň garşysynda durýan soltanlar we daş-töwerekdäki beýleki soltanlar bilen hat alşyp, olara dürli wadalar berýär eken. Yragyň weziri Kemaleddin Aly Semirümi bilen mal-mülk babatda we beýleki köp işlerde

[1] Miladynyň 1119-1120-nji ýyllary.

jedelleşipdir. Mülhitler, pidakeşler we melgunlar Merage diýen ýerde halypany pyçaklap öldürip, weziriň kastyna çykýarlar.

### *Sadrylyslam Şerefeddin Anuşirwan ibn Halet Käşi*

Sadrylyslam Şerefeddin Anuşirwan ibn Halet Käşi Mustazhyr Billäniň we Müsterşidiň weziri bolupdyr. Ol döwlet işinde oňat yzlary goýupdyr. Ahyrynda seljuk soltanlaryň weziri bolýar. Onuň ahwalaty barada soňky soltanlar hakda gürrüň edilende ýatlarys.

### *Wezir Awneddin*

Awneddin Muktafy Biýemrillä we Müstenjit Billäniň weziri bolupdyr. Ol dana we akylly adam bolup, ýurt işlerini dolandyrmakda deňsiz-taýsyzdy. Halypa Muktafy Biýemrillä onuň mübärek pikirleri bilen soltan Muhammet ibn Mahmyt ibn Muhammet ibn Mälik şa Seljugy bilen Bagdatda söweş edip, ondan üstün çykýar. Soltan pajygaly ýagdaýda ýeňlip, Hemedana gidýär. Şondan soň soltanlaryň Bagdada we Arap diýarlaryna gatnaw ýollary ýapylýar. Halypalar bolsa biri-biri bilen örän ýakynlaşyp, mäkämleşýärler.

### *Müýeýýiddin ibn Gassap*

Müýeýýiddin ibn Gassap Nasreddin Billäniň weziri bolupdyr. Ol üýtgäp duran, durnuksyz adam bolupdyr.

Soltan Tekeş Horezmşa soltanlygynyň başynda halypalar öýüniň halady bilen Hemedana barýar. Ol köp kürtleri, halaçlylary we ykmanda türkmenleri öz ýanyna alyp, soltana habar iberýär. Ol habarda: «Halypanyň hormatyna onuň iberen resulynyň, ýagny weziriniň we möminleriň emiriniň haladynyň öňünden çykyp garşyla!» diýip ýazylypdyr. Soltan bu habary eşidip: «Olar meniň üstüme çozup gelýändir» diýip güman edip, olaryň üstüne uly leşger iberýär. Soňra olary erbet weýrançylyga salyp, yzyna kowýar. Şondan soň halypa bilen soltanyň arasynda duşmançylyk emele gelýär. Ady agzalan wezir otuz ýyldan soň uly leşger toplap, soltan bilen uruşmak üçin, Yraga gelýär. Bu uruşda ol ýeňlip, wepat bolýar. Onuň kellesini kesip, tabytda goýýarlar we soltanyň huzuryna Horezme getirýärler.

# BÄŞINJI BAP
# SAMANLYLAR NEBERESINIŇ WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Samanlylar Tahyr Zülýeminin, Ýakup Leýs we onuň dogany Amr Eýran ülkelerinde garaşsyzlyk ugrunda göreşipdirler. Şol wagt Tahyr nebereleri halypalygyň gullugynda bolýardylar. Olar özleri üçin garaşsyzlyk we soltanlyk islemändirler.

Saffarlylar[1] Ýakup we Amr Leýs diýen şahslaryň baştutanlygynda halypalyga garşy baş göteripdirler. Olaryň esasy işleri hilegärlik we galtamançylyk bolupdyr. Halypalar öýi olary saýlawa çagyrmandyr we olara hak-hukuk hem bermändir. Olaryň dolandyran döwletleri otuz ýyla ýetmändir. Şonuň üçin biz Samanlylaryň nebereleriniň wezirleri barada gürrüň etmegi makul bildik.

Samanlylaryň musulman we dindar patyşalary bolupdyr. Olardan dokuz adam Eýran ülkelerinde we Turanyň käbir ülkelerinde soltanlyk sürüpdirler, olaryň

[1] Ol Eýranyň gündogarynda 868-903-nji milady ýyllarynda ýaşap geçen nesilşalyk.

paýtagty Buhara bolupdyr. Şahyrlaryň biri şeýle diýýär:

Samanlylaryň neberesinde dokuz şa geçdi,
Olar meşhur Horasan ymaratlaryna öçdi.
Ysmaýyl, Ahmet hem-de Nasyr,
Iki Nuh, iki Abdylmälik we iki Mansur.

Käbir taryhlarda «Samanlylar Bähram Çubiniň neslinden bolupdyr» diýip aýdylýar. Olaryň soltanlyk döwri bir ýüz iki ýyl alty aý ýigrimi gün bolupdyr.

## *Abulfazl Balgamy*

Abulfazl Balgamy Ajamyň beýik wezirlerinden bolupdyr. Ysmaýyl ibn Ahmet Samanly wezirlik wezipesini oňa beripdir. Ol adalaty ýola goýmak üçin, köp işleri edipdir. Yrak ýolundaky Humartegin kerwensaraýynyň eýesi Humartegin Sähep Mişiň duşmançylyk we ýamanlyk etmegi zerarly Emir Nuh Samanly weziri öldürmeklige mal-mülküni talamaklyga buýruk berýär.

## *Abu Japar Utby*

Abu Japar Utby emir Abdylmälik ibn Nuhuň we emir Sedit Mansur ibn Nuhuň weziri bolupdyr. Ol dana, paýhasly we gelip çykyşy asylly adam bolupdyr. Abu Japar patyşanyň hazynasyny mal-mülk we başga

baýlyklar bilen doldurypdyr. Samanlylaryň neberesinde bu wezirden öňem, soňam patyşanyň hazynasyny dolduran wezir bolmandyr.

### *Abu Aly Muhammet ibn Muhammet Balgamy*

Abu Aly Muhammet ibn Muhammet Balgamy 465-nji ýylda[1] Mansur ibn Abdylmälik Samanlynyň weziri bolýar. Ol kämil ylymly adam bolupdyr. Şeýle-de Ymam Muhammet Jerir Tabarynyň taryhyny terjime eden adam hasaplanýar.

### *Abulhüseýin Utby*

Abulhüseýin Utby Razy Nuh ibn Mansur Samanlynyň weziri bolupdyr. Nuh patyşalyk tagtynda oturanda, Abulhüseýin Utbyny wezir etmek üçin, emirleriň emiri Abulhasan ibn Ybraýym Simjur bilen maslahat edýär.

Abulhasan:

– Ibn Utby wezir bolmaga mynasyp adam, emma ol heniz ýaş. Şonuň üçin ýaş ýigit wezir bolup bilmez – diýip jogap berdi.

Emir Nuh onuň garşysyna gidip, Abulhüseýin Utbyny wezir edýär. Onuň iş başarjaňlygy bilen şalygyň işleri gülläp ösýär. Taryhlarda aýdylyşyna görä, patyşanyň köşgünde Abulhüseýin ýaly wezir hiç

[1] Miladynyň 1072-1073-nji ýyllary.

haçan bolmandyr. Şu sebäpden Abulhüseýin bilen Abulhasan Simjuryň arasynda oňşuksyzlyk döreýär. Wezir tagalla edip, Hesameddöwle Daşy emir Nuhuň emiri edýär. Haçanda Fahreddöwle Buýe we Şemsilmagaly Kadus ibn Waşengir Müweýýiddöwle Buýe bilen söweş edenlerinde, ýeňlişe sezewar bolup, yzlaryna gaçyp, emir Nuh ibn Mansurdan medet soraýarlar. Ol wezir Abulhüseýin Utbyny, Hesameddöwle Daşy we öz atabegi Faýet Hadymy olara kömek bermek üçin iberýär. Şu aralykda Faýet Abulhasan Simjur bilen weziriň kastyna çykyp, onuň hyzmatyndaky hyzmatkärleriň birnäçesini oňa garşy goýýarlar. Netijede, olar ýolda weziri gylyç bilen öldürýärler.

Käbirler maglumatlarda «Wezir Abulhüseýin Utbyny Sahyp Apbadyň tagallasy bilen mülhitler öldüripdirler» diýip hem aýdýarlar.

## *Abulhasan Mezbi*

Abulhasan Mezbi ilkibada samanlylaryň diwanynyň maliýe işlerini ýörediji bolupdyr. Wezir Abulhüseýin Utby öldürilenden soň, wezirlik oňa ýetýär, emma ol bu işiň hötdesinden gelip bilmeýär. Soňra ony wezirlikden aýryp, wezipesini Abdylla ibn Ezize berýärler.

## *Abdylla ibn Eziz*

Taryhlarda ýatlanylyşyna görä, Abdylla ibn Eziz boýnyýogyn we garadangaýtmaz wezirleriň biri bolupdyr. Ol utbylar nebereleri bilen oňuşmandyr. Şonuň üçin mydama olaryň pikirlerini inkär edip gezipdir. Abdylla ibn Eziz wezirliginiň ilkinji günlerinde Abulhüseýin Utbynyň tagallasy bilen ýokary derejelere ýeten Hasameddöwle Daşy wezipesinden aýyrýar. Horasan welaýatynyň leşgerlerini we emirlerini Abulhasan Simjura tabşyrýar. Daş bolsa gaçyp, Gürgene gidýär. Birnäçe wagtdan soň Abdylla ibn Ezizi wezirlikden aýryp, wezirligi Abu Nasyr ibn Abu Zeýde tabşyrýarlar.

### *Abdylmuzaffar Muhammet ibn Ybraýym*

Wezir Abdylmuzaffar Muhammet ibn Ybraýym emir Söbükteginiň tagallasy bilen emir Razynyň weziri bolýar. Ol örän özdiýenli wezir bolupdyr. Haçanda Abulhares Mansur Razy şa tagtyna çykanda, Faýediň ondan üstün çykmagy bilen ol wezir bolmakdan boýun gaçyrýar. Soňra otuz ýyllap Nyşapurda kitaplary, makalalary we risalalary okamakdan başga hiç zat bilen meşgul bolmaýar. Şondan soň samanlylaryň döwleti emir Söbüktegine we Ýemineddöwle Mahmyda geçýär.

### *Abu Nasyr ibn Abu Zeýt*

Abu Nasyr ibn Abu Zeýt ilkibada hat-petekler diwanynda işleýär. Samanlylaryň hyzmatynda jomartlykda we sahawatlylykda oňa taý gelen bolmandyr. Ol haçanda wezir bolanda welaýatlardaky raýatlaryň hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmakda elinden gelen işleri ýerine ýetirýär. Alty aý geçensoň köşgüň hyzmatkärleri ony pyçaklap, heläk edýärler.

# ALTYNJY BAP
# GAZNALY PATYŞALARYNYŇ BEÝaNY

Taryhda beýan edilişine görä, Gaznaly patyşalary on dört adamdan ybarat bolupdyr. Olar bir ýüz elli bäş ýyl döwran sürüpdirler. Olaryň asly Söbükteginden gaýdýandyr. Ol samanlylaryň hyzmatkäri Alpteginiň gulamy bolupdyr. Ondan soň onuň ogly Ýemineddöwle Mahmyt otuz bir ýyl patyşalyk sürüpdir. Onuň ölüminden soň Nasreddöwle Mesgut ibn Mahmyt on üç ýyl patyşalyk sürüpdir. Emadeddöwle Muhammet ibn Mahmyt öz doganynyň dolandyran wagtynda dört ýyl patyşalyk sürüpdir. Dogany ölensoň bir ýyl patyşa bolupdyr. Muhammet Şehabeddöwle Möwdut ibn Mesgut ibn Mahmyt bäş ýyl patyşa bolupdyr. Ondan soň Mesgut ibn Möwdut bir aý höküm sürüpdir. Ol heniz çaga bolansoň, patyşalyk onuň doganoglany Bahaweddöwle Aly ibn Mesgut ibn Mahmyda geçipdir. Ol iki ýyl patyşalyk edipdir. Doganoglany onuň üstüne çozupdyr. Azudeddöwle Abu Mansur Abdyreşit ibn Mahmyt doganyndan soň, bir ýyl patyşalyk sürüpdir. Mahmydyň Togrul atly bir hyzmatkäri gozgalaň turuzyp, ony tussag etdiripdir.

Oňa gadyrbilmez Togrul diýip at goýupdyrlar. Togrul çöwgen oýnanda, Abdyreşit ýerinden turup, oňa tomaşa eder eken. Birnäçe wagtdan soň Togrul ony öldürüpdir. Soňra ol Mahmydyň tagtyna geçipdir. Şol wagt ol hemme zady öz ygtyýaryna geçirmek isläpdir. Newşeddin Şeraby iki sany gulam bilen ony gylyçdan geçirip, bölek-bölek edipdir. Gaznalylaryň nesli onuň ölümine şatlanypdyrlar. Ondan soň Jemaleddöwle Farhazat ibn Abdyreşit ibn Mesgut hökümeti dolandyrypdyr. Ondan soň Zahyreddöwle Ybraýym ibn Mesgut kyrk iki ýyl patyşa bolupdyr. Onuň döwran süren wagty köp weýrançylyklar bolupdyr. Ondan soň Alaýeddöwle Mesgut ibn Ybraýym ibn Mesgut ibn Mahmyt on alty ýyl patyşalyk sürüpdir. Ol Soltan Sanjaryň gyz dogany bilen nikalaşypdyr. Ondan soň Kemaleddöwle Şirzat ibn Mesgut bir ýyl hüküm sürüpdir. Ondan soň Soltaneddöwle Arslanşa ibn Mesgut otuz ýyl patyşa bolupdyr. Ondan soň onuň dogany Bährамşa Mesgut ony öldürip, özi otuz iki ýyl patyşa bolupdyr. Ol 544-nji ýylda[1] dünýeden ötüpdir. Onuň ornuna Zahyreddöwle patyşa bolupdyr. Alaýeddöwle Hasan Gury patyşanyň üstüne çozupdyr. Şondan soň Gaznalylaryň nesilşalygy agdarylypdyr.

### *Abulfeth Besti*

[1] Miladynyň 1149-1150-nji ýyllary.

Abulfeth Besti emir Söbükteginiň maslahatçysy, iş dolandyryjysy we weziri bolupdyr. Emir Söbükteginiň öz ogly soltan Mahmyda ýazan pentnamasy weziriň eli bilen ýazylypdyr. Ol hat şeýle ähmiýetli bolupdyr. Ol hat uzak bolanlygy sebäpli bu kitapda ýerleşdirilmedi. Hat «Mejmegil ansap» («Neseplerıň jemi») diýen kitapda berlipdir.

### *Hoja Abulapbas Fazl ibn Ahmet Esferani*

Abulapbas Fazl ibn Ahmet Esferani ilki Amydeddöwle Faýediň kätibi we naýyby bolupdyr. Abu Aly Simjur we Faýet ýeňlenden soň, olar ýurduň töwereklerinde perişan ýagdaýda gezipdirler. Soňra ol emir Söbükteginiň hyzmatyna gelipdir. Soltanlyk nobaty soltan Mahmyda ýetende, oňa wezirlik wezipesi berlipdir. Ol on ýyl şol wezipede oturypdyr. Onda dile çeperlik, danalyk we paýhaslylyk bolmandyr, emma diwanyň işlerinde başarjaňlygy gaty köp bolupdyr. Onuň Hajjaç atly ogly akylly we paýhasly bolupdyr. Hajjajyň arapça şygyrlar diwany kämillik taýdan hemmelere meşhurdy.

Käbir taryhlarda beýan edilişine görä, onuň hadysçy gyzy bolupdyr. Beýik hadysçylar käbir hadyslary oňa salgylanyp aýdar ekenler.

Weziriň işden aýrylmagyna we heläk bolmagyna üç sany zat sebäp bolupdyr diýilýär. Birinjisi, wezir Türküstana tarap hereket edende, owadan ýüzli gul satyn alypdyr. Ol gula aýal eşigini geýdirip, soltan

Mahmytdan gizlin getiripdir. Soltan Mahmyt owadan, gelşikli gullary satyn almagy gowy görer eken. Weziriň duşmanlary ol gul baradaky wakany soltana ýetirýärler. Soltan wezirden guly almak isleýärdi, emma oňa hiç hili sesini çykarmandyr. Soltan myhman bolmak bahanasy bilen wezirlere gelýär. Wezir däp bolşuna görä, soltana on sany guly sowgat bermegi ýüregine düwýär. Soltanyň nedimi bolsa:

– Şol gulamlara (gullara) derek başga bir guly beräý – diýipdir. Wezir ol pikiri oňlamandyr. Weziriň bu hereketine soltanyň gahary gelip, ondan pul soraýar, emma wezir:

– Mende hiç hili pul ýok – diýip jogap beripdir. Wezir muňa gahar edip, zyndanda bolmagy makul bilýär. Ol soltana habar ýollaýar. Ol habarda: «Özümde bar bolan ähli zatlary size tabşyrdym. Özüm bolsa zyndana girýärin» diýip ýazypdyr. Soltan bu habary eşidip: «Eger ol özüne zyndany rowa görýän bolsa, menem oňa garşy däl. Goý, ol öz ömrüniň ahyryna çenli ol ýerde bolsun» diýipdir.

Käbir taryhlarda muňa başga delil getirilipdir: Emir Aly Hişawent soltanyň emirleriniň we naýyplarynyň biri bolupdyr. Soltan ony özüniň ýakyny hasaplapdyr. Ol hoja Abulapbas bilen oňuşmaýar eken. Wezir bu ýagdaýy birnäçe gezek soltanyň dykgatyna ýetiripdir. Aly Hişawent her haçan weziriň garşysyna gidende, bu habar soltana ýetipdir. Ýöne soltan hiç hili çäre görmändir. Bir ýyl weziriň saýlan häkimleri welaýatlardan köp mal-mülk ýygnapdyrlar. Sada halk bu

habary soltana eşitdirmekden ejiz bolupdyr. Ol ýygnalan mallar soltanyň hazynasyna-da düşmändir. Şu sebäpli soltan: «Eger ol hemme ýygnan emläklerini yzyna tabşyrsa, men oňa zulum etmerin» diýip, wezir Abulapbasa gaharlanypdyr. Soňra iş-işden geçensoň, wezir özüniň hemme ýygnanlaryny soltanyň hazynasyna gaýdyp beripdir. Soltan: «Eger ol özünde başga hiç zadyň galmandygyna güwä geçip, ant içse, onda oňa azar bermäň» diýip tabşyrypdyr. Soňra wezir başga adamlarda we dostlarynda goýan pullaryny hem yzyna alyp, hazyna tabşyrypdyr we ant içip: «Indi mende hiç zat galmady» diýip, soltana habar beripdir. Soltan ony galalaryň birinde tussaglyga tabşyrypdyr. Bu wakadan birnäçe wagt geçensoň, emir Aly Hişawent soltanyň ýanyna baryp:

– Men Abulapbasyň hyýanat bilen ýygnan ähli zatlaryny bilýärin – diýýär, emma soltan oňa ynanman, oňa weziriň içen andyny ýatladypdyr. Ýene-de Aly Hişawent:

– Men onuň birnäçe nepis zatlaryny tapyp bereýin – diýipdir.

Soltan: «Oňa hiç hili azar bermesiz şerti bilen tapmaly bolarsyň» diýip jogap beripdir.

Emir Aly Hişawentde şalaryň we samanlylaryň Horasandan gizlin alnan göwher hanjary we pyýalasy bar eken. Aly bu zatlary öň hiç kime görkezmän, gizläp saklapdyr. Haçanda weziriň ýanyna gitmeklige höküm berlende, ol şol hanjary we pyýalany gizlinlikde weziriň tussaglykda ýatan galasyna äkidýär. Emir Aly

Hişawent bir gezek weziriň üstüne haýbat atan bolup, weziri hiç hili gynamazdan, öz elindäki zatlary çykarypdyr.

Soňra bolsa:

– Bu zatlary wezirden aldym – diýip, hezreti soltana habar ýollapdyr. Soltan bu habary eşidenden soň has hem gazaplanyp:

– Hanjar bilen pyýalany saňa bagyş edýärin. Ondan sorag-ideg edip, ähli zatlary yzyna al – diýip, Aly Hişawende doly ygtyýar beripdir. Şol wagt hezreti soltan Sumynat diýen ýere ugrapdyr. Ol weziri tussaglykda her hili gynamalar bilen şehitlige ýetiripdir.

### *Kemal Abulkasym Ahmet ibn Hasan Meýmendi*

Başarjaňlaryň pazylatly güneşi hoja Abulkasym Ahmet ibn Hasan Meýmendi soltan Mahmyt Gaznalynyň weziri bolupdyr. Ilat arasynda Hasan Meýmendi we onuň ykbaly barada köp gürrüňler bar. Ýöne olar hakykat däldir. Hoja Abu Nasyr Müşkanynyň «Makalalar» kitabynda getirilişine görä, ol soltan Hoja Ahmet ibn Hasanyň weziri bolupdyr. Käbir taryhy maglumatlara görä, onuň kakasy Hasan Meýmendi emir Söbükteginiň zamanynda häkim bolupdyr. Ol ummasyz mal-mülk ýygnapdyr, hyýanat edenligi üçin, emir Söbüktegin ony dara çekdiripdir. Onuň ogly soltan bilen dogan okaşypdyr. Olar mekdepde bile okap, bile önüp-ösüpdirler. Ol sahawatlylykda, keremlilikde we akyllylykda öz

döwrüniň saýlantgysy bolupdyr. Şol döwürde hiç kim onuň ýaly baý we ygtyýarly wezir bolmandyr. Ilki ol soltan Mesgudyň soltanlygynda hat-petek diwanynda işleýär. Soltana eden hyzmatlary ony derejeme-dereje beýgeldipdir. Soňra ol şalygyň gaznaçysy bolupdyr.

Leşgerbaşy wezipesi hem onuň öňki işiniň üstüne goşulypdyr. Birnäçe ýyldan soň, Horasan ülkeleriniň işleri onuň gerdenine düşüpdir. Ol häkimler bilen gowy gatnaşyk edipdir. Haçanda Hezreti soltan Hoja Abu Apbasa gahar edip, ony tussag etdirende, Mesgut Hindi diýaryna gidýär. Hoja Ahmet Hasany bolsa Horasana iberipdir. Ol Horasanda köp mal-mülk ýygnap, batyrlyk görkezipdir. Ol welaýatdan yzyna dolanan mahaly, soltana köp baýlyk sowgat getiripdir. Horasanyň halky onuň adyny dillerinden düşürmändirler. Soltan wezirlik wezipesini berip, möhüm işleri çözmegi oňa ynanypdyr.

Wezir Abu Apbas hemme resminamalary parsça ýazdyrar eken. Ol bolsa soltanyň hökümlerini we diwanyň resminamalaryny arapça geçirmegi tabşyrypdyr. Ol dile çeper adam bolupdyr. Hoja Ahmet öz ornunda on iki ýyl oturandan soň, wezirlikde oňa duşman tapylýar. Ol duşman dogrudan, ýalandan soltana habar ýetirip, Hoja Ahmede garşy hereket etmek üçin ýaranlara we emeldarlara köp mümkinçilikler döredipdir. Soltanyň nowwaplarynyň we hajyplarynyň ýolbaşçysy Horezmşa Altyndaş, soltanyň ynamdar adamy emir Aly Sahyp Hyşawent, soltanlykda doly sözi geçýän soltanyň gyz dogany

Hatly hatyn, döwlet emeldarlarynyň, nedimleriň, emirleriň, kätipleriň we Hajyplaryň köpüsi wezire garşy dil düwşüp, soltanyň oňa bolan garaýşyny üýtgetdiler.

Özüniň wezirlik baradaky babynda gelip çykyşy, ahwalatlary beýan ediljek Hasanak hoja Ahmet ibn Hasana garşy jedelleşmek we dawalaşmak mejlisinde taýýar boldy.

## *Hekaýat*

Hoja Abu Nasyr Müşkanynyň «Mertebeliler» kitabynda ýatlanylyşyna görä, döwlet emeldarlaryň köpüsi Hoja Ahmediň garşysyna hereket edýärdiler. Wezipeli emeldarlaryň biri bolan Arslan Jazep Horasanda derejeli orunlaryň birinde oturdy. Bu barada Abu Nasyr Müşkany şeýle diýýär: «Bir gün meniň ýanyma Arslandan hat gelip gowuşdy». Ol hatyň mazmuny şulardan ybaratdyr:

«Men soltanyň Hoja Ahmede gahary gelip, ony wezipesinden boşatjakdygyny eşitdim. Şonuň üçin men size şu haty ýollaýaryn. Soltan hezretlerine maslahat bermäge biziň hiç hili hakymyz ýok. Emma biz soltanyň hak hormatyna öz bilen zatlarymyzy aýtmaga borçludyrys. Eger soltan hezretleri weziriň wezipesini başga bir meşhur adama beräýse, onuň at-abraýy öňküden hem artar, döwlet ýolbaşçylary oňa has-da hormat goýarlar. Ýöne her nähili bolsa-da, Ahmet ýaly adamkärçilikli wezir bolup bilmez. Ahmediň bu derejä

nähili ýetendigi hemme kişä mälimdir. Eger ol öz wezipesinde otursa, size-de gowy bolardy. Siz onuň bilen bile mekdepde bolup, ajy-süýji günleri deň paýlaşdyňyz. Ol mynasyp işlerde işläp, wezirlik derejesine ýetdi. Nedimlikden harby wezirlige ýetdi. Hemmeleriň gözlerini we ýüreklerini dokundyrýan şular ýaly mynasyp adam mydama tapylyp durmaýar. Siz Abu Nasyr, meniň aýdýan zatlarymyň hemmesine gowy düşünýänsiňiz. Her nähili bolsa-da, siz wezire kömek etmelisiňiz. Men bir gullukçy adam. Biziň bu işde ýitirýän zadymyz ýok, emma ony wezirlikden boşadyp, ýerine başga birini goýsalar, gowy bolmaz. Siz bu işleri şu tertipde ýerine ýetirseňiz, has netijeliräk bolar, çünki, Hoja Ahmediň duşmany köp. Bu size-de mälim bolsa gerek. Ol bir wezir adamdyr, hojaýyny näme diýse, şonuň bilen bolar. Ol özüne duşman bolan her kesiň razylygyna we gahar-gazabyna seredip durmaz. Men şu sebäpli siz bilen maslahatlaşmagy makul bildim. Eger-de siz pursat tapyp, bu meseleleri soltana aýan etseňiz, Hoja Ahmede kömek etdigiňiz bolar. Eger siz soltan başga pikirleri güman eder öýtseňiz, ýagny «Arslan türk adamsy, bir harby wezir bilen näme işi barka?» diýer öýtseňiz, özüňizçe hereket ediň. Umuman soltan bilen gürrüňdeş bolmak örän kyndyr. Ol hemme gullukçylaryň biri-birine ters bolmagyny isleýär. Eger-de siz bu zatlary soltana ýetirmegiň netijesiz boljagyny bilseňiz, ýagny bu gürrüňleriň maňa-da, size-de peýdasyz boljagyny bilseňiz, ol işlere öz garaýşyňyza görä çemeleşiň. Bu işleri soltanyň

ýanyndaky adam bizden gowy bilýändir. Şeýle bolmagyna garamazdan, soltanyň kalbynyň şat wagty, pursat tapyp, bu meseläni oňa gürrüň beriň, sebäbi soltan ertirki gün weziri wezipesinden boşadyp, ýerine başga birini belläýse, şol wagt «Näme üçin maňa aýtmansyň?» diýip, bahana etmesin. «Haçanda Arslanyň kömekçisi bu haty maňa getirende, men pikire çümüp, oňa:

– Meniň başyma ullakan gam-gussa getirdiň, çünki, Mahmyt wezire gaharlanyp, ony wezipesinden aýyrmak isleýär. Weziriň daş-töweregini birnäçe duşman gabapdyr. Şonuň üçin bu mesele barada dil ýarmak örän hatarlydyr. Emma bu mesele howply bolsa-da, iki zat üçin men oňa kömek etmäge borçludyryn. Birinjisi, wezir maňa köp kömek etdi. Ikinjisi, meniň wezipäm kätip, maňa näme ýazsalar, soltana habar bermeli we ýerine ýetirmeli – diýdim. Soňra ýene-de oňa:

– Seniň emiriň maňa ynanan zatlaryny berjaý ederin, ýöne sen howlukmaly däl, sebäbi men güýçli duşmanlary görýärin – diýdim. Soňra ol adamy hezreti soltanyň adamlaryndan, ýagny daşarky, içerki duşmanlardan gizläp, yzyna ugratmak isledim, emma hiç hili mümkinçilik tapmadym. Duşmanlaryň hereketi günsaýyn artdy durdy. Olar biri-biri bilen gatnaşyklaryny köpeltdiler. Şu aralykda ýagdaý düýbünden üýtgedi. Şeýlelik bilen umytsyzlyklar has-da artdy. Şol wagt Hoja Ahmet öz ynamdar emeldarlaryny gizlinlikde meniň ýanyma iberipdir. Ol

adamlar onuň ýakyn dostlaryndan eken. Ol maňa şeýle habar ýollapdyr: «Eý Nasyr! Men patyşanyň gullugynda uly özgerişliklere gadam basdym, uly baýlyk topladym. Häzir bolsa patyşa meniň garşyma çykdy. Baýlygym indi maňa hiç hili peýda getirmeýär. Men ähli adamlardan umydymy üzdüm. Emma her niçik bolsa-da, Hudaýtagaladan umydymy üzmeýärin. Abu Nasyr! Seniň hiç hili duşmanyň ýokdugy maňa mälim. Eger-de seniň uly duşmanyň bolan bolsa-da, sen oňa garşy durmaýarsyň. Eger sen öz duşmanyň bilen şeýle iş edýän bolsaň, dostuň bilen nähili bolarsyň? Men seni öz dostum hasap edýärin. Biz bir saçakdan bile çörek iýdik. Birek-birege hormat goýduk. Seniň maňa ýagşylykdan başga zat edeniň meniň ýadyma düşmeýär. Eger biziň aramyzda düşünişmezlik bolan bolsa, ötünç soran bolsam gerek. Seniň maňa ýamanlyk edeniň ýadyma düşenok. Sen bu zatlar barada pikirlen, soňra maňa jogabyny ýetir. Şeýle-de meniň häzirki hal-ýagdaýymy unutma. Sen meniň duşmanlarymyň nähili derejededigini bilýärsiň. Hudaý saklasyn, eger-de men saňa öz hojaýynyňa hyýanat et diýsem-de, sen ony hiç wagt etmersiň. Soltanyň we emeldarlaryň maňa garşy edýän hereketleri barada meni habardar edip dur diýsem, ony hem ýerine ýetirmejegiňi bilýärin. Men mejlishanamyň adamlarynyň bular ýaly iş etmeklerini goldamaýaryn. Ýöne soltanyň ýanyndaky abraýyň we ikimiziň aramyzdaky gatnaşyk esasynda sen meniň tarapymda dur. Eger-de soltan bilen gürleşäýseň, ol hem senden

bir zatlar soraýsa, sen diňe özüňe wajyp bolan zatlary aýt. Sebäbi Altyndaş Horezmşa hile bardyr öýdüp, güman edäýmesin. Soňra meni idäp, iş gozgap ýörmesin. Hasanagyň özi ullakan bir duşmandyr. Ol hemişe gödek gürleýär. Bu ýagdaýy seniň özüň gowy bilýärsiň. Aly Hajyp bolsa aldawçy adam. Ol saman astyndan suw goýberendir. Abu Bekr Hesiriniň aýdýan gürrüňleri we ýerine ýetirýän işleri saňa mälimdir. Bilgin, ol Ahmet Mesgut bilen bir adamdyr. Bular hem maňa duşman boldular. Meniň iki hojaýynymyň ýanynda olaryň bendesidigime Hudaýtagala şaýatdyr. Emma duşman öz işini ýerine ýetirýär. Men hemişe içerde-de, daşarda-da emir Mesgudy görýärin. Ýöne Arslan Jazep her nähili iş bolsa-da, sesini çykarman, gizlin kömek edýär. Beýleki emeldarlaryň hemmesi meniň garşyma hereket edýärler. Abulhüseýin Ukaýly seniň dostuň, ol salgyt we mülk ýerleriň üstünde öz başyna töhmet satyn aldy. Soltan onuň janyna kast etmek isledi. Men onuň tarapynda durup, pul töledip halas etdim. Meniň şeýle iş etmegim, erbet däl bolsa gerek, emma häzir onuň tarapyndan yzygiderli ýamanlyk görýärin. Hasan Aly Mikaýyl basylyp alnan öri meýdanlara nyrh kesmekde hyýanatçylykda aýyplanyp, jany howp astynda galdy. Men onuň özüni we ogullaryny halas edip, oňa ýagşylyk etdim. Soňra dört gezek müň-müň (million) dirhemden töläp, olary başlaryna gelen beladan sowdum. Şu işleri ýerine ýetirenimden soň, bu gün olaryň meniň garşyma duruşlary meni geň galdyrýan zat. Eger Hudaý oňlasa,

olaryň işleri bitmez. Men ýüregimi bir ýere baglap, mümkin boldugyça saňa bil baglaýaryn. Biziň işimiz ýerine ýetirýänçä, sen olar bilen hat üsti bilen ýa-da ýüzbe-ýüz bolup habarlaşyp dur».

Men onuň iberen ynamdar adamlaryna şeýle jogap berdim: «Hoja aýdyň, ol meni gowy tanaýandyr. Men şer gözläp ýören adam däl. Häzirki aýdylanlaryň we ýazylanlaryň hemmesini başymdan geçirdim, ýöne bu işde uly duşman hezreti soltan bolup durýar. Ol öz ýanyndaky adamlaryň gybatlary hernäçe artsa, hoşal bolýar. Soltan iki meseläni halamaýar. Birinjisi, oňa maslahat bermek. Ikinjisi, onuň kowumynyň garşysyna söz aýtmak. Men bularyň hiç birinden çekinmeýärin, başaryşyma görä oňa düşündirjek bolaryn. Şeýle-de Abulhüseýin Ukaýla we Hüseýin Ala nesihat bererin. Abu Bekr Hesiri hem akylly adamdyr. Ony biraz köşeşdirmeli bolar. Ýöne ol hernäçe dilini saklamasa-da, kimdir birini aýyplamasa gerek».

Mesgut awçy we köp bilýän adamdyr. Bu meseleler barada onuň bilen köpräk gürleşmeli we elimde baryny etmeli bolar.

Hasanak samsyk adamdyr. Ol öz malyna we wezipesine buýsanyp, gedemlik edip, düýpli işleriň başyny tutmandyr. Wezirligiň şemaly onuň öýüniň garşysyndan öwüsdi. Aly Hajyp öz işine berlen akylly adam. Onuň bilen bir zatlar gürleşse bolar. Eger oňa ýagşylyk sözüni eşitdirseň, jogabyny bermegi başarýar. Horezmşa hem täsin adam. Emma onuň bilen diňe dogry oturyp gürleşmek gerekdir. Meniň hem öz

duşman we görip adamlarym bar. Olaryň biri Ahmet Abdylsamat naýypdyr. Ol ikimiziň aramyz gowy däl. Häzirki wagtda onuň başynda wezirlik şemaly öwüsýär. Ýazylan zatlaryň ählisi, okalmak üçin, onuň eline düşýär. Başyma bela getirer öýdüp gorkýaryn. Emma onuň orunbasary Aly Parsy işe bişişen gowy adam. Ony ýanyma çagyryp, biziň meselelerimizi bolşy ýaly gürrüň berip, emire ýetirmegi haýyş ederin. Özüm emir Muhammet we onuň ýanyndakylar bilen duşuşmagy başarmaryn. Hojaýyna näz etmek meniň işim däl. Arslan Jazyp şeýle adam, ýöne ol hem maňa şeýle-şeýle sözlemleri ýazypdyr. Umuman, onuň ýazan kyssasyny bolşy ýaly edip, aýdyp berdim. Şeýlelikde, men pursat gözläp, maýa toplap oturmak islemeýärin.

Weziriň iberen ýakyn dostlary yzlaryna dolandylar. Agşam düşende ýene-de geldiler. Olar uly wezipelileriň jogabyny ýetirdiler.

Emir Mesgut we Ahmet Abdylla şikara gitmegi ýüreklerine düwdüler. Bu şikar ýigrimi güne çenli dowam etjekdi. Men hem olar bilen gitmeli boldum. Şonuň üçin Hoja Ahmediň ýanyna baryp, özümiň şikara gidýändigim hem-de ol ýerde esli wagt boljakdygym barada habardar etdim. Onuň bilen dilleşen meýilnamamyzyň başa barmajakdygyny aýdam-da, ol diwanyň günbatar tarapynda oturyp, on gezek müňmüň (million) dirhem hazyna saldy. Men onuň jogabyna garaşdym. Emma ol hiç zat gürlemedi.

Men soltanyň ýiti häsiýetlerinden bir zat aýdyp bereýin. Haçanda soltan şikara barmaly ýerine ýetende, şerap içmäge oturdy. Ol sözüniň soňunda maňa:

– Sen mundan öň hiç wagt şikara gelmändiň, bu gezek bolsa men seni öz ýanym bilen alyp gaýtdym – diýdi. Men:

– Hojaýynyň ömri uzak bolsun, bendeleriňiz hemişe siziň hyzmatyňyzda bolmalydyr – diýip jogap berdim. Ol:

– Seniň aýdyşyň ýaly, juda bir beýle-de bolmaly däl – diýdi.

Biz gürrüňimizi dowam etdirip durkak, Ahmet geldi. Men şol wagt sözümi başga ugra sowup:

– Hojaýynyň pikirleri hemişe dogry bolup çykýandyr – diýdim. Soňra sesimi çykarman oturdym. Şunlukda ol günüň gijesi geçdi. Soltanyň şerap içmesi iki we üç gün dowam etdi. Men iki-üç günden soň soltanyň huzuryna bardym. Şol wagt ol şerap içip otyr eken. Ol meni ýanyna çagyryp, şerap hödür etdi. Biz bile şerap içmäge oturdyk. Ol ondan-mundan gürrüň açyp, maňa:

– Wezirler patyşanyň duşmany bolýandyrlar, sen bu barada heý, kitaplarda okapmydyň? – diýip ýüzlendi. Men:

– Beýle gürrüňlere duş gelmändim, ýöne «Weziriň ýerine geçmek isleýän adamlar akmakdyr» diýen sözlere gabat gelipdim – diýip jogap berdim. Ol:

– Bu näme diýdigiň boldy? – diýip sorady. Men:

– Patyşalar öz şalygyna hiç kimi şärik etmek islemeýärler. Eger-de öz bellän wezirleri uly hormata eýe bolup ugrasalar, pitne turuzar öýdüp, özlerine duşman saýýarlar – diýdim. Ol bu sözlerden soň, hiç zat gürlemedi. Bu sözler Hoja Ahmediň gulagyna-da ýetipdir. Haçanda, men yzyma dolanyp gelenimde, Hoja Ahmediň ynamdar adamlary meniň ýanyma gelip, onuň habaryny getirdiler. Ol habarda: «Men soltan ikiňiziň araňyzda bolup geçen gürrüňleri eşitdim. Hudaýtagala saňa ýamanlyk ýüzüni görkezmesin» diýipdir. Men olara:

– Hoja aýdyň, men öňki gören adamsy däl. Biler bolsaňyz, işiň bitdigi hasap ediň. Emma bir nädogry hereket edäýmäň. Her bir ädimiňizi oýlanyşykly ediň – diýdim. Bu gürrüňden soň ýagdaý gün-günden gowulaşyp ugrady. Birdenem Hojanyň duşmany bolan we daş welaýata iberilen uly gullukçy Şarugy köşge çagyrdylar. Hojanyň işini oňa tabşyrdylar.

Amidilmuhammedi çagyryp, Hoja degişli bolan emlägi barlap almagy tabşyrdylar. Amidilmuhammet hem onuň duşmany hasaplanýardy. Ol wagtynda Hojadan jebir-jepa gören adamdy. Şu günlerde soltan meni öz huzuryna çagyrdy. Şol wagt meniň ýanymda hiç kim ýokdy. Soltan maňa ýüzlenip:

– Men şu çaka çenli Ahmet barada senden hiç zat soramandym. Senden näme sorasam, soragyma dogry jogap ber, hyýanat etme. Seniň ýalan sözlemeýändigiň, ýagny dogruçyldygyň barada maňa köp maglumatlar gelip ýetdi. Sen meniň aýtjak zatlarymy berk diňle,

men seni köp synagdan geçirdim – diýdi. Men oňa baş egip: «Hojaýyn maňa bir zatlar aýdar we sorag berer, men bolsa oňa jogap bereýin» diýen pikir bilen sözüme başladym:

– Ahmet berk, işjanly adam. Meni onuň iş ýöredişi hem kanagatlandyrýar. Men Ahmet bilen ýaşlykda köp oýnap-gezdim. Şonuň üçin häzir men onuň gaharlaryny ýuwudýaryn. Onuň özi hem meniň ähli ýagdaýlarymy we endiklerimi gowy bilýär, şu sebäpli ol hem maňa köp gaharlanyp durmaýar. Soltan:

– «Ol parahor, mal-mülki diňe özi üçin toplaýar, ýüz müň, iki ýüz müň dinar para alýar, meniň permanlaryma garşylyk görkezýär, hatda hyzmatkärlerimiň aýdýan we ýazýan zatlaryna hem äsgermezlik edýär» diýip, gulagyma degýär. Ýene birnäçe zatlar saňa mälimdir. Men bu gürrüňleri eşidip, ony wezipesinden aýyrmagy ýüregime düwdüm. Bu mesele barada ähli emeldarlardan sorasam, olar Ahmedi wezipesinden boşatmagy makulladylar. Bu meselede seniň garaýşyň olaryňka büs-bütin ters gelýär. Sen meni bu pikirimden dändirmek isleýärsiň. Seniň wezir, onuň perzentleri we ýakyn garyndaşlary bilen tanyşlygyň bar bolaýmasyn? – diýdi. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, men beýle zatlary edip bilmerin. Eger-de men weziriň ýüzi üçin, ondan bir zatlar alyp, onuň tarapynda durýan bolsam, soltan menden närazy bolmazmy? Eger-de bende, weziriň üsti bilen şu derejä ýeten bolsa, hojaýyn muny nä ýüzi bilen adamlara düşündirip biler? – diýdim. Soltan:

– Seniň meniň bilen işiň bolmasyn, diňe senden näme sorasam, şonuň jogabyny dogry aýt, maňa hyýanat etme! – diýdi. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, Arslan Jazyp maňa gizlin hat ýollapdyr – diýip jogap berdim we umuman şeýle-şeýle diýip, hemme bolan wakany bolşy ýaly gürrüň berdim. Men ýene oňa:

– Men hat barada hojaýynymy habardar etmedim, sebäbi hojaýyn başga zat barada pikir edäýmesin diýdim. Ony siziň dykgatyňyza şu wagt ýetirdim. Ahmediň gowy wesúetleri barada aýdylan zatlaryň hemmesi dogrudyr. Soltanyň ony wezipesinden aýyrmagy rowa zat däldir. Eger-de soltan ondan doýan bolsa, ygtyýar onuň elindedir, weziri wezipesinden aýyrjak diýse, oňa hiç zat päsgel berip bilmez – diýdim. Soňra men ýene oňa ýüzlenip:

– Öz bilýän zatlarymy hojaýynymyň öňünde aýdyp bilermikäm? – diýdim. Ol:

– Aýt, saňa gizlemäge rugsat berilmedi – diýdi. Men:

– Ahmet ýaly adamy soltan öz dergähinde saklasa gowy bolarmyka?! – diýip pikir edýärin. Eger ol öz hojaýynyna hyýanat eden bolsa, goý, soltan oňa perman çykarsyn. Eger ol hyýanat etmedik bolsa, öz ähdinde durdugy bolar – diýdim. Soltan:

– Hawa-da, pikir edip göreýin – diýdi.

Men yzyma dolandym. Hemme zatlar soltana aýan boldy.

*Hekaýat*

Hoja Abu Nasyryň «Makamat» kitabynda aýdylyşyna görä, Soltanyň Hoja Ahmede gahary gelen wagty, Horezm şalarynyň biri soltan Mahmydyň ýanyna habar ýollapdyr. Ol habarynda şeýle ýazypdyr: «Patyşanyň hormatynyň saýasynda gezip, onuň bilen nika garyndaş bolmagy isleýärin».

Soltan onuň aýdan zatlaryny kabul edip, öz haremhanasyndaky gyz doganlarynyň birini iberipdir. Şondan soň Horezmşa soltany arka tutunyp, öz adamlaryny horlap, olara azar berip başlapdyr. Onuň goşunbaşylary, uly wezipe hajyplary we beýleki ýolbaşçy adamlary ondan doýupdyrlar. Şonuň üçin ony çagyryp, nahar iýip otyrka, duýdansyzlykda daşyny gabap öldüripdirler. Haçanda bu wakanyň habary hezreti soltana ýetende, ýeke özi galyp, Hoja Ahmet Hasany ýanyna çagyrypdyr. Soňra Altyndaş we beýleki emirler hem gelipdirler. Soltan:

– Horezm barada näme etse bolar, ol ýerde şeýle bidüzgünlik bolupdyr. Meniň körekenimi öldüripdirler. eger ony öldüren adamlary tutup jezalandyrmasak, biziň şalygymyzyň daş-töweregine adam aýagy basmaz. Hiç kim bize ynanmaz. Eger-de olary tapyp, temmileri berilse, giň we uzak-uzak ýollar açylar. Ol ýere adaty bolşy ýaly, uly goşun ibermegiň zerurlygy ýokmuka diýip hasap edýärin. Ol ýer etrap ýaly bir ýerdir. Oňa birnäçe güýçli adamdan ybarat bolan bir topary ibersegem bolar, sebäbi ol etrap uludyr. Biziň

garşydaşlarymyz hemişe ol etrabyň peýdasyna ýaşaýarlar. Ol etrabyň getirýän girdejisini harçlaýarlar. Şu meselede özümizden bir zatlar oýlap tapmaly bol-jak. Men bu ýagdaýa geň galdym. Şu meselede siz näme aýdyp, näme maslahat berip bilersiňiz? – diýipdir. Hoja Ahmet ýolbaşçylara gahar bilen ýüzlenip:

– Bu wakanyň jogabyny size berdirmeli. Sebäbi siz harby ýolbaşçylarymyz bolup dursuňyz. Meniň wezipäm bolsa başga –diýdi. Olar:

– Biz öz soltanymyzdan örän köp ýagşylyklary gördük, welaýatyň salyhatly adamsyny tussag etmeli bolarys diýip, pikirimize-de gelmeýärdi, aýratynda soltanyň garamagyndaky welaýaty. Biz ol welaýatyň öz jemagaty bolup, näme diýip, näme aýtjagymyzy hem bilmeýäris. Ýöne soltanymyzyň permanyna görä, onuň hyzmatynda bolup, janymyzy gaýgyrmarys. Biz hemişe soltanyň ähli buýrugyna taýyndyrys. Biz harby ýolbaşçylar bolsak-da, özümizçe netije çykaryp, soltana maslahat berip bilmeris. Şulardan başga hiç zat aýdyp bilmeris. Hoja soltanyň weziri, bu işleri onuň özi gowy bilýändir– diýdiler. Hoja:

– Soltanyň welaýatlary hernäçe artsa, men muňa şat bolýaryn. Ýüregim jaý we ellerim giň bolar. Emma bu welaýatyň işi edil hezreti soltanyň aýdyşy ýalydyr. Azat etmeli ýerimiz – erbet ýer. Şonuň üçin ol welaýaty almak bize kyn düşer» diýip jogap berdi. Olar:

– Bize Hojanyň maslahaty we soltanyň permany gerek – diýdiler.

Hoja Abu Nasyr Müşkana ýüzlenip:

– Eý Nasyr, bu mesele boýunça sen näme aýdyp biljek? – diýdi. Abu Nasyr:

– Meniň pikirim nirä ýeter, onda-da bu meselede?! – diýip jogap berdi.

Hoja ýüzüni emir Altyndaşa öwrüp:

– Eger soltan öz bendelerine şu gün agşama çenli pikirlenmäge rugsat berse, ertir bu meseläniň jogabyny aýdyp bererdik. Şeýle-de hojaýynyň özi hem bu barada oýlanardy – diýdi.

Hezreti soltan «örän gowy bolar» diýip jogap berdi. Olar ýerlerinden turup, yzlaryna dolandylar. Hoja Abu Nasyr Müşkan bilen ýeke galyp:

– Horezmi almak pikiri soltanyň ýüreginde öňden bardy. Şonuň üçin ýaňky adamlara «Ot berer» diýip pikir edýärin. Soltan «Şol ýerden köp baýlyk taparyn» diýip güman edýär. Ýöne elli, altmyş ýiti gylyjyň arasynda türkleriň induslaryň garşysyna gidişi ýaly däldir. Bu iş başa barmaz. Muňa köp çykdajy etmeli bolar. Şeýle-de ýol uzak, goşun hem taýýar däl. Kiçiräk waka ýüze çykaýsa, hojaýynlaryny öldürip, öz janlaryny halas ederler. Hemmeler şu zatlary bilip, bu meseläni edil ussat adamlary edilişi ýaly, meniň boýnuma atdylar. Meniň pikirimçe ol welaýata haýbatly hatlary ugradyp gorkuzmaly diýip, pikir edýärin. Belki, olar köpräk mal-baýlyk kabul edip, soltanyň permanyna laýyklykda, biziň işimiz bitýänçä,

öz aralaryndan bir adamy şa bellärler hem-de onuň adyna hutba okarlar. Eger-de biz şu ýol bilen hereket etsek, howpdan-hatardan we gan döküşlikden aman galarys, emma men bu sözleri soltanyň huzurynda sözlesem, ol bahana edip, ýakamy goýbermän: «Ahmet meniň täze welaýatlary almagymy görüp bilmeýär» diýer. Eger-de men ol welaýaty gylyç astyna almaly diýsem, onda ol hemme işlerini taşlap, ertiriň özünde takmynan elli müň atly jem bolup, ol welaýatyň alkymyna dirär. Soňra bolsa bu işi Ahmet ýerine ýetirdi diýip, howp-hatary meniň üstüme atar. Hemmeleriň aýdan maslahatlaryny ýadyndan çykarar. Men bolsa howply jeňe ýüz urmaly bolaryn. Ol bolsa hemişeki ýaly suwdan gury çykar. Bu işler barada sen näme aýdyp, näme maslahat berip bilersiň? – diýip sorady. Hoja Abu Nasyr:

–Hojanyň ömri uzak bolsun, soltan bilen Hojanyň işlerine geň galaýmaly. Men bir galam hojaýyny, bu mesele barada nämeler aýdyp, maslahat berip bilerin. Eger Hoja bu mesele barada soltana habar iberjek diýse, bu işiň möhümligi sebäpli, size aç-açan aýdyp bermek islemeýärin, ýöne size kömek etmegi nazarda tutup, şol iberjek habaryň nusgasyny taýýarlap bereýin. Soňra onuň mazmunyny soltana gürrüň bereýin, bu mesele barada näme jogap berse, saňa aýdaýyn – diýdi. Wezir:

– Hezreti soltan biziň ýekelikde galyp, söhbet edenimiz barada hökman eşider. Haçanda men yzyma dolananymda, biziň aramyzda bolan gürrüňleri bilmek

üçin, sabyr-takat edip oturman, ol seni öz huzuryna çagyrar. Soňra: «Wezir saňa näme aýtdy?» diýip, sorag berer. Eger sen menden eşiden zatlaryňy oňa derrew beýan etseň, gowy bolar. Men mümkin bolsa, bu habary saňa aýtmak islemeýärdim, ýöne bu mesele gam-gussa hem-de şatlyk bilen bilelikde geldi. Bolýar, men bu gije ol mesele barada pikir edeýin hem-de ertirki aýdyljak habar barada mäkäm oýlanaýyn, öýe gaýdyp, diwanda oturyp işläýin – diýdi.

Hoja Abu Nasyr şeýle diýdi:

– Ol yzyna dolanan wagty, men öz diwanymda otyrdym. Şol wagt bir adam gelip: «Sizi soltan öz huzuryna çagyrýar» diýdi. Onuň ýanyna baranymda, ol meni oturdyp: «Hoja ikiňiz ikiçäk galypsyňyz. Siziň araňyzda näme gürrüň boldy?» diýip sorady. Men: «Ir säherde bolan mejlis barada» diýip jogap berdim. Ol ýerinden turup: «Näme söhbet bolan bolsa aýt» diýdi. Men hemme bolan gürrüňleri bolşy ýaly beýan edip: «Bu ýörite habar däl» diýdim. Soltan:

– Hoja şu gün yzyna şerap içmek üçin dolanandyr. Men bu zatlary öň eşitdim, ýagny Horezm ýaly ýeri bahana bilen ele salyp bolmaz. Biziň ýokary wezipli adamlarymyz bütinleý kämillige ýetipdirler. Olar şu sebäpli şeýle netijelere gelýärler. Eger-de men köp möçberde baýlyk harç etsem, ýyl geldigiçe dünýäni eýelärdim. Sen meniň aýdan bu gürrüňlerimi içiňde sakla, olaryň ertir nähili netijä gelýändigini göreli. Eger Hoja seniň ýanyňa kimdir birini iberip: «Mahmydy gördüňmi, näme jogap berdi?» diýip soraýsa:

«Gördüm, hemme gürrüňleri oňa aýtdym, emma ol hiç hili jogap bermedi» diýip aýdarsyň – diýip tabşyrdy. Men:

– Edil siziň aýdyşyňyz ýaly ederin– diýip, diwana tarap yzyma dolandym. Soňra Hojadan hat gelip gowuşdy. Men bu hata soltanyň buýrugyna görä jogap ýazdym. Ondan başga-da ol hatda «Hoja şu gün şerap içmesin» diýen jümläni hem gizlin ýerleşdirdim. Soňra soltanyň huzuryna baryp, oňa Hojadan gelen hatyň jogabyny gürrüň berip:

– Hojanyň işi kynlaşdy – diýdim.

Habar almak üçin hyzmatkärleriň birini Hojanyň öýüne iberdiler. Ol:

– Hoja ýeke özi kitap okap otyr – diýip yzyna dolandy.

Şol günüň ertesi säher bilen bu mesele boýunça hemmeler ýygnandylar. Döwlet ýolbaşçylaryň hemmesi biri-birine seredip otyrdylar. Hoja:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, şu günki işiň netijeli boljagyna hiç hili şek-şübhe ýokdur. Eger onuň merhemetleri özüniň beýik pikirini orta oklap, şu oturan bendeleri bilen maslahatlaşsa, hiç hili müşgil bolmaz. Döwlet ýolbaşçylary bu mesele barada gapyl galmaly däldirler. Eger onuň merhemetlisi meniň pikirimi goldasa, döwlet ýolbaşçylary daşary çykyp, öz ýerlerinde otursalar, biziň meselämiz has giň hem aýan bolar, sebäbi bu mejlis uludyr – diýdi. Soltan:

– Olar daşary çykyp, boş ýerleri eýeleseler, örän gowy bolar – diýip jogap berdi.

Hoja, soltanyň dogany, goşun ýolbaşçysy Nasyr, uly Hajyp Altyndaş, Hajyp Begdogdy, Hajyp Aly Ilarslan, Hajyp Belkätegin we Muhammet Agraby, Hoja Aryz, serkerdeleriň we hajyplaryň birnäçesi ol mesele barada geňeş etdiler. Hoja ilki bilen goşun serkerdesi Nasyra ýüzlenip:

– Emir bu meselede näme aýdyp biler – diýdi. Emir:

– Men bu meselede hiç zat aýdyp bilmerin, sebäbi soltan meniň doganym. Ikimiziň aramyzda hiç hili gizlin syr ýok. Men doganymyň we onuň paýhasly adamlarynyň maslahat bermegine görä, birnäçe baýlyk gazandym. Ol bir ýyllap Gazna çozuş etmegi ýüregine düwdi. Men oňa: «Hojaýynymyň pikiri nirelerde gezip ýör, biz näme iş etmeli bolarys?» diýip habar ýolladym. Ol maňa «Sen öz işiňi bil, haçanda söweş nagarasy kakylanda, tebildir baýdak bilen ol ýere bar»diýip tabşyrdy. Şu wakadan soň men gaýdyp doganymyň işine goşulmaryn diýip, toba etdim. Soňra ol şol ýylyň içinde inçe dag geçelgesiniň üsti bilen Sumynata gitmek islände, men oňa gitmegiň peýdasynyň ýokdugy, eger-de gitse-de, gaty häzir bolmalydygy barada habar ýolladym, ýöne ol meniň iberen habarymy diňlemän, agyr ýagdaýa duçar boldy. Hudaýtagala biziň hojaýynymyzy gaýtadan dünýä indirdi. Şol hadysada birnäçe adam heläk boldy. Ol wagt men hem şol leşgeriň yzyndadym. Onuň yzy bilen dag geçelgesinden çykyp gelýärdim. Men şeýle bir azap çekip, görgi baryny gördüm. Bu görlen güne

Altyndaş diri şaýatdyr. Haçanda biz leşgergähe ýetenimizde, hemmeler jem bolup, bizi dagdan çykardylar. Şol wagt Nasyr mes haldady. Ol şeýle bir ýykyldy welin, men onuň ýykylyşyny görüp, Hudaýtagaladan ant içip, kyrk gün şerap içmedim. Şeýlelikde, bu hadysa şeýle ýagdaýda tamamlandy. Şonuň üçin soltanyň atynyň toýnagy nirede bolsa, meniň başym hem şol ýerdedir. Ýöne dogan hökmünde we oňa bolan hormatym üçin bir söz aýdaýyn, eger çykgynsyz ýagdaýda Horezme gitjek bolsak, soltanyň özi hem gitmeli bolar. Şonda bu iş meniň üçin peýdasyz bolar we geljegime zyýan ýetirer. Eger bu işiň ugruna çyksak, hemme türkmenler bir bolup, olaryň garşysyna durmaly bolarys. Ol ýer üç ugurly, köp jemagatly ýer. Biz olaryň janlaryny alarys. Olar bolsa howsala düşerler. Biz ilki bilen olardan ganhorlary tussag edip bermegi talap ederis. Şondan soň pitneçileriň elleri gysga bolar, şol şalygyň dolandyrylyşynyň permanyna boýun egip, hutba aýdarlar we bellenen baýlygy ibererler. Eger Horezm ýaly welaýaty ele salsak, örän gowy iş bolar. Emma bu aýdan meýillerim tersine bolsa, onda ygtyýar soltanyň elinde, näme hüküm berse, ýerine ýetirmeli bolar– diýip jogap berdi. Hoja:

– Men düýn Abu Nasyr bilen dogry oturyp gürrüň etdim. Ýöne habar ugratmakdan başga pikiri goldamadyk – diýdi.

Soňra Hoja ýüzüni Altyndaşa öwrüp:

– Hajyp bu mesele barada näme aýdyp biler? – diýip sorady. Altyndaş:

– Men hem şu pikirde, serkerdebaşynyň aýdanlaryny ikelläp makullaýaryn – diýdi.

Soltan başga bir zady güman edäýmesin diýip, Hoja we serkerdebaşylaryň emiri sesini çykarmady. Hoja beýleki duranlara ýüzüni öwrüp:

– Siz näme aýdyp bilersiňiz? – diýip sorady. Olaryň hemmesi bir söz bilen:

– Aýdylan pikirleri goldaýarys – diýdiler.

Men kagyz we syýa getirdip, aýdylan sözleriň we jümleleriň hemmesini harpma-harp ýazdym. Soňra ýazan hatymy soltanyň huzuryna äkitdim. Soltan:

– Men siziň hemmäňiziň bir pikirdedigiňizi, ýagny meniň welaýatlarymyň köpelmegini islemeýändigiňizi bilýärdim. Indi näme etmelidigini özüm gowy bilýärin. Siz meniň buýrugyma çenli öz işleriňiz bilen meşgul boluň– diýip buýruk berdi.

Men habaryň jogabyny oturan adamlara beýan etdim. Olaryň hemmesi yzyna dolandylar. Soňra soltan meni huzuryna çagyryp:

– Men olaryň aýdan pikirleri barada oýlandym, ýöne muny olara aýtmagyň zerurlygy ýok. Arslan Jazybyň ýanyna hat ibermeli. Ol hatda gurnalan iki mejlisde Horezm mowzugy barada näme aýdylyp bellenilen bolsa we ähli adamlaryň aýdan pikirlerini ýerleşdirip, olardan maslahat soramaly – diýip, perman berdi.

Men bu haty taýýar edip, soltana görkezdim. Soňra haty iki sany atly çapar bilen ýola rowana etdim. Ol hatyň jogaby gelýänçä leşgerleri taýýarlamak işi guraldy. Horezme ýörite ilçi iberildi. Hoja öz eli bilen hat ýazdy. Ol hatda beýik soltanyň pikirini, öz hojaýynlaryny näme sebäpden öldürendiklerini we öldürilen adamyň hezreti soltanyň körekenidigi ýerleşdirilýär. Mundan soň Arslan Jazypdan hatyň jogaby gelip ýetdi. Ol hatynda şeýle ýazypdyr: «Köp wagt bäri Türküstan ülkesine degişli bolan Horezm we Ürgenç sebitleriniň jenap hojaýynyň ygtyýaryna geçmeginiň arzuwyndadym. Emma şu barada dil ýararyn diýip pikir hem etmeýärdim. Şu gün şeýle bahana ýüze çykyp durka, soltanyň beýik pikirini goldap, pursaty elden bermeli däldir. Ol kowum edil çopansyz süri ýalydyr. Olaryň eden uly günäsi üçin Hudaýtagala olary jezalandyrar. Eger soltan öz pikirinde durup, olaryň janynyň kastyna çyksa, oňa sogap hem-de at-abraý bolar. Uly welaýat ele salynjak bolup durka, olar bilen gepleşik geçirmegiň zerurlygy ýok. Eger soltan ol etraplary almagyň ugruna çykmasa, onuň ugruna başga döwletler çykarlar, adamlary hem taparlar. Soňra birnäçe mal-garalar we hazyna duşman döwletiň golastyna düşäýse, wah çekeniň peýdasy bolmaz. Eger Horezm soltana garşy döwletiň eline düşse, soňra olaryň ýüregi başga zat barada pikir edip ugrar. Men pikirime daýanyp, bilýän zatlarymyň ählisini beýan etdim. Hemme ýagdaýlarda gowy pikirler barada oýlanarsyňyz diýip pikir edýärin».

Men bu haty soltana görkezenimde, emir:

– Arslan meniň adamym – diýdi.

Soňra ol Arslanyň iberen bu hatyny goşun serkerdebaşysyna, Hoja we Altyndaşa görkezmegi buýurdy. Şol günüň ertesi olary aýmançada oturdyp, hat bilen tanyşdyrdym. Soňra:

– Arslan şu tertipde söz açypdyr, siz bu mesele barada nämeler maslahat berersiňiz? – diýip olardan soradym. Olar:

– Soltan eýýäm ol hatda ýazylan teklipleri goldady. Emma ol teklibi biziňem goldamagymyzy isleýär. Häzirki ýagdaýda soltanyň sözi has-da ýörgünli. Biz näme maslahat bersegem peýdasy bolmaz – diýip jogap berdiler.

Men:

– Soltan: «Hojanyň iberen çapary Horezmden yzyna dolanyp, hatyň jogabyny getirýänçä, meniň höküm bermegim esasynda welaýatlara hat iberip, leşgerleri hem-de ätiýaçda duran goşuny taýýar etsinler. Haçanda ýöriş etmeli wagty gelende: «Balha hereket ediň» diýip tabşyraryn. Şonda bimöçber leşgeri, köp pilleri alyp ugramalysyňyz» diýip tabşyrypdy – diýdim.

Olar:

– Soltanyň aýdyşy ýaly ederis – diýip jogap berdiler.

Olar leşger jemleýänçä, wagtlaryny Balhda geçirdiler. Goşunda jemlenmän galan ýekeje leşger hem galmady.

Horezme giden çapar yzyna dolanyp gelip, hatyň jogabyny Hoja berdi. Ol hatda şeýle diýilýär: «Hemme bolup geçen wakalar takdyra baglydyr. Biz soltana boýun egýäris. Hojadanam kömek soraýarys. Hezreti soltan biziň günälerimizi bagyşlasyn. Öz beýik permany bilen kimdir birini şa etsin. Biz onuň adyna hutba okaly». Ol ilçi ýene-de:

– Ol welaýatyň adamlary uly döwletiň Balha gelýändigini eşidip, dagynyk gezip ýören leşgerleri topladylar – diýdi.

Hezreti soltan Horezme ýöriş etmegi çaltlandyryp, Termiziň gämilerini Amynyň akymyna görä goýmagy tabşyrdy. Bäş, alty müň atlyny Amyderýa tarap ugratdy. Horezmden ilçi geldi, emma soltan olara ylalaşyk üçin hiç hili maý bermedi. Nowruzdan soň soltanyň leşgeri Balhdan hereket etdi. Haçanda Amyderýa ýetenlerinde, birnäçe leşgeri taýýar etdiler. Horezmlileriň goşun serkerdebaşysy Elbeddin elli we altmyş müň atlyny taýýarlapdyr. Olar urşa taýýardylar. Ilçiniň aýdan gürrüňleriniň habarlaryny ugratdylar. Hat üstünden iş bitmedi. Iş gylyja gelip diredi. Soltan Amydan hereket etdi. Muhammet Araby leşger bilen gitdi. Arap öňden ýöredi. Elbeddin Horezmden dört müň atly bilen agşam Muhammet Arabynyň üstüne döküldi. Muhammet Arabynyň leşgerlerini gabap, köpüsini öldürdi. Muhammet Araby ýaralanyp, haýatda saklandy. Ol bu ýagdaýy habar bermek üçin, çaparlary ýollady. Onuň iberen çaparlary gelip ýetmänkä, hezreti

soltan eýýäm atlanypdy. Leşger seresaplyk bilen ýöräp gelýärdi. Soltan:

– Men hiç haçan ýalňyş hereket eden däldirin – diýdi.

Iki at goşulan[1] dört müň atlyny çozuşa iberdi. Olar gidensoň öýle namazy wagty, Muhammet Arabynyň iberen çaparlary ýetip geldiler. Olar bolan hadysany habar berdiler. Emiriň ýüregi awap, pikire çümdi. Ol atlara biraz dynç berip, örän howlukmaçlyk bilen olaryň yzyndan ugrady.

Iki at goşulan atlylar barmaly ýerine bardylar. Emma ol ýerden hiç kimi tapmadylar. Çünki, Elbeddin öz işini tamamlap, yzyna dolanypdy. Soltan Muhammet Arabynyň ýanyna ýetende, ony erbet günäkärledi. Soňra şol ýerde düşledi.

Jansyzlar gelip:

– Horezmden uly leşger gelýär, özlerem gaty tizlik bilen gelýärler – diýip, habar getirdiler. Olar şeýle çozuşlar bilen üstünlik gazanjakdyklaryna ynanýardylar.

---

[1] Iňki döwürlerde goşuny bir ýere çalt hem gyssagly ibermekçi bolanlarynda her esgere we söweşijä iki at berilýän eken. Bir ata münüp, beýleki aty hem idip çapyp barýan esgerler münen atlary ýadansoň, idýän atlaryna münüp, birinji münen atlaryna dynç berýän ekenler. Şeýdip, olar hiç ýerde saklanman, maksada çalt-tiz ýetmegi gazanypdyrlar. Bu işiň ýene bir peýdaly tarapy, bu iş söweş mahaly bir at ölse, beýleki ata münüp söweşmegi üpjün edipdir. Iki at goşulan işlere ätiýaçly atly leşger hem diýilýär.

Soltan alada galdy. Ol ýanynda bütin Türküstany basyp almaga ýeterlik goşunyň bardygyna garamazdan, seýrek duş gelýän tötänleýin wakalardan hem howatyrlanýardy. Soltan indiki namaz wagty meni öz huzuryna çagyryp:

– Gördüňizmi, Hoja biziň bilen näme iş etdi?! Ol meniň duşmanymdyr. Hakykatda wezir patyşa dogry nesihat bermeli. Patyşalaryň şalygyň işleri barada ýygy-ýygydan talap edip durmaga ýagdaýy ýok ahyryn. Ýöne wezire ýene-de maslahat bermeli eken. Eger onuň özi bu meseläni ilçiler we hat üsti bilen çözmek islän bolsa, her hili ýol tapardy, emma ol işi ýerine ýetirmek hem islemedi. Ine, indi bolsa bizi şu güne saldy. Uly goşun ýetip gelýär, howada yssy, duran ýerimiz hem kesekiniň ýeri. Men bu işiň nirä baryp ýetjegini bilmeýärin – diýdi. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, onuň beýik döwletiniň bereketine ýeňişler bolsun. Siziň aýdyşyňyza görä, Hoja we beýleki bendeler şu işleri ýerine ýetirer diýip, pikir etmeýärdim – diýdi.

Ol: «Sen Hojanyň ýanyna git-de, oňa aýt, duşmana eliňden gelen mümkinçiligi berdiň, nesihatymy diňlemediň, şeýdibem bizi şu güne saldyň – diý. Ol ýene-de sözüni dowam edip:

– Mälim bolşy ýaly, biziň bir topar leşgerimiz çet ýurtlular bilen çaknyşdy. Öz janymdan ant içýärin, eger maňa bir zat bolup, bu sapardan yzyma dolansam, ýa-da meniň leşgerim ýeňlişe sezewar bolsa, deriňi

sypyraryn – diýip, gaty gaharlanyp, gorkudan ýaňa titräp, meniň üstüme gygyrdy. Soňra ol:

– Abulhüseýin Ukaýlyny çagyryň, goý, ol gözegçi bolsun, çünki, bu täjikler agzybirdir. Meniň beren permanyma salgylanyp, olary ünsden düşürmesin. Olary biri-birinden aýyrsyn – diýip tabşyrdy.

Men ýeri bolmansoň sesimi çykarmadym. Abulhüseýin gelip, oňa:

– Abu Nasyra habar berip, Ahmet Hasanyň ýanyna iberdim – diýdi.

Ol:

– Abu Nasyryň menden başga garyndaşy ýokdur. Sen ony hem öz gözastyňda sakla, goý, ol meniň habarymy eşidişi ýaly mäkäm saklasyn – diýip tabşyrdy. Biz Hojanyň ýanyna bardyk. Haçanda, ol biziň ikimizi görende:

– Hany nähili ýyldyrym getirdiňiz. Habarçy we gözegçi siziň haýsyňyz bolmaly? – diýip sorady. Men:

– Men Abu Nasyr, meniň ýyldyrym dek habarym bar. Bu azat adam bolsa gözegçi – diýip, habary ondan beterräk gödek söz bilen onuň eline berdim. Hoja gülüp:

– Ol adamdan maňa täzelik, sen Abu Nasyr, meniň şaýadym we onuň dogany. Men şol emeldarlar bilen bolan maslahatda aýdypdym. emma şu gün bu barada dymmaklygyň peýdasy ýok. Emire aýdyň, ýeňiş howp astynda dur. Horezm şalaryny ýeňmek we uly welaýaty basyp almak aňsat bolmaz. Şu wagt mal-mülk bermegiň we adamlary çapar ibermegiň wagty däl.

Duşman ýakyna geldi. Şu gün gylyçlaşmak güni. Muňa çäre tapmaly. Adamlary öňe-öňe iberip, ol itleri ýok etmeli. Olar şeýle bir howply duşmanam däl. Eger rugsat berseňiz, men işe girişeýin. Bu işi ýerine ýetireýin. Haçanda maksadymyz hasyl bolsa, Ahmet Hasan ele düşer. Başga nähili maksadyňyz bar bolsa buýruň – diýdi.

Biz onuň ýürekli adamdygyna haýran galdyk. Soňra habary onda goýduk. Ol sesini çykarman galdy. Iki günden soň ýeňiş gazandyk. Biziň maksadymyz bütinleý hasyl boldy. Şundan soň hiç kim bu gürrüňiň başyna barmady.

***Hekaýat***

Hoja Abu Nasyr Müşkanynyň gürrüň bermegine görä, haçanda Hoja Ahmet bilen Hasanyň işleri kynlaşyp ugranda, onuň hernäçe baýlygy bar bolsa-da, oňa nepi degmedi. Ol öz wezipesinden umydyny üzdi. Hojany diwandan öýüne ugratdylar we oňa birnäçe wekilleri belläp, çagalaryny, kowumlaryny we beýleki zatlaryny gabawda goýdular. Oňa töhmet atyjy adamlary soltanyň huzuryna getirdiler. Soltan olaryň aýdýan gürrüňlerini kabul etdi. Hoja Aly Garyp wezir Hoja Ahmedi ýok etmek üçin elinden gelenini gaýgyrmady, şu sebäpli, hiç kim onuň garşysyna çykyp, batyrlyk görkezip bilmedi.

Günleriň bir güni Hojanyň ornubasary Gammar gizlin ýagdaýda meniň ýanyma gelip, Hojanyň aýdan

gürrüňlerini şeýle beýan etdi: «Men hemmelerden umydymy üzsem-de, Hudaýtagalanyň pazylatyndan umydymy üzemok. Nasyr meniň maslahatyma sereder, elinde baryny eder diýip ynanýaryn. Meni gala äkitmek üçin, Sarygy getirip, oňa tabşyrýarlar. Abdylhamydy bolsa meni alyp gitmek üçin Saragtdan çagyrdylar. Ýer ýüzünde meniň üçin şu iki adamdan başga uly duşmanyň ýokdugyny sen gowy bilýärsiň». Men Gammara:

– Bu erbet ýagdaý, ýöne men başymyň dik wagty onuň uly hormatyny ýadymdan çykarmaryn. Sen ýygy-ýygydan meniň ýanyma gel, her hili ýagdaý bolup geçse, men oňa habar bereýin – diýdim.

Hojanyň işi gün geldigiçe kynlaşdy. Onuň ýanyndaky jansyzlary has-da köpeldi. Olar weziriň amanat goýlan baýlyklaryny tapýardylar. Saryk we Abdylnämit soltanyň huzuryna ýetip geldiler. Soltan olara gaharlandy. Olaryň ýüregi duşmançylykdan ýaňa ot alyp durdy, ýöne hezreti soltanyň huzurynda Hoja hormat goýan kişi bolýardylar. Men Hoja barada Saryk bilen gürleşmek isledim, çünki, ol meniň dostumdy. «Ol aýtjak gürrüňlerimi paş etmez» diýip, oňa doly ynanýardym, emma bu wagt ýeri däldi. Saryk bir gün agşam meniň diwanyma geldi. Abulhasan Kerhi hem ýokary mejlisiň habaryny getirdi. Ol habarda:

– Saryk tä Ahmedi özi bilen äkidýänçä, şu ülkede galmalydyr. Onuň nähili islegi bar bolsa, ýazyp al-da, maňa habar ber. Ahmet Hasan barada oňa hiç zat

aýtma, çünki, siziň aldawyňyzy täjikler eşiderler – diýilýärdi.

Men Abulhüseýine:

– Edil aýdyşyňyz ýaly ederin, ýöne siz soltana aýdyň: «Maňa diňe Ahmet däl-de, beýleki adamlar bolanda-da, soltanyň duzagyna düşsün, düşmesin, olar barada söz açmak maňa nämä gerek?» – diýdim.

Saryk öz pikirlerini aýdyp başlady. Men bolsa onuň aýdanlarynyň hemmesini ýazmaga durdum. Ýazyp bolanymdan soň söz açmak isledim, ýöne Saryk maňa gizlin ýagdaýda:

– Soltan Hoja barada hernäçe gaharlansa-da, ony tussag etmek üçin gutarnykly pikire gelse-de, «Onuň janyna şikes ýetirmeli däldir» diýip, gizlinlikde aýtdy. Soňra «Bu gürrüňi hiç kim bilmeli däldir» diýip tas-syklady, ýöne Abu Nasyr, men saňa bu syry paş edýärin, çünki, men seniň bu gürrüňleri içerden daşary çykarmajagyňy bilýärin – diýdi. Men:

– Men hezreti soltan ähli işde Hudaýtagalanyň razylygyny gazanmaklyga çalyşýar – diýip jogap berdim. Men oňa öňünden bir zatlary aýtmaga gorkdum, sebäbi emir oňa: «Abu Nasyr bilen şeýle ýagdaýda gürleş, ol nähili jogap berýär?» diýip, gulagyna çawuş kakan bolaýmasyn» diýip pikir etdim. Soltan bular ýaly hilelere gezek gelende dünýäniň jadygöýleriniň hem jadygöýüdir. Men Sarygyň haýyşlaryny soltana ýetirmek üçin gitdim we onuň jogaplaryny aldym. Soltan:

– Häzir men näme aýtsam, ýazmaly bolarsyň. Sen Saryk bilen Ahmet Hasan barada gürrüň etdiňmi? – diýip sorady. Abu Nasyr:

– Soltan maňa Saryga Ahmet Hasan barada bir zat aýt diýip tabşyryk bermedi.

Soltan:

– Saryga aýt, Ahmedi özi bilen alyp gitsin, onuň bilen dostlaşmasyn we gaty berk hem tutmasyn, sebäbi Ahmet onuň duşmanydyr. Onuň bilen dostlaşan bolup, menden ogurlan baýlyklaryny ele salsyn. Ol hernäçe gödeklik etse-de, oňa çydasyn» diýdi.

Soňra men ol habary soltanyň öňünde goýdum. Soltan:

– Hemme ýazan zatlaryňy ýerine ýetirmeli diýip buýruk berýärin –diýdi. Men öz öýüme gaýdyp geldim.

Hojany aýan bolan zatlardan habarly edipdiler. Oňa Saryk bilen duşuşygym barada eşitdirdiler. Gammar meniň ýanyma gelip, ondan habar getirdi. Ol habarda: «Men şu günki bolan wakany eşitdim. Saryk seniň diwanyňa gelipdir. Sen oňa näme diýen bolsaň, maňa ýetir» diýilýärdi.

Men Gammara ýekelikde Saryk bilen aramyzda näme gürrüň bolan bolsa, ählisini aýdyp berdim. Soňra oňa:

– Hoja aýt, meniň ýüregim rahatlandy, ýany Ahmediň janyna kast ediljek däl. Bu habary soltandan Sarygyň özi eşidip, maňa aýtdy – diýdim.

Gammar ýassy namaz wagty ýene-de meniň ýanyma gelip:

– «Hoja saňa Hudaý ýamanlyk ýüzüni görkezmesin, eliňden gelenini etdiň, meniň janym azat boldy. Buýruk ýygnamak aňsatdyr. Meniň özümde näçe bar bolsa, hemmesini saňa bererin diýdi» – diýip aýtdy. Mundan bir gün geçensoň, soltan Saryk bilen Abdylnämidi aýmançada oturdyp, meni huzuryna çagyryp:

– Saryk ertir gitmeli bolar, Ahmedi hem öz ýanyňyz bilen äkitmelisiňiz. Ahmet üçin hem ulag taýýar, çünki, onuň daşyny baglap äkitsek, erbet bolar. Olar şäherden çykýança, sen ähli jogapkärçiligi öz boýnuňa alarsyň. Abdylnämidi bolsa onuň baýlygyny çykarmak üçin iber. Goý, ol bilini berk guşasyn-da, onuň baýlyklarynyň üstüni açsyn – diýdi.

Soňra men bu habary aýmançada oturanlara eşitdirdim. Olar:

– Soltan nähili perman berse, hemmesini ýerine ýetireris – diýip yzlaryna dolandylar.

Men ol beýik adamyň gyrakladylmagyna hormatynyň peselmegine gaty gamgyn boldum. Namazdan soň köşge gitmedim. Gamgyn we aladaly halda öýe gaýtdym. Birden Sarygyň nökerlerinden biri meniň ýanyma gaçyp geldi. Ol:

– Saryk meniň yzymdan gelýär – diýdi. Men:

– Indi näme üçin gelýärkä, soltan onuň gelmegine müň bahana goýar ahyryn – diýdim.

Saryk gelip ýetdi. Men oňa salam berdim. Ol hem maňa salam berdi. Soňra men:

– Emir näme üçin azap çekip ýörkä, hiç wagt etmeýän işini edýär. Ol soltanyň müňkür adamdygyny bilýär ahyryn. Onuň azap çekip bu ýere gelmegine näme sebäp bolduka?! – diýdim. Ol:

– Men ertir ýöreýärin, şonuň üçin sizi göreýin diýdim – diýip jogap berdi. Men:

– Emir soltanyň permany bilen gelen-ä däldir – diýip soradym. Ol güldi. Men:

– Edil meniň pikir edişim ýaly boldy, meni ýeke goýuň – diýdim. Ol:

– Namazdan soň soltandan perman kabul edeýin diýip, huzuryna bardym. Ol meni ýanyna çagyryp, pyşyrdap: «Men Ahmet barada näme perman beren bolsam, şony ýerine ýetir, emma onuň janyna şikes ýetirme, eger ýetäýse, seni tussag ederin» diýdi. Men: «Aýdyşyňyz ýaly ederin» diýip jogap berdim. Soňra soltan:

– Abu Nasyry gördüňmi? – diýip sorady. Men:

– Diwanda gördüm – diýip jogap berdim. Soltan:

– Öýüne git-de, ony gör diýip, buýruk berdi – diýdi. Men:

– Bildiňmi, seni meniň ýanyma ibermeginiň sebäbi näme eken? – diýip soradym. Ol:

– Ýok – diýip jogap berdi. Men:

– Ol Hoja Ahmedi wezipesinden boşadanyna puşman edýär, onuň janyna zelel ýetmegini islemeýär. Ol Ahmet barada seniň bilen doly gürrüň etmek isleýär, ýöne muňa onuň beýiklik we hümmetlilik derejesi päsgel berýär. Ol meniň saňa gürrüň

bermegimi isläp, seni meniň ýanyma ýollapdyr. Bilgin we häzir bolgun! Ahmet beýik adamdyr. Biziň soltanymyz hemişe ony mübärekleýärdi. Medresede-de onuň bilen bile okapdyr. Munuň gürrüňi köp, aýtsaň aýdyp oturmaly. Şonuň üçin soltan onuň janyna şikes ýetmegini islemeýär. Sen bu meselede Ahmedi öz ýakyn adamyň hasaplamaly bolarsyň. Şu günüňden ertiriňi tanagyn, Hoja ýagşylyk etgin, çünki, azat adamlar şeýle edipdirler – diýdiler. Ol:

– Aýdyşyňyz ýaly ederin – diýip, meniň elimden gysyp, gürrüňlerimi tassyklady. Soňra yzyna dolandy. Şol wagtyň özünde kimdir birini Gammaryň ýanyna iberip, ony öz ýanyma çagyrdym. Saryk bilen aramyzda nähili gürrüň bolan bolsa, bulary oňa gaýtadan aýdyp berdim. Gammar yzyna dolanyp, ýene-de geldi. Hojadan hoş habarlary getirdi. Şol günüň ertesi Hoja meniň ýanyma gelip, ýuwaşlyk bilen meni öpüp gitdi.

Saryk we Abdylhamyt gitdiler. Şol günüň ertesi soltan meni öz huzuryna çagyryp:

– Saryk düýn seniň öýüňde boldumy? – diýip sorady. Men:

– Hawa – diýip jogap berdim. Soltan:

– Ajap bolupdyr, onuň seniň ýanyňa gelmegi adat bolana däldir-dä?! – diýdi.

Men: «Soltanyň ömri uzak bolsun, Saryk akylly we özüni saklaýan adam. Ol soltanyň permanyndan bihabar gelmez diýip pikir edýärin – diýdim. Soltan:

– Siz näme barada gürrüň etdiňiz? – diýip sorady. Men:

– Biz köp gürrüň edip hem durmadyk. Ol biraz salym meniň ýanymda boldy. Men oňa sylag-serpaý etdim, ol hem maňa sylag-serpaý etdi. Bu edil biri-birimize karz berýän ýaly boldy. Soňra ol ýokary mejlise doga aýdyp, yzyna dolandy – diýip jogap berdim.

Biraz wagt geçensoň soltan agşam şerap içmäge oturdy. Meni hem öz ýanynda oturtdy. Ondan-mundan gürrüň etdi. Ol diwanyň işleriniň saz däldigi barada söz açdy. Soňra bolsa:

– Meniň Ahmet ýaly wezirim bolmaz. Ol örän akylly, ýumşak adamdy, ýöne eli uzaga ýetýärdi – diýdi. Men:

– Soltanyň işleri ugruna bolsun, soltanyň ýüregi näme islese şol hem ýerine ýetmelidir – diýip jogap berdim. Soltan:

– Saryk Ahmede näme eder öýdýärsiň? – diýip sorady. Men:

– Soltan nähili perman beren bolsa, şony ýerine ýetirer – diýip jogap berdim. Soltan:

– Biz oňa gizlin Ahmedi gözden salma diýip buýruk beripdik, Saryk ýanyňa baranda senden nesihat soramadymy? – diýip sorady. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, men oňa bilenimden nesihat berdim. Soltanyň permany bolmasa, meniň ýanyma gelme diýdim – diýip jogap berdim. Soltan:

– Şeýle diýen bolsaň, gowy iş edipsiň – diýdi.

***Hekaýat***

Hoja Ahmedi öz welaýatyna äkidenlerinde, onuň hemme zatlaryny elinden alýarlar. Şondan soň alym Ysmaýyl Saýuny onuň ýanyna metjitde ant içirmek üçin iberýärler. Ol metjitde hemme gullaryny, kenizeklerini we beýleki mal-garalaryny döwlete tabşyrandygy barada, olardan özünde hiç zadyň galmadygy barada ant içmelidi.

Saryk Ahmedi günäkär eder ýaly we duşman bolar ýaly, birnäçe adamlary taýýarlady. Olar: «Ahmet heniz köp baýlygyny gizlin saklaýar, ol ýalan kasam içýär, Ahmediň özüniň gaçybatalga ýeri bar, ol hem emir Abdyrrazzagyň, ýagny soltanyň perzendiniň haremhanasynda» diýip, ony dürli günäler bilen aýyplaýarlar we gününe goýmaýarlar. Munuň üstesine içerki we daşarky hyzmatkärleriň sözlerini-de ýokarda aýdylanlaryň üstüne goşup, soltanyň gazabyny has-da öjükdirdiler. Soltan ony Güdiz galasyna äkitmegi buýurýar. Soňra ol ýere Ahmet bilen söhbetdeş bolmak we ol barada aýdylýan gürrüňlerden netije çykarmak üçin, alymlar Hesiri, Abdylhüseýin Sebary we Tahyr Mäsnufini iberýär. Oňa nähili günäler ýüklenen bolsa, jogabyny sorap, ýokary mejlise goýmagy tabşyrýar. Alymlar jogaby çalt getirer ýaly, her parsaha[1] iki atly adamy goşupdyr. Olar her bir soragy we onuň jogabyny hat üsti bilen soltana ýetiripdirler. Soltan

[1] Parsah – 6-7 km deň bolan ýol ölçegi.

gahar-gazaba münüp: «Jogabyny talap ediň» diýip buýrupdyr.

Elbetde, Hoja Ahmedem soraglara gutarnykly jogap beripdir. Olar Ahmet barada aýdylan sözleri tassyklap bilmändirler. Hoja Ahmet olaryň soraglaryna pert jogaplary beripdir. Şeýle-de soltan we beýleki adamlar ondan kanagatlanarly jogap alyp bilmändirler. Çünki, hemmeler ondan ejiz geldiler. Soltan Abu Bekr Hesirä hat ýollaýar. Ol hatda: «Ahmede aýdyň, oňa hernäçe töhmet atan bolsalar-da, hemmesi ýalan bolup çykdy. Onuň beren jogaplarynyň hemmesini eşitdim. Olaryň ählisi geçdi, emma ýekeje bir zat galdy. Biz hiç bir bahana bolmaz ýaly, bu meseläni yza goýduk. Şu meselede ony tussag edip, öýüni hem almaly bolar. Ol mesele şu aşakdakylardan ybaratdyr:« Eger weziriň baýlygy otuz gezek müň-müň (million) dirhemden geçse, ony sarp edip, beýik adam bolup biler. Şu wagta çenli senden otuz gezek müň-müň (million) dirhem, sowgat bermek üçin, birnäçe at, üç gezek gymmatbahaly egin-eşikler we beýleki zatlar hazyna gizlin ýetipdir. Umuman, otuz gezek müň-müň (million) dirhem hazyna gizlin barypdyr. Mundan başga köp bölegini bolsa elinden aldylar, ýagny ýetmiş gezek müň-müň (million) dirhemi ondan aldylar. Eger her bir hyzmatkär ýokary derejelere ýetse, başga işleriň pikirini edip ugraýar. Ol bu mallary ýygnap, näme iş etmekçidi, maksady nämedi. Ol dogrusyndan gelsin-de, näme maksadynyň bardygyny aýtsyn. Eger dogry

aýtmasaň, öz şirin jany bilen oýun etdigi bolar» diýip ýazypdyr.

Hat gowşansoň Ahmet ol hatyň arka ýüzüne öz eli bilen jogap ýazypdyr. Ol hatda şeýle ýazylypdyr: «Onuň aly hezretleri Abu Bekr Hesirä perman ýollapdyr. Ol beýik permanda «Hatyň jogabyny öz elleri bilen ýazsyn» diýipdir, şonuň üçin men ol bilek ýaly haty öz ellerim bilen ýazdym. Mal-mülki bolan bendeler, has-da meniň ýaly wezipeli adamlar, hojaýynlary kanagatlandyrmak üçin ellerinden gelenini aýamaýarlar. Emma bu zatlaryň maňa geregi ýok. Men şerap mejlisinde hemişe öz bile oturan hojaýynymyň meni Reýde we onuň etraplarynyň giň jalbar garaýagyz adamlarynyň arasynda goýmajagyny bilýärdim. Men onuň Reýe ýörişe gitjegini bilýärdim. Ýöne onuň bilen tä Bagdada çenli gitjek adamlary bu diýarda tapmadym.

Men öz hojaýynymy gowy tanaýardym. Ol şerap mejlisinde joşup, üç ýüz müň dinar maňa bagyş etdi. Men bu pullary ýokarda agzalanlar üçin ýygnadym. Haçanda, hojaýyn ol diýaryň kastyna çykanda, men ol pullaryň hemmesini özüm bilen äkidip, öz hojaýynymyň at-abraýyny we onuň şalygyny berkitmek üçin topladym. Ol dinarlaryň her birini öz garyndaşlaryma berenimde, olardan iki-üç esse edip yzyna aldym. Şeýdip, hazyna hiç hili zyýan ýetirmedim. Men bu pullary şol maksatlar üçin ýygnadym. Dogrymy aýtsam, eger meniň duşmanym başga göz bilen garap, maňa garşy hereket eden bolsa, goý,

olar Hudaýtagala bilen haklaşsynlar. Hojaýyn hemme ýerdäki adamlardan beýik bolmalydyr. Ol kyrk ýyllap öz bendesini tanaýar we synaýar. Ol öz bendesini bagyşlap, garry adama rehimi iner. Çünki, meniň malym galmady, diňe gury janym galdy. Ýene-de bir zadyň üstünde durup geçmeli, bende näme üçin öz hojaýynyna hyýanat etsin? Patyşa mülk isledi, ony tapdy, Mahmytdanam beýik boldy, menem öz weziri etdi. Bende samanlylaryň wezirlerini hem bilýär. Bende öz gulluk wezipesinde mal-mülk babatda tapawutlandy. Hojaýyn öz beýikligi bilen biçäräniň we onuň duşmanlarynyň hem-de göripleriniň sözlerine adyllyk bilen garar. Wessalam» .

Haçanda soltan bu jogaby okandan soň, hiç hili jogap bermedi.

Abu Nasyr Müşkany şeýle diýýär: «Men bu sözleri eşidip, oňa razylyk we rehmet aýdyp, hoşhal boldum». Soňra soltan Aly Garyby öz ýanyna çagyrdy. Ol Hojanyň iň uly duşmanydy. Soltan oňa ýüzlenip:

– Aly sen Ahmet Hasanyň baýlyk barada näme ýazandygyny gördüňmi? – diýip sorady. Aly:

– Göremok – diýip jogap berdi.

Soltan onuň ýazan hatyny gaýtadan aýdyp berip:

– Hojada gizlenip ýatan sözler maňa ýarady – diýdi.

Soňra Aly ýüzüni maňa öwrüp:

– Ahmet aldawçy adam, ýalan sözleýär. Birnäçe adamlar şulardan başga näme aýtsyn. Ol bu sözleri aýtmaga mynasyp adamdyr. Ony gynap, janyny almaly welin, ýöne men sebäpsiz kimdir biriniň ganyny

dökmegi başarmaýaryn. Bu adamyň mekirligi meniň ýakamdan tutdy. Şonuň üçin onuň işine jogap bermegi başarmaýaryn-da. Hesirä hat ýazyp, ýene bir gezek adamlaryň ýygnanan ýerinde oňa «Mende hiç zat galmady» diýip ant içirmeli. Şundan soň ýekeje dirhem ondan çykmasa, onuň janyny halas edip, ant içen kasam hatyny alyp, yzyna dolanmaly. Güdiz galasynyň garawulyna oňa gowy ideg etmegi tabşyrmaly – diýip jogap berdi. Bu barada hatlar ýazyldy. Soňra Ahmediň işi has-da gowşady. Birnäçe wagtdan soň hezreti soltan onuň duşmanlaryndan gizlin öz ynamdar adamy bolan Bährama Hoja Ahmedi Keşmir jülgesindäki Jeňli atly bir adamyň ýanyna äkitmegi tabşyrdy. Jeňli hem ony hindi galalarynyň biri bolan Kälinjar galasyna äkidip, oňa gowy göz-gulak bolmaklygy tabşyrdy. Hoja Ahmet on sekiz ýyl soltanyň weziri boldy, on ýyl bolsa Kälinjar galasynda tussaglykda boldy.

Hezreti soltanyň ölüminden soň, emir Aly Garyp we patyşanyň ornuna geçen soltan Muhammet Hoja Ahmetden ar almak üçin onuň ýanyna adam iberdiler. Jeňli bolsa:« Hezreti soltan ony maňa göz-gulak bol, başga hiç kime berme» diýip tabşyrdy. Şonuň üçin men Ahmedi ibermerin» diýip, ilçini yzyna ugradypdyr.

Soltan Mesgut Hoja Ahmediň ýanyna adam ugradyp, özi Balha tarap ýola düşýär. Balha ýetenlerinde, Hoja Ahmediň bütin döwlet sütünleriniň we uly wezipeli adamlaryň iki we üç ýerden garşylandyklary barada habar ýetýär. Bu hakda Abu

Nasyr Müşkanyň makalalaryny ýazan Abulpazyl Sähmi şeýle diýýär:

Hojanyň şähere giren güni Hoja Abu Nasyr Müşkan hem ony garşylamaga gidipdi. Şol wagt menem onuň ýanyndadym. Haçanda biz onuň ýanyna ýetenimizde, Hoja Abu Nasyr atyň üstündedi. Ol atdan düşüp, pyýada ýöredi. Hoja Ahmet ony görüp, oňa kasam aýtdy. Soňra elini uzadyp, gujagyna aldy-da mähribanlyk bilen ondan:

– Sen meni ýatdan çykardyňmy? – diýip sorady. Hoja Abu Nasyr:

– Ýatdan çykarmadygymy hojaýynymyň özi gowy bilýändir – diýip jogap berdi. Hoja Ahmet:

– Şeýle, senden dogruçyl, gönümel we wepadar adam bolup bilmez – diýdi.

Soňra Hoja Abu Nasyr atyň çep tarapyna geçip, tä soltanyň dergähine çenli, onuň bilen gürleşip gitdi. Hoja içeri girip, tagzym ediş däbini berjaý etdi. Soňra Hoja iki hepde dynç alandansoň, wezirlik wezipesi barada gürrüň edildi, ýöne ylalaşyga gelinmedi. Abu Sähl Röwzeni soltan Mesgudyň möhüm işlerini ýerine ýetirýärdi. Hoja Ahmet:

– Men indi garradym, bu işler bilen meşgullanmaga ýagdaýym ýok, wezirlik wezipesine Abu Sähli belleseňiz gowy bolar, ýöne men iki adamy teklip edip bilerin – diýdi.

Abu Sähl:

– Men wezir bolmaga mynasyp däl, öz kärimden başgasyny bilmeýärin – diýip jogap berdi. Hoja Ahmet:

– Sen sadalykdan emirlik wezipesine ýetdiň, hemme işleri ýerine ýetirip bilersiň – diýip aýtdy.

Abu Sähl:

– Hawa, işler yzly-yzyna gitdi durdy. Her kim öz kärini tapdy, ýöne şu günki gün başymyza soltan gelende, hiç kim ylalaşmaýar – diýdi. Hoja Ahmet:

– Men bu barada pikir etdim. Eger bir perdede elli we altmyş habar ibersek-de, wezirlik barada gürrüňsiz ylalaşmaýarlar – diýip jogap berdi.

Hoja Ahmet bir gün yzyna dolanmak üçin soltanyň dergähine geldi. Soltan ony garşy alyp: «Hoja näme üçin wezir bolmak islemeýär? Biziň hökmürowanymyzyň güýçsüz galandygyny bilýärmi? Biz bu günki gün köp işleri ýerine ýetirmelidiris. Bu işde siz öz başarnygyňyzy görkezmeli ahyryn – diýdi. Hoja Ahmet:

– Men bir bende, boýun egiji adam. Janymy soltandan gaýdyp aldym, ýöne indi garradym, işden çykdym. Öz kärimiň öňümde gymmatly kasamlary aýdyp bilmerin. Men köp azap we görgi gördüm» diýip jogap berdi. Soltan:

– Biz içilen kasamlaryň keffarasyny bereris, bu işde bizi hossarsyz goýmaly däl – diýdi. Hoja Ahmet:

– Eger-de bu käri kabul etmekden başga çykalga bolmasa, soltan meni goldasa, men aýmançada oturyp, elimdäki habary ýokary mejlisiň ynamdar adamlaryna

ugradaýyn. Soňra bolsa jogabyny alaýyn. Şu usul bilen beýikleriň permanyny ýerine ýetireýin – diýip jogap berdi. Soltan:

– Örän gowy iş etdigiň bolar, ýöne sen haýsy ynamdar adamlary göz öňünde tutýarsyň? – diýip sorady. Hoja Ahmet:

– Abu Sähl Röwzenini we Abu Nasyr Müşkanyny göz öňünde tutýaryn. Abu Sähl işleriň arasynda gezip ýören adam. Abu Nasyr bolsa dogruçyl adam. Ol meniň döwrümde habarlaryň arasynda işlän adam – diýip jogap berdi. Soltan:

– Bu sogap iş etdigiň bolar – diýip jogap berdi.

Diwanyň aýmançasyna hat gelen badyna, ol ýeri boşadyp goýdular. Hoja Ahmede soltandan habar geldi. Ol habarda şeýle ýazylypdyr: «Meniň kakamyň döwründe men sebäpli köp azap çekdiň, töhmet eşitdiň. Şol wagtlar seni öldürmedikleri gowy bolupdyr. Seniň janyň sag galmagy meniň döwrümiň peýdasyna boldy. Sen olary ylalaşdyr, seniň hormatyň öz şägirtleriňi we ýaranlaryňy ylalaşdyryp biler. Hemmeler seniň aýdanyň bilen bolarlar».

Hoja Ahmet:

– Men hem ylalaşdym, emma bu käriň özi şert bolup durýar. Eger bende bu şerti dolulygyna sorasa, soltan hem ýene-de hyzmatkärleri aýmançadan daşyna çykarsa gowy bolardy, ýogsa olar bize duşman çykyp, geçen soltan döwründäki ýaly sahna oýnuny oýnajak bolarlar. Men garry halyma uly belany öz boýnuma alýaryn. Bu günki gün duşmanym ýok, arkaýyn. Eger-

de bu şerti ýerine ýetirmesem, Hudaýyň we soltanyň öňünde hyýanat etdigim bolar. Eger-de bu wezipäni çykgynsyz ýagdaýda amala aşyrmaly bolsa, men bu wezipäniň şertini bütinleý soramaly bolaryn. Eger kabul etseňiz, wajyp meseleler bolan nesihatlary we mylaýym, ýagşy sözleri ulanaýyn – diýip sorady.

Hoja Abu Nasyr: «Men we Abu Sähl Röwzeni soltanyň habary boýunça, onuň dergähine bardyk. Soltan bize:

– «Hoja aýdyň, men hemme wezipeleri oňa tabşyrmak isleýärin, ýöne ol şerap içmek, şady-horramlyk etmek, awa-şikara gitmek, iki aýallylyk ýaly pikirlerden el çeksin» diýip tabşyrdy. Biz yzymyza dolandyk. Soltanyň habaryny Hoja gowşurdyk. Hoja muňa: «Boýun egýärin, yzyma dolanyp, ertir onuň alyhezretlerine görkezer ýaly esasnama ýazaryn. Bu esasnamanyň jogaplary we onuň alyhezretlerine düşündiriş haty bolmalydyr. Ol haty hem tassyklamalydyr» diýdi:

Men bu meseläni soltana aýtdym. Soltan: «Gowy bolar, ertir bu işlerden rahat bolarsyňyz. Şol günüň ertesi bolsa Hoja öz işine başlamalydyr» diýip tabşyrdy.

Haçanda hoja soltanyň huzuryna baranda, onuň alyhezretleri ondan:

– Esasnamany getirdiňmi? – diýip soradylar. Ol:

– Getirdim – diýip jogap berip, ony meniň elime tutdurdy. Men bolsa ol esasnamany soltana berdim. Onuň hezretleri ol esasnamany okap, öz elleri bilen

jogap ýazyp tassyklady. Ol esasnama we onuň jogap-lary jemgyýet üçin kasamnama hökmünde ýazylýardy – diýip, gürrüň berýär.

## ESASNAMA WE ONUŇ JOGAPLARY

Bendäniň bu ýazan esasnamasy birnäçe pasyldan ybarat bolup, ony soltanyň hyzmatyna ýetirýärin. Bende wezirlik wezipesini doly ele alar ýaly, her bir pasylyň aşagynda jogaby bolmalydyr. Men bu esasnamany her bir işde esas hem ýol görkeziji bolar ýaly hem-de her bir meselede beýik soltanda biynjalyklyk döretmezligi üçin ýazdym:

Wezir hoja Ahmet:

«Rehim-şepagatly we ýagşylyk ediji beýik soltana meniň galan ömrümi doga-dilegler we ybadat bilen geçirmekligi isländigim gizlin däldir. Beýik döwlet maňa rehmet edip, meni mähnet gamyndan halas etse-de, bende garrap, haldan düşüp, şol uly wezipeden el çekip, dünýäniň işlerinden toba etmek isleýär. Emma beýik perman esasynda çykgynsyz ýagdaýda wezirlik wezipesinde saklanmaly boljak. Beýikleriň permanyna boýun egmekden başga hiç çäre galmaýar. Bende bu işde elde baryny eder. Eger käbir işlerde säwlik hem kemçilik ýüze çykaýsa, bendäni aýyplamaly däldir. Oňa günä ýüklemeli däldir».

Jogap:

«Biz ýagşyzada Hojany diňe şu gün tanamyzok. Ony köp wagt bäri görýäris we tanaýarys. Onuň

hyzmatlary bu döwletde gizlin däldir. Ýüregiňde olar ýaly aladalara orun bermeli däldir. Bu işde ähli güýjüň bilen tagalla etmeli. Biz ondan diňe ýagşylyk hem haýyr gördük. Hiç wagt we hiç bir ýagdaýda säwlik we ýalňyşlyk bilen edilen kemçilikler sebäpli bendäniň boýnuna hiç bir günäni ýüklemeris. Bu işde şübhe bolmaz».

Wezir hoja Ahmet:

«Soltana (onuň ömri uzak bolsun!) weziriň halypalygy, orunbasarlygy mälimdir. Älem hökümdary patyşa perman berijidir. Ýöne soltandan käbir zatlary gizleýärler. Bende hiç wagt hyýanat edip bilmez. Bu çykgynsyz ýagdaýda bularyň hemmesini aýtmak gerek. Duşmanlaryň we göripleriň «Wezir soltana garşy çykýar» diýip gurnaýan hilelerine ynanmaly däldir. Bende bu işlerde, ýagny özüniň aýdýan zatlarynda dogruçyldyr».

Jogap:

«Bu işlerde öz ýüregiňi giň tut. Ol gep-gürrüňler bize aýan bolar. Arkaýynlyk bilen işe giriş. Bende bu meselede meniň tanaýan döwlet sütünlerim, serkerdebaşylarym, häkimlerim, eziz perzentlerim barada we şalygyň möhüm işleri boýunça dogry gürrüň bermelidir. Kimdir biri bu işlerde hilegärlik edýän bolsa, biz arkaýyn oturmaly däldiris».

Wezir hoja Ahmet:

«Bende her kimiň şalyk tagtynyň öňünde bihaýalyk we ýüzigalyňlyk edýändigini görýär we möhüm işler hem-de emläk barada söz açýar. Adamlara nähak işleri

buýrup, buýruklar çykarýarlar we olara möhür basýarlar. Mal-mülküni köpeldýän adamlar uly zyýan bolup durýarlar. Olar soltana ýagşylyk edýän we peýda getirýän adam ýaly görünýärler, emma olaryň ýerine ýetirýän işleri erbetlik we gabahatdyr. Bu gapyny hemmeler üçin ýapmak zerurdyr. Kim özüniň mal-mülküni artdyrmak islese, dogry we peýdaly maslahat alar ýaly, bendä ýüz tutsun. Eger-de şu wagtky bolşy ýaly galsa, örän zyýanly we hatarly bolar».

Jogap:

«Biz Yspyhandan şu diýara gelenimizde, aladalar köpdi.Adamlar bihaýalyk we ýüzügalyňlyk edýärdiler, gürrüňler ýaýradýardylar. Biz buýruk berýärdik, emma işler ýerine ýetmeýärdi. Bu günki gün bolsa hal-ýagdaýlar başgaça. Hudaýa şükür, işler öňküsi ýaly düzgüne-tertibe salyndy. Hemme aladalar aradan aýryldy. Buýruklar doly ýerine ýetirilýär. Indi biziň öňümizde öz wezipesinden başga gürrüň aýdar ýaly adamlar bolmaz. Biziň permanymyz dogrudyr, sen arkaýyn bol. Çünki, akyldar Hoja we beýlekiler biziň bendelerimiz, onuň bolsa şägirtleridir. Eger kimdir biri öz tutýan ornundan we wezipesinden daşary çykmak islese, oňa ýol bermeli däldir. Eger aldaw-hilä ýüz urlup, ol hem mejlisiň we akyldar Hojanyň gulagyna ilse, olar muňa hiç hili ýol bermeli däldirler. Eger hötdesinden gelip bilmeseler, ol kemçiligi wagtynda düzeder ýaly, bize duýdurmalydyrlar».

Wezir hoja Ahmet:

«Harby diwan we wekiller diwany iki uly diwandyr. Bu diwanlaryň işgärleri soltanyň ygtyýar bermegi bilen atly, wezipeli we hormatly adamlar bolmalydyrlar. Emma olaryň hal-ýagdaýlary we san-sajaklary barada bende bilmelidir. Bu iki wezipede bidüzgünçilikler köp bolýar. Bu iki wezipäniň adamlaryny öz çäginde saklamaly we kemçilikler ýüze çykmaz ýaly, olara beýik permana doly boýun bolmaklygy tabşyrmaly».

Jogap:

Däp bolşuna görä, bu ýagdaýlara degişli gürrüňlerde wezirler bilen maslahat edilýär. Biz kakamyz – geçen emiriň (Alla onuň neberelerine şan-şöhrat bersin!) döwründe şeýle zatlary gördük. Bu iki diwan heniz tertibe gelmändi. Bu iki diwana mynasyp ýolbaşçylar bellenmedi. Biz wezirligiň işini tertibe salyp, beýleki diwanlary bolsa oňa boýun etmek isledik. Çünki, bu işler indi akylly-paýhasly Hojanyň kömegi bilen amala aşmaly. Ol bu meselede-de, ýagny bu iki wezipede-de atly-abraýly adamlary goýsun. Ol adamlar biziň hyzmatkärlerimiz bolsa-da, onuň şägirtleridir. Olar onuň buýruklary boýunça işlemelidirler. Dana Hoja olaryň girdejilerinden, çykdajylaryndan, ehli işlerinden habarly bolmalydyr. Şeýle etsek, olardan zyýan gelmez. Eger biziň aýdyşymyz ýaly bolmasa, akyldar Hoja özüne günä ýüklenmez ýaly, hiç bir ýagdaýda olar bilen ylalaşmaly däldir».

Wezir hoja Ahmet:

«Döwlet sütünleri, goşun (Alla olara ýeňiş bersin!) welaýat häkimleri we beýlekileriň hemmesi başga adamlardan hemaýata garaşmaz ýaly, adamlara sütem görkezmez ýaly, olaryň mal-mülklerine göz dikmez ýaly, soltandan (Alla onuň mertebesini beýgeltsin!) ýeterlik derejede aýlyk alýarlar. Eger olar kanagat edip, şu zatlardan el çekseler, gowy bolar. Olara doly ygtyýar berilse, köp ökünçleriň üstünden elterler we örän uly zyýan ýeter».

Jogap:

«Biziň perzentlerimize we ähli döwlet sütünlerimize başga ýerden hemaýat almaklyk gapysy ýapykdyr. Olar nähili ýagdaý ýüze çyksa-da, başga ýerden we elden hemaýat almaly däldir. Akyldar Hoja bu meselede gowy pikirlenmelidir. Olaryň biri-biri bilen dilleşip, kimdir birinden hemaýat almaga hukugy ýokdur. Bu meselede özüňize nämäni wajyp bilseňiz, şony hem ýerine ýetiriň. Hiç kime ýüzgörüjilik, geçirimlilik etmeli däldir. Eger-de kimdir biri bu meselede onuň göwnüne ýaramasa, wezipesine we at-abraýyna seretmezden bize habaryny ýetirmelidir. Hoja näme karara gelse, şol hem ýerine ýetiriler».

Wezir hoja Ahmet:

«Däp bolşuna görä, gözegçiler we hat-pet gatnadýanlar, soltanyň (Alla onuň soltanlygyny belende galdyrsyn!) hyzmatkärleri we bendeleri bolan bu wezipedäki işgärler ynamdar-amanatdar adamlar bolar ýaly bu bendäniň diwanyndan bellenilmelidir. Olar özlerine bellenen haklaryna kanagat etmelidirler. Olar

köp işlemelidirler, halkyň mal-mülküne göz dikmeli däldirler. Bende olaryň hemme bähbitli işlerini olara ýetirip durmalydyr».

Jogap:

«Biz akyldar Hojanyň (Alla oňa uzak ýaş bersin!) soraglaryna öz isleýşi ýaly jogap berdik. Düzgün boýunça hemmesini ýazdyk.

Abu Sagyt Mesgut ibn Mahmyt şeýle diýýär: «Mähriban,Rehimli, Eziz we Gudratly Alladan ant içýärin, biz Abulkasym Ahmet ibn Hasana şu esasnama laýyklykda garaýarys. Ondan şalyga anyk hyýanatyň ýetenligi kesgitli subut edilýänçä, men ol hakda gowy pikirde bolaryn, onuň duşmanlarynyň we görip adamlarynyň gürrüňlerine üns bermerin. Hudaýtagalany öz aýdanlaryma güwä edýärin. Alla ýeterlik şaýatdyr. Soltan bu haty öz eli bilen ýazdy».

## Hoja Ahmet ibn Hasanyň kasamnamasy

«Mähriban we Rehimli Allanyň ady bilen:

«Allatagala beren ähti-peýmanyny we kasamlaryny azajyk gymmata (pula) satyp goýberýän kimseler üçin, ahyretde hiç hili nesibe ýokdur, kyýamat gününde Alla olar bilen sözleşmeýär, olara rehmet nazary bilen seretmeýär we olary günälerinden päklemeýär. Olar üçin agyr azap bardyr»[1] Äşgär hem gizlin zatlary ýaradan, hak pygamberleri iberen beýik Alla kasam

[1] Gurhanyň 3-nji («Ÿli Ymran») süresiniň 77-nji aýaty

bolsun, ýagny men – Abulkasym Ahmet ibn Hasan älem hökümdary beýik soltan Abu Sagyt Mesgut ibn Mahmyda (Alla ömrüni uzak etsin!) wepaly bolaryn. Onuň dostlary bilen dostlaşaryn, duşmanlary bilen duşman bolaryn. Soltana we onuň perzentlerine, döwlet sütünlerine, goşunyna, leşgerine, mal-mülküne bähbitli işler ugrunda uly tagalla ederin, hiç bir işde geleňsizlik etmerin. Maňa ynanylan wezirlik wezipesini dogry berjaý ederin. Hyýanat etmerin. Öz şahsy bähbidim üçin, mal-baýlyk, para toplamaryn. Welaýatlaryndan gelýän girdejileri we emlägi aýawly saklamakda jan ederin. Soltanyň perzentleri, goşun serkerdeleri we goşuny bilen dildüwşük guramaryn. Soltanyň we şalygyň garşysyna çykýan duşmanlaryň we garşydaş adamlaryň garşysyna hereket ederin. Eger garşydaş adamlaryň biri bilen şalyk we onuň töweregi barada gürleşmeli ýa-da hat alyşmaly bolsa, hökman soltan bilen habarlaşaryn. Gizlinlikde hiç bir iş etmerin, çünki, gizlin hereket zerarly, soltana we şalygyna zyýan geler. Eger şu şertleri ýeke-ýeke ýerine ýetirmesem, goý, Allatagala meni öz güýjümden mahrum etsin. Özümde bar bolan zatlara, wezipä kanagat ederin. Eger bu kasamy bozsam, mende bar bolan her bir guly we kenizi azat edeýin. Ömrümiň ahyryna çenli bile ýaşajak aýallarymyň her birine üç gezek «talagymy» bereýin. Eger bu kasamymy bozsam, Allanyň öýüne – Mekgä üç gezek zyýarat edeýin. Gözlerim gowulyk görmesin. Men şular ýaly kasamlary içip, kada-kanundan çyksam, bu kasamlar

meniň başyma bela indersin. Men bu kasamyma soltan Abu Sagyt Mesgut ibn Mahmydy (Alla onyň ömruni uzak etsin!) we Hudaýtagalany şaýat tutunýaryn».

Elkyssa, bu wezir barada aýtsaň, aýdyp oturmaly. Öwgüli häsiýetleri gaty köp. Eger kimdir biri ol barada bilmek islese, Abu Nasyr Müşkanynyň «Makalalar» kitabynda ýazylandyr. Hoja Ahmet iki ýarym ýyl soltan Mesgudyň wezirliginde oturdy. Soňra Allanyň rehmetine gowuşdy.

### *Hasanak Abu Aly Hasan ibn Muhammet Apbas*

Hasanak Abu Aly Hasan ibn Muhammet Apbas Nyşapuryň abraýly maşgalasyndan bolupdyr. Çagalygyndan soltan Mesgudyň hyzmatynda bolup, mylaýymlygy we özüni saklamagy öwrenipdir. Ol özüniň mylakatlylygy, halallygy we ýumşşaklygy bilen soltanyň huzuryna ýetdi. Soltan ony Hasanak diýip atlandyryp, tä wezirlik derejesine çenli ýetiripdir. Soňra Hasanak wezipesinden aýrylyp öldürilipdir. Ol meşhur adam bolupdyr. Köp baýlyk toplapdyr, wezirlik wezipesini ele alypdyr. Ol wezirlik wezipesine Hoja Ahmetden soň eýe bolupdyr. Hasanak orunbasary Kasymy özüniň Nyşapurdaky wezipesine iberip, özi soltanyň dergähinde galypdyr. Işi şu görnüşde dolandyrypdyr. Onuň orunbasary bolsa işleri arkaýyn dolandyrypdyr. Hasanak bu ýollar bilen soltanyň ynamdar adamsyna öwrülipdir. Ol Hudaýyň öýüne zyýarata gidende, Müsüriň ýolundan geçipdir. Müsüriň

patyşasy (keramlylardan) hudaýsyz, mezhebe we dine garşy adam eken. Ol patyşa Hasanaga halat ýapyp hormatlapdyr. Soltan bu habary eşidip, dindarlyk nukdaýnazardan, ol halady dört gezek ýyrtyp ýakmagy tabşyrypdyr. Şol wagtyň halypasy Kadyr Billah Hasanagyň Müsüre barandygyny, ol ýerde müsürlilerden halat alandygyny eşidip, pikire batyp, haladyň ýakylmagyna razylyk beripdir. Şu wakadan soň Hasanagyň abraýy hezreti soltanyň ýanynda rowaç almandyr.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, soltan Mahmyt emir Hasanak bilen hemişe keramly mezhebi barada jedelleşipdir. Soltan:

– Olar keramatly we kämil adamlarmy? – diýip sorady. Hasanak:

– Olaryň hemmesi ýasama we aldawçy adamlardyr – diýip jogap berdi.

Soltan Abu Aly Simjura garşy uruşmak isleýär eken. Abu Alynyň Elmüýeýýit Minessema lakamy bardy. Haçanda soltan Buzjana ýetende, oňa: «Ol ýerde keramylardan takwa adam bar» diýip aýdýarlar. Soltan ol takwany görmek üçin zyýarata gidýär. Ol Hasanagy öz ýany bilen bile äkidýär. Olar ol ýere baranlarynda, soltan takwa adama ýüzlenip:

– Seniň dünúe-malyndan habaryň barmy? – diýýär. Ol:

– Meniň dünúe bilen işim ýok – diýip, elini howada galgadyp, bir gysym tyllany alyp, emir Hasanaga berýär. Hasanak tyllalara seredende, ol tyllalaryň hemmesiniň Abu Aly Simjurynyň zikgeleridigine göz ýetirýär. Soltan takwa kişiniň ýanyndan turanda, Hasanaga ýüzlenip:

– Bu keramata müňkür bolýarmyň? – diýip sorapdyr. Hasanak:

– Eý soltan, men bu keramata müňkür bolmaýaryn, emma soltan kimdir biriniň, ýagny asmanda adyna tylla ýasalan adamyň üstüne uruş etmeli däldir – diýip, tyllalary soltana görkezýär.

Soltan gaty gülüp, ol tyllalaryň hemmesiniň Abu Aly Simjurynyň berendigini bilip, şondan soň keramylara müňkür bolup başlaýar.

## *Hekaýat*

Hoja Abu Nasyr şeýle gürrüň berýär:

419-njy senede[1] hezreti soltan Mahmyt meni ýanyna çagyryp, ýagşydan, ýamandan söz açdy. Ol söhbetiň barşynda:

– Däp bolşuna görä, weziri wezipesinden boşadyp, hemme zatlary elinden alnansoň, ikilenç wezirlik wezipesine bermesek nähili bolar, ol birnäçe çeken jebir-jepalaryndan soň dogry we wepadar işlemezikä, muňa seniň garaýşyň nähili bolar? – diýdi. Men:

[1] Miladynyň 1028-nji ýyly.

– Soltanyň ömri uzyn bolsun, eger soltanyň aýtjak teklibi hemmelere mälim bolsa, okanymyzdan, görenimizden jogap bereris. Eger soltanyň teklibi hemmelere mälim bolman, başga zat bolsa, siziň bendäňiziň elinden geljek zat bolmaz we ol hiç zat jogap berip bilmez – diýip jogap berdim. Soltan:

– Hemmeleriň bilýän zatlary, okan we gören zatlaryndan peýdalanyp, jogap bermegiňi isleýärin. Biziň indiki gürrüňimiz Ahmet Hasana degişli. Ol heniz dirikä, men oňa bil baglaýaryn. Ol meniň ýüzümden geçip bilmeýär, ýöne hiç meniň hyzmatyma girişip gidibermeýär. Eger Hudaýtagala takdyryna ýazan bolsa, ol bize razylyk berer. Muny meniň ýüregim syzýar. Eger-de ol wezirlik wezipesine geçäýse, adamlar oňa: «Guýrugyndan çekilensoň, derwüş halyna düşüp, köp görgüleri görensoň hem ýene-de ikinji gezek şol ýere barýar» diýerler. Sen nesihat ber! Men ony ikinji gezek bellesem bolarmy ýa-da ýok? – diýip sorady. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, ol adam köp mesele boýunça bize ýakyn adam. Bu meselede söz açmak üçin, şulary bilmek gerekdir, ýagny dünýä döräli bäri patyşalar öz hyzmatkärlerine we ýanyndaky adamlara gahar edip gelipdirler. Soňra bolsa olaryň günälerini geçipdirler. Isleseler öz wezipelerini hem gaýdyp beripdirler. Bu meselede hiç aýyp zat bolmandyr, bolmazam. Beni Apbas halypasy hem Mugtadyryň döwründe Aly Isany üç gezek wezirlikden boşadyp, gaýtadan belläpdir. Ýene-de köp adamlar bu ýagdaýy

başdan geçiripdirler. Olar hem bir, iki we üç gezek wezipesinden aýrylyp, täzeden goýuldy. Bu ýagdaý Sasanlylaryň döwründe hem bolupdyr. Abu Japar Utby we Balgamyny wezipesinden boşadyp, Samarkanda we Fergana iberdi. Soňra olary yzyna getirip, günälerini geçip, wezipelerini gaýdyp berdi. Soňra olardan hiç bir ýaramaz we günä işler ýüze çykmady. Häzir soltan öz ýüregi nähili pikiri goldaýan bolsa, şol pikiri hem berjaý etsin» diýip jogap berdim. Soltan:

– Ahmet kämil adam. Ol wezir wagty işlere özi doly gözegçilik edýärdi. Wezipesinden aýrylan wagty, köp alada meniň üstüme düşdi. Emma meniň köp döwlet sütünlerim we goşunlarym onuň duşmanydy. Bu döwürde meniň ol hakdaky pikirime duşmançylykly we erbet garaýyşlary bilen gararlar. Ahmet barada ellerinden gelenini aýamazlar, oňa hormat goýmazlar. Eger wezirlik wezipesini ýene-de oňa tabşyrsam, ol göräýmäge ar alyjy bolmasa-da, men onuň ýürek syrlaryndan habarym ýok. Men döwlet sütünlerim we goşunlarym ondan howatyrlanar» diýip gorkýaryn. Şu sebäpli hemmeler menden gaty görerler.

Abu Nasyr:

– Hudaýa şükür, soltan hiç bir wezire we kömekçä mätäç däldir. Diňe wezirlik wezipesi däl, eýsem, hemme wezipeler onuň golastyndadyr. Ahyrsoňy düzgünden çykman, Ahmetden başga göwne laýyk wezir tapyp bolmazmy. Soltan bu mesele barada nämeler pikirlenip biler? – diýdim. Soltan:

– Ahmet wezipesinden aýrylan güni ýüregim Arez Abulkasymda aram tapdy. Ol wezirler maşgalasyndan bolup, biziň hyzmatymyzda kämillige ýetdi, emma ony iki ýyllap synadyk, öwrendik. Ol wezirlik wezipesine laýyk däl. Tötänleýin düşen şu wagtky wezipesi hem oňa mynasyp däl» diýip jogap berdi. Men:

– Soltan beýleki hyzmatkärleriň pikirini hem bilmelidir diýip ýüzlendim. Soltan:

– Sen biziň hyzmatkärlerimiziň haýsysynyň şu wezipä mynasypdygyny anyklamaly – diýip buýurdy. Men:

– Soltanyň ömri uzak bolsun, bu iş kiçi däl. Bir mejlisde bitmez. Eger-de soltan goldasa, ýokary wezipeli adamlaryň jemagatyny we serkerdeleri diwanyň aýmançasynda oturdyp, bu mesele boýunça pikir gozgap, her haýsysynyň netijesini, ýagny mynasyp bolan adamyň adyny kagyz üsti bilen almaly bolar. Bu mesele şeýle usul bilen çözüler – diýip jogap berdim. Soltan:

– Örän gowy bolar – diýip, derrew Arslan Jazebe, Aly Hoşawende, Belkandin we Bektäzä aýmançada oturmagy buýurdy. Soňra ol menden bu mesele barada olaryň ýanyna habar ýollady. Men olara ýüzlenip, habary aýtdym. Ol habarda:

«Wezirsiz hiç iş bitmez. Men Ahmedi bu wezipä goýmak islemeýärin. Bu wezipe agyr. Indi Ahmet bu jogapkärli işiň hötdesinden gelip bilmez. Siziň bu mesele barada nähili pikiriňiz bar».

Oturan adamlar ýerli-ýerden hersi bir zat diýdi. Men olara ýüzlenip, syýa bilen kagyz alyp: «Öz pikiriňizi aýdyň» diýdim. Olar ilki bilen Abulhasan Saýýarynyň adyny ýazypdyrlar. Soňra Tahyr Müstöwfiniň, Abulhüseýin Ukaýlynyň adyny, mundan soň Hasanagyň, Ahmet Abdyssamadyň we wezir Altyndaşyň atlaryny ýazypdyrlar. Soňra olar «Biz bularyň hemmesini tanaýarys. Bularyň hemmesinden Hasanak ýagşydyr» diýip ýazdylar. Haçanda bu haty soltanyň huzuryna eltenimde, soltan ony okap, biraz saklandy-da:

«Abulhasan Saýýary gowy we kämil adam, emma onuň depesi, sellesi maňa ýaranok. Tahyr Müstewfi ynamdar adam, ýöne akylly-paýhasly däl. Men howlugýaryn, işiň çalt gitmegini isleýärin. Abulhüseýin Ukaýly ejiz, sada, obaly adam. Biziň hal-ýagdaýlarymyzy we endiklerimizi gowy bilýär. Men oňa gowy öwrenişipdirin, getirýän we äkidýän habardyr sargytlary üçin ony gowy görýärin. Men onuň mejlisden daşlaşmagyny islemeýärin. Hasanak bolsa ýaş, biziň endiklerimize doly öwrenişen adam, emma hiç bir diwanda özüne şägirt tutmady. Eger wezirlik wezipesini oňa ynansak nähili bolarka? Onuň Nyşapurdaky ornuny Hasanagyň öz orunbasarlary hiç hili kelleagyrysyz dolandyrarlar. Ýöne adamlar «Mahmyt ýetişen ýaşuly hyzmatkärler barka, bir ýaş oglany goýdy» diýerler. Aýtmaklaryna görä, kethuda Altyndaş halal, mynasyp adam diýýärler. Bu wezipä Altyndaşy goýsak hem bolýar, emma onuň ýüregine

ser salanyňda, özünden başga adam bardyr öýdenok» diýdi.

Şol günüň ertesi Hasanagy çagyrdylar. Oňa näme etmeli bolsa etdiler, halat ýapdylar. Halat ýapma hiç bir döwürde, hiç bir wezire edilmändi. Birnäçe wagtdan soň, soltan eden işine ökündi. Hasanaga wezirlik wezipesini ynanmagyny özüniň ýalňyşlarynyň biri hasaplady. Hasanak soltanyň ahyrky demine çenli onuň weziri boldy. Haçanda soltan Mahmyt Hudaýyň çakylygyna «lepbeý» diýende, soltanyň kiçi ogly Muhammet Juzjanatdan gelip, soltanlyk tagtyna eýe boldy. Wezirlik wezipesi ýene-de Hasanaga galdy.

Şol wagtlar soltan Muhammet Yrakdaky dogany soltan Mesgudyň aýdanlaryna boýun bolmaýardy. Onuň bilen ylalaşmaýardy. Bir gün Hasança mollanyň ýanynda: «Ir-u-giç Mesgut patyşa bolsa, Hasanagy wezipesinden aýrar» diýip dil ýarypdyr. Çünki soltan Mesgut öz doganyndan şalygy alyp, özi tagtda oturdy. Ol müsürlileriň oňa beren haladyny we olaryň mezhebini bahana edip, Hasanagy Nyşapurda öldürtdi.

## *Abu Sähl Röwzeni*

Abu Sähl Röwzeni soltan Mahmydyň zamanynda köşkde gulluk edýärdi, ýöne wezirlik derejesi ýokdy. Eger onda bu dereje bolan bolsa, onuň ady wezirleriň adynyň nusgasynda ýazylardy. Soltan Mesgut Hudaýtagalanyň rehmetine gowşanda (dünúeden ötende), ol soltan Mahmydyň üzeňňisiniň ýanynda gezýän

adamlaryň hataryna goşuldy we abraý gazandy. Soltan Mesgut ony wezir etdi. Abu Sähl wezirlik eden wagtynda birnäçe bidüzgünçilige ýüz urdy. Meselem, ol töhmet atyp, birnäçeleriň ölümine we wezipeden aýrylmagyna sezewar boldy. Şeýle-de soltan Mesgut öz soltanlyk döwründe her kişä sowgat bermegi buýurdy.

Abu Sähldenden köp adam ezúet gördi. Bularyň biri hem hezreti soltan Mesgudyň emirleriniň biri Altyndaşdy. Abu Sähl Horezmde oturýardy. Ol soltan Mesgudy aldap, döwlet sütünlerinden gizlinlikde soltan Mesgudyň adyndan hat ýazyp, şol ýerdäki jemagata Altyndaşy tussag etmegi buýurýar. Altyndaş bu meseläni eşidip we bilip, onuň garşysyna birnäçe pitneler gurady. Onuň beýany gaty uzak.

«Haçanda Hoja Ahmet Hasany Hindistandan getirenlerinde, Abu Sähli wezirlik wezipesinden aýryp, harby kätip wezipesine bellediler» diýlip, Abu Nasyr Müşkanynyň «Makalalar» kitabynda ýazylandyr.

### *Ahmet ibn Abdylsehr Şirazy Kätip*

Ahmet Hasan Mehmezi aradan çykansoň, soltan Mesgut Ahmet ibn Abdylsehr Şirazy Kätibi Horezme iberýär. Ahmet ibn Abdylsehr Şirazy Kätip Horezmde Altyndaşyň weziri bolýar. Soňra soltan Mesgut ony öz weziri edip belleýär. Hoja Ahmet Abdylsehr öz wezirlik wezipesini gowy işleri bilen bezeýär. Ol dilewar we deňsiz-taýsyz kätip, batyrgaý ýaý atmakda ondan öňe çykan bolmandyr. Abdylsehr sekiz ýyllap

soltan Mesgudyň weziri bolup, onuň iki ýylyny soltanyň ogly soltan Möwduda hyzmat edipdir. Mundan soň hezreti soltan Möwdudyň emirlerine kast etmegi sebäpli, tussag edilýär. Onuň duşmany oňa zäherden şerbet ýasap beripdir. Şondan soň ol wepat bolýar.

### *Tahyr Mesnufi*

Ahmet ibn Abdylsehrden soň soltan Möwdudyň weziri bolupdyr. Tahyr hezreti soltan Mesgudyň maliýe diwanynda işläpdir. Gowşaklygy sebäpli birnäçe aýdan soň, öz haýyşy bilen işden boşadylypdyr.

### *Abdyrrazzak ibn Ahmet ibn Hasan Muhammedi*

Tahyr Müstewfiden soň soltan Möwdut wezirlik wezipesini Abdyrrazzak ibn Ahmet ibn Hasan Muhammedi beripdir, ol abraýly maşgaladan çykan, akylly adam bolupdyr. Dört ýyl soltan Abdylreşit ibn Mahmyt Mesgut Ferehzadyň weziri bolupdyr.

### *Hüseýin ibn Mähran*

Hüseýin ibn Mähran soltan Mahmydyň tagallasy bilen, onuň ogly soltan Muhammediň kethudasy we naýyby bolupdyr. Soltan Muhammediň soltanlyk nobatynda ol özüne din ýoluny we ätiýaçlygy kär

tutunypdyr. Soltan Mesgudyň razylygyny we hormatyny gazanypdyr. Az salymdan soltan Mesgut patyşa bolýar. Soltan oňa sowat öwredip, hazyna gözegçi edip belläpdir. Soltan Ferehzadyň ähti boýunça iki ýyl wezir bolupdyr. Ol wezipesinden aýrylansoň, tussaglykda heläk bolupdyr.

### *Abu Bekr ibn Abu Salyh*

Abu Bekr ibn Abu Salyh otuz ýyl şäherlerde häkim bolupdyr. Soňra wezir hem-de üpjünçilik işleriniň başlygy bolupdyr. Abu Bekr sowatly, ökde ýaý atyjy we hasapçy bolupdyr. Soltan Ferehzat oňa wezirlik derejesini berýär. Ilkibada soltanyň tagallasy bilen, Ybraýym ibn Mesgut wezir bolýar, emma ol şol aralykda türkler we gullar tarapyndan öldürilýär.

### *Abu Sähl Jendi*

Abu Sähl Jendi soltan Ybraýym ibn Mesgudyň weziri bolupdyr. Soltan ony zyndana oklap, iki gözüne gyzdyrylan demir basdyryp, kör etdirýär.

### *Abdylmejit ibn Ahmet Abdyssamat*

Abdylmejit ibn Ahmet Abdyssamat Abu Sähl Jandiden soň soltan Ybraýymyň weziri bolupdyr. Abdylmejit ibn Ahmet Abdyssamat örän pazylatly, akylly we adyl adam bolup, ýigrimi iki ýyl soltan

Ybraýymyň weziri bolupdyr. On alty ýyl onuň ogly soltan Mesgut ibn Ybraýymyň weziri bolýar. Ol öz uzak ömrüni dogruçyllyga we ynsaplylyga, eşretli durmuşda ýaşamaga bagyş edipdir.

# *Ýe*DINJI BAP
# BUWEÝH NEBERELERINIŇ WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Buweýh neberelerine deýlemliler hem diýýärler. Bu neberäniň patyşalary garaşsyz we özygtyýarly bolupdyr. Olar hemişe halypalykda höküm sürüpdirler. Samanlylar, soltan Mahmyt Gaznawy bilen çekeleşikde bolupdyrlar.

## *Abdylmejit ibn Ahmet Abdyssamat*

Abdylmejit ibn Ahmet Abdyssamat Rukneddöwle Hasan ibn Buýäniň weziri bolupdyr. Sahyp Apbat özüniň beýikligine garamazdan, oňa ýerinden turup öwgi aýdypdyr.

Bu beýt şol öwgüden alnan beýtdir.[1]

Ol 358-nji senede[2] Gazwynda turan pitnäni ýatyrmak üçin, ol ýere gidipdir. Gazwynlylardan

---

[1] Kitapda beýt görkezilmändir.

[2] Miladynyň 968-969-njy ýyllary.

jenaýata ýol berenleri üçin, müň-müň (million) iki ýüz müň dirhem alypdyr. Ol alan dirhemini «jeza haky» diýip atlandyrypdyr. Şol wagt Azudeddöwle Bagtyýar ibn Mazdeddöwle ibn Buýe hem bar eken. Rukneddöwle Azudeddöwleden şikaýat edip, wezir Ibn Amydy onuň ýanyna sorag etmek üçin iberýär. Wezir onuň ýanyna baranda, özüni gödek alyp barypdyr. Haçanda Rukneddöwle ölensoň, Azudeddöwle ýüreginde galan kinesi sebäpli, wezir Ibn Amydy jezalandyrypdyr.

### *Sahyp Apbat Abulkasym Ysmaýyl ibn Apbat ibn Apbas Razy we Berwaty Yspyhany*

Sahyp Apbat Abulkasym Ysmaýyl ibn Apbat ibn Apbas Razy we Berwaty Yspyhany hemme ylymlardan başy çykypdyr. Wezirlik wagtynda, diňe aladalara gümra bolup geçenligi işleriniň köpdügi sebäpli öz-özüniň: «Hemme ylymlardan tefsirler ýazdyň, dünýäniň hemme işlerinden habarly bolduň» diýer eken. Ilkibada Sahyp Apbat Azadeddöwläniň nedimi bolupdyr. Azudeddöwle ony hemişe öz ýakynynda goýýar eken. Ol hemişe: «Eger mejlisde Sahyp Apbat bolmasa, bagşylaryň sesini eşitmek haramdyr» diýer eken.

Bir gün Azudeddöwle şerap içip, öz ýanyndaky adamlara köp mukdarda şerap berip, olaryň her biriniň edýän hereketlerine we hal-ýagdaýlaryna syn edipdir. Soňra Sahyp Apbatdan:

– Şeraby näçeräk içmeli? – diýip sorapdyr. Sahyp Apbat:

– Bu meseläni, ýagny şerap içmekligi anyklamak üçin, pikir etmek gerek. Eger şeraby aladasyz içseň, mertlik we huşýarlyk halyň aralygyna getirer we müň şatlyk, lezzet peýda bolar – diýip jogap beripdir.

Bu manyly sözleri wäşileriň biri goşgy görnüşine geçiripdir.

Içsemde şeraby şatlygym ýetmedi,
Gaýta mes boldum-da, jerime töledim.
Meslik we huşlulyk aralygyndaky halyň
Bendesi men şeýle ýaşaýan ynsanyň.

Ibn Amyt ölensoň Sahyp Apbat 367-nji senede[1] Muýeýýideddöwle Abu Nasyr ibn Rukneddöwle Hasan ibn Buýäniň weziri bolupdyr. Onuň parasatly pikirleri bilen Muidöwläniň şalygy köp üstünliklere eýe bolupdyr. Haçanda Muýeýýideddöwle 373-nji senede[2] keselläp, dünúeden ötende, Sahyp Apbat Fahreddöwle Aly ibn Rukneddöwle gelýänçä, şalygy we leşgeri eline alyp, Fehreddöwläniň gelmegine garaşypdyr. Fahreddöwle şalygyň başyna ýetende, wezirlik Sahyp Apbada berkidildi.

Käbir taryhy kitaplarda getirlişine görä, Fahreddöwle we Kabus Wöşmgir aýaga galanlarynda

[1] Miladynyň 977-978-nji ýyllary.
[2] Miladynyň 983-984-nji ýyllary.

we Nuh ibn Mansur Samanly Husameddöwle Daşy hem-de emir Nagyky olara kömek üçin iberende, Sahyp Apbat jansyz iberip, olaryň hal-ýagdaýyny bilmegi buýrupdyr. Jansyz hal-ýagdaýlary mälim edip, yzyna dolanypdyr. Sahyp Apbat ondan:

– Olaryň leşgerinde näçe garry bar? – diýip sorapdyr. Jansyz:

– Garrylary görmedim, ýöne birnäçe pil bar – diýip jogap beripdir. Sahyp Apbat:

– Men olaryň garrylarynyň pikirinden gorkýaryn, gylyç urujy esgerlerinden gorkmaýaryn – diýipdir.

***Beýt***

Gylyç bilen öldürip bor,
bäş esgeri, on esgeri,
Akyl bilen ýok ediler
duşmanyň ähli leşgeri.

Sahyp Apbat sowgat iberip, Faýyky aldaýar. Şeýdip ol söweş güni hilegärlik edýär. Soňra bolsa ýeňsesini görkezýär.

Şu sebäp bilen olaryň leşgeri heläk bolup utuldy. Käbir taryhy çeşmelerde ýazylyşyna görä, Sahyp Apbat iki ýüz mysgal[1] tyllany Faýyka onuň uruş güni ýeňlen bolmagy üçin iberipdir.

---

[1] Mysgal – agyrlyk ölçegi (5 g).

### *Hekaýat*

Kowusnamada ýatlanylyşyna görä, Sahyp Apbat her gün diwana gitmeýär eken. Fahreddöwle onuň ýanyna bir kişini ugradyp:

– Men seniň bir gaýgy-aladaň bar diýip eşitdim, eger oňa biz sebäp bolan bolsak aýt, ony düzetmegiň ugruna çykaly. Eger-de ol gaýgy alada başga zat sebäp bolan bolsa hem aýt – diýip habar ýollapdyr. Sahyp Apbat:

– Hudaý saklasyn, bende öz hojaýyny sebäpli gaýgy-gama batmasyn. Ýurduň ýagdaýy hojaýynyň döwletliligine baglydyr. Eger hojaýyn ruhubelent we şadyýan bolsa, bendesi hem gam-gussadan azatdyr – diýip jogap iberdi.

Otuz gün diýlende, Sahyp daşary çykyp, Fehreddöwläniň huzuryna barýar. Ol ondan:

– Seniň gam-gussa çekmegiň sebäbi näme? – diýip soraýar. Sahyp Apbat:

– «Soltan pylan serkerdebaşa bir gürrüň aýdypdyr» diýip, Kaşgar Mänehiden hat gelip gowuşdy. Meniň hakanyň näme aýdandygyndan habarym ýok. Iýen nanym bokurdagyma tegek boldy. Näme üçin Türküstanda gürrüň bolýar-da, biz eşitmeýäris. Ol gürrüňiň näme hakda bolandygy barada şu gün Mänehiden hat geldi. Ol hatda hakan: «Weziriň şu ornunda galandygy şübhesiz meni şatlandyrdy. Fehreddöwläniň ýurdy we hazynalary şeýle bir mertebä ýeter» diýipdir – diýdi.

Käbir taryhy çeşmelerde ýazylyşyna görä, Fahreddöwle wepat bolansoň, togsan müň-müň (million) dinar, sekiz ýüz ýetmiş bäş müň iki ýüz ýetmiş dört sap altyn dinar, ýüz kyrk müň-müň (million) sekiz ýüz altmyş iki müň ýedi ýüz togsan dirhem, iki müň harwar[1] mata we geýim-gejim we başga-da altyn-kümüş çaýylan dürli zatlar hazynada bar eken. Sahyp Apbat 373-nji senede[2] Gazwyn şäheriniň ymaratlaryny täzeden gurdurýar. Şol ýerde özüne-de uly ymarat gurdurypdyr. Häzir şol ýer Sahypabat diýip atlandyrylýar.

***Hekaýat***

Bir gün Sahyp Apbat ýeke özi otyr eken. Şahyr Abu Bekr Horezmi rugsat soramazdan, onuň ýanyna barypdyr. Sahyp Apbat ýüzugra şu beýtleri aýdypdyr:

Biz hiç zat diýmezden,
ol mejlisimizi terk etdi,
Alla ony agras ýaradany
üçin ol ýaşap ýör ýalňyz.

Abu Bekr Horezmi hem ýüzugra şeýle diýdi:

Her kim maňa agras, gödek diýýän bolsa,

[1] Harwar - eşek ýüki.
[2] Miladynyň 983-984-nji ýyllary.

Onda ol Tabas derwezesinden
hem gaty bolmaly.

Abu Bekr Sahyp Apbadyň ýanyna baranda Sahyp Apbat şeýle diýipdir:

Ibn Apbady öwme, ol gahryman bolsa-da,
Onuň sahylygy ýeterlikdir,
öwgä mätäjem däl.
Ýöne ol waswasylygy bilen
hormatyny ýitirdi,
Eçilýär, eçilmeýär, ýöne husytlyk
we jomartlyk bilen däldir.

Abu Bekr Horezmi Sahyp Apbadyň döwründe aradan çykýar.

Onuň ölüminiň habary Sahyp Apbada ýetende, ol şeýle diýipdir:

Horasandan gelen ilçiden soradym,
«Horezmiňiz öldümi?» diýdim,
ol «Hawa» diýdi,
Aýtdym: gabryna sünneläp ýazyň,
«Mähriban Alla gadyr
bilmezi näletleýändir»

Abu Sagyt Rüstemi Şükri Sahyp Apbady öwüp, şeýle diýdi:

Ata-babalaryndan wezirligi miras aldy,

Arkama-arka bu wezipä eýe boldy.
Apbasdan Apbat miras aldy,
Soňra wezirlik Apbatdan Ysmaýyla geçdi.

Bir gün Sahyp Apbat galam artyp otyr eken. Soňra artan galamyny synag etmek (barlap görmek) üçin, şygyr ýazypdyr. Bu şygry onuň gullukçylarynyň biri alýar we Guma iberýär. Onda şeýle diýilýär:

Eý Gumdaky Kazy,
Seni boşatdyk tur indi.

Gumuň kazysy şygry okap şeýdi diýilýär:

Walla, meni boşadan dälsiň,
Muny diňe galamyňy synamak üçin ýazansyň.

Ol Sahyp Apbadyň hyzmatynda bolmak üçin, onuň ýanyna baryp, ýagdaýy düşündiripdir.

Sahyp Apbat:

– Eger biziň galamymyzdan bitýän bolsa, bir ýyl wezipeden boşamaly bolarsyň– diýipdir. Şu sebäpden ol bir ýyl wezipesinden boşadylypdyr.

*Hekaýat*

385-nji senede[1] Sahyp Apbat keselleýär. Iş wesúete ýetipdir. Iň ahyrky nobatda Fahreddöwle ony görmäge barýar.

Sahyp Apbat:

– Men çydamly boldum, bu döwletiň işleriniň rowaç almagy üçin, ýekeje minudymy hem aýamadym. Öz durmuşymyň ýagtylygyny we ýaşlygymy bu döwlete bagyş etdim. Emir tä şu derejä ýetip, meşhur bolýança, yhlas bilen azap çekip, bagrymy saraltdym. Häzir bolsa bende gidip barýar. Eger emir şalygyň şu ýoly bilen gitse, onuň bereketi Humaýunyň döwrüne dolanyp geler, ýöne onda bendäniň ady bolmaz. Men bu adymyň ýitip gitmegine, emiriň ýagşy adynyň galmagyna we onuň asudalykda ýaşamagyna razydyryn. Onuň tersine, eger emir dünýä bil baglasa, çünki, bendäniň ähli eden hem eýlän zatlaryny hemişe gün çoýar diýseň, döwlete zyýan getirersiň. Şalykda bidüzgünçilikler peýda bolar. Emir şugullaryň aldawyna gidip, biderek hereket etmeli däldir. Dogry hereket etmelidir – diýdi.

Fahreddöwle:

– «Aýdyşyň ýaly ederin» – diýip jogap berdi, ýöne etmedi. Sahyp Apbat dünúeden ötdi. Ol on sekiz ýyl wezir boldy. Onuň guburyny köpçüligiň namaz okaýan ýerine äkitdiler.

---

[1] Miladynyň 995-nji ýyly.

Döwlet sütünleri onuň hormatyna guburynyň öňündäki ýeri öpdüler. Soňra onuň guburyny gümmeziň içinde tagtanyň aşagynda goýdular. Birnäçe wagtdan soň ony Yspyhana geçirdiler. Fahreddöwle onuň wesúetlerini har etdi. Onuň dünýäden öten gününden hazynasyny boşatdy. Onuň perzentlerini mirasdan mahrum etdi, baýlyklaryny döwletiň haýryna geçirdi. Sahyp Apbat bilen gowy gatnaşykda bolan adamlary bolsa ýok etdi.

### *Abu Aly Yspyhany we Abulapbas Sebaty*

Fahreddöwle ibn Rukneddöwle öz weziri Sahyp Apbat ölensoň, Abu Aly Yspyhana we Abulapbas Sebata öz wezirligini on müň dinara satypdyr. Wezirler döwletde ellerinden gelen eden etdiliklerini gaýgyrmandyrlar.

### *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, bir gün Azudeddöwle Abu Aly Hatyndan ynjap, onuň ýanyna wekil iberipdir. Ol wekiliniň eline gylyç berip: «Şuny onuň öňünde goýda, hiç zat gepleme» diýip tabşyrýar. Ol wekil weziriň ýanyna baryp, gylyjy öňünde goýýar-da, hiç zat geplemeýär. Wezir galamy eline alyp, oňa tarap zyňýar-da: «Seniň jogabyň ine, şudur» diýip jogap berýär. Şu wakadan soň Azadeddöwläniň muňa gaty

gahary gelip, goşuny onuň garşysyna çykarýar. Weziri ýesir alýarlar. Onuň ornuna bolsa ogluny oturdýar.

## SEKIZINJI BAP
## SELJUK NEBERELERINIŇ BEÝaNY

Seljuk ibn Lukman[1] neberelerinden bolan patyşalar dindar, beýik we at-abraýly bolupdyrlar. Olaryň arasynda birinji bolup tagtda oturan Togrul ibn Muhammet Mikaýyl Seljuk bolupdyr. Ol ýigrimi alty ýyl patyşa boldy. Onuň patyşalyk döwri 429-njy ýyldan[2], 455-nji ýylyň[3] Oraza aýyna çenli dowam etdi. Ol dünúeden ötensoň Alp Arslan Muhammet ibn Husek[4] on iki ýyl patyşa boldy. Ondan soň Mälik şa ibn Alp Arslan soltan boldy. Ol otuz ýedi ýaşady. Ýigrimi ýyl şalyk sürdi. Ondan soň Börgiýaryk ibn Mälik şa soltan boldy. Ol on iki ýyl patyşalyk sürdi. Soňra Kyýaseddin Muhammet Mälik şa soltan boldy. Ol on üç ýyl şalyk sürdi. Ondan soň Sanjar ibn Mälik şa soltan boldy. Soltan Sanjar ýetmiş iki ýyl ýaşapdyr. Altmyş bir ýyl patyşa boldy. Ýigrimi ýyl doganlarynyň

---

[1] Seljuk ibn Lukman däl-de Seljuk ibn Dukak görnüşinde gelýän çeşmeler hem köp.

[2] Miladynyň 1037-1038-nji ýyllary.

[3] Miladynyň 1063-nji ýyly.

[4] Bu ýerde-de «Husek» «Çagry beg» bolmaly.

tarapyndan Horasan ýurdunda boldy. Kyrk bir ýyl jahan ýurtlarynda soltan boldy. Mahmyt ibn Mälik şa ondan soň dört ýyl patyşa boldy. Soltan Mesgut ibn Muhammet ondan soň on sekiz ýyl soltan boldy. Ondan soň soltan Kyýaseddin Muhammet ibn Muhammet ibn Mesgut ýedi ýyl höküm sürdi. Soltan Mufreddin ibn Süleýman ibn Muhammet alty aý patyşa boldy. Soltan Rukneddin Arslan ibn Togrul on bäş ýyl we ýedi aý soltan boldy. Soltan Togrul ibn Arslan seljuklaryň iň ahyrky soltany boldy. Ol 589-njy senede[1] soltanlyk tagtyna geçdi.

### *Salar Abulkasym Buzjany*

Salar Abulkasym Buzjany soltan Mesgut ibn soltan Mahmyt Gaznalynyň soltanlyk süren zamanynda Horasanyň häkimi bolupdyr. Salar seljuk nebereleriniň ilkinji gozgalaňlarynda Horasandan gaçyp, seljuklardan pena tapyp, olaryň iş dolandyryjysy bolupdyr. Çünki, Eýran şalygy hem olara degişli bolupdyr. Olaryň göz guwanjy we baştutany Togrul beg bolsa Yrakda tagta geçipdir.

### *Hoja Abu Mansur Werýafy*

Togrul Hoja Abu Mansur Werýafyny wezir edip belläpdir. Ol dana, kämil we Hudaýhon adam eken.

[1] Miladynyň 1193-nji ýyly.

Onuň irginsiz endikleriniň biri hem her gün ir bilen turup, namaz parzyny ýerine ýetirip, doga okamak eken. Ol tä gün dogýança doga okamagyny dowam etdirer eken. Soňra soltanyň hyzmatyna geler eken. Haçanda gyssagly iş ýüze çykanda, soltan weziriň derrew gelmegini buýurýar. Bir-iki adam onuň ýanyna gelse, ol namazlykda oturyp, olara üns hem bermez eken. Duşmanlary oňa töhmet atmak maksady bilen, soltanyň huzurynda:

– Wezir patyşanyň permanlaryna gulak gabartmaýar – diýip ýamanlapdyrlar.

Patyşa gahar-gazaba münüp oturdy. Wezir doga okap bolansoň soltanyň ýanyna geldi. Soltan gahar bilen:

– Näme üçin gijä galyp geldiň? – diýip, onuň üstüne gygyrdy. Wezir:

– Eý patyşa, men Hudaýyň bendesi, şonuň üçin hem Onuň parzlaryny ýerine ýetirýänçäm, siziň hyzmatyňyzda bolup bilmerin – diýip jogap berýär. Patyşa onuň aýdanlaryny eşidip, gözlerine ýaş aýlap:

– Hudaýyň bendeleri hemişe biziň hyzmatkärlerimizden öňdedir. Biziň döwletimiz Hudaýyň bereketi bilen yrsgal tapandyr – diýdi.

### *Hoja Abdylmälik Abu Nasyr Kendiri*

Hoja Abdylmälik Abu Nasyr Kendiri Hoja Abu Mansurdan soň soltan Togrul beg ibn Mikaýyl ibn

Seljugyň weziri boldy. Soltan onuň pikiri bilen Bagdady eýeledi.

Abdylmälik halypa Kaýym Biýemrilläniň gyzyny soltana alyp bermek üçin, onuň huzuryna gudaçylyga barypdyr, emma halypa muňa razylyk bermändir. Wezir Abdylmälik birleşmek we çykgynsyz ýagdaýdan çykmak üçin, baýlyklary basyp almakdan onuň elini çekdirdi. Wezir Bagdadyň ykbalyny özüne almak üçin, kazy Muhammet ibn Alydramany halypadan we soltandan haýyş etmegi sorady.

Taryhda beýan edilişine görä, Kazynyň bütin ýer ýüzünde bir depim ýeri we salpy gulak eşegi hem bolmandyr. Ykbalyň gülüp bakmagy bilen, oňa birnäçe nygmat geldi, ýagny her ýylda iki ýüz müň ger galla ekerançylykdan geldi. Bagdat ýyl-ýyldan onuň eline geçip barýardy.

### *Hekaýat*

Haçanda Kaýym Biýemrillä öz alymlarynyň biri bolan Gasirini tussag edende, soltan Togrul bege «Yslamdan häzir bol, melguny dep etmäge howluk» diýen ýazgy ýazylan haty Abtegine soltana ýetirmeli diýip ugradýar. Abtegin soltana hat ýazýar. Ol hatyň aşagynda «halypa ugratdy» diýip görkezýär. Haçanda bu hat Togrul bege ýetende, soltan wezir Abdylmälik Abu Nasyr Abtegine hatyň jogabyny ýazmagy tabşyrýar. Jogap gysga hem-de manyly bolup, «Biziň derrew barjakdygymyzy, Kaýym Biýemrilläde özüniň

köp leşgeri bilen arkaýyn bolmagyny aňlatsyn» diýip buýruk beripdir.

Wezir Kätip Safy Abulala ýokarda agzalyşy ýaly, gysgaça hat ýazmagy buýurýar. Safy Abulaly Abtegine hatyň arka ýüzüne Hudaýtagalanyň kelamyndan ýazýar: «Dolan olaryň ýanyna, biz olaryň garşy çykyp bilmejek goşuny bilen olaryň üstüne çozup, olary har-zelil edip, ol ýurtdan çykararys»[1].

Wezir Abdylmälik kätibiň başarjaňlygyna göwni ýetip, soltana habar berýär. Soltan kätip Safyny öwüp, oňa sylag-serpaý etmegi perman beripdir. Soňra şol gün Bagdada ýola şaýlanýar. Soltan Bagdada baransoň, köp adamy ýesir alyp, galanlaryny gylyçdan geçiripdir. Möminleriň emiri Kaýym Biýemrilläni tagtynda oturtdy. Bu wakadan soň birnäçe gün geçensoň, soltan wezir Abdylmälige ýüzlenip:

– Çünki, biz käwagtlar bu ýerde bolmaly. Halypa biziň leşgerimiz üçin töleg bermeli – diýýär. Wezir:

– Her günki tölegi halypa hezreti soltandan haýyş eder – diýip jogap beripdir.

Soltan halypanyň huzuryna gidip, ony bu ýagdaýdan habarly etmegini tabşyrýar. Wezir halypanyň köşgüniň gapysyna ýetende, halypanyň weziriniň gelýändigini görýär. Halypanyň weziri oňa: «Soltana habar getirýärin» diýip ýüzlenipdir.

Wezir ara ýoldan yzyna dolanyp, halypanyň weziri bilen soltanyň dergähindäki otaga öwrüldiler. Wezir

---

[1] Gurhanyň 27-nji («Neml») süresiniň 37-nji aýaty.

Abdylmälik soltanyň hyzmatyna baryp, ony halypanyň weziriniň gelendiginden habarly etdi. Halypanyň weziri «Halypa özüniň çykaran çykdaýjysyny tölemegi soltandan haýyş edýär» diýdi. Bu ýerde Abdylmäligiň pikiri dogry bolup çykýar. Şol gün halypa harç etmek üçin, çykdajy belleýär. Galanyny bolsa öz diwanyna getirýär. Soňra Bagdatdan Töwrize ýola düşýär. Abdylmäligi halypanyň aýal doganynyň tagtyna soltanyň wekili hökmünde gözegçilik etmek üçin, ol ýerde goýýarlar. Ol on ýyl wezir bolupdyr.

***Hekaýat***

455-nji ýylda soltan Togrul beg dünýeden ötdi. Onuň şalyk tagtyna soltan Alp Arslan geçdi. Ol Abdylmälik Abu Nasyr Kündüri tussag etdirdi. Abu Nasyra bir ýyllap görgi görkezdi. Abu Nasr 456-njy ýylda[1] Nusaý şäherinde öldürildi.

Rowaýatlara görä, Hoja Nyzamylmülk Tusy Abu Nasyryň ölümi üçin, gaty köp tagalla etdi. Abu Nasyr jellada ýüzlenip: «Meni öldürip, gahary köşeşensoň, men biçäräniň adyndan jahan we hökmürowan soltana şeýle diýip aýt: «Men siziň mübärek dergähiňizde hyzmat etdim, seniň doganoglanyň Togrul beg maňa dünýä nygmatyny bagyş etdi. Sen bolsa meni şehit etdiň. Meniň üçin din we dünýä hasyl boldy. Wezirede şeýle diýip aýt: «Sen bu dünýede ölüm jezasy

[1] Miladynyň 1063-1064-nji ýyllary.

barada köp düzgün çykardyň, Bu çykaran düzgüniň bir gün özüňe-de, nesilleriňe-de nesip eder. Özüňem bir gün meniň halyma düşersiň».

Biz bu dünýäde şarpyk iýip ötdük,
Siziň özüňiz nirelere ýeterkäňiz?

### *Hoja Nyzamylmülk Abu Aly Hasan ibn Aly ibn Yshak Tusy*

Hoja Nyzamylmülk Abu Aly Hasan ibn Aly ibn Yshak Tusy (Alla oňa rehim etsin!) halypadan möminleriň emiriniň Razy diýen lakamyny alypdyr. Halypanyň weziri bolan adamlaryň hiç biri, bu lakama eýe bolup bilmändir. Hoja Nyzamylmülk at-abraý bilen otuz ýyl soltan Alp Arslanyň we soltan Mälik şanyň weziri bolýar. Ol «Täjilhezreteýn» («Iki hezretiň täji») lakam bilen meşhurlyk gazanyp, hem-de höküm we permanyň hojaýyny bolup, döwür zalymlarynyň başyny gahar-gazap kemendine salýar. Hoja Nyzamylmülk döwletiň üsti bilen köp derejelere ýetýär. Köp wezipelerde işleýär. Ejizleriň tarapynda bolupdyr. Welaýatlara gidip, takwalar, alymlar bilen pikir alşypdyr. Köp ylymlardan başy çykypdyr. Hemişe ybadata meşgul bolupdyr. Ol Arap we Ajamyň birnäçe ýurtlardyr şäherlerinde haýrystan öýlerini we ýagşylyk gapylaryny açypdyr. Bagdadyň harby medresesi onuň gurduran ymaratlarynyň biridir. Onuň on iki sany ogly bolupdyr. Ol öz perzentlerini,

körekenlerini we hyzmatkärlerini yslam ýurtlarynyň serhedindäki welaýatlardyr hökümetlere iberip, diwan we welaýat işleri bilen meşgul edip, goşun terbiýesini we leşger taýýarlygyny öwrenmegi talap edipdir. Uruşlara we söweşlere özi, hyzmatkärleri we perzentleri gatnaşar eken.

Şeýlelik bilen uruşlaryň köpüsinde ýeňiş gazanypdyrlar. Onuň zamanynda Seljuk döwleti uly güýç-gudrata eýe bolupdyr. Olaryň ýurdunda tertip-düzgün oňat ýola goýlupdyr. Onuň eden işlerini ir daňdandan agşama çenli oturyp beýan etmek we depderleri doldurmak mümkin däl. Rumuň Antakyýa şäheriniň salgytlary esasynda Jeýhunyň töweregindäki daýhanlaryň iş hakyny galdyryşy we onuň kömegi bilen soltan Mälik şanyň Rum kaýsaryny ele salyşy ýaly meşhur işleri hemmelere mälimdir. Onuň bilen baglanyşykly käbir wakalar bu ýerde bellenilip geçilýär. Soltan Ermeni ýurduna gidip, ol ýeriň patyşasy bilen ýaraşyk edensoň, ol patyşanyň gyzyny özüne nikalap alýar. Birnäçe wagtdan soň, onuň talagyny berýär we ony Nyzamylmülküň ygtyýaryna goýýar. Hojanyň ondan köp çagalary bolýar. Hoja Ahmet şol gyzdan dünýä inipdir.

## *Hekaýat*

Aýtmaklaryna görä, hojanyň birnäçe duşman adamlary: «Onuň iki müň gulamy bar, ol şek-şübhesiz soltanyň garşysyna garşylyk görkezer» diýip, soltan

Mälik şa habar beripdirler. Soltan bu gürrüňi aýan edenleri köşgüne çagyryp, peşgeş berýär. Bu gürrüň Hojanyň gulagyna degýär. Hoja harby kätibe ýüzlenip:

– Sen meniň iki müň sany satyn alan gulamymy soltanyň gulamlarynyň üstüne goş! – diýip, buýruk berýär. Soňra ol soltanyň ýanyna gelip:

– Haçanda kimdir biri maňa diwanda bihaýalyk edende, men soltana ýüz tutupdym. Şol wagt soltan maňa öz mübärek pikirleri bilen: «Gul satyn al, eger kimdir biri saňa bihaýalyk etse, oňa edep ber» diýip tabşyrypdy. Şu aýdylan permanlar soltanyň ýadyndamyka?! Men şol sebäpli gulamlary satyn alypdym. Şu gün bolsa olaryň hemmesini soltanyň haýryna geçirdim – diýipdir.

Bu iş onuň beýikliginden bir alamatdyr.

### *Hekaýat*

Hoja Nyzamylmülk hemişe ata münende, öz gulamynyň eline içi altynly haltajygy berip, ony özüne nazar salan her bir derwüşe bermegi yşarat eder eken. Bir gün Hoja gök satýan adamyň dükanynyň ýanyndan geçip barýarka, gök satýan adam ýerinden turup, «Men derwüş we biçäre adam, bu kärim bilen çagalarymy we maşgalamy ekläp bilmeýärin» diýip aýdýar.

Hoja öz gulamyna yşarat edip, oňa haltajykdan çykaryp tylla bermegi buýurýar. Gök satýan doga okap, sag bolsun aýdyp öz ugruna gidipdir.

Gök satýan ýene-de bir gezek weziriň geçýän ýolunda oturypdyr. Wezir geçip barýarka, aýagyny etegine çekip:

– Men ysmaz, aýagy ýok adam, çagalarym bolsa köp – diýip ýüzlenipdir.

Hoja öz gulamyna yşarat edip, oňa ýene tylla bermegi buýrupdyr. Birnäçe günden soň gök satýan ýene-de öz egin-eşigini üýtgedip, weziriň öňünden çykýar we sesini üýtgedip:

– Men ýaş gyzlaryň kakasy, hal-ýagdaýym erbet – diýip zarynlapdyr.

Hoja yşarat etmegi bilen oňa tylla berýär. Ol adam ýene-de bir gezek başga ýol geçelgesi bilen öz egin-başyny we sesini üýtgedip, Hojanyň öňünden çykyp:

– Men din ýolunda uruşan adam, biz kapyrlar bilen göreşdik, emma biziň leşgerimiz ýeňlişe sezewar boldy. Şonda meniň saglygyma şikes ýetdi – diýýär. Bu gezek Hoja Nyzamylmülk oňa içi altynly haltajygy berip:

– Eý gök satýan garry! Kakaň, gyzlaryň, din ýolunda söweşiň we bütin halk üçin al – diýipdir.

Şu hekaýadan onuň keremlidigi we mylaýymlygy mälim boldy.

### *Hekaýat*

Taryhlarda beýan edilişine görä, Hoja Nyzamylmülk soltanyň uly ogly soltan Börgiýarygy mirasdüşer etmegi soltana maslahat beripdir.

Türkan hatyn şu sebäpden Hojanyň garşysyna gidip, Hojany we onuň ogluny soltana ýamanlap, soltany olara garşy edip goýupdyr. Soltan oňa:

– Sen meniň bilen şärik bolmak isleýärsiňmi? Meniň ýurdumy we welaýatlarymy öz perzentleriňe beripsiň. Eger sen bu işlerden eliňi çekmeseň, selläňi kelläňden jyda düşürerin – diýip buýruk beripdir. Nyzamylmülk oňa:

«Meniň sellämiň (kysmaty) we siziň täjiňiziň (ykbaly)!» diýip habar ýollapdyr, emma Türkan Hatyn onuň soltana iberen habaryny çişirip, iň erbet halda soltana ýetirýär.

Soltan gazaplanyp, Nyzamylmülki wezipesinden boşadýar. Onuň ýerine bolsa Türkan Hatynyň orunbasary (weziri) mülk täji Abulkasymy belleýär. Serfelmülk Abu Seýit Kafebiň mertebesini Mejedülmülk Abulpazyl Guma beripdir. Serkerdebaşy Kemaleddöwle Abu Ryzany işden boşadyp, onuň ýerine Seýideddöwle Abdylmegany belläpdir. Bu hereketler soltanyň şalygynyň pese gaçmagyna sebäp bolýar. Hoja Nyzamylmülk hem şol aralykda, 485-nji ýylyň[1] Oraza aýynyň 12-sine mülhit janpidalarynyň elinden şehit bolýar.

Seljuklaryň taryhynda aýdylyşyna görä, ony Täjilmülk Abulkasymyň maslahaty bilen öldürýärler. Hoja Nyzamylmülk agyr halda ýatyrka şu beýtleri aýdypdyr:

---

[1] Miladynyň 1092-1093-nji ýyllary.

Otuz ýyllap seniň saýaňda eý, juwan şa
Eýýamyň ýüzünden sütem tozanyny aýyrdym.
Takdyr ýazgydy bilen
ömrüm togsan alta ýetende,
Bir gylyjyň zarby bilen ölmeli boldum.
Möhrüň bilen eltdim Arş patşasyna
Mertebe abraýyn bagt tugrasyn.
Hyzmatlam ogluma ýadygärlikdir.
Ony-da gorasyn Allaň penasy.

Hoja ýokarda agzalan ýylyň Baýram aýynda şehit bolansoň, soltan Mälik şa otuz ýedi ýaşynda Bagdatda dünúeden ötüpdir. Hojanyň ol barada aýdan sözi, ýagny «Meniň sellämiň (kysmaty) we siziň täjiňiziň (ykbaly)» diýeni dogry bolup çykdy.

Käbir kitaplarda Hoja Nyzamylmülküň ýazan hatlary getirilipdir. Olaryň birini bu ýerde getireliň. Ol bu haty öz ogly Müýeýýidilmülke ýazypdyr.

«Eý oglum, bilgin, ýagşylyk etmek iki dünýäniň ýagşylygyny görmekdir. Hudaýtagalany tana! Hudaýtagala öň hem bar, mundan beýläk hem bolar. Oňa hiç hili üýtgeşikler girizmek bolmaz. Hudaýtagala ynanaňda, Muhammet pygambere-de ynanmalydyr. Muhammet Mustapa (s.a.w.) pygamberdir. Ol iň gowy häsiýetli dindar we hakykatçyl adamdyr. Muhammet Mustapany (s.a.w.), onuň sahabalaryny we ondan gaýdýan alymlary söýmelidir. «Lä ilähä illallah

Muhammedir Resulallah»[1] diýen sözleri dillerinde sena edýän adamlary özüňe duşman etme, ýagny duşman hasaplama. Ylma, Pygambere hormat goý, şeýle-de oňa we onuň nesline hormat goý.

Säher bilen tur, sebäbi ir turmaklygyň uly bereketi bardyr. Işde bol, ýaşaýyşda bol. Hemişe kelemeýi şahadaty[2] gaýtalap dur. Namaz okap, Gurhandan süreleri aýt we wagyz et. Pygamberimizden gelip ýeten doga-dilegleri oka, hemişe alymlar bilen oturyş, olar saňa gowy zatlary öwrederler. Seniň öň bilýän zatlaryňy gaýtalarlar. Nedim bilen mylaýym oturyp söhbet etseň, duýgularyňy açar. Her gün arap-pars şygyrlaryny, risalalaryny okap, ondaky edepleri öwren. Öýle namazdan soň, morfologiýany, sintaksisi, geometriýany, logikany, matematikany we tä hat ýazuwlaryň düzelýänçä, ýazuw düzgünini öwren. Özüňde bar bolan zatlara kanagat etme. Ilki agşam bir sagat ýiti pikirli adamlar bilen söhbet et-de, olaryň aýdyp berýän hekaýatlaryndan, dessanlaryndan we edebiýatlaryndan bir zatlar öwren. Eger sen meniň aýdyşym ýaly etseň, öz ýaranlaryňdan üstün çykarsyň.

Diliňi ýalandan we gybatdan sakla. Kimdir biriniň aýbyny açma. Haçanda söz sözlejek wagtyň, giriş sözler bilen esasy maksatdan çykma, ýogsa kimdir biriniň hormatyna we malyna zeper berersiň. Eger

[1] Diňe ýeke-täk Alladan başga Hudaý ýokdur we Muhammet onuň resulydyr.

[2] Lä ilähä illallah Muhammeder Resulallah – diýmekdir.

kimdir biri dogry maslahat üçin ýalan sözlän bolsa, ony ýalan söz diýip kabul etme, eger ýalan sözli adam dogry gepleýän ýaly bolsa, oňa ynanma. Äht-peýmanlaryňa wepaly bol.

Tutanúerli bol, tutanúerli bolsaň, hemmeler seni eziz görerler. Dünúe maly üçin adyňy zaýalama, özüňi at-abraýdan gaçyryp, bir dirhem gazansaň, ol bir dirhemiň ýüz müň dinaryň öňüni tutar. Eger bir adam saňa meniň şu aýdanlaryma garşy maslahat berse, ýagny adamlaryň gybatyny we aýbyny açyp ýörse we saňa ady ýamanlyk bilen malyňy artdyrmak bilen humar öwrenmegiňi ündese, ol adamy şeýtan kişilerden saý we özüňden daşlaşdyr. Şugul, şyltakçy we gep gezdirýän adamlary öz ýanyňa golaýlaşdyrma we nedimlerden daşda dur, çünki, olar saňa hoşamaýlyk sözlerini aýdyp, seni ýoldan çykararlar. Soňra din we dünúewi işleriňde saňa zyýan bererler.

Öz hyzmatkärleriňe edep öwret. Gowy häsiýetli dostlaryňy özüňe çek, goý, olar saňa hakyky dost bolsunlar. Nämähremlere göz dikme. Bu ýagdaýa çekjek bolýan adamlary özüňe duşman saý. Hemme wagt hoşgylykly we şadyýan bol, çünki seni hemmeler gowy görerler. Eger sen gödek we gaharjaň bolsadyň, adamlar seniň ýanyňdan gaçardylar.[1] Zulum etme, adamlaryň göwnüne degme, olara ýagşylyk et, öz

[1] Gurhanyň 3-nji («Aly Ymran») süresiniň 159-njy aýaty.

dostlaryňa mylaýym bol, şonda at-abraýa mynasyp bolarsyň.

Göriplige ýüregiňi berme. Göribiň işi başa barmaz. Kyn işlere baş goşma, çünki, ol dowamly bolmaz. Paýhasly adamlar bilen söhbetdeş bolup, olaryň gürrüňlerini diňläp, ýaşaýyş usullaryny öwren. Özüňe bellenen aýlyk pula we hyzmatkärleriňe kanagat et. Ýokary derejelere we öz maksadyňa ýetýänçäň, ylym bilen meşgul bol. Enşalla!»

## Bu haty öz ogly Hoja Fahrylmülke ýazypdyr

Haçanda seniň ömrüň dowam edip, bagt işine başlap, at-abraýyň ýokary galsa, bu habar hemme ýere ýaýrar. Şonda leşgerler we raýatlar boýun bolarlar. Sen wezirlik döwrüň başlarynda säwlige ýol berme, şol wagt seniň duşmanlaryň seni betnam etjek bolarlar, emma başarmazlar. Men bu ýazgylarymy, eziz perzendim, saňa bagyşlaýaryn. Haçanda sen şu kanun, ýagny meniň berjek ýatlamalarym bilen ýöreseň, iki dünýäň abat bolar.

**Birinjisi**, raýatlaryňy asuda sakla, olaryň gün-güzerany gowy geçer ýaly, zerur hak-hukuklaryny berjaý et. Olar asuda ýaşar ýaly, gapylarynda bihuda hadysalary çykarma, olary diwanyň buýrugyndan başga buýruklara boýun egdirme. Kimdir birini ynjytma.

**Ikinjisi**, öz köşgüň işigini hemme şikaýatçy bendelere açyp goý. Hepdede bir gün olaryň arz-

şikaýatlaryny diňle. Bu işlerde howlukman, olaryň şikaýatlaryny diňle we ony çözmek üçin pikirlenip, hakykat esasynda çemeleş.

**Üçünjisi**, leşger emirleri we hojalar seni eziz görüp hormatlasynlar. Şeýle-de alymlara we ymamlara hormat gözi bilen seret. Eger biri köşge gelmese, hallaryndan habar al. Eger ýarawsyz hala düşse, ol adamy soramaga bar. Eger olar bir bähbitli işi öňe sürseler, pul, hyzmatkär we beýleki baýlyklary berip, olara kömek et. Şeýle-de köşkdäki adamlaryň tutýan orunlaryny, lakamyny we atlaryny ýatdan bil. Olar bilen güler ýüzli aragatnaşykda bol. Şeýle etseň saňa hyzmat etmäge höwesli bolarlar we mähriban bolarlar, çünki, ynsan ynsanyň bendesidir. Akyldarlary nahara çagyr. Patyşanyň ýanyndakylar bilen özüňi agras alyp bar. Olara sylag-serpaý edip dur.

**Dördünjisi**, hepdede iki gezek döwlet emeldarlary we ýaranlary bilen oturyp, döwlet işlerine degişli meseleleri ara alyp maslahat et. Eger olar bilen iki günden artyk duşuşsaň, onda olar has-da öwrenişerler. Hemmelere duýgudaşlyk bildirip, olaryň gadyryny bil. Nowruz we aýt baýramlarynda dostlaryňa, nökerleriňe we ýaranlaryňa halat we sylaglar gowşur. Olar üçin saçak ýaz.

**Bäşinjisi**, eger-de öz ýaranlaryň we nedimleriň kimdir biri üçin, bir zat sorap ýa-da haýyş edip gelseler, mümkin boldugyça ony ýerine ýetir, ýa-da iň bolmanda duýgudaşlyk ber. Bir zady olar üçin gadagan edeniňde, onuň yzynda aýak diräp durma.

**Altynjysy**, bilgin, hiç kim bu dünúede mal ýygnap, at-abraýa ýeten däldir. Hyzmatkärleriň aýlyk pullaryny öz wagtynda ber. Häkimleriň, etrap ýolbaşçylarynyň hallaryndan habar alyp dur. Olardan halka zyýan ýetmesin. Derwüşler olar sebäpli azap çekmesinler. Eger sen azap berjekleri dep edip bilseň, at-abraýyň älem-jahana ýaýrar. Kerwen ýollaryny talaýan adamlardan (galtamanlardan) gapyl galma. Ýollar howpsuz halda bolmalydyr. Kerwendäki adamlaryň howpsuzlygyny berjaý et. Kerwensaraýlary abat sakla.

Ýe**dinjisi**, tylla we dirhem işleri näzikdir. Eger zikge kakylýan edara zyýan ýetse, hemmelere zyýan ýetýär. Şol edarada işleýän adamlar synagdan geçen we dogruçyl bolmalydyr. Olar bilen her aýda hasap geçirip durmalydyr. Aýratyn gullara we hyzmatkärlere edep-terbiýe öwretmelidir. Çünki, olar girim-çykymy medeniýetli berjaý etmelidirler. Eger biýedeplik etseler, olara temmi bermelidir. Hemme suwlary, ýagny çeşmeleri, kärizleri we derýalary isripsiz ulanmalydyr. Hemme adamlaryň hak-hukugyna deň seret. Sen öz golastyňdaky adamlaryň aýlyk-günlüklerini ätiýaçlykda sakla, çünki, bu jahan şonuň ymaratynyň üstünde durandyr. Eger ätiýaçlykda saklamasaň, onda zulum ýüze çykyp, hyýanat ediler. Bereket jahandan ýok bolar. Daýhançylyk we ekerançylyk işlerinde dogruçyllygyň peýdasy köpdür. Ogrulara we galtamanlara hiç hili geçirimlik etme. Olaryň ellerini kesmek we basyp ýatyrmak iň möhüm işleriň biridir. Zenanlara töhmet atyjylaryň garşysyna dur. Adamlaryň

namyslaryna zyýan berýänleriň öňünde dur. Eger gep gatnadýan adam kimdir biriniň kastyna çyksa, ony ýok etmek üçin alada et. Çünki, at-abraý birnäçe ýyllaryň dowamynda gazanylýar, ýöne bir aldaw bilen batyl bolýar. Hepdäniň her juma güni saçak ýazyp, Gurhandan hatm çykar. Öýle namazyny metjitde okap, Allatagaladan towpyk we ýagşylyk dile, beýikligi beýgelmiş Hudaýtagaladan bereket, iki dünýäniň abatlygyny we Onuň razylygyny dile. Enşa Alla!»

### *Täjilmülk Abulganaýym*

Täjilmülk Abulganaýym Şirazynyň wezirlerinden bolupdyr. Ol Hoja Nyzamylmülk wezipesinden aýrylansoň, soltan Mälik şanyň weziri bolýar. Emma ol köp wagt wezir bolup bilmändir, sebäbi şol günlerde soltan wepat bolupdyr. Nyzamylmülküň hyzmatkärleri ony leşgergähde öldürip, pyçak bilen para-para edipdirler.

### *Hoja Abdylmälik ibn Nyzamylmülk*

Hoja Abdylmälik ibn Nyzamylmülk soltan Börgiýaryk ibn Mälik şanyň weziri bolupdyr. Ol edepsiz, uýatsyz, ejize ganym, keýp çekmegi gowy görýän we masgaralanan, nebis şöhwetleri, jyns lezzetleri bilen meşgullanan, gysyk we ýalta adam eken. Soltan Börgiýaryk ony doly synagdan geçiren-

soň, wezipesinden aýrypdyr. Onuň wezipesini Abdylmäligiň dogany Müýeýýidilmülke beripdir.

Hoja Müýeýýidilmülk Abu Bekr ibn Nyzamylmülk öz dogany wezirlik wezipesinden aýrylansoň, soltan Börgiýarygyň weziri bolupdyr. Ol mylaýym we hümmetli adam bolmak bilen batyrgaýlykda, göreşmekde, ýaý atmakda, at münmekde we hat ýazmakda sahypkemal bolupdyr. Birnäçe wagt geçensoň, soltanyň gahary gelip, ony wezipesinden aýryp, ornuny dogany Fahrylmülk ibn Nyzamylmülke tabşyrýar. Müýeýýidilmülki bolsa tussag etdirýär. Müýeýýidilmülk tussaglykdan gaçyp, soltan Mälik şanyň hyzmatkäri bolan emir Aýazyň ýanyna barýar. Emir ony soltanlygyň mertebesi üçin hormatlap, «Soltan saňa «Oglum» diýip ýüzlenerdi» diýer eken.

Ol Müýeýýidilmülki gerek bolan zatlar bilen üpjün edipdir. Soňra ol soltan Börgiýaryk bilen uruş etmek üçin, Horasana rowana bolupdyr. Olaryň maksatlary takdyra laýyk gelmändir. Olar biri-birine ýetýänçäler, mülhitler Aýazy öldüripdirler. Müýeýýidilmülk Aýaz ölensoň, Yrakdan Genjä ýol şaýyny tutup, Muhammet ibn Mälik şanyň ýanyna barýar we ony şalygy almaklyga öjükdiripdir. Muhammet ibn Mälik şa köp leşger bilen Yragyň ýoluna düşýär. Olar Börgiýarygyň leşgeriniň garşy tarapyndan çykdylar. Sebäbi Mejidilmülk Abylpazyl Gumy şa mülküniň hasapçysydy. Şa mülküniň esasy işini ol ýerine ýetirýärdi. Ol emirleriň işini gysypdyr. Muhammet ibn Mälik şanyň leşgerleri emirler bilen birleşip,

Mejidilmülküň kastyna çykýarlar. Mejidilmülk soltanyň köşgüne gaçypdyr. Emirler has-da köpelipdirler. Mejidilmülk iş-işden geçenligini görüp, soltana: «Pitne ulalmanka, meni olara ber» diýipdir.

Börgiýaryk ony bermändir. Emirler soltany äsgermezçilik edip, hüjüme başlapdyrlar. Ahyrsoňy soltan Mejedilmülki öňe çykarypdyr. Olar ony para-para edip öldüripdirler. Pitne ýokary galanda, soltan Börgiýaryk gaçyp, Yspyhana barýar. Netijede, soltan Muhammet patyşa bolýar. Müýeýýidilmülk hem ikinji gezek wezir bolupdyr.

Soltan Börgiýaryk hem çozuş edip, 494-nji ýylyň[1] Dört tirkeşiginiň dördünji aýynda soltan Muhammet bilen uruş edipdir. Şol uruşda soltan Muhammet gaçyp gidipdir. Müýeýýidilmülk bolsa tussaglyga sezewar bolýar, Birnäçe gün geçensoň, ol emirleri özünden razy edip, özi üçin soltandan wezirligi soramagy haýyş edýär. Emirler soltan Börgiýarykdan haýyş edýärler. Börgiýaryk olaryň pikirlerini goldapdyr. Müýeýýidilmülk özüne berlen wezipe bilen meşgul bolupdyr.

Legençi hyzmatkär soltan Börgiýaryk ukudadyr öýdüp, Müýeýýidilmülki ýamanlap: «Haçanda Müýeýýidilmülk Soltan Börgiýarygyň hyzmatynda gullukdaka, seljuklary bigaýrat hasapladylar» diýýär. Şol wagt soltan Börgiýaryk oýa eken. Ol bu sözleri eşidip, gazaba münýär. 494-nji ýylyň Meret aýynyň 8-

[1] Miladynyň 1100-1101-nji ýyllary.

ne onuň damagyny çaldyrýar. Soňra soltan legençä ýüzlenip: «Seljuklaryň batyrdygyny gördüňmi?» diýipdir. Ol gullukçy gorkudan-ürküden ýaňa gaýdyp soltanyň gözüne görünmeýär.

### *Mejidilmülk Abylpazyl Gumy*

Mejidilmülk Abylpazyl Gumy hem soltan Börgiýarygyň weziri bolupdyr. Ol Hoja Nyzamylmülk wepat bolansoň, üç ýyllap çozuş-gowgalyklarda bolup öldürilipdir. Käbir maglumatlarda, «Müýeýýidilmülki öldürjek bolup, Nyzamylmülki öldüripdirler» diýip aýdýarlar.

### *Hoja Fahrylmülk Hasan ibn Nyzamylmülk*

Hoja Fahrylmülk Hasan ibn Nyzamylmülk akylly we dana wezir bolupdyr. Ol dindarlaryň dini we haýyr işleri ýola goýmak ýygnagynda (mejlisinde) alymlara terbiýe bermekde, päkizeligi berkitmekde öz ýoldaşlaryndan üstün çykypdyr. Ol ilki soltan Börgiýarygyň weziri bolupdyr. Soltan Börgiýaryk wepat bolandan soň, soltan Muhammet ibn Mälik şanyň weziri bolýar. Soltan Muhammetden soň soltan Sanjar Mälik şanyň weziri bolupdyr. Ol Soltan Sanjaryň zamanynda ünsden gaçyp başlaýar. Agyr ýagdaýlara duçar bolýar. Pida edijiler ony öldürtmegiň ugruna çykýarlar. Ol melgunlar tarapyndan öldürilipdir. Ondan birnäçe eserler ýadygär galýar.

## Hüjjetilyslam Ymam Gazalynyň Fahrylmülke ýazan bu haty kitabyň şu ýerinde teperrik üçin getirilýär

Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam şeýle diýýär: «Özüňe at-lakam almak adat-däbe görädir». Din üçin edilýän ädimler adamzatdan daş bolmaly däldir. Adat ýoly bilen kämillige ýeten adam lakam goşulmagyna mätäç bolmaly däldir. Gelniň owadanlygy aňrybaş derejede bolsa, bezeýjiniň eli gysga galar. Sen hem dünýäde şeýle bir serwerlik derejesine ýetipsiň welin, seniň adyňa-derejäňe lakam dakmak nogsanlyk bolar. «Kämil zada goşulan zat nogsanlykdyr». Bu gürrüňler dünýä gürrüňleri. Indi din gürrüňine başlaly.

Häzirkiden-de has gowy hem netijeli işleri etmek gerek. Çünki, bu döwür ahyrzaman-kyýamat döwri: «Adamlaryň hasap-kitap edilmeli wagty geldi, ýöne olar gaflatda, hak ýoldan ýüz dönderýärler»[1]. Kyýamat gopjak döwürde hemmelere berk gala-pena gerek. Kä adamlar öz galalaryny leşger-goşun bilen düzýärler, käbirler baýlyk, demir, berk gapy we uly diwar bilen, ýene birnäçeler bolsa derwüşleriň köňli-ýüregi, ýagşyzadalaryň doga-dilegleri we ezizleriň hümmeti bilen gala edinýärler.

[1] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 1-nji aýaty.

«Ol (Alla) ähli bendelerinden rüstemdir»[1]. Haktagala geçen iki ýylyň dowamynda höküm süren soltanlaryň ahwalatyny birinji toparyň goşundyr leşgeriniň asmandan inen belany dep edip bilmeýändigini görkezip, olaryň ýörelgeleriniň ýalňyşdygyny göz etdi. Soňra baýlygyň, beýik diwarlaryň we demir gapylaryň belany dep etmän, gaý-tam, ondan ýaňa derrew pytrap gidýän zatdygyny görkezmek üçin, ikinji toparyň ýolunyň nädogrudygyny doganyň Ymadylmülküň ahwalaty bilen aýan etdi. «Köp mal-baýlyk toplap, olary sanady we onuň baýlygy onda baky galar öýtdi»[2]. Bu topar şol wagt: «Meniň baýlygym, güýjüm maňa peýda bermedi»[3] diýip aýdarlar. Soňra Yt Tusynyň, Mühezzip Nyşapurynyň, Mugynyň we Pazlyň ahwalaty bilen, üçünji toparyň ýolunyň dogrudygyny subut etdi. Derwüşe bir tabak aş ýa-da bir döwüm arpa çöregi bermegiň ýüz müň leşgeriň edip bilmejek işini eder. Duşman pyçagy-gylyjy bilen ýaralanandyklaryna garamazdan, olaryň elinden sag-aman sypypdyrlar. Bu zatlar bolsa goşunyň peýkamy bilen däl-de, elleriň peýkamy bilen leşger düzmelidigini görkezýär. Kakaň eden zadynyň netijesini gördi. Birnäçe gün wezirlik tagtynda oturmak üçin, kakaňy erbet adamlara tabşyrmak haýpdyr, aýpdyr. Kakaň (goý, Alla onuň

---

[1] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 18-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 104-nji («Hümeze») süresiniň 2-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 69-njy («El-Hakka») süresiniň 28-nji aýaty.

ýatan ýerini ýagty etsin we saňa oňa eýermäge towpyk bersin!) älem işlerini ýola salyp, olara tertip-düzgün berýärdi. Sen bu welaýaty öz gapyl doganlaryň üçin, diwandan alypsyň. Häzir ol ýeriň ýaşaýjylarynyň we dükanlaryň biçärelikleri we perişanlyklary aňrybaş çäge ýetdi. Köp asman apatlary ýetdi. Hemmeler bu betbagtlygyň alajyny tapmak üçin, gözýaş suwlaryny dökýärler. Baýlaryň gözýaşy, derwüşleriň giň ýürekleri bilen ähli dostlar-doganlar bu horlugy çekip gelýärler. Golastyňdakylaryň we mazlumlaryň doga-dilegleri kabul bolýandyr. Men doganyňa hernäçe nesihat bersem-de, kabul etmän, zulum elini uzatdy. Şeýdip, onuň ahwalaty jahandakylara ybrat-görelde boldy. Ýöne bu welaýat öňküsi ýaly galdy. Onuň zulum-süteminden soň, beýleki doganlar gaflat ukusyna batyp, ýene-de zulum edip başlady. Geň zat, olaryň munça akyllary-düşünjeleri jahanyň hemişelik däldigine we mal-baýlygyň baky galmaýandygyna göz ýetirip bilmeýärmikä?! Ýeriň baýlygyndan ýüzüňi sowmagyň üç derejesi bar:

Birinji, bagt derejesi, ýagny welaýatyň baýlygyny öz ygtyýary bilen zulum-sütem görenlere bermek we ondan artanyny sadaka bermek. Bu işi edýänlere «Ýagşylykda ozanlar» diýilýär.

Ikinji, bir zalym kişi oňa musallat bolup, onuň welaýatyny ondan alyp, oňa bu agyr azaby datdyransoň, ol welaýatyň käbir baýlyklaryny zulum görenlere berip, doga-dileg okamaga meşgul bolan adamyň derejesi. Olar «ortaça» adamlardyr.

Üçünji, bir zalym adamyň janyny jan alyjy perişdäniň ygtyýarynda goýýança, tä ahyrete çenli näz-nygmatda gezen adamyň derejesi. Oňa kyýamat güni gahar bilen dalaşylar we ýetmiş gez bolan ýalyn zynjyry bilen zynjyrlanar. Allatagala olara rehmet nazaryny salmaz we olara ýüzlenmez. Sen «Ýagşylykda ozanlardan» boljak bol. Çünki, baýlyk eýeleri şu üç şerbetiň birini hökman datmalydyr. Ähli soltanlar, garyndaşlar we başga garamaýak adamlar ýüreginde deň görünýän adam bu işi kabul edip biler. Sen bu sözleriň gadyr-gymmatyny bil, tamakin bolmazlyga çalyş, bu derwüşleriň halyna seret, gaflatdan daşlaş. Seniň kesp edýän bu zatlaryň ýönekeý zatlar. Ähli gowy hem asyl zatlar Onuň gudrat elindedir. «Kyýamat güni tutuş ýer Onuň gysymynda we asmanlar düýrlenip Onuň sag elinde bolar»[1]. Adamyň eli, ugurtapyjylygy we pikirleri çäklidir, gysgadyr. Parasatlylyk we ugurtapyjylyk bilen ele salynýan zatlar ýönekeý zatlardyr, bolanynyň-bolmanynyň tapawudy ýokdur. Bu misgin derwüşleriň gazanýan, kesp edýän zatlary iň gymmatly zatlardyr. Muňa garamazdan, siz olary perişan hala salýarsyňyz. Şuny bil, wezirlik, ýolbaşçylyk hiç zat däldir. Ol şäheri adyllyk bilen dolandyrmaly. Şonda hemmelere peýda ýeter. Eger bozuklyk, ýaramaz işler edilse «Gury ýerlerde we deňizlerde adamlaryň kesp eden zatlary

---

[1] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 104-nji aýaty.

bilen bozuklyk, pyssy-pyjurlyk äşgär boldy»[1] diýip jar çekiler. Alla hemmämize hidaýat bersin, dogry ýoly görkezsin. Wessalam».

### *Abdylmälik Abdyljelil Dehistany*

Abdylmälik Abdyljelil Dehistany hem soltan Börgiýaryk ibn Mälik şanyň weziri bolupdyr. Onuň eserleri, şygyrlary we hal-ýagdaýlary barada hiç bir taryhda görkezilmändir.

### *Sadrylyslam[2] Zyýaýylmülk Ahmet ibn Nyzamylmülk*

Sadrylyslam Zyýaýylmülk Ahmet ibn Nyzamylmülk sada, kanagatly, dogruçyl we hoşamaý syratly adam bolupdyr. Şol wagtlar syýasat işlerinde doly garaşsyzlyk bolmandyr.

Soltan Muhammet ibn Mälik şa onuň dogany Fahrylmülki wezipesinden aýransoň, wezirligi Zyýaýylmülke berýär. Ol hem Alaýeddöwle Abulkasym Hemedany bilen oňuşmaýar. Zyýaýylmülk ondan ar almak üçin, soltandan bäş ýüz müň dinar alýar. Soltan onuň bu pikirini goldapdyr. Alaýeddöwle bu mesele barada habary bolup, Yspyhana barýar. Ol wezirden gizlinlikde soltanyň ýanyna baryp aglap: «Eý

---

[1] Gurhanyň 30-njy («Rum») süresiniň 41-nji aýaty.

[2] «Sadrylyslam» — «Yslamyň beýikligi» diýen, ýagny yslamyň beýik diýen manyny aňladýar.

yslam soltany, Resul (s.a.w.) perzendini daşary ýurtlularyň eline bermegi rowa görýärmiň. Eger bu meselede tylla göz öňünde tutulýan bolsa, bende sekiz ýüz müň dinar berýär. Onuň şerini bendeden dep etsin. Eger beýikleriň yşaraty bolsa, bende her iş eder, ol pullary tapar» diýýär. Soltan muňa razylaşýar. Alaýeddöwle yzyna dolanyp, kyrk günüň dowamynda, hiç kimden karz almasyz we bir zatlar satmasyz, boýun alan pullaryny hezreti soltanyň huzuryna iberýär. Zyýaýylmülk Ahmet oňa erbet niýet bilen garasa-da, soltan oňa ýagşylyk edipdir.

### *Hekaýat*

Zyýaýylmülk Ahmet öz wezirleriniň döwründe Hüjjetilyslam Ymam Gazala (Alla oňa rehmet etsin!) hat ýazypdyr. Ol hezreti ymamy Bagdatdaky Nyzamyýe medresesine tälim bermäge çagyrýar. Hezreti Ymam Gazaly Bagdada gitmekden boýun gaçyryp, oňa şu haty ýazypdyr. Biz hem bu haty teperrik üçin kitabyň şu ýerinde ýatlaýarys.

## Ynha bu şol hatyň nusgasy

Allatagala şeýle diýýär: «Her kimiň öz ýüzlenýän ugry bar. Şeýlelikde, ýagşy işlere howlugyň.[1] Hiç kim özüniň saýlan ýoluna we maksadyna eýermän, hiç bir

[1] Gurhanyň 2-nji («Sygyr») süresiniň 148-nji aýaty.

işi amala aşyrmaýar. Şeýlelikde, adamlar özleriniň saýlan ýollarynda üç topara bölünýärler. **Birinjisi**, garamaýak sada adamlar, olar gaflat eýeleridir. **Ikinjisi**, saýlanan adamlar, olar parasatlydyrlar. **Üçünjisi**, saýlantgylaryň saýlantgysy, olar ýürek gözleri açylan adamlar.

Gaflat eýeleri pikirlerini çalt ele salynýan ýagşy zatlar bilen çäklendirip, netijesi mertebe we şöhratlyk bolan zatlary bu dünýäniň şu uly nygmaty hasaplap, mertebe we şöhratlyk gazanmak ýoluna ýüzlenýärler we olaryň ikisini gözleriň göreji saýýarlar. Allanyň resuly (s.a.w.) şeýle diýýär: «Yslam dinini ýapyşalga edinip, baýlyk we şöhrat gazanmak üçin zähmet çekýän goýun sürülerine urunan ýaramaz möjeklerden erbet näme bar?!»[1].

Bu gapyllar möjegi keýikden saýgaryp bilmediler we saýlan peslik ýollaryny beýiklik saýdylar. Pygamberimiz (s.a.w.) bular barada şeýle diýýär: «Dinaryň gullary zelel gördüler, dirhemiň bendeleri zyýan çekdiler, olar agyr ýitgä sezewar boldular, olara bu zatlar peýda bermedi».

Emma ol üç toparyň içinden saýlanan topar öz akyl-parasatlary bilen dünýäni ahyrúete bagly edip goýdular. Ahyrúetiň haýyrly hem bakylygy olara aýan boldy. Olaryň parasatlylygy baky ebediligiň geçip barýan panylykdan gowudygyny olara bildirdi. Olar

---

[1] Bu hadys kitapda öçügräk ýazylansoň, metiniň gidişine görä çaklama bilen terjime edildi.

dünúeden ýüz öwrüp, ahyrúeti öz kyblalary we saýlan ýollary edip goýdular. Ýöne bu toparyň hem kemçiligi bardy. Olar çäksiz gowulygy gözlemändirler, dünúe bilen bilelikdäki gowulygy saýlapdyrlar. Emma kalp gözleri açylanlar, her bir zadyň aňyrsyna, many-maňzyna göz ýetiren saýlantgylaryň saýlantgysy, ýagny üçünji topar akylly-düşünjelileriň ýitip gidýän zatlary gowy görmeýändiklerine göz ýetirdiler. Dünúede, ahyretde-de – ikisem ýaradylan zat. Olary ýaradan hemme zatdan gowy. Olara Allatagalanyň iň haýyrly we bakylygy aýan bolýar. Olar «Gudratly Patyşanyň huzurynda razy bolunýan orny»[1] we «Şek-şübhesiz jennet eýeleri bu gün başga zatlara meýil etdirmeýän datly näz-nygmatlardan lezzet alýarlar»[2] diýen orny saýladylar we olara «Lä ilähä illalla»[3] sözüniň hakyky manysy – içki syry äşgär boldy, ýagny diňe bir ybadat edilýäne, Alla gulluk etmeli. Çünki, kimde-kim dünýä bolsun, ahyrúet bolsun, bir zada bagly bolup, onuň bendiliginde bolsa, şol zat onuň Hudaýy bolar. Hut şu sebäpli pygamberimiz ýokarda agzalan hadysda «Dinaryň guly, dirhemiň bendesi» diýýär. Şeýlelikde, kimde-kim Allatagaladan başga zada ýüzlense, onda onuň bu ýüzlenmesi ýerlikli hem dürs bolmaz. Şirk eýesiniň toba etmezden, günäsi geçilmez. Bu üçünji topar öz

---

[1] Gurhanyň 54-nji («Kamar») süresiniň 55-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 36-njy («Ýasyn») süresiniň 55-nji aýaty.
[3] Lä ilähä illalla – Hakyky Ýeke-täk Alladan başga Hudaý ýok diýmek. Her bir musulman bu jümläni aýtmaly, oňa amal etmeli. Bu keleme musulmanyň şygarydyr.

ýaşaýyşlarynda bar zatlary iki sany «Alla» we «Alladan başga» atly biri-birine garşy böleklere bölüp, olaryň hersini tereziniň bir tarapynda goýup, öz ýüreklerini ol tereziniň ölçeg dili edip goýdular. Olar öz ýürekleriniň erkinlik bilen iň gowy tarapa meýil edýänligini görüp, «Ýagşylyk tarapy agyr geldi» diýdiler. Birinji topar ikinji toparyň öňünde garamaýak hem düşünjesiz ýalydylar, olaryň sözlerine düşünmeýärdiler we «Allanyň rehmetiniň yzlaryna serediň»[1] diýen jümläni dilde gaýtalasalar-da, onuň hakyky manysyna göz ýetirmediler. Baş wezir (Alla onuň mertebesini beýgeltsin!) meni bu dünýede kiçiräk derejämden beýigräk orna çagyrsa, men hem ony pesleriň pesiniň ornundan beýikleriň beýiginiň, ýagny üçünji toparyň derejesine-mertebesine çagyrýaryn. Men onuň bu haýyşyny kabul edip bilmänimden soň, «Her kim size ýagşylyk etse, siz hem oňa ýagşylyk ediň» diýen jümlä eýerjek boldum, emma başarmadym. Nesip bolsa, garamaýaklaryň derejesinden ýörite saýlananlaryň belent mertebelerine ýetersiňiz. Çünki, Tusdan, Bagdatdan we başga-da ähli ülkelerden Haktagala eltýän ýol birdir, ýöne bu üç derejäniň Alla barýan ýoly bir däldir. Eger parz işleriň birini terk etse ýa bir gije asuda ýatsa, ýa-da ýurdunda bir mazlum bar bolsa, onuň derejesi birinji toparyň ornundan hem pese gaçar. «Olar gapyl kimselerdir. Olaryň ahyrýetde

[1] Gurhanyň 30-njy («Rum») süresiniň 50-nji aýaty.

zyýan görjeklerine şek-şübhe ýokdur»[1]. Allatagaladan onuň gapyl galyp, işleriň tertibini elden gidermezligi üçin, towpyk-ýardam dileýärin.

Men baş weziriň Bagdatdaky «Nyzamyýe» medresesi baradaky talabyny berjaý edip biljek däl. Çünki, bu işi ýa dinde takwalygy artdyrmak, ýa-da dünýewi bähbitler üçin etmeli. Dünýewi peýda barada aýtsam, onda Hudaýa şükür, meniň oňa mätäçligim ýok. Eger Bagdady Tusa getiräýseler-de, meni bu işden boşatsynlar. Eger meniň ýüregim zerreçe oňa maýyl bolsa, bu imanymyň gowşaklygyndandyr, emma dinde takwalygyň we sogabyň artmagy barada aýtsam, oňa bu maksat bilen ýola düşüp, hereket etmek gowy zat, ýöne şübhesiz ylym ýaýratmak bu ýerde has mynasybrak, ähli serişdeler taýýar we bu ýeriň ylym öwrenijileriniň ýürekden edýän mähribanlyklary köpräk. Siziň talabyňyzy berjaý etmezlige dört hili sebäp bar. Olary görmezlige salyp, soň öwezini dolup bolmajak uly zyýanlara duş gelner. Birinji sebäp, bu ýerde ýüz elli sany takwa okuwçylarym bar. Olar ylym öwrenmäge meşgul. Olary alyp gitmek kyn we şöhradyňy hem wezipäňi artdyrmak umydy bilen, olary ynjytmak, äsgermezlik etmek dürs däl. Eger beýle iş etsem, onda bu eklenjinde iki sany çagasy bar bolan adamyň olary taşlap, başga ýerde ýigrimi sany ýetime hossarlyk etjek bolşy ýaly bolar. Ikinji sebäp, haçanda şehit wezir Nyzamylmülk (Alla ruhuny şat etsin!) meni

[1] Gurhanyň 16-njy («Balary») süresiniň 108-109-njy aýatlary.

Bagdada getirende, men hiç hili garyndaşsyz hem ýakyn-ýaransyz ýekedim. Indi bolsa meniň köp perzentlerim we garyndaşlarym bar. Adamlary göçürip äkitmek hem kyn, olaryň hal-ýagdaýlaryna seretmän, ýüreklerine ýara salmak hem dürs däl. Üçünji sebäp, 489-njy ýyla, ýagny şu güne çenli on bir ýyl bäri aşakdaky zatlary nezr[1] etdim we şu güne çenli olara wepaly boldum. Olar: hiç bir wezipeli uly adamdan pul kabul etmezlik, hiç bir patyşa ýa beg bilen salamlaşmaga gitmezlik we jedelleşmezlik. Eger men bu nezrlerimi we ähtlerimi bozsam, zamana maňa garşy aýaga galar, soňra onuň hiç hili alajy bolmaz. Bagdatda ylmy jedelleşik geçirmän bolmaz we halypalyk öýüne salama gitmän bolmaz. Men mugallymlyk we halypalyk kürsüsinde bu ähtlerimi saklap bilmerin. Mundan başga-da kabul edip bilmeýänligimiň uly sebäpleriniň biri gün-güzeran görmek meselesidir. Men hiç bir adamdan pul almazlyga nezr etdim. Bagdatda meniň mülküm ýok, meniň üçin ýaşaýyş hem gün-güzeran gapysy ýapyk. Tusdaky ýaşaýyş kynçylyklarym bu çagalaryň aladalary bilen çözülýär. Garaz, köp ötünçlerden we aýak diräp durmalardan soň, meniň ötünjimi kabul ediň we bu işde meni mamla saýyň. Ömür ahyrlap barýar. Ahyrúete sapar etmek we bu pany bilen hoşlaşmak wagty ýakyn geldi. Häzir Yraga sapar etme wagty däl. Siziň belent mertebäňizden we gözel häsiýetleriňizden bu bendäniň

[1] Nezr – Allanyň öňünde äht etmek.

ötünçlerini kabul edersiňiz hem-de «Gazaly indi ýok» diýip hasap edersiňiz diýip tama edýärin. Haka amanady tabşyrmak pursaty gelip ýetipdir. Gazaly mugallymçylygyň pikirini däl-de, ahyrúete göç etmegiň pikirini etmeli. Dogry ýola eýerýänlere salam bolsun».

### *Rabibeddöwle Abu Mansur Kyraty*

Rabibeddöwle Abu Mansur Kyraty soltan Muhammet ibn soltan Mälik şanyň baş weziri bolupdyr. Onuň ahwalaty we eden işleri barada taryhyň gatlaklarynda hiç zat tapylmansoň, onuň adyny ýazmak bilen kanagatlanýarys.

### *Sagdylmülk Aby*

Soltan Muhammet ibn Mälik şa soltanlyk tagtyna geçmänkä we onuň heniz Genjede mesgen tutan wagty Sagdylmülk onuň naýyby, kätibi we iş dolandyryjysydy. Soltan Muhammet soltanlyga geçensoň, ol onuň weziri bolýar. Sagdylmülk aňrybaş parasatly, düşbi, pespäl, hoşgylyk adam bolup, halk hem adamlar bilen gowy gatnaşykda eken. Ol ganygyzmalykdan we hilegärlikden daş bolupdyr. Soltan hezretleriniň huzurynda onuň mertebe-derejesi uludy we soltan oňa sylag-hormat eder eken. Kazy Hojandy, Abu Sagyt Mendu we Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülk oňa garşy dil düwüşýär. Ony

ýamanlap, mülhitler[1] bilen gatnaşygynyň bardygyny soltana aýdýarlar. Bu barada dürli rowaýatlar we gürrüňler bar. Käbirleriniň ýazmaklaryna görä, oňa töhmet atypdyrlar, emma ol bigünä eken. Ýöne käbir taryhy kitaplarda ýazylyşyna görä, Alamut mülhitlerinden Ahmet Attas Alamut galasynda galyp, hemme azyk-iýmitiň soňuna çykýar. Ol Sagdylmülke: «Hemme azyk gutardy, şonuň üçin galany tabşyrjak» diýip habar ýollaýar. Sagdylmülk oňa: «Siz ýene biraz sabyr ediň, men soltany heläk edeýin» diýip hat iberýär. Soltan Muhammediň gany doňma keseli bolansoň, ol her aý bir gezek gan aldyrar eken. Sagdylmülk gan alyja müň dinar bilen zäher çalnan iňňe berýär. Tötänleýin bu ýagdaýy Sagdylmülküň hajyby görýär. Ol hajybyň bolsa bir bedroý aýaly bar eken. Hajyp bu syry öz aýalyna aýdýar. Ol aýal bolsa bu syry öz aşygyna ýetirýär. Hajybyň aýalynyň aşygy kazy Hojandynyň wekillerinden bolan bir adama bu habary gürrüň berýär. Kazy bu hekaýaty eşidip, derrew soltanyň ýanyna baryp, wakany oňa gürrüň berýär. Ertesi soltan ýalandan syrkawlan bolýar we gan alyjyny çagyrýar. Gan alyjy gapydan girenden, soltan oňa şeýle bir gazap bilen seredýär welin, gan alyjy gorkup, aman soraýar. Ol ähli wakalary bolşy ýaly gürrüň berýär. Soltan derrew öz hyzmatkärlerine ol gan alyjy adamdan şol zäher çalnan iňňe bilen gan almaklaryny tabşyrýar. Şeýdip, ol gan alyjy ýokluk

[1] Mülhit – dinsiz, bidin.

sährasyna rowana bolýar. Soňra Sagdylmülki Yspyhanyň bazarynda dara çekýärler.

### *Hatyrylmülk Abu Mansur Ýezdi*

Taryhy çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, ol orta synply maşgaladan çykyp, soltan Muhammet Mälik şanyň weziri bolupdyr. Oňa oňat täleý ýar bolýar. Ol kyrk ýyllap tanymal soltanlaryň diwanlarynda wezirlik, maliýe işler, harby wezirlik, hat-petek diwanynyň başlygy ýaly wezipelerde işläpdir. Wezir mydama aýşy-eşretde bolmagy zerarly, adamkärçilik häsiýetlerini ýitirip, patyşalyk işlerinden gapyl galýar. Bir gün ol öz nökerleri bilen uly topar bolup Bagdatdan geçip barýar eken. Akyldarlardan we ýagşyzadalardan bir topary hem onuň bilen jylawdaş eken. Wezir olara ýüzlenip:

– Beççebazlyk täze çykan zatmy ýa-da ol öňden bäri bar zatmy? – diýip soraýar.

Älem ýagşyzadalaryndan bolan Abulala Resul[1]:

– Bu köneden gelýän resim. Bu iş bilen Lut pygamberiň kowumy meşgul bolýar eken – diýýär.

Hatyrylmülk:

– Lut pygamber biziň pygamberimizden öň ýaşapmy ýa-da soň? – diýýär.

Hoja Abdylla:

---

[1] Bu şahsyýetiň kimdigi anyklanylmady.

– Alla wezire towpyk bersin, ol biziň pygamberimizden öň ýaşap geçendir, biziň pygamberimiz pygamberleriň iň soňkusydyr – diýýär.

Hatyrylmülk:

– Haktagala Lutuň kowumy hakda näme diýipdir? – diýýär.

Şol wagt Abdylla: «Aýallary goýup, azgynlyk edip, erkeklere ýanaşýarmysyňyz?! Ýok, siz nadan kowumsyňyz!»[1] diýen aýaty okaýar.

Hatyrylmülk:

– Aýatdaky «tejhelun» sözüniň manysy näme? – diýýär.

Ol:

– Bu sözüň manysy «nadanlar» diýmek – diýýär.

Hatyrylmülk:

– Onda bu aýatda gaty bir gorkuzylmandyr ýa-da azap wada berilmändir – diýýär.

Hatyrylmülk wezipeden boşansoň hem birnäçe ýyllap diwan işleri bilen meşgul bolýar. Onuň döwri harsydünýälik we ýaramazlyk bilen geçýär, ondan hiç hili ýagşy at galmaýar.

## *Müjirilmülk Abulfeth Abdylhamyt Erdistany*

Müjirilmülk Abulfeth Abdylhamyt Erdistany çeperdillilikde, hat-petek işlerinde, iş başarjaňlykda we beýiklikde kämil derejelere ýetipdir. Haçanda soltan

---

[1] Gurhanyň 27-nji («Garynjalar») süresiniň 55-nji aýaty.

Mugyzzeddin Sanjar ibn Mälik şa öz doganynyň soltanlyk döwründe Horasanda we Horezmde häkim bolan mahaly, Müjirilmülk Sanjaryň weziri bolupdyr. Ýöne Hoja Fahrylmülk soltan Sanjaryň wezirlik dawasyny edensoň, dürli hyzmatlary we kyn işleri berjaý etmek bilen, soltanyň ejesiniň we emirleriň ünsüni özüne çekýär. Hoja Fahrylmülk köp para berip, Müjirilmülk Erdistanyny işinden aýyrdyp, tussag etdirýär. Ol köp pul töläp, azat bolýar. Müjirilmülküň ol dergähde bolmazlygyny makul bilip, soltan Bähramşanyň huzuryna – Gazna iberýärler. Ol Gaznynda mesgen tutýar we tä dünýeden ötýänçä, soltan Bähramşanyň nedimi bolup, onuň hyzmatynda gezýär.

## *Sadreddin Muhammet ibn Hoja Fahrylmülk ibn Nyzamylmülk*

Hoja Fahrylmülk mülhitleriň pyçagyndan heläk bolansoň, onuň ýagşy hem gadyrly hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Soltan Sanjar onuň ogly Sadreddine wezirlik wezipesini tabşyrýar we ony kakasynyň ornuna geçirýär. Sadreddin aňrybaş hümmetli we özdiýenli adam bolup, baýlyk toplaýardy we gazna el urýardy. Soltan Sanjar Gaznyna ýöriş edensoň, Bähremşa Hindistana gaçyp gidýär. Soltan Sanjar Söbükteginiň[1] neberesiniň ähli ülkelerini we

[1] Söbüktegin – Gaznaly nesilşalygyň baştutany.

hazynalaryny ele salýar. Wezir Sadreddin ýüreklilik edip, hiç bir sebäpsiz göwherlere, lagl-dürlere gol uzadýar. Onuň duşmanlary bu ýagdaýy soltana ýetirýärler. Soltanyň yşaraty bilen bezim-meýlis mejlisinde ony çomak we gürzi bilen urup öldürýärler.

### *Şyhabeddin Abulmahasyn Abdyrrazzak Tusy*

Şyhabeddin Abulmahasyn Abdyrrazzak Tusy Hoja Nyzamylmülküň doganoglanydy we döwrüniň tanymal alymlaryndan, beýik ymamlaryndan akyldarlaryndan biridi. Ol ýaşlykdan şerigat hökümlerini we hadyslardyr rowaýatlary öwrenip başlaýar. Soltan Sanjaryň permany bilen, medreseden we münberden çykyp, wezirlik tagtyna geçýär. Soltan Sanjar ähli işleri oňa tabşyrýar. Şyhabeddin özüniň wezirlik döwründe «Donuny ters geýip»[1], adyllygy taşlaýar, ýaramaz ýollardan ýöreýär. Birtopar adamy soltana garşy aýaga galdyrýar. Soltanyň adamlary onuň bu hereketlerini soltana ýetirýärler. Soltan oňa temmi berýär. Şyhabeddin aňrybaş bahyl hem gysgançdy. Döwlet sütünleri, Yragyň hem-de Horasanyň han-begleri ony ýigrenipdirler, ondan çekinipdirler.

Ol doly betnamlyk bilen dünúeden ötüpdir.

### *Şerefeddin Abu Tahyr Sagt ibn Ahy Gumy*

[1] Göçme manyly sözlem. Köňlüni ýaramaz işlere tutmak diýmekdir.

Şerefeddin Abu Tahyr Sagt ibn Ahy Gumy Gum sebitiniň Rastak diýen ýerindendi. Ol ilki dogduk mekanyny terk edip, Bagdada barýar. Soltan Mälik şanyň ordasynda leşgeri düzgün-nyzama salyjy (harby serkerde) Mühezzibeginiň hyzmatynda durýar. 482-nji hijri ýylynda[1] merwliler öz häkimlerinden arza-şikaýat edýärler. Şerefeddini bu işi derňemek üçin, Merwe iberýärler we oňa Wejihilmülk lakamyny berýärler. Ol kyrk ýyllap, ýagny ol tä wepat bolýança Merwiň häkimleri we olaryň ýerine ýetirýän işleri onuň gözastynda bolupdyr. Soňra ol Soltan Sanjaryň ejesi Türkan hatynyň naýyby we leşgeri tertibe salyjysy bolup işleýär. Ol soltanyň ejesi bilen hatda degişme äheňli gürrüňleri hem eder eken. Şyhabeddin Abulmahasyn wepat bolansoň, Soltan Sanjar ony wezirlik tagtyna geçirip, ony uly sylag-hormata eýe edýär. Ol aňrybaş dindar, takwa, sabyrly, kanagatly adam bolup, onuň köp garyndaşlary we ýakyn-ýaranlary bolupdyr. Wezirliginden ýaňy üç aý geçensoň, ol dünúeden ötýär. Ony Ymam Aly ibn Musa Ryzanyň aramgähiniň ýanynda jaýlaýarlar. Soltan Sanjar onuň ölümine gaty gynanýar we onuň yzynda galan hossarlaryna köp ýagşylyklar edip, sowgatlar ýapýar. Şahyr emir Muýezzi bu weziri taryplap, şeýle diýýär:

Ol adyllyk eýesi Abu Tahyr Sagt ibn Aly,
Baýlykda hem beýiklikde tugdy älem-jahana,

[1] Miladynyň 1089-1090-njy ýyllary.

Ussatlyk bilen ol beýikligni
has belende göterdi,
Onuň sözleri bilen many-mazmun
binýady berkedi bu jahanda.

Şahyr ýene-de şeýle diýýär:

Seniň ykbal saýaň halkyň üstüne düşendi,
Seň ahlagyň hem ahwalyň dek bezelendi,
Seň parasatlylygyňdan
hiç kim bipaý galmandy,
Ýöne bu hümmetiňe laýyk
däldi seň sahylygyň.

### *Nyzameddin Doganbeg Muhammet ibn Süleýman Kaşgary*

Nyzameddin Doganbeg Muhammet ibn Süleýman Kaşgary Türküstan täjikleriniň bezirgenleriniň biridi. Talaňçylykda, şer işlerde, oba-şäherleri ýakyp-ýandyrmakda, bahylçylykda we gysgançlykda ady meşhur bolupdyr. Ol ilki şol döwrüň Türküstan hanynyň weziridi. Mal-mülki elinden alnyp yzarlanansoň, Türküstan diýaryny taşlap, Soltan Sanjaryň hyzmatyna barýar. Ol özüniň türki dilliligi we sowgat-serpaý ýapmalary bilen, soltanyň köňlüni awlap, deň-duşlarynyň arasyndan saýlanýar. Dürli tärler bilen adamlardan pul alyp, gaýry sebitlere barýar we ol pul bilen söwda edip, köp pul gazanyp, uly baýlyk bilen

yzyna dolanýar. Ol Balh häkimligine geçip, ol ýerde ýaramaz kadalary we ýigrenilýän ýörelgeleri ýola goýýar. Ol köp para berip, soltanyň han-beglerini, esasan-da, patyşanyň döwletiniň berk sütüni bolan emir Kumajy öz tarapyna çekýär. Soltanyň wezirligini müňlerçe nyşapury dinar[1] harçlap ele salyp, 516-njy ýylda[2] wezirlik donuny egnine atyp, doly erk-ygtyýar bilen ýurt dolandyryş tagtynda oturýar. Onuň bargähiniň[3] öňünde günde üç gezek tebil kakylar eken. Ol iki ýyldan gowrak wagtlap wezir bolýar. Ol pes tebigatly, söwdagär häsiýetli, nadan, tamakin, bedroý, ýalan wadalary beriji we ýalan sözleýji adam bolansoň, uly-kiçi ony ýigrenýärler. Ol aňrybaş nadan we bisowat bolupdyr. Ol Hoja Nyzamylmülke öýkünip, öz möhründe «Ahmedyllaha ala nigamyh»[4] diýen ýazgyny ýazdyrypdyr. Bir gün ol diwandakylara ýüzlenip:

– «Muhammet» bilen «Ahmet» arap dilinde bir many berenokmy? Iki at hem pygamberimiziň ady dälmi? Eger şeýle bolsa, men öz möhrümdäki ýazgyny «Muhammedullaha ala nigamyh»[5] etjek – diýýär.

---

[1] Nyşapurda ýörgünli bolan dinar, pul birligi.

[2] Miladynyň 1112-1123-nji ýyllary.

[3] Bargäh – köşk.

[4] «Beren hyzmatlary üçin Alla hamdy-sena aýdýaryn» diýmek.

[5] Möhüriň ýazgysyndaky Ahmet adam ady bolman «Hamdy-sena» aýdýaryn diýen manyny berýär. Wezir onuň beýle many berýändigini bilmänsoň, ol adam adydyr öýdüp, ony Muhammede öwürmek isläpdir.

Diwandakylar onuň bu sözüne geň galyp, onuň üstünden gülüpdirler.

Bir gün diwanda beýik akyldarlardan we soltan hezretleriniň kätiplerinden bolan Mugyneddöwle Asam[1] bilen sözleri azaşýar. Ol Mugyneddöwlä «Garzan»[2] diýýär. Mugyneddöwle birnäçe günläp öýünden çykmaýar. Soltan Mugyneddöwle barada wezir bilen gürleşýär. Wezir ony çagyrýar we ondan ötünç sorap:

– Biziň ülkämizde «garzan» sözi dostlaryň arasynda köp ulanylýar. Bu söz sögünç, paýyş söz hasaplanman, ony biri-birlerine ýürekdeşlik etmek, dostluk bildirmek üçin aýdýarlar – diýýär.

Mugyneddin Asam:

– Jenap hojaýyn onda mundan beýläk size hem bu söz bilen ýüzlensek, gaty görmäň – diýýär.

Döwrüň akyldarlaryndan bolan Bahaweddin Mesgut ibn Abdyleziz[3] bu barada şu goşgyny düzüpdir:

Sen baýdakdyň, döwür saňa boýundy,
Seň haýbatyň ähli kişä aýandy,
Mugyneddin Asam bilen şeýle gürleşdiň,
Eger ony «garzan» saýsaň,
ol hem seni «garzan» saýardy.

---

[1] Bu şahsyň kimdigi anyklanylmady.
[2] Garzan – 1) bozuk aýal; 2) deýýus, haramzada.
[3] Bu şahsyň kimdigi anyklanylmady.

Bir gün diwan kätibi döwlet hazynasyndan berilýän käbir pul resminamalaryny düzüp, ony gol çekdirmek üçin, wezir Nyzameddin Doganyň ýanyna eltýär. Ol gaharlanyp: «Men pul resminamalaryny bukjanyň daşyna ýazyň diýip, näçe gezek aýtdym. Size söz täsir etmeýän eken-ow» diýip, olara käýeýär. Onuň edýän işlerinde we aýdýan sözlerinde ýokary derejedäki masgaraçylyklar we nädogry zatlar bolsa-da, pullulygy we gurplulygy üçin, doly haýbat we erk-ygtyýar bilen wezirlik ornunda ornaşypdy. Emir Muýezzi ony wezirlik ornuna geçendigi bilen gutlap, şu beýtleri düzüpdir:

Bagt ýyldyzly wezir
Muhammet ibn Süleýman,
Muhammet dek din dosty,
Süleýman dek haýbatly,

Onuň ýörelgeleri bilen jahan tertibe geldi,
Onuň galamynyň ýazgysy
bilen bezeg-zynat tapdy.

Ýurt bagy oň işleýşi
bilen daragtlara bürendi,
Onuň adyllygy bilen döwletiň ömri uzaldy.

Emirleriň birnäçesi onuň janyna kast etmegi ýüreklerine düwüpdiler, emma Soltan Sanjaryň sakçysy olaryň bu niýetini goldamaýardy. Ahyry emir

Fahreddin Doganbeg soltan Muhammet Mälik şanyň ýanyndan – Yrakdan gelip, onuň ýaramazlygy barada soltana gürrüň berýär. Soltan ony işinden boşadyp, tussag etmeklerini buýurýar. Ol köp gynamalara we azaplara duçar bolýar. Ähli baýlyklaryny tabşyransoň, käbir Türküstan ülkelerini talamaklygy ýüregine düwýär, ýöne haldan düşenligi we syrkawlygy zerarly, düýe bilen ol sebite barýarka, düýeden ýykylyp heläk bolýar.

Indi şu ýerde kätip Mugyneddin Asamyň Soltan Sanjaryň adyndan Rum patyşalygyna ol ýerdäki musulman emirleriň perýatnamalaryna[1] jogap hökmünde ýazan haty getirilýär. Bu ýerde ýazylan zatlaryň mazmunynyň has aýdyň bolmagy üçin, ilki ol ýerdäki musulman ýesirleriň ýollan hatlaryny şu ýerde ýazýarys. Bu waka şeýle bolupdy:

Soltan Sanjaryň hökümdarlyk döwründe Rum kaýsary yslam ülkelerine – tä Çyna çenli höküm sürüp, ol sebitleri weýran etdi we ýüz müňe golaý musulman erkek adamlary ýesir aldy. Ol ýesirleriň içinde döwrüň ýeke-tägi bolan bir akyldar ymam hem bar eken. Ýesirler ol ymamyň ýanyna gelip, bu ýagdaýdan halas bolmak üçin ondan görkezme, maslahat soraýarlar. Ymam olara: «Gowusy Soltan Sanjara perýatnama ýazalyň» diýýär. Şeýdip, olar soltandan kömek sorap, oňa perýatnama ýazýarlar.

[1] Perýatnama – haýyşnama, zulumdan ýaňa dat-perýat bilen ýazylan hat, ýüzlenme.

## Rumdaky ýesirleriň perýatnamasy

«Sözleri hak bolan Päk hem Beýik Alla şeýle diýýär: «Eger şükür etseňiz, beren nygmatlarymy hökman artdyraryn, eger gadyrbilmezlik etseňiz, onda Meniň azabym ýowuzdyr»[1]. Ady beýgelmiş we nygmatlary egsilmez, hiç zada mätäç bolmadyk Allatagala ynha şeýle sözler bilen ýüzlenýär. Bendeleriň şükür etme derejeleri dürli-dürlüdir. Allatagalanyň enaýat nazary bilen seredip, älem ygtyýaryny elinde goýan bendesi ýaradylan zatlara şükür etmese, onda aňrybaşy uly kemçilik etdigi bolar. Şeýlelikde, adam Allanyň öz beren zatlaryna şükür etmese, onda Allanyň «Onda meniň azabym gatydyr» diýen aýatyna degişli bolar. Älem-jahanyň buýruk berme we gadagan etme jylawy Seljuk döwletine (goý, Alla onuň beýikligini dowamly etsin!) düşensoň, bu döwletiň soltanlary özleriniň hökümdarlyk döwründe soltanlyk we beýiklik tagtynda oturyp, älemdäkileriň ahwalatyna gözegçilik etdiler we jahandakylaryň işlerini tertibe saldylar. Olar gudraty beýgelmiş Päk Allanyň nygmatlarynyň, mähremlikleriniň we ady ezizlenmiş Biribaryň kerem-sahawatynyň şükranasyny berjaý etmäge çalyşýardylar. Yslam ülkelerini küpürlik azaşmalaryndan päklemek, şirk eýeleriniň[2] ýaramazlyk-erbetlik köklerini gyrmak,

[1] Gurhanyň 14-nji («Ybraýym») süresiniň 7-nji aýaty.
[2] Şirk eýeleri – müşrikler, Alla şirk getirýänler, Alla şärik goýýanlar.

älem-jahanda yslamyň yzzatyny we patyşalygyň mertebesini saklamak, betpällere temmi bermek parz işdir. Indi döwür patyşalygy, din-dünýä yzzaty, ikinji Isgender, din-döwlete nyzam beriji, jahandarlyk täçli, älemi bezeýji öz azamaty we soltanlygy bilen bezelen hem şöhrat tapan Sanjar ibn Mälik şa (goý, Alla onuň ýaranlaryna güýç bersin we öňki güýç-gudratyny artdyrsyn!) ýetensoň, öňden gelýän ýola garşy hereket edilýär. Tä jahan dursa jahandar bolmuş, Maşryk we Magryp şasy, Seljuk döwletiniň bagt girewi we şalyk göwher täjini ýagtylandyryjy dür edip goýan bu älem patyşasy näme üçin kapyrlyk baýdagynyň yslam ülkelerinde dikilip, kapyrlyk monjugynyň belentlerde parlamagyna we ylym eýeleriniň mübärek huzurlary bilen bezelen ülkeleriniň we metjit münberleriniň doňuz hapysalyklary bilen nejislik magdanyna öwrülmegine ýol berdikä?! Patyşa «Siziň ähliňiz çopansyňyz we öz raýatyňyzyň, golastyndakylaryň jogapkärisiňiz» diýen hadysy eşitmedimikä?! Älemleri Ýaradyjy Alla kasamlar bolsun, ähli zatlar onuň huzuryna barmalydyr, her owalyň ahyry we her lezzetiň kynçylygy bardyr. Aly jenap soltan (goý, Alla onuň mertebesini beýgeltsin!) pikir-ünsüni jahany bezemäge gönükdirmelidir. Öňki hökümdarlar özlerine patyşalyk nobaty ýetensoň, hiç haçan musulmanlaryň har-zelil bolmaklaryna ýol bermän, mydama ahyrúeti ýatlap gezipdirler. «Ol günde kişi öz aga-inisinden hem, enesi-atasyndan hem, hatynydyr bala-çagasyndan hem gaçar. Çünki, her bir kişi üçin ol günde özüne ýeterlik

alada bardyr»[1] diýen aýat barada näme diýersiň?! Eger onuň höküm sürýän diýarynda bir zalymyň jebir-jepasyndan ýaňa bir biçäre ejiz mazlum hatda bir gije nädogry ýatsa, döwür patyşasy özüniň şu azamaty we haýbaty bilen Allanyň öňünde näme jogap berer?! Allatagala şeýle diýýär: «Biz kyýamat güni üçin adalatly mizan terezilerini goýarys. Bes, bir jana-da zerreçe zulum edilmez. Eger ownuk (ösümligiň) tohumy ýaly (bir zerre ýagşy ýa-da ýaman amal edilen) bolsa, şony-da getireris! Biz özümiz degerli hasap-kitap edijidiris»[2].

Biz aýal-gyzlardan, çagalardan, garrylardan düzülen ýüz müň adamdan ybarat bolan musulman biçäreler, sütem görenler, ýagny Rumdaky ýesirler alym-bisowat, ejiz-güýçli, derwüş-baý hemmämiz arza-şikaýat kyssamyzy säher ahy-nalasyna garyp, gözlerimiziň gany bilen boýap, Allanyň dergähine – binyýazlyk dergähine ibereris we ol ýer ýüzüniň hökümdary bolan döwrüň patyşasy Sanjar ibn Mälik şanyň mertligine her nepesde älemi ýakyp-ýandyrýan köňül ataşymyz bilen ýüzlenip, ol patyşanyň ünsden düşürmesi we gijikdirmesi zerarly nalyş edýäris. «Ony ne ysgynsyzlyk (irkilme), ne-de uky alyp biler»[3] diýen aýatda göz öňünde tutulýan ol oýa Allanyň dergähine döwrüň soltanynyň ukudadygyny şikaýat edýäris. Nala

[1] Gurhany 80-nji («Abasa») süresiniň 34-35-36-37-nji aýatlary.
[2] Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 47-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 255-nji aýaty.

Arşdan aşandyr. Eý, Perwerdigär, mazlumlar pelegiň gulagynda halka deý boldular, Asman perdesi ýürek otlarynyň çykarýan tüssesi zerarly garaldy. Jahan sahypkyrany bolsa Horasanda patyşalyk tagtynda rahat otyr. Beýik soltan (goý, onuň Alla mertebesi beýgeltsin!) Allatagalanyň Gurhanda aýdan şu sözlerini okap, ol barada oýlansyn: «Şähere kasam. (Gurban aýynyň owalky) on gijesine kasam. Jübüt we täk (rekagatly namazlar) kasam. Geçip barýan gijä kasam, ki (elbetde kapyrlar azaba giriftar-duçar bolýarlar). Ine, şu (kasam içilen zatlarda) akyl eýesi üçin ýeterlik kasam we ybratlar bardyr. (Eý, Muhammet, Perwerdigärimiziň ýurtlarda taýy bolmadyk belent (öreli minaralar) eýesi bolan Yram (şäherindäki) Ady (ad tiresini) nähili (heläkete duçar) edenini, (Kura) düzlüginde harsaň daşlary kesen (kesip özlerine öý salan) kimseler bolan Samud (tiresini nähili heläkete duçar edenini), gazyklar (ýagny ýere gazykdan kakylan belent diwarlar we minaralar eýesi bolan Pyrgawuny (nähili heläkete duçar edenini görmediňizmi?! Olar ýurtlarda hetden aşyp, ol ýerlerde bozgaklygy köpeldipdiler. Şeýlelikde, Perwerdigäriňiz olaryň üstüne dürli azap-apaty ýagdyrdy. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiz (barça närsäni) görüp-yzarlap durýandyr»[1]. Mertebeli patyşa Allanyň öz kasamyny bozmaýanlygyny, ähdini syndyrmaýandygyny bilsin! Bu aýatda azap berlen kowumlaryň berk kada-kanuna eýe bolandyklary, ha-

[1] Gurhanyň 89-njy («Fejr») süresiniň başyndan 15-nji aýatyna çenli.

zynalarynyň we baýlyklarynyň köp sanly bolandyklary, ýarag-esbaplarynyň sazdygy beýan edilýär. Yzzatlylygy, gaýratlylygy we kämil ykballylygy oýarýar. Bu aýatlary döwrüň soltany üns berip okasyn. «Allanyň emrine tagzym etmek» we Allanyň «Mähremlik görkezmek» diýen jümleleri onuň ýadyndan çykdymyka?! Belki-de, ol sap meýli bulgurlaryň owazyna maýyl bolup, uruşdyr gargyşlaryň nalasy we şeýtanyň aldawy bilen adyllyk işlerini unudandyr. Alla sygynýan Soltan Sanjara perýadymyzy ýetirýäris we ondan aman-pena isleýäris ýa-da indi yslamyň rownagy älemiň we älemdäkileriň bähbitli işleriniň öňe gitmesi galdymy, ýürekler nala ataşy bilen köýdümi?! Biz hossarsyz biçäreler dinde şöhraty, häsiýetde göni beýan edijiligi we tebigatda gaýratlylygy bolan bu alym ymama ýüzlenip, Rumdaky biçäreleriň ahwalyny beýikligi artmyş ol beýik dergähe ýetirmek üçin, şu namany ýazdyrdyk. Eger perýadymyza ýetişseňiz, perýadyňyza ýetiler, eger hakymyzy berseňiz, hakyňyz berler. Eger üns bermeseňiz, siz hem ünsden düşürilersiňiz we unudylarsyňyz. Soltan Allatagalanyň öz beýikligi we azamaty bilen her bir kömegiň müňläp-müňläp öweziniň dolýandygyny bilýändir. Biz biçäreleriň dady-perýadyna ýetişseňiz, Adyl Allanyň huzurynda hergiz ýüzügara bolmarsyňyz. «Ol gün mal-mülk, bala-çaga peýda bermez. Diňe salamat-päk ýürek bilen

Allanyň huzuryna gelen peýda görer»[1]. Indi beýik soltanyň özi gowy biler, Wessalam».

Bu hat soltan Mawerannahra tarap rowana bolup, Jeýhun derýasynyň kenarynda leşgergähini düşleden wagty baryp ýetýär. Ol şol ýerden dessine Ruma tarap ýola düşmegi berk ýüregine düwýär we Mugyneddin Asama Rum patyşasyna haýbat atyjy sözler bilen hat taýýarlamagy tabşyrýar.

## Soltan Sanjaryň Mugyneddin Asamyň galamy bilen ýazylan permany

«Bize ýetirilişine görä, Rum patyşasy mesihi[2] hökümdar yslam ülkelerine çozup, olara çäksiz zulumlary edipdir. Musulmanlardan bir toparyny ýesir edipdir birnäçelerini gylyçdan geçiripdir we mal-mülklerini talapdyr. Rum patyşasy şeýtanyň aldawyna aldanypdyr. Ol Beýik Haktagalanyň emri bilen pygamberleriň serweriniň we älemleriň Perwerdigäriniň resulynyň älemdäkileriň bihabar wagty, hak dini äşgär edendiginden gapyl galypdyr. Allatagala bu dine ýeňiş bagyş edensoň, gysgajyk döwürde onuň at-abraýlary nirä ýetipdi?! Maşryk we Magryp basylyp alyndy (goý, Alla ählisinden razy bolsun!). Çaryýarlaryň döwründe Allanyň bu güne bagyş eden ýeňşi Rum ülkesinde peýda boldy. Bu

[1] Gurhanyň 26-njy («Şahyrlar») süresiniň 88-89-njy aýatlary.
[2] Mesihi – hristian, nasrany.

ülkäniň ilaty musulmanlaryň güýjüni we özleriniň ejizdiklerini gördüler. Olar her gezek ol yklymlarda köp sanly güýçli leşgerleri toplap, musulmanlara garşylyk görkezseler-de, olaryň tagallalary biderek boldy. «Olar Allanyň nuruny agyzlary bilen üfläp öçürjek bolýarlar, ýöne Alla müşrikleri halamasalar-da, öz nuruny artdyryp, kämil derejä ýetirýändir»[1]. Kakamyň mübärek döwründe we döwür soltanlary hem zamana şalary bolan ata-babalarymyzyň hökümdarlyk süren eýýamlarynda olar almytlaryny aldylar. Rumlulardyr ermeniýelileriň ganlarynyň yzlary häzir hem leşgerlerimiziň we bendelerimiziň gylyç-larydyr naýzalarynda dur. Hudaýa şükür, bu gün hökümdarlygymyz we patyşalygymyz öňküden güýçlendi. Leşgerler we söweş tärleri has kämilleşdi. Älemiň gündogaryndan tä günbataryna çenli ýerler biziň permanymyzyň we hökümimiziň astynda. Her bir yklymy perzentlerimize we naýyplarymyza tabşyrdyk. Jahanyň ýedi yklymynyň içinde has abadan we gülläp ösen dördünji yklymy – Horasany we patyşalyk öýi Esribi[2], ol ülkäniň daş-töweregini, Yragy, Arap ülke-lerini, Şamy, Magryp welaýatyny[3] we Müsür ýurduny etraplary bilen her haýsysy hyzmat etmekde oňat yzlar galdyran we gözel häsiýetlere eýe bolan eziz perzentlerimize hem tejribeli naýyplara tabşyrdyk.

[1] Gurhanyň 61-nji («Saf») süresiniň 8-nji aýaty.
[2] Esrip – Medine şäheriniň gadymy ady.
[3] Magryp – Maroka.

Olara ähli ýerleri tä Ruma çenli zabt etmekligi tabşyrypdyk. Biziň güýçli syýasatymyz ol yklyma az ýetipdi, ýöne indi ol yklymda ýesir düşen musulmanlaryň hatlary bize gelip gowşanda, ýüzümizi Maşryga öwrüp, Jeýhundan geçdik. Çünki, biziň naýybymyz – Mawerannahr we Türküstan patyşasy dünúeden ötüpdi we ol ülkäniň işleri Çyn-Maçyna çenli bulaşypdy. Olar biziň mähremligimize we ýardamymyza mätäçdiler. Biz ol diýary tertibe salmak hem ol ýerleriň patyşalygyny bir dana we tejribeli kişä tabşyrmak üçin, ol sebite tarap rowana bolupdyk, emma Rumda ýesir düşenleriň perýat namalaryny okap, dessine leşgerimizi Rum sebitine tarap sürdük.

Biz tä Ruma ýetýänçäk hiç bir ýerde düşlemeris. Ýaradanyň, Päk Perwerdigäriň adyndan kasam edýäris, eger nasrany Rum şasy ol ýesirleri yslam dininiň hatyrasyna ynjytman yzyna goýberip, yslam ülkelerinden basyp alan ýerlerini yzyna gaýtaryp bermese we boýnyýogynlyk etse, Rum serhetlerinden tä Türküstana, Hindistana, Şama, Arap ülkelerine çenli basyp almaklygy emr ederin. Olar meniň permanym bilen nasrany we mesihi dinlileri gylyçdan geçirip, ýurtlaryndaky ybadathanalaryny we buthanalaryny ýer bilen ýegsan ederler. Perman bilen Maşrykdan, Magrypdan, gury ýerlerden hem deňizlerden, hintden, türkden, arapdan, ajamdan güýçli hem haýbatly leşgerleri toplap, ol ýerlere şeýle bir hüjüm ederin welin, deňizlerdir gollar yslam leşgerleriniň at toýnaklaryndan ýaňa titrär, olaryň sanynyň köplügi

zerarly, hatda sähralardyr çöllerde haýwanlara we guşlara ýaşar ýaly ýer galmaz. Şondan soň ol jahandarlyk öýüni weýran edip, Kostantanyýa[1] hüjüm ederis, Rum leşgerleriniň ählisini gylyçdan geçireris, Rum ülkesini kaýsarlardan hem serkerdelerden boşadarys. Haktagalanyň ýardamy bilen Muhammediň dini we yslamyň şygary hökmünde Rumuň merkezinde metjit-münber dikeris. Allatagalanyň yzzatynyň, azamatynyň we beýikleriň, pygamberleriň ymamy we ynsanlaryň deňsiz-taýsyzy Muhammet Mustapanyň (s.a.w.) hem bagtyýar şehit soltan Mälik şanyň hatyrasyna eger ol ýesirleri gowulyk bilen watanlaryna-ýurtlaryna gaýtarmasaňyz we bu permana gulak salmasaňyz, şu aýdan we galama geçiren zatlarymy berjaý edip, olary äleme, älemdäkilere ybrat-görelde ederis we tä Miýafarykaýna[2] we Kostantanyýa ýetýänçäk, hiç ýerde durmarys. Wessalam».

## *Mugyneddin Abu Nasyr Ahmet Käşi*

Mugyneddin Abu Nasyr Ahmet Käşi Kaşanyň meşhur adamlarynyň biridi. Ol Soltan Sanjaryň weziri bolýar. Ol soltan Börgiýarygyň we soltan Muhammediň hem wezirligine ýetipdi. Ahmet Käşi söwda-satyk edip, köp pul hem mülk toplapdy. Ol sahy

---

[1] Kostantanyýa – Konstantinopol, häzirki Stambul.
[2] Miýafarykaýn – Mesopatamiýada, Diýarbekriň töwereginde ýerleşen şäher.

we jomart adamdy. Soltan Mälik şanyň döwründe hoja Nyzamylmülk ony emir Kumaryň naýyplygyna belleýär. Emir Kumar Mälik şanyň emirleriniň emiridi. Ebher, Zeňran, Pygbar, Gazwyn, Alamut we Tarum welaýatlary emir Kumaryň mülk ýerleridi. Emir Kumar bu welaýatlary dolandyrmak üçin, öz ýegeni Mezdeddini naýyp belläpdi. Mugyneddin ýönekeý hyzmatkärdi. Onuň işleri şeýle bir rowaçlyga, bazary bolsa şeýle bir üstünlige eýe bolýardy. Kaşan welaýaty onuň ygtyýaryna geçipdi. Bu barada soltan tarapyndan möhürli perman ýazylýar. Ol özüniň belent hümmeti bilen mülk eýelerini we raýatlary dört ýyllap salgyt tölemekden boşadýar. Ahmet Käşi dostlarynyň karzlaryny öz pullaryndan töleýär. Ol Keşanda, Ebherde, Zenjanda, Genjede we Eýranda birnäçe med-reseleri we şypahanalary gurdurýar. Wezir Sadrylmülk Abu soltan Muhammediň soltanlyk döwründe ol hat-petek diwanynyň başlygy bolýar. Soňra maliýe weziri derejesine galýar. Soltan Muhammet Hatyrylmülki we-zirlikden boşadansoň, Mugyneddine baş wezirligi teklip edýär. Ahmet Käşi soltanyň teklibini kabul etmeýär. Ýöne iki ýyllap ol patyşalyk işleriniň baglaşma, çözme işleriniň esasy ýöredijisi bolupdyr. Soltan Sanjaryň Yrakda jeň edip, Horasana tarap gaýdan wagty Mugyneddin Sawäniň[1] töwereginde soltan hezretleriniň hyzmatyna gelýär. Soltan Reý welaýatyny oňa peşgeş berýär. Ol bu işde uly üstünlik

[1] Sawe – Kum şäheriniň töwereginde ýerleşýän ýer.

görkezýär. Pullary we salgytlary nagt görnüşinde soltanyň huzuryna iberer eken. Ol köp sylag-serpaý iberip, patyşanyň hatynlarynyň we döwlet sütünleriniň tarapdarlygyny özüne çekýär.

Doganbeg Kaşgaryny wezirlikden boşadansoňlar, soltan hezretleri Mugyneddini çagyrmak üçin, Reýe çapar iberýär. Soltan Mugyneddine köp mähremlikleri görkezip, dürli wadalar bilen oňa köp goldaw berýär. Mugyneddin uly umyt-arzuwlar bilen Horasana ýüzlenýär. Seýitlerden, kazylardan, alym-ulamalardan düzülen Ajam Yragynyň beýik şahsyýetleri onuň bilen bile ýola düşýärler. Olar her ýere we şähere ýetenlerinde, ol ýerleriň ilatyna köp sylag-serpaý ýapýardylar. Patyşalyk öýi bolan Merwe ýetenlerinde, Soltan Sanjar Mugyneddin bilen ikiçäk gepleşip, oňa ýurduň hem-de patyşalygyň möhüm meselelerini we işlerini düşündirýär. Iki-üç gün geçensoň Mugyneddiniň baş wezirlige bellenmegi barada perman çykarýar. Ol ilki bu wezipäni kabul etmändir. Soltan Sanjar özüniň birnäçe ýakyn adamlaryny onuň ýanyna iberip, oňa şeýle habar ýollaýar: «Seniň bu işden boýun towlamagyň sebäbi meniň köp wezirleri gahar-gazap bilen işlerinden boşatmagym bolsa, onda men bu işde bigünädirin. Ilki men wezirligi Fahrylmülk ibn Nyzamylmülküň ygtyýaryna berdim. Ol mülhitleriň pyçaklary zerarly öldürilensoň, oňa gaty gynandym we onuň hyzmatlaryny göz öňünde tutup, ogly Sadreddini wezirlige belledim. Men ony on bir ýyllap bu işde şeýle bir ornaşdyryp, oňa köp erk-ygtyýar berdim we-

lin, ol döwlet sütünlerinden ählisinden beýgeldi. Ol açaçan hyýanat edensoň, ylaýta-da Gaznanyň hazynadyr göwherlerine ýerliksiz el uzadyp, ýurt işlerini dolandyrmakda gödeklige hem uly ýalňyşlyklara ýol berensoň öldürildi. Soňra wezirligi Nyzamylmülküň neslinden bolan ylymly, kämil, ýagşyzada we dindar Şyhabylyslam Abdyrrazaga tabşyrdym. Emma onuň bedasyllygy we garaýürekliligi zerarly, takwa we ylymdar adamlar-a beýle-de dursun, garamaýak, ýönekeý adamlardan hem garaşylmaýan hereketler peýda bolup ugrady. Muňa garamazdan, onuň bu gödek hereketlerini görmezlige saldyk. Onuň özi wezirlik döwründe wepat boldy. Soňra ejemiň ynamdary we tanalýan adamy bolan Şerefeddin Abu Tahyr Rumyny wezir belledim. Ol köp wagt geçmänkä wepat boldy. Soňra Doganbeg Kaşgaryny onuň ýerine belledim. Onuň hem bu işe mynasyp we ukyply däldigini bilip, işden boşatmak bilen boldum. Indi bolsa Hudaýa şükür, dilleriň senasy we işbaşarjaňlaryň mynasyby bolan sen ýöreden her bir işleriňde gowy yzlar galdyrdyň. Bu işi arkaýyn ele al. Biz seni hemmetaraplaýyn goldarys».

Şondan soň Mugyneddin soltanyň permanyny kabul edýär we egnine wezirlik donuny atýar. Soltan ony zer çaýylan döwet, tagtly pil, gylyç, surnaý we tebil bilen sylaglaýar.

Elkyssa, bu wezir göwnejaý kada-kanunlary ýola goýmakda we ýaramaz däpleri-düzgünleri ýok etmekde köp yzlar galdyrýar we ýurtda beýik binalar gurdurýar.

Ol özüniň wezirlik döwrüniň ahyrynda käbir ýalňyşan adamlaryň öz ýalňyşlary esasynda kazyýetde girewe goýan zatlaryny[1] yzyna gaýtaryp bermek üçin, ýurduň ähli kazylaryny çagyryp, ýalňyşyp, girewe zat goýan adamlaryň zatlaryny öz baýlygyndan olara töledi. Ol mülhitleri we karmatylary[2] gyrmakda köp tagalla etdi. Onuň soltany öjükdirmesi zerarly, soltan köp sanly leşger bilen Alamut galasyny gabawa alýar we ol näletsiňenleri çykgynsyz ýagdaýa salýar. Ol iblis sypatly näletkerdeler özleriniň iki sany adamlaryny wezir Mugyneddöwläniň atýatagyna iberýärler. Olar seýisler bolup, ähli hyzmat şertlerini berjaý edip, namaz okaýarlar we doly ynama girýärler. Nowruz güni Mugyneddöwle soltan hezretlerine Nowruz sowgadyny peşgeş etmegi niýet edinýär. Ol iki seýis iki sany arap atyny seýisleýärler. Olar görkezmek we ol atlardan birini soltanyň münmegi üçin saýlamak bahanasy bilen atlary weziriň ýanyna eltýärler. Soňra atlara weziri depdirýärler we şol wagt hem weziri pyçaklaýarlar. Wezir şehit bolýar. Weziriň mersiýesinde şu beýtleri okapdyrlar:

Ol özüniň har hyzmatçylary
tarapyndan heläklendi,
Onuň özi mübärek – dolan aý ýalydy.

---

[1] Bu ýerde goýberen ýalňyşlyklary zerarly, beýle işleri gaýtalamazlyk üçin kazyýete tölenýän girew pul göz öňünde tutulýar.

[2] Ysmaýyly akymynyň bir topary.

Ondan Fahreddin Abu Tahyr
atly ogul galdy,
Indi ol onuň wezirligini eýeledi.

### *Nasreddin Mahmyt ibn Muzaffar Abu Toba Horezmi*

Nasreddin Mahmyt ibn Muzaffar Abu Toba Horezmi Mugyneddin Käşi şehit bolansoň, Soltan Sanjaryň wezirligi bolýar. Ol ähli ylymlar we ugurlar boýunça ussat hem ökde eken. Ylaýta-da Ymam Şapygynyň mezhebi boýunça has ussat bolupdyr. Ol hikmet ylmynda, maliýe işlerde we suhangöýlükde hem doly ussatlyga eýe eken. Nasreddin ilki soltanyň atýatagyna gözegçilik edýär. Soňra ýurt boýunça gözegçilik diwanynda ýolbaşçylyk edýär. Wezir Mugyneddiniň döwründe ol maliýeçi bolýar. Ondan soň bolsa baş wezir bolýar. Ol wezirlik işinde üstünlik gazandy. Tebigatyndaky wezipeparazlyk we bahyllyk häsiýeti onuň wezirlik işlerini tertibe salmagyna böwet boldy. Soňra ony işinden boşadyp, wezirligi Kawameddin Abulkasym Tugra berýärler. Nasreddin işden kowlan wagty, Kawameddiniň hyzmatyna gelip, ondan ötünç sorapdyr we bir köşede terkidünýälik edip oturmagyna rugsat sorapdyr. Kawameddin Abulkasym:

– Eý Nasreddin soltan hezretleriniň işlerini bulaşdyrdyň. Eger ýene bir ýyl bu işde galan bolsaň, iş-işden geçerdi – diýipdir. Onda Nasreddin:

– Bu işleriň soňundan gorkýardym, kelläm gider diýip, alada düşerdim, ýöne emirler ähli ýerde doly erk-ygtyýara eýediler – diýipdir.

Kawameddin onuň wezir, baş wezir we gözegçi wezir bolandagyny birnäçe gezek ýatlaýar. Nasyreddin özüniň bagyşlanmagyny hernäçe haýyş etse-de hiç hili nepi degmedi. Bu waka şeýle bolupdyr:

Soltan Sanjar Nasyreddini işinden boşadansoň, oňa ýurt gözegçilik wezirligini hödürleýär. Nasreddin bu işe öz ogly Şemseddin Alyny hödürleýär. Şeýlelikde, bu wezipä Şemseddin bellenilýär. Daş-töweregindäkiler onuň gözegçilik weziri wagty ony köşgüň ýakynlaryndan we Sanjar döwletiniň sütünlerinden bolan emir Ygtyýareddin Jöwhere garşy aýaga galdyrýarlar. Leşgeriň emirler emiri we uly serkerde emir Kumar we başgalar bu işde Şemseddin Alyny öňe sürýärler. Şemseddin emir Ygtyýareddine garşy söz sözläp, onuň mülküniň köpdügini, soltandan ygtyýar hem möhür bolmazdan, köp mülk ýerleri alandygyny aýdýarlar. Şeýlelikde, ýörite mejlis-ýygnak geçirýärler. Emir Jöwheriň naýyby we kethudasy Sykateddin Abu Japar öz naýyplarynyň hukugyny gorap, soraglara jogap bermäge başlaýar. Nasreddin meseläni sada sözler bilen beýan edip, öz sözünde berk durýar. Sykateddin Abu Japar hem hiç zatdan çekinmän, gorkman, jogap berýär. Ol Nasreddine maý bermän:

– Meniň hojaýynymyň ygtyýarynda on müň gulam-hyzmatkär bar. Ol olar üçin her gün köp zatlar harçlaýar. Eger hojaýynyma berlen mülk köp bolsa, bu

seniň kemçiligiň. Çünki, bezegli döwet seniň ýanyňdady. Baş wezirlik tagtynda ýurdy goramakda, patyşanyň maslahatlaryny kabul etmekde we bähbitlerini öňe sürmekde kemlik etmeli däldir – diýýär.

Nasreddin:

– Baş wezir wagtym meniň hökümim ýöränokdy, meniň möhürim ýol almaýardy – diýýär.

Abu Japar:

– Baş wezir wagtyň elden gideren zatlaryňy gözegçi wezir wagtyň düzetjek bolýarmysyň? – diýýär.

Bu gürrüňler şeýle bir derejä ýetýär welin, soltan bu dawany eşiden ýaly köşge gelip, bu meseläni çözmegi buýurýar. Emir Jöwher buýrugy eşidip, uly alada düşýär we bu ýagdaýy düzetmek üçin, uly hajyp bolan we dürli degişmeler bilen soltanyň köňlüni ele salan emir Aly Çeträ ýüz tutýar. Ol emir Jöwhere:

– Toý-dabara, oturlyşyk gurna. Bihormatlyga harçlanjak zatlary hormatlylyga harçla – diýýär.

Ertesi ir bilen emir Aly Çetri soltanyň huzuryna baryp, degişmeler bilen: «Maňa şerap getiriň. Men soltana sowgat hökmünde iki sany gulam satyn aldym. Älemde olar ýaly owadan başga hiç bir gulam ýokdur. Eger älem hökümdary bu bendäniň öýüne gelse, öz şirin janymy hem ol iki gulamyň ornunda goýup, soltana peşgeş edeýin» diýýär. Ol aýak diräp duransoň, soltan myhman bolmaga razylyk berýär. Olar ýolda emir Jöwheriň howlusyna we atýatagyna ýetýärler. Emir Aly Çetri: «Älem patyşasy meniň aý ýüzli gulamlary satyn alara pulum bardyr diýip ynanypdy.

Peri sypatly gulamlaryň we Zöhre syrat kenizleriň puly, myhmançylyk etmegiň harajatlar-a beýle-de dursun, meniň aşhanamdan hiç haçan tüsse hem çykyp görenok. Bu zatlaryň hemmesi şol Jöwheriňki» diýýär.

Şeýle degişme äheňli sözler bilen soltanyň ýanynda emir Jöwheri ynamdar adam edip goýýar. Emir Jöwheriň kyrk sany aý ýüzli aýdymçy kenizleri bar eken. Ol bu kenizleri orta çykaryp, soltana köp hezzet-hormat, sylag-serpaý edýär. Soltanyň muňa göwni hoş bolýar. Ol Nasyreddini gaşyna çagyryp: «Seniň sözleriň dogry eken. Emma soltan hezretleri onuň ygtyýaryndaky ähli baýlyklary, mal-mülkleri oňa bagyş etdi, olara degmezligi buýurdy. Sen hem munuň bilen ylalaşmaly» diýýär. Emir Jöwher, özüniň dürs ugurtapyjylygy bilen Nasyreddinden üstün çykýar. Ýöne ol Nasyreddiniň ogluny «döwlet emirleriniň haremhanalaryna bozuk maksat bilen gelýär» diýip aýyplaýar. Şeýdip, olaryň ikisini – Nasyreddini we ogluny tussag edip, zyndana taşlaýarlar. Nasyreddiniň ogly Şemseddin zyndanda ýatan wagty şu beýti aýdypdyr:

Düýn kakam hojaýyndy, baş wezir,
Bu gün kakam we men zelil hem ýesir.
Men bir ýaş oglan, ýaşlygymdan geç,
Eý Rebbim, bu ejiz pikirliň günäsin geç.

Ataly-ogul şol zyndanda heläk bolýar.

### *Kawameddin Abulkasym Nasyr ibn Hasan Tugraýy*

Kawameddin Abulkasym Nasyr ibn Hasan Tugraýy Deregeziniň Enesabat diýen ýeriniň han-begleriniň biridi. Ol ilki soltan Muhammet Mälik şanyň emiri emir Alybaryň naýyby bolup işleýär. Ol garadangaýtmazlykda, tekepbirlikde we edermenlikde aňrybaş derejede bolupdyr. Kawameddin goşgy hem aýdar eken. Emma onuň ýazgylarynda-hatlarynda köp ýalňyşlyklara we säwliklere ýol berlipdir. Aşakdaky goşgy hem Kawameddin Tugraýa degişlidir:

Jahany aýlanyp, günüň
çeşmesinden suw içýärin,
Men çig miwe we saýa isleýji kert däldirin.
Ne erkek, ne-de aýal bolan göripleň –
Süýr depelerine gylyç
urmasam, mert däldirin.

Soltan Mahmyt ibn Muhammet iki Yragyň wezirligini oňa bagyş edýär. Ol tutanúerlilikde we mertebelilikde wezirlerden öňe saýlanýar. Onuň duşman ýüregini paralaýjy gahary we dosty sylaýjy üýtgeşik mähremligi bar eken. Nasyreddin Mahmyt Abu Toba işinden boşadylansoň, Soltan Sanjaryň wezirligine geçýär. Hasan Tugraýy wezirlikde adatdan daşary ygtyýarlyga eýe bolupdyr. Döwrüň akyldarlaryndan we alymlaryndan bolan Aýnulkuzat Hemedanyny zamananyň alymlaryna bolan

ynamsyzlygy üçin, özüniň ders berýän medresesiniň öňünde asmaklaryny buýrupdyr. Ol bolsa keremlilikde, jomartlykda hem eli açyklykda deňsiz-taýsyz eken. Ymat Gaznawy Kawameddin Tugraýyny taryplap şeýle diýipdir:

Pelek seň öýüňi sahylyk saraýy
bolany üçin meşhur etdi,
Soltan keremliligiň görüp wezir etdi.
Seň mähremligiň we haýbatyň bilen,
Bagy-bossan şat-horram,
gije-gündiz badyň bilen

Hekim Senaýy hem ol barada şeýle diýýär:

Eý, akyldarlykda ähli mahlukatyň başy,
Eý, juwan, jahan seň
bilen şat boldy, gopdy.
Derweze hem sahawatly üçek sakçylary,
Hem bargähiň hyzmatkärleri güýç tapdy.

Patyşalyga Soltan Togrul ibn Muhammet geçensoň, ol Hasan Tugraýyny dara çekmeklerini buýrupdyr.

### *Nasyreddin Tahyr ibn Fahrylmülk ibn Nyzamylmülk*

Kawameddin Abulkasymdan soň Soltan Sanjaryň wezirligini Fahrylmülk dolandyrýar. Emma onuň wezir bolan ýyly guz kowumynyň pitnesi turupdy.

Fahrylmülk wezirlik işinde onçakly ösüş görmän, betbagtlyga uçrap wepat bolýar.

### *Kemaleddin Aly Semirümi*

Kemaleddin Aly Semirümi Yspyhan welaýatynyň Semirüm diýen ýerinden gelip çykypdyr. Bu ýerden özüne mahsus datly süýji suw çykar eken, ýöne häzir ol weýran bolupdyr. Semirümliler kürtleriň hüjümlerinden gaçyp, ýerlerini terk edipdirler. «Ajaýybulmahlukat» («Täsin ýaradylan zatlar») atly eserde ol ýeri Sam ibn Adamyň gurandygy we ol ýere Sam Aram diýip at goýlandygy, ýöne wagtyň geçmegi bilen adynyň üýtgäp, Semirüm diýlip başlanandygy barada maglumat berilýär. Wezir Kemaleddin ilki şol ýeriň emeldarydy. Soňra soltan Muhammet Mälik şanyň gözegçilik diwanynyň başlygy we soltanyň haremhanasynyň kethudasy wezipesine geçirilýär. Ol soltan Mahmyt ibn Muhammet Mälik şanyň soltanlyk süren döwründe wezir bolýar. Kemaleddin diýseň haýbatly we beýik hümmetli adam bolupdyr. Ýöne ol örän zalym bolup, nähak gan dökmäge çekinmändir. Haçanda Soltan Sanjar öz doganoglany soltan Mahmyda garşy söweşende we soltan Mahmyt ondan ýeňlip Yspyhana gaçanda, ol Kemaleddin Aly Semirümini ötünç we geçirimlilik soramak üçin, öz agasy Soltan Sanjaryň huzuryna iberýär. Soltan Sanjar onuň sözlerini diňläp: «Mahmyt kabul ederli ötünçleri sorapdyr» diýip, onuň sözlerini kabul edýär. Soňra

amannama ýazyp, ony Yspyhana iberýär. Ahyrsoňy Kemaleddin Aly Semirümi mülhit janpidalarynyň[1] pyçaklamalary zerarly, Bagdadyň bazarynda öldürilýär.

### *Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülk*

Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülk ilki Soltan Sanjaryň nökeri hem kätibi bolupdyr. Soňra soltan Mahmyt ibn Muhammediň huzurynda işläpdir. Ol Kemaleddin Semirümiden soň wezir bolýar. Şemsilmülk aňrybaş bahyl we gysganç adam bolup, baýlyk toplamakda hem harsydünýälikde aňrybaş çäklere ýetipdir. Ol iki ýyl bu wezipäni ýöredýär. Bu iki ýylyň içinde köp ýaramaz däp-dessurlary, ýol-ýörelgeleri goýýar. Şonuň üçin Soltan Sanjar Şemsilmülki jezalandyryp öldürmäge buýruk berýär. Soltan Mahmydyň buýrugy bilen onuň başy alnyp, Horasana hezreti Soltan Sanjaryň huzuryna getirilýär. Käbir kitaplarda Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülküň galamy bilen ýazylan namalar we hat-petekler duş gelýär. Aşakdaky perman hem onuň galamy bilen Soltan Sanjaryň adyndan soltan Mugyneddin Mahmyda ýazylypdyr.

## Soltan Sanjar ibn Mälikşanyň soltan Mahmyt ibn Muhammede Osman ibn Nyzamylmülküň galamy bilen ýazan permany

[1] Ïanpida – bu ýerde terrorçy diýen manyda.

«Öten-geçenleriň hak-hukuklaryny saklamak seljuk nebereleriniň döwlet kadasydyr. Beýik hoja wezirleriň serweri Mugyneddin (goý, Alla oňa rahatlyk bersin!) döwlet hyzmatynda ösen bir nahaldy. Biz ony hemmetaraplaýyn goldaýardyk we mertebeleýärdik. Birnäçe wagt onuň söhbetdeşi bolduk. Onuň biziň üstümizde köp hukugy bar, emma Allatagala ony öz ýanyna alyp gitdi. Ol Allanyň rehmetine gowuşdy. Biz bu ylahy höküme razydyrys. Hudaýa şükür, Mugyneddinden gowy perzentler we mynasyp ogullar miras galdy. Olar belent derejelere göterilip, geljekde biziň hyzmatymyzda işläp, onuň ýerini tutup bilerler. Mugyneddin üçin çeken jylawymyzy indi onuň ogullary üçin çekeris. Olar ýaşdyklaryna garamazdan, gowy işläp, öz kakalarynyň ýerini tutarlar. Olaryň atlaryny ýörite hyzmatkärleriň sanawynda ýazdyk. Biz ol bagtly şehidiň[1] hyzmatlary üçin, sylag-serpaýlarymyzy olara gönükdirdik. Bu permana laýyklykda eziz perzendimiz beýik soltan Mugyseddin Mahmyt (goý, Alla ömrüni uzak etsin!) we beýik hoja Şerefeddin Şyhylyslam olara gözegçilik etmeli. Mugyneddiniň ogullary öz durmuşlaryny ylym-bilim öwrenmän, boş geçirmeli däldirler, şonuň üçin olary goldamaly we isleglerini berjaý etmelidir. Yrak diwanynda olar üçin mülk ýer, gün-güzeran ötürmekleri üçin harajatlar öňki ýagdaýynda

---

[1] Bu ýerde wezir Mugyneddin göz öňünde tutulýar.

galmalydyr. Olary ähli gerek zatlar bilen üpjün etmeli. Bu işde hiç hili kemçilik bolmaly däldir. Olara we olaryň ýakyn ýaranlaryna salgyt salmaly däl. Öwgi-alkyşlara eýe bolmagymyz üçin, biz olaryň minnetdarlygyny gazanmaga çalyşmalydyrys».

### *Rabibeddin Abu Mansur Kyraty*

Rabibeddin Abu Mansur Kyraty hem Mugyseddin Mahmydyň weziri bolupdyr.

### *Şerefeddöwle Anuşirwan ibn Halyt Käşi*

Şerefeddöwle Anuşirwan ibn Halyt Käşi dürli ylymlarda kämil ussatlyga ýetip, takwalyk we dindarlyk ýoluna eýeripdir. Ol ilki soltan Mugyseddin Mahmyt ibn Muhammediň wezirlik wezipesini ýöredipdir. Şerefeddöwle halypa Müsterşit Billäniň hem weziri bolupdyr. Iň soňunda soltan Mesgut ibn Muhammet hem oňa wezirligi tabşyrýar. Ol ýedi ýyllap soltan Mesgudyň wezirligini iň gözel görnüşde ýöredýär. Şerefeddöwle örän gysganç we pespäl adam bolupdyr. Diňe ýekeje adam onuň diwanynda oňa degişli ähli işleri ýerine ýetirip bilýän eken. Bir gün naýyplarynyň birnäçesi degişip, haçana çenli sada ýaşajakdygyny soraýarlar. Ol şeýle jogaby berýär: «Kyrk ýyldan bäri men şeýle sadalykda ýaşaýaryn. Men üç patyşanyň weziri boldum we olaryň arasyndan

sag-salamatlyk bilen çykdym». Ol köp eserleri miras galdyrypdyr.

### *Şerefeddin Aly ibn Reja*

Şerefeddin Aly ibn Reja köp wagtlap soltan Togrul ibn Muhammediň nökeri we iş dolandyryjysy bolupdyr. Soňra soltan Togrul patyşa bolansoň, wezirlik oňa ýetýär. Ol wezirlikde goltgusyz hem zatsyz bolupdyr, oňa wakf[1] berilmändir. Iki ýyldan soňra Togrul wepat bolýar. Wezir Şerefeddin Azerbaýjana gaçyp, soltan Dawut ibn Mahmydyň weziri bolýar. Ol ahyrsoňunda horezmşalaryň gylyjy bilen çapylyp öldürilipdir.

### *Ymadeddin Abulberekat*

Ymadeddin Abulberekat ilki Soltan Sanjaryň hyzmatyna gelip, şol ýerde wezirlik wezipesini ýöredýär. Soltan Sanjar soltan Mesgut ibn Muhammede Yrak ülkesiniň wezirligini Ymadeddine tabşyrmagy buýurýar. Ol doly haýbat bilen Horasandan soň Yraga gidip, soltan Mesgudyň wezirligini ýöredip başlaýar. Emma ony wezirlik we iş başarmazlyk bilen günäkärläp, wezipesinden boşadýarlar. Wezirlik Kemaleddin Hazyna ýetýär.

---

[1] Wakf – Alla ýolunda berilýän mülk ýer.

## *Kemaleddin Muhammet Hazyn*

Kemaleddin Muhammet Hazyn ilki Soltan Sanjaryň hazynaçysy, soňra bolsa Reýiň häkimi bolupdyr. Haçanda soltan Mesgut Reýi basyp almakçy bolanda, ol soltanyň garşysyna söweşe taýýarlanyp, urşa-jeňe girýär. Onuň haýbaty soltanyň ýüregine oturýar we söweşde çykgynsyz ýagdaýa düşýär. Soltan Kemaleddiniň hereketlerini we gaýduwsyzlygyny halap, oňa wezirligi tabşyrýar. Ol ýurdy şeýle bir tertip-düzgüne salypdyr welin, taryhy kitaplarda ýazylşyna görä, Nyzamylmülkden soň hiç bir wezir şeýle şowlulyk we üstünlik gazanmandyr. Ol döwlet emirleriniň ellerini arkalaryna baglapdyr. Şeýdip, emirleriň ählisi Kemaleddiniň garşysyna hereket edýärler.

Atabeg Aksunkar Eýranda we Azerbaýjanda ornaşyp, şazada Dawut ibn Muhammedi terbiýeleýärdi. Soltan Mesgudyň han-begleri: «Wezir mydama saňa kast edip ýör. Soltan Mesgudyň wezirligine eýe bolmak üçin, Kemaleddin Hazynyň janyna kast etmeli we ony işinden boşatmaly» diýip hat ýollap, Atabeg Aksunkaryň naýyby Mejdeddin Yzzylmülküň kellesinde wezirlik islegini oýarýarlar. Şeýlelikde, Atabeg Aksunkar we şazadalar sansyz leşger bilen Eýrandan we Azerbaýjandan hereket edýärler. Olar Zenjana gelip ýetenlerinde, Atabeg soltan Mesguda berk duýduryş habarlaryny ýollap, onuň öz wezirini işinden boşadyp, sürgün etmegini nygtaýar. Soltan

Mesgudyň emirleri we döwlet sütünleri: «Atabegiň köňlüni razy etmek hökmandyr. Weziriň öldürilmegi bilen onuň razylygyny gazanyp bolar» diýýärler. Soltan biygtyýar ýagdaýda işbaşarjaň weziri duşmanyň eline berýär. Kemaleddiniň kellesini teninden jyda edip, Atabegiň ýanyna iberýärler. Atabeg şondan soň razy bolup, yzyna dolanýar. Wezirligi onuň naýyby Mejdeddin Yzzylmülke berýärler.

### *Mejdeddin Yzzylmülk*

Mejdeddin Yzzylmülk ***ýe***tmiş ýaşynda soltan Mesgudyň weziri bolýar. Taryhy eserlerde ýazylyşyna görä, ol betgylyk, akmak, kellesiz, baýlyga göz dikýän, ylymdan-hünärden boş hem daş adam bolupdyr. Mejdeddin Yzzylmülk zulum-sütem ataşyny ýakyp, mal-mülk we baýlyk toplar eken. Atabeg Aksunkar wepat bolansoň, ol soraga çekilip, onuň baýlyklary döwletiň haýryna geçirilýär. Mejdeddine jeza-ezzet berýärler. Ol tussaglykda elhenç ýagdaýda heläk bolupdyr.

### *Müýeýýideddin Tugraýy*

Müýeýýideddin Tugraýy ilki soltan Mesgudyň kätibi we hat-petekçisi bolupdyr. Müýeýýideddin wezirligini erk-ygtyýar we kämil başarjaňlyk bilen ýöredip bilmänsoň, iki ýyldan soň işinden kowlupdyr.

### *Täjeddin Abu Talyp Şirazy*

Täjeddin Abu Talyp Şirazy Pars welaýatynyň beýik şahslaryndan bolup, Täjilmülk Abulganaýymyň garyndaşy eken. Müýeýýideddin wezipesinden kowlandan soň, ol wezirlige ýetýär. Täjeddin diýseň nadan, tekepbir, kemakyl we nalajedeýin adam bolupdyr. Wezirligi ýöretmekde ejiz gelipdir. Döwlet emirleri ony duşman hasaplaýarlar we işinden boşadyp, Şiraza ugradýarlar.

### *Şemseddin Abunnejip Deregezini*

Şemseddin Abunnejip Deregezini ilki soltan Mesgudyň weziri bolup, soň soltan Mugyseddin Mälik şa ibn Mahmydyň wezirligini ýöredipdir. Taryhy kitaplarda bellenilişine görä, ol diýseň nadan hem ukypsyz adam bolupdyr. Alymlaryň we wezirleriň seresi hoja Kemaleddin Abu Şujag Zenjany ýollaryň howp-hatarly wagty Yraga gelýär. Wezir Şemseddin Abunnejip oňa:

– Uly ýol («jagde»[1]) bilen sag-aman gelip ýetipsiň öýdýän – diýýär.

Kemaleddin:

– Jagde diýmeli – diýýär.

Wezir:

---

[1] Bu söz arap, pars dillerinde hiç hili manyny aňladanok.

– Hä, dogrudanam, men ýalňyşdym. «Jagde» ýaý goýulýan sagdakdyr-ow – diýýär.

Kemaleddin:

– Eý, serwer, seniň ol diýýäniň «jagbe». Jagbede (sagdakda) peýkam goýulýar – diýipdir. Emma ol bu zatlara garamazdan, keremli hem sahawatly adam bolupdyr. Hemmeler onuň sylag-serpaýlary we eçilmeleri sebäpli, ondan razy we minnetdar bolar ekenler. Soltan Mesgut wepat bolansoň, soltan Muhammet ibn soltan Mahmyt ibn Mälik şa iki Yragyň patyşalygynda onuň oruntutarlygyna geçýär. Ol wezirligi özüniň öňki naýyby wezir Kawameddin Deregeziniň ogly wezir Jemaleddin Deregezinä tabşyrýar.

### *Jelaleddin Abulfazyl Deregezini*

Jelaleddin Abulfazyl Deregezini soltan Muhammet ibn Mahmydyň weziri bolup, öwgüli häsiýetleri bilen tanalypdyr. Jelaleddin diýseň sahy we eli açyk adam bolupdyr. Karz pullar köpelipdir. Algydarlar mydama onuň dergähinde üýşüp, goh-galmagal eder ekenler. Birnäçe wagtdan Şemseddin Abunnejip wezirlik dawasyny edip aýaga galýar. Şemseddin wezir bolýar. Kazy Şirwany şol wagt ony taryplap, şeýle diýipdir:

Düýnki düýşde baş wezirlik tagty ýeter
Ol bu düýş barada maňa gürrüň berdi.
Aýtdym: «Şatlan, ertir arzuwyňa ýetersiň,

Bu düýşüň netijesi seni şat-horram eder».

Jemaleddin Deregezini wezirligiň Şemseddin Abunnejipde karar tapjagyny bilip, şu kytgany aýdypdyr:

Duşmanym orta çykansoň men kowuldym,
Ol sansyz altyn-kümüş bilen aldady halky.
Eger duşmanyma altyn-zer
sebäpli ynanylsa,
Men hojaýynlara gulluk etmegim
bilen ynamdardyryn belki.

Ony bu wezipeden boşadansoňlar, ol şu goşgyny düzüpdir:

Näzi-kereşme etdi, men ony aldym,
Görsem, elimde bir boş howa saklapdyryn,
Diňe Alla ýüregiňi bermeli eken.
Saňa ýürek bagladym, ýöne
bilmedim, ýalňyş çaklapdyryn.

Soltan Muhammet we onuň weziri Şemseddin Abunnejip ikisi-de bir wagtda Hemedanda wepat bolýarlar.

## *Şyhabeddin Sykatylla ibn Zahyreddin Abdyleziz Horasany*

Şyhabeddin Sykatylla ibn Zahyreddin Abdyleziz Horasany soltan Süleýman ibn soltan Muhammet ibn Mälik şanyň weziri bolupdyr. Ol öz döwründe iş başarjaňlykda, asyllylykda we ylymlylykda taýsyz bolupdyr. Hemmeler onuň beýikligini ykrar edýärdiler. Ähli ululyk, beýiklik esbaplary onda jemlenipdi. Ilki Mugyzeddin Süleýman ibn Muhammediň weziri bolupdyr, soňra soltan Rükneddin Arslan ibn Togrulyň wezirligine geçýär. Ol on bäş ýyl soltan Arslanyň wezirligini ýöredip, ahyry Yspyhanda bu jahan bilen hoşlaşýar. Ol Muzaffareddiniň taryplan şahsy bolupdyr.

## *Fahreddin ibn Wezir Mugyneddin Muhtassylmülk Käşi*

Fahreddin ibn Wezir Mugyneddin Muhtassylmülk Käşi Şyhabeddin Sykatylla bilen bilelikde soltan Arslanyň wezirligini ýöredipdir we Hemedanda wepat bolupdyr.

## *Kawameddin Abulkasym Deregezini*

Fahreddin Käşi wepat bolansoň, Kawameddin Abulkasym Deregezini soltan Arslanyň weziri bolýar. Ol aňrybaş adalatly hem ynsaply adam bolupdyr. Birnäçe wagtdan soň ol işini taşlap, terkidünýälige ýüz urupdyr.

## *Kemaleddin Abu Şujag Zenjany*

Kemaleddin Abu Şujag Zenjany iki ýyllap soltan Arslanyň weziri bolýar we alkyş-senalar bilen pany dünýäni terk edýär.

## *Kemaleddin Abu Amr Kabheri*

Kemaleddin Abu Amr Kabheri takwalyk, hudaýhonlyk, sapak berme we pitwa çykarma ýolunda meşhur adam bolupdyr. Kemaleddin Abu Şujag wepat bolansoň, soltan Arslan oňa wezirligi teklip edýär. Kemaleddin bolsa kabul edýär. Soltan Arslandan soň, soltan Togrul ibn Arslan hem oňa wezirlik berýär. Ol ömrüniň ahyrynda, sopuçylyk hem takwalyk lybasy bilen bezelipdir we şu beýt goşgyny aýdypdyr:

Biçäre ýaraly ýüregim melhem tapmady,
Humaý guşum jahan
kapasasynda hemdem tapmady.
Hoşroý ýarymyň zülpüniň saýasynda,
Gijeler hoş boldum, eşret
tamam bolmady, Allanyň aýasynda.

## *Yzzeddin Käşi*

Yzzeddin Käşi iki Yragyň diwanynyň esasy kätipleriniň biridi. Ol Kemaleddin Abu Amrdan soň, soltan Togrul ibn Arslanyň wezirligine geçipdir. Yrak

sebitinde köp haýyr-yhsan merkezlerini açypdyr. Keşandaky Ezizi medresesini hem ol gurdurypdyr. Ol mynasyplyk we başarjaňlyk bilen wezirlik işine girişýär. Emma ahyry onuň atabegler nesline bolan yhlasy sebäpli, soltan Togrulyň oňa bolan garaýşy üýtgeýär we ony ogly bilen Hemedanyň galasynda tussag etmeklerini buýurýar. Soňra bir gije jellatlary iberip, ony we ogluny ýaýyň kirişi bilen bogup öldürdýär.

### *Mugyneddin ibn Fahreddin Käşi*

Mugyneddin ibn Fahreddin Käşi Yzzeddinden soň wezir bolýar. Şol ýyl soltan Togrul bilen soltan Tekeş Reý töwereginde söweşýärler. Bu söweşde soltan Togrul öldürilýär, seljuk nebereleriniň döwleti synýar we wezir Mugyneddin öldürilýär. Bu barada ýagşyzadalaryň biri şeýle diýýär:

Hany Sanjaryň mülki,
hany Mälik şanyň patyşalygy,
Hany hazyna, köşk, saraý hem bargäh.
Öldüler kependen başga zat eltmediler,
Yzzat, gudrat hem güýç Allaňkydyr.

# DOKUZYNJY BAP
# HOREZMŞA SOLTANLARYNYŇ WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Horezmşalaryň birinjisi Nuştegin Garajadyr. Ol soltan Mälik şa ibn Alp Arslanyň taştdary – legen göterýän hyzmatkäri bolupdyr. Onuň ogly Kutbeddin Muhammetdir. Onuň ogly bolsa soltana garşy aýaga galan Atsyz ibn Muhammetdir. Ondan soň oguzlaryň aýaga galan wagty Horasan mülküne göz gyzdyran Alaýeddin Ilarslan geçýär. Soňra onuň ogly soltan Tekeş soltanlyk tagtyna geçip, hutbany öz adyna okadýar we öz adyna zikge kakdyrýar. Soltan Togrul onuň elinden öldürilýär.

## *Şemseddin Mesgut ibn Aly Hyrawy*

Soltan Tekeş wezirligi Şemseddine tabşyrýar we onuň derejesini götergileýär. Bu wezir özüniň ugurtapyjylygy bilen ýurduň oguzlar zerarly weýran bolan ýerlerini abadanlaşdyrýar. Ol karmatylary we mülhitleri gyryp ýok etmekde elde baryny edýär. Merwde ymam Şapygynyň ýaranlarynyň adyna juma

metjidini gurdurýar. Ýöne yňdarmalar gijesine ol metjide ot berýärler. Ahyry mülhitler pidakärleriň birnäçesini ony öldürmäge öjükdirýärler. Şeýdip, ol soltanlyk köşgüniň töwereginde pyçaklanyp öldürilýär.

### *Sadreddin Aly ibn Şemseddin Mesgut*

Şemseddin Mesgut öldürilensoň, Soltan Tekeş onuň hyzmat hukuklaryny göz öňünde tutup, wezirlik wezipesini onuň ogly Sadreddin Ala tabşyrýar. Sadreddin Aly bolsa doly erk-ygtyýarlylyk bilen wezirlik tagtynda berk ornaşýar.

### *Nyzamylmülk Muhammet ibn Salyh*

Nyzamylmülk Muhammet ibn Salyh soltan Alaýeddin Muhammet Horezmşanyň ejesi Türkan Hatynyň gulamynyň perzentlerinden bolup, soltan Muhammet Horezmşanyň ygtybarly ýakyn adamlarynyň hataryna giripdir. Haty owadan ýazmakda, hatdatlykda ýokary derejelere ýetipdir. Ýedi ýyl soltan Muhammet Horezmşanyň wezirlik tagtynda berk ornaşýar. Soňra halkyň mal-mülküne el uzadyp, baýlyk toplandygy üçin işinden boşadylýar we Horezme Türkan hatynyň hyzmatyna barýar. Ondan soň wezirlik bilelikde şu bäş adama ýetýär:

Müjirilmülk Käfiddin.

Täjeddin Kerimişşerep Nyşapury.

Zyýaýylmülk Zuzeni.

Ferideddin.

Nejmeddin Gülabady.

Şonuň üçin ähli adamlar, uly-kiçi kyn ýagdaýa düşýärler. Çünki, bir adamyň razylygyny gazanmak bäş adamy razy etmekden aňsatdy.

### *Bedreddin Amyt*

Bedreddin Amyt hem soltan Muhammet Horezmşanyň weziri bolupdyr. «Älemi eýeleýjiniň taryhy» atly eserde şeýle diýilýär: «Wezir Bedreddin soltandan gorkup gaçýar we Çingiz hana goşulýar. Ol Horezmşanyň emirleriniň adyndan dostluk we yhlaslylyk bildirip, aldaw-ýalan hat ýazýar we soltany dep etmekde Çingiz handan medet soraýar hem-de ol hatlaryň arkasyna Çingiz hanyň jogaplaryny ýazyp, bir jansyza berýär. Soltanyň ýakyn-ýaranlary ol jansyzy tutýarlar we hatlary soltana görkezýärler. Soltan we emirler biri-birleri babatda şübhelenýärler we kyn ýagdaýa düşýärler».

### *Ymadylmülk Sadaty*

Ymadylmülk Sadaty hem soltan Muhammet Horezmşanyň weziri bolupdyr.

### *Fahrylmülk Şerefeddin Muzaffar*

Fahrylmülk Şerefeddin Muzaffar Soltan Muhammediň weziri bolupdyr. Öl öz mertebesini we derejesini wezirlikden ýokary saýar eken. Soltanyň göwün isleglerinde-de dahylly ýeri köp bolupdyr.

Ahyry soltan ony işinden boşadyp, bu wezipäni Bahawulmülke tabşyrýar. Emma Fahrylmülk tä soltan Termizden ýeňliş bilen dolanyp gelinçä onuň nökerleriniň biri bolupdyr. Ol soltan Jezaýyrda (Jeraýyrda)[1] mesgen tutan wagty, käte pyýada, käte eşekli ýola düşüp, ilki Sagluk galasyna, soňra Merwe barýar. Ol Merwiň daşyndaky Masiýabat[2] baglygynda düşleýär. Oňa tabyn bolan Merwiň käbir serkerdeleri ýekän-ýekän onuň ýanyna gelip, uly topar döredýärler. Olar birden gündiz şähere dökülýärler. Şäherliler olara tabyn bolýarlar. Ýetmiş müňe golaý adam olara birikýär. Onuň wezirlik kellesinde soltanlyk pikiri peýda bolýar. At-owazasy Horasana ýaýransoň, ykmandalar we sergezdanlar hem oňa gelip goşulýarlar. Çingiz han çozuş edende, ol Merwiň serdary eken. Merw basylyp alnansoň ony öldürýärler.

## *Bahawulmülk*

Fahrylmülk wezipesinden boşadylansoň, soltanyň wezirligine Bahawulmülk geçýär we soltan

[1] Bu ýeri anyklap bolmady.
[2] Bu ýeri anyklap bolmady.

Muhammediň ömrüniň ahyryna çenli onuň weziri bolýar.

### *Rükneddin Zyýaýylmülk Talyby*

Rükneddin Zyýaýylmülk Talyby uly han-begleriň biri bolupdyr. Ol soltan Muhammediň weziri wagty Müýeýýidilmülküň mal-mülklerini oljalamak üçin Kermana iberilýär. Ol Kermana ýetende, Çingiz hanyň at-owazasy äleme ýaýrapdy. Şonuň üçin ol wezirlik işini dolandyrmak islemeýär. «Kermanyň taryhy» atly eserde ýazylşyna görä, hiç bir wezir wezirlik esbaplaryny jemlemekde we olary kämil derejä ýetirmekde Rükneddin Zyýaýylmülk Talybyň deňine ýetmändir.

### *Şerefilmülk Mejdeddin Aly Jendi*

Şerefilmülk Mejdeddin Aly Jendi Soltan Muhammet Horezmşanyň döwründe Jent welaýatynyň emeldary bolupdyr. Ol buharalylary dürli talaplar we buýruklar bilen kyn ýagdaýa salansoň, olar soltanyň dergähine gelip, ondan şikaýat edýärler. Soltan Muhammet Şerefilmülki eşege ters mündürip, şäherde aýlamagy buýurýar. Bu habar oňa baryp ýetensoň, ol gaçýar. Şerefilmülk ýurduň çar künjünde gaçyp-gonup ýörüpdir. Soltan Jelaleddin Çingiz hana garşy söweşde

ýeňlip, Seýhun[1] Sint[2] derýalaryndan geçende, Şerefilmülk onuň hyzmatyna barýar. Şeýdip, ol soltanyň hyzmatynda galýar. Jelaleddin soltan ony kabul edýär. Soltan Jelaleddin Hindistan ülkesinden gaýdyp, Kermana gelende, oňa wezirligi tabşyrýar. Şerefilmülk wezirlik işinde deňsiz-taýsyz eken. Türki dili suwara bilipdir. Diýseň çapyksuwar, naýza urujy, söweş sapyny böwsüji adam bolupdyr. Sahylykda çäksiz, dindarlykda we päk ýüreklilikde aňrybaşy adam bolupdyr. Hatda ol Gurhany Kerimi okanda gözýaşlary onuň ýaňagyndan ýagyş damjalary ýaly akar eken. Wagyz-nesihat mejlislerinde ýüregiýukalygy sebäpli özünden gider eken. Wagtyň geçmegi bilen Jelaleddin soltanyň oňa bolan garaýşy üýtgeýär. Şerefilmülk soltanyň bu ýagdaýyny duýup, gorkudan ýaňa, howsala düşüp, galalaryň birinde penalanýar. Soltan dürli mekir-hileler bilen ony ele salyp, şol galada tussag edýär. Soňra bir gije onuň üstüne adam iberýär. Olar onuň kellesini kesip, soltan Jelaleddiniň hyzmatyna getirýärler. Şondan soň horezmşalaryň hökümdarlygy soňlanýar we olardan nam-nyşan galmaýar.

Täji bulutlara ýetenler hany?!
Her awuna gaplaň tutanlar hany?!

---

[1] Seýhun – Syrderýa.

[2] Sint – Sint derýa – Mongoliýadaky Garagurum diýen ýerden gözbaş alyp, Hindistan bilen Owganystanyň serhedinden, Sint jülgesinden akýan derýa.

Ahyry topraga siňmeli ahyr,
Bu derdiň tapdyrmaz başga dermany.

## ONUNJY BAP
## ÇINGIZ HANYŇ WE ONUŇ OGULLARYDYR AGTYKLARYNYŇ, WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

«Sen (eý, Alla) isläniňi ezizleýärsiň we isläniňi harzelil edýärsiň, ähli haýyr Seniň eliňde»[1] diýen hökümiň talabyna görä, Eýran hem Turan ülkeleri Çingiz hanyň basyp alyş penjesine düşende, ýurt işlerini dolandyryjy we wezirlige girişen ilkinji adam Mejdeddin Mahmyt Ýalawaçdyr. Ol Horezm welaýatyndan gelip çykypdyr. Mejdeddin soltan Muhammet Horezmşanyň döwründe Çingiz hanyň hyzmatyna barýar we birnäçe wagtdan soň ilçilik işini ýerine ýetirmek üçin soltan bilen oňşuklyk kadalaryny ýola goýýar. Soňra ol ýaraşyklar soltan Muhammet tarapyndan nogsanlyga ýetýär. Ol bolsa wezirligine galýar. Mahmyt Ýalawaç soň Çingiz hanyň, onuň ogly Oktaý Kaganyň we agtyklary Mulkaganyň hem Kisýuk hanyň döwletlerinde permany ýörgünli wezir bolupdyr. Mulkaganyň döwründe Hytaý ülkesiniň häkimligi we emirligi onuň ygtyýarynda bolupdyr. Ol aňrybaş päk ygtykatly adam

[1] Gurhanyň 3-nji («Ŷli Ymran») süresiniň 26-njy aýaty.

bolup, Hak ýolunda köp tagalla edipdir. Hoja Atamälik Jüweýni «Taryhy jahanşa» («Älemi eýeleýjiniň taryhy») atly eserinde oňa «Uly hojaýyn» diýip ýüzlenýär we şeýle maglumat berýär:

«Oktaý Kagan patyşalyk tagtyna geçensoň öňküler ýaly wezirlik Mahmyt Ýalawaja berilýär. Ol ýurtlarda, esasan hem Mawerannahr ülkesinde ýüze çykan ýaralara melhem bolýar. Ölüm-gyrylmalardan we talaňçylyklardan soň abadançylyk peýda bolýar. Ýagşy doga-dilegler ýaramaz takdyra böwet bolýar. Ýurt Mahmyt Ýalawajyň ýagşy tagallalary bilen täzelenýär we ýaplardan suw akýar».

636-njy ýylda[1] Mahmyt atly bir elek ýasaýjy hyrkaly derwüşleriň lybasynda Buharada peýda bolýar. Garamaýak adamlar onuň daşyna üýşýärler. Hatda iş şeýle bir derejä ýetýär welin, ol şäheriň ähli ilatyny öldürmeli diýip perman çykarylýar. Mahmyt Ýalawaç: «Bir adam üçin ol ýeriň ähli adamlaryny heläk etmek we bu belany beýle dep etmek dürs bolmaz» diýip, bu işiň öňüni alypdyr. Onuň ogly ýagşyzada emir Burhaneddin Mesgut beg Mengu Kaganyň döwründe uly atabraýa eýe bolupdyr. Jeýhunyň kenaryndan tä Hytaýyň soňky sebitlerine çenli ýerler onuň häkimiýetine geçipdir. Hulagu hanyň goşunyny kyrk günläp agyr leşger bilen saklaýar we köp edermenlik görkezýär. Bular taryh kitaplarynda giňişleýin beýan edilipdir. Mahmyt Ýalawaç Mengu Kagan tarapyndan ýene bir

[1] Miladynyň 1238-1239-njy ýyllary.

gezek ilçilik işini berjaý etmek üçin Hulagu hanyň ýanyna iberilýär. Diwanbaşylar, ýokary mertebeli adamlar we Hulagu hanyň emirleri ony garşy almaga çykýarlar. Olaryň ähli si pyýada, ol bolsa atly eken. Hulagu hanyň ähli döwlet emeldarlaryndan Mahmyt Ýalawajyň mertebesi belent tutulypdyr. Döwlet emeldarlary bu ýagdaýdan gaty ynjap, Hulagu hanyň ýanynda ony ýamanlapdyrlar we ol jansyz hökmünde iberilipdir diýýärler. Şeýdip, Hulagunyň Mahmyt Ýalawaja bolan garaýşy üýtgeýär we ony tussag etmekligi buýurýar. Ýöne ol bu ýagdaýy aňyp gaçypdyr. Aýtmaklaryna görä, Mahmyt Ýalawaç her menzilde bir at goýan eken. Ol şol atlara münüp, dört günüň dowamynda Töwrizden Amy deryasynyň kenaryna ýetipdir we deryanyň beýleki kenaryna geçipdir. Bu gürrüňiň dogrulygy rowaýatçynyň boýnunadyr.

## *Şemseddin Muhammet Sahypdiwan Jüweýni*

Kämil akyldar, wezir Şemseddin Muhammet Jüweýniniň arkasy Ymamylharemeýn[1] Abdylmälik Jüweýnä (goý, Alla oňa rehmet etsin!) ýetýär. Onuň ata-babalary hem uly wezipeleri ýöredipdirler. Atasy hoja Şemseddin soltan Muhammet Horezmşanyň we soltan Jelaleddiniň diwanlarynyň müstewfisi[2] bolupdyr. Kakasy hoja Bahaweddin Muhammet

[1] Ymamylharemeýn – Käbäniň ymam diýen lakam.
[2] Müstewfi – maliýa işlerini dolandyrýan adam.

Jüweýni hem ýurt müstewfisi bolupdyr. Dogany hoja Alaýeddin Atamälik beýik ýagşyzada hem ýiti akyldar bolupdyr. «Taryhy jahanguşaýy Jüweýni» («Älemi eýeleýjiniň taryhy») onuň eserlerindendir. Onuň artykmaçlygy, ökdeligi we dile çeperligi ady agzalan eserden mälim bolýar. Hoja Atamälik Mengu Kaganyň bargähinde uly ynama eýe bolupdyr. «Taryhy Jahunguşa» eserinde ýazylyşyna görä, Mengu Kagan[1] öz ogullary Keraýmülke, Ahmet Tikgä we hoja Atawulmülke Horasan we Yrak ülkeleriniň işini tabşyrypdyr. Mengu Kagan 681-nji ýylda[2] wepat bolupdyr. Onuň wepat bolan senesi barada şeýle diýipdirler:

Öz döwründe taýy bolmadyk Atawulmülkdür.
Din-döwletiň beýikligi,
milletdir-mülk serweri,
Alty ýüz segsen birinji
ýylda Sogapgünüň agşamy,
Gurban aýynyň dördüne
irden wepat boldy gör beri.

Elkyssa, Şemseddin Jüweýni Hulagu hanyň diwanbaşysy bolupdyr. Soňra Hulagunyň ogly Abkaý hanyň weziri bolýar. Ol patyşalyk işlerde köp tagallalar edipdir. Şemseddin Jüweýni dogry pikirleri we ýol-

[1] Mengu Kagan – Çingiz hanyň agtygy.
[2] Miladynyň 1282-1283-nji ýyllary.

ýörelgeleri bilen köp emläk we mülk toplaýar. Onuň emläklerinden düşýän her günki girdeji bir tümen eken. Abkaý han özüniň ömrüniň ahyrlarynda Mejdilmülk Ýezdini oňa gözegçi edip belleýär. Hoja Şemseddin ondan halys ýadaýar we gaty ynjaýar. Abkaý han hoja Şemseddin sahypdiwanyň ýola goýan baýramçylyk dabarasynda ýogalýar. Şol sebäpli käbirleri hoja Şemseddini Abkaý hanyň janyna kast etmekde günäkärleýärler. Patyşalyk Ahmet han ibn Hulagu hana ýetende, ol wezirligi ýene hoja Şemseddinde galdyrýar. Şemseddin Mejdilmülk Ýezdiniň janyna kast edýär. Ahmet hanyň permany bilen Mejdilmülk 681-nji ýylda Nowşähr sährasynda öldürilýär. Haçanda soltanlyk gezegi Argun han ibn Abkaý hana ýetende, ol ýigrimi dokuz ýyllap atasynyň, kakasynyň we agasynyň wezirligini ýöreden Şemseddini Abkaý hana zäher beripdir diýen töhmet bilen, 683-nji ýylyň[1] Meret aýynyň 4-ne şehit edýär. Emma zamana Mejdilmülk Ýezdiniň aryny ondan alýar. Bu barada şeýle diýýärler:

Mejdilmülk Allanyň ýazgydy bilen,
Nowşähr sährasynda şehit boldy,

Ol jahanda ýurt weziri bolan,
Sahypdiwan Muhammediň
tagallasy bilen öldi.

[1] Miladynyň 1284-1285-nji ýyllary.

Iki ýyl, iki aý, iki hepdeden soň,
Ol hem döwrüň gahar şerbetin datdy.

Dünýäde erbet zada şärik-ýardamçy bolma,
Terezide şerbet bilen zäher deň bolup gitdi.

Elkyssa, Şemseddin on ýyl Hulagu hanyň, on ýedi ýyl Abkaý hanyň we iki ýyl Ahmet hanyň weziri bolupdyr. Goşun we halk ondan razy hem minnetdar bolupdyrlar.

### *Hekaýat*

Bu kitaby ýazyp ýörkäm, dostlarymyň biri şeýle gürrüň berdi:

Bir gün hoja Şemseddin atyna münjek bolup durka, onuň ýanyna bir kör derwüş gyssanmaçlyk bilen gelýär eken. Ol derwüş Şemseddine bir zat aýtmak isleýän eken. Şemseddin ol pahyryň howlugyp gelýänini görüp, oňa garaşýar. Ol gelip tötänlikden bilmän, hasasynyň ujuny weziriň aýagynyň üstünde goýupdyr we oňa ýaplanyp, öz arzyny beýan etmäge başlapdyr. Päk we asylly wezir Şemseddin öz aýagyny onuň hasasynyň astyndan aýyrmandyr. Onuň hasasynyň ujy weziriň ädigini deşipdir. Soňra aýagyny hem deşip, ýere ýetipdir. Derwüş arzyny aýdansoň, Şemseddin onuň isleýşine görä jogap berip, ýumşuny bitiripdir. Soňra öýüne gelip, ädigini çalşypdyr, ýöne birnäçe aýlap ata münüp bilmändir.

Argun han Şemsilmülki öldürjek mahaly, ol öz ahwalyny beýan edip, şu beýtleri düzüpdir:

Leňňeç ýyldyz toparyndan gün geçdi,
Myrryh oňa haýbatly nazaryn saçdy.

Kerwengyran gazaply Zöhrä seretdi,
Oň nazary ot bolup ýakdy, eretdi.

Beýle bolar diýip kimler oýlarlar,
Şeýle hereketi eder diýip saýýarlar.

Ýöne galamynyň ujuny aýlasa takdyr,
Ol gylyç-galkan bilen dep ederden bekdir.

Takdyryň elinden atylan her peýkam,
Bu peýkamyň öňünde çäre galkan kaýda.

Pelegiň öç alşyna seret, bu az salymda,
Gör, ne şer goparýar, ol
bir gozgalaň turuzýan zalymda.

Iki gözümden ýakut damaryn
kesdi hikmet bilen,
Ýaňak tagtamdan zer küresin
ýasady çapmak bilen.

Pelek nedir, Gündür
ýyldyzlar dahylly näme,

Allanyň permanydyr bu, sal takdyra mana,

Haýp, men bu jahanda daragt
oturtdym, tagalla edip,
Ol daragta ýiti palta uruldy bir waka gidip.

Melgun diýilýän ol Hajjaç-Zalym,
Seň eden işiň etdiň, perişan halym.

Häkimetimi görensiň,
hany ol şöhratly- şanlar,
Ähli zady agdar-düňder etdi ol nähak ganlar.

Şemseddini öldürmek hakdaky buýruk çykanda, ol maşgalasyna we perzentlerine şu haty ýazypdyr: «Ezizlerime we perzentlerime (goý, Alla olary öz penasynda aman saklasyn!) meniň dogaýy-salamymy ýetiriň. Allatagala olary amanat hökmünde goýupdyr. Ol öz bendelerini hossarsyz goýýan däldir. Meniň käbir wesúetlerim: olary ylma-bilime höweslendirsinler. Olar ýaltalyga ýol bermesinler. Allanyň beren rysgalyna kanagat etsinler. Eger oglum Atabeg we ejesi Huşek hatyn welaýata gitmek isleseler, olara rugsatdyr, gidibersinler. Nowruz we Mesgut öz ejeleriniň ýanynda galsynlar. Olara emläk we başga zatlar berilse, şoňa kanagat etsinler. Bu uly aýallar toparyna gözegçilik eder ýaly iki dogan hem olar bilen bile bolsun. Mömine hatyn hiç bir rahatlyk görmedi, eger islese durmuş gursun! Atabeg bilen ejesi bile bolsun.

Zekerýany şahynşalyk tagtynda emir Buga tabşyrdym. Ol şol ýerde galybersin. Oňa öz paýyny hödür ediň, eger kabul etmese has gowy. Eger alsa özüňdäki zatlara kanagat etsin. Allatagala maňa rehmet etsin we size bereket bersin! Şu tabşyryklary ýazan wagtym, ähli oý-pikirim, ünsüm Allatagala bilen bolansoň, mundan köp zat ýazyp bilmedim. Erkin adamlarymy we gullarymy hor etmesinler. Her agşam mümkin boldugyça bizi ýatdan çykarmasynlar. Wessalam».

Şemseddine köp taýak urupdyrlar. Ahyry gylyçdan geçirjek wagtlary ol bir pursat gylyjy sowmaklaryny haýyş edip, aman diläpdir. Ol şol pursat Asmana seredip: «Senden bize näme ýetse, biz şoňa razy, biz şoňa hoş» diýip, imanyny öwrüpdir we şu birnäçe setir sargydy öz eli bilen Töwrizdäki beýik şahsyýetlere we alymlara ýazypdyr: «Gurhany Kerimi açyp, pal atanymda «Elbetde, «Perwerdigärimiz Alladyr» diýip, soňra (ýalňyz Alla tagat-ybadat etmekde) dogry-üstün bolanlaryň öňlerine (ölüm pursatynda) perişdeler düşüp, «Gorkmaň we gamgyn bolmaň. Size wada edilen jennet hoşhabary bilen şatlanyň!» diýdiler»[1] diýen aýat düşdi. Allatagala özüniň bu bendesine pany jahanda ýagşylyk edip, myratlaryny ýetirensoň, hut şu pany jahanda oňa baky jahanyň buşlugyny ýetirmek isläpdir. Şeýle bolansoň möwlana Muhýiddine, möwlana Fahreddine, dini doganlarym möwlana Afzaleddine, möwlana Şemseddine, möwlana Huma-

[1] Gurhanyň 41-nji («Fussilat») süresiniň 30-njy aýaty.

meddine we atlaryny ýazyp geçmek hem köp wagt talap edýän beýik şyhlara hem alymlara bu buşlugyň nesip edenini, olardan arany açanlygymy ýetirýärin we olaryň öz haýyr-dogalary bilen maňa medet bermeklerini isleýärin. Wessalam».

Ol bagtly şehit hoja Şemseddiniň öldürilen senesi barada şeýle diýipdirler:

Gözúetimler nyzamy, diwanyň ýolbaşçysy,
Muhammet Jüweýni, döwrüň ýeke-tägidi,

Alty ýüz segsen üçüň[1]
Meret aýynyň biri güni,
Ikindide, Başgüni dünýäsin täzeledi.

Ol ne bir mömininiň nalasy üçin,
ne-de öz ygtyýaryna,
Gylyç jamyndan gahar
şerbetini püre-pür içdi.

## *Mälik Jelaleddin Semnany*

Mälik Jelaleddin Semnany emir Argun hanyň nökeri we onuň ýakyn adamlaryndan bolansoň, Şemseddinden soň wezirlige geçýär. Ol bäş ýyllap bu agyr işi dolandyrýar. Soňra emir Argunyň ygtyýarly

[1] Miladynyň 1284-1285-nji ýyllary.

emirlerinden bolan emir Doganyň duşmançylyk etmegi zerarly öldürilýär.

### *Sagdeddöwle ibn Safyýýyddöwle Ebheri Zenjany*

Sagdeddöwle ibn Safyýýiddöwle Ebheri Zenjany Ebheriň jöhit tebipleriniň biri bolup, haty owadan ýazmakda ussat bolupdyr. Ol ilki Bagdada gidip, şol ýerde lukmançylyk etmeklige meşgullanýar. Şeýdip, uly şöhrata, kämil derejä we sahawatlylyga eýe bolýar. Ýöne garadangaýtmazlyk, bihaýalyk, kemakyllyk onuň durkunyň aýrylmaz bölegi bolupdyr. Ol Bagdadyň işleri we ýagdaýy barada doly maglumat alýar. Bir gün bolsa Bagdadyň emiri tarapyndan ilçilik işini berjaý etmek üçin, Argun hanyň köşgüne gelýär. Argun ony halap, wezirlige belleýär. Sagdeddöwle yslam-iman bagtyndan we musulmançylykdan daş bolup, öz döwrüniň meşhur adamlaryny öldürmekde elde baryn aýamasa-da, adyllyk, ynsaplylyk ýolunda, ýurt işlerini ýöretmekde, leşgeriň hem halkyň bähbitli işlerini ýola goýmakda tagalla baryny edipdir. Ol alym-ulamalara hormat goýup, olaryň aýlyk-haklaryny ýokarlan eken. Ol emir Argunyň ýanynda uly mertebe we derejä eýe bolupdyr. Mertebe-dereje boýunça ondan ýokarda hiç bir adam bolmandyr. Sagdeddöwle hoja wezirlige mynasyp adam bolan Fahreddin Müstöwfini özüniň egindeşligine garamazdan, wezirlik wezipesini gabanyp, oňa duşmançylyk gözi bilen garap ugrapdyr hem-de mydama ony emir Argunyň ýanynda ýamanlar

eken. Olaryň arasynda mundan öň hiç hili duşmanlyk bolmasa-da, onuň garaýüreklilig, erbet häsiýeti we şöhratparazlygy bu zada sebäp bolupdy. Fahreddin päk göwünli bolansoň, bu ýagdaýy göz öňüne-de getirmändir. Ol Sagdeddöwläni wezirligi bilen gutlamak üçin köşge gelýär. Emir Argun oňa köp hormat goýýar. Muny gören Sagdeddöwle öňküden hem beter onuň ganyna teşne bolýar. Bir gün emir Argun Sagdeddöwleden ýurduň çykdajylaryny we hasabatyny soraýar. Ol bu işiň uzaga çekjegini aýdýar. Şol wagt Fahreddin öz ýanyndaky ýurt çykdajylary, leşgerleriň, halkyň hasabaty, hazynadaky pullaryň sany hasaplanan jedweli çykaryp, olary emir Argunyň ygtyýarynda goýýar. Bu hereket Sagdeddöwläni gaty gynandyrýar we ony derrew öldürmegiň ugruna çykýar. Ol pursat gözläp, ahyry Argun hanyň serhoş wagty ony öldürmäge rugsat alýar we 689-njy ýylyň[1] mübärek Oraza aýynda Fahreddin Müstöwfini şehit edýär. Emir Argun ölüm ýassygyna başyny goýansoň we emirler onuň ýaşaýşyndan umytlaryny üzüp, baýramçylyk çäresini gurnaýarlar we 696-njy ýylyň[2] Sapar aýynda Sagdeddin weziri öldürýärler.

### *Hoja Sadreddin Ahmet Halydy Zenjany*

---

[1] Miladynyň 1290-njy ýyly.

[2] Miladynyň 1296-1297-nji ýyllary.

Hoja Sadreddin Ahmet Halydy Zenjany Zenjanyň kazy ogullaryndan bolup, ilki emir Argunyň köşk nökeri bolupdyr. Soltanlyk nobaty Kihatu han ibn Abkaý hana ýetensoň, ol Sadreddin Zenjany wezirlige belleýär. Ol Kihatu hanyň döwründe oňat ornaşan wezir bolupdyr, mongol dilinde ökde gürläpdir. Baýdu Kihatu hana garşy aýaga galyp, soltanlygy eýelänsoň, Sadreddin wezirlikden boşadylýar. Ýöne ol Gazanyň patyşalyk döwründe ýene bir gezek wezir bolýar. Sadreddin Zenjany ahyry arabozarlaryň tagallalary zerarly öldürilýär.

## *Hoja Jemaleddin Desterjany*

Jemaleddin Desterjany Gilekiň Tabas diýen ýerinden gelip çykypdyr, ilki Bagdat medreselerinde ylym-bilim alýar. Ol dürli ylymlarda tanymal alym bolupdyr, müstewfilik işlerinde işläpdir. Baýdu oňa wezirlik işini tabşyrýar. Ol Baýdunyň döwründe alty aý wezir bolýar. Soltanlyk Gazan han ibn Arguna ýetensoň hem wezirlik onda galýar. Iki aýdan soň Jemaleddin öldürilýär we ýene bir gezek wezirlik Sadreddin Halyda ýetýär. Soltanlygyň düzgün-nyzamynyň gowşandygy sebäpli, ilhanlylar[1] çapar we ilçi haklaryny almakda uly güýje eýe bolupdyrlar. Ýol howp-hatarly bolupdyr. Täjirler we ýolagçylar ýol

[1] Ilhanlylar – 1258-1355-nji ýyllar arasynda hüküm süren, gelip çykyşy mongol bolan nesilşalyk.

howpsuzlygynyň üpjün däldigi üçin gatnawlaryny kesipdiler. Hoja Sadreddin ýollara gözegçilik edýän ýörite öýler gurýar. Şeýdip, ýollarda howpsuzlyk emele gelýär. Hoja Sadreddin wezirlik tagtynda mäkäm we jaýdar ornaşypdy. Emma ony hem Gazan hanyň ýanynda ýamanlaýarlar. Şeýdip, 697-nji ýylda[1] ol şehit edilýär.

### *Hoja Sagdeddin Muhammet Sawçy*

Sagdeddin Muhammet Sawçy Muhammet ibn Argunyň weziri bolupdyr. Ol ilki Gazan hanyň weziri bolupdyr. Soltan Muhammet Hudabende hoja Reşide we hoja Sagdeddine wezirligi tabşyransoň, ol iki weziriň arasynda gapma-garşylyk döreýär. Reşideddiniň dostlary soltanyň huzurynda Sagdeddiniň ýaramaz hereketlerini beýan edip, onuň soltanyň tebigatynyň ýigrenýän işlerini edýändigini aýdýarlar. Garaz, soltanyň Sagdeddine bolan garaýşyny üýtgedýärler. Şeýdip, ony we onuň naýybyny günäkärläp, 711-nji ýylyň[2] Boş aýynyň 10-na Bagdadyň köçeleriniň birinde şehit edýärler. Onuň öldürilen senesi barada şeýle diýipdirler:

Ruh günüdi, Boş aýyndan geçipdi on gün,
Hijriniň ýedi ýüz on birinji ýyly,

[1] Miladynyň 1297-1298-nji ýyllary.
[2] Miladynyň 1311-1312-nji ýyllary.

Jahan Perwerdigäriniň takdyry bilen
Soňlandy Sagdeddiniň ykbaly.

### *Hoja Sagdeddin Muhammediň ömri*

Hoja Sagdeddiniň Şyhabeddin Mübärekşa atly naýyby bolupdyr. Onuň türkmençe, arapça, parsça dillerde owadan ýazýan hatlary dünýä äşgär bolupdyr. Şyhabeddiniň hoja bolan wepalylygy we sadyk hyzmatkärligi şeýle bir derejede bolupdyr welin, halk Sagdeddini öldürmäge perman çykaryp, ony ölüm jezasy berilýän ýere getirenlerinde, Şyhabeddin Mübärekşa elli müň altyn dinary jellatlara berip, özüni hojadan öň öldürip, kellesini hojanyň aýaklarynyň aşagyna oklamaklaryny haýyş edipdir. Ony şeýle-de edipdirler. Haçanda Mübärekşanyň gözüni daňjak bolanlarynda, ol: «Gerek däl» diýip, iki rekagat namaz okap, Sagdeddiniň aýaklaryny ogşapdyr, köp aglap hoşlaşypdyr. Mübärekşany öldürip, hojany we onuň ýaranlaryny hem onuň yzyndan öldüripdirler.

### *Reşideddin Tebip*

Ýagşyzada alym Reşideddin Tebip Sadreddin Halypadan soň Gazan hanyň weziri we maslahatçysy bolupdyr. Hoja Sagdeddin Muhammet Sawçy käbir işleri onuň bilen ýerine ýetiripdir. Wezirlik işleriniň buýruklarydyr gadagan etmeleri Reşideddine bagly bolupdyr. Emma wezirlik nyşany hem ady Sagdeddine

degişli bolupdyr. Hoja Reşit dürli ylymlarda kämil şahs bolupdyr. Ol dürli ugurlarda köp kitaplary ýazypdyr. Onuň gymmatly eserleriniň biri «Taryhy Reşidi» atly kitapdyr. Ol köp ülkelerde, hususan-da mübärek şäher Töwrizde beýik binalar, medreseler, hanakalar, kerwensaraýlar hem metjitler gurdurypdyr. Abkaý hanyň soltanlyk döwründe döwür hekimleriniň, tebipleriniň hataryna goşulypdyr. Argunyň jahany dolandyryş eýýamynda onuň mertebe-derejesi has-da beýge galypdyr. Argun Kagan patyşalyk işlerinde onuň bilen geňeşer eken. Kihatu han patyşa bolansoň, ol wezirligi doly ele alýar we onuň häkimligi, nedimligi we tebipligi sebäpli, ol hormatly mertebelere ýetýär. Ol döwlet işleri dolandyrmagy doly ele alýar. Soltanlyk nobaty Gazan patyşa ýetensoň, ol uly işleri, beýik wezipeleri ýöredýär. Wezir Reşideddin Tebip Sadreddin Halydy bilen oňuşmaýar. Şol sebäpli bularyň arasynda duşmanlyk döreýär. Ol Sadreddin Halydy kast etmegi ýüregine düwýär. Emma olaryň arasyndaky çekeleşikde we jedelleşmede Reşideddin rüstem çykýar we Sadreddin Halydy öldürilýär. Gazan patyşa wezirligi Reşideddin Tebibe tabşyrýar. Ol ýigrimi ýyllap bu wezipäni ýöredipdir. Soltan Muhammet Hudabende jahany ýöretmek tagtyna geçensoň, wezirlik onda galýar we bu patyşa has-da ýokary göterýär. Soltan Hudabende dünýäden ötensoň, soltan Abu Sagyt hanyň döwründe hoja Reşit bilen hoja Aly şanyň arasynda garşylyklar döreýär. Diwan eýeleri hoja Reşideddiniň tarapyny tutup, hoja Aly şany dep

etmegi isleýärler. Emma Hoja Reşideddin muňa razylyk bermän, wezirlikden çykýar. Patyşa hem bu işi kabul edýär. Birnäçe wagtlap wezirlik Alyşada galýar. Soňra bir gün emir Çopan Eşgäri Azerbaýjana gitmek isleýär. Ol Reşideddini hem köp tagalla edip, özi bilen alyp gidýär, oňa köp mähremlik edýär. Soňra olar goşuna tarap ýola düşýärler. Ol Reşideddini ýolda goýup, özi öňräkden goşuna birigýär. Hoja Alyşa diwan eýeleri we döwlet sütünleri bilen bilelikde hoja Reşideddine garşy çykýarlar. Emir Çopanyň naýyplaryny para bilen satyn alýarlar, köp zer dökýärler, şeýdip emir Çopan bilen onuň arasyna tow salýarlar. Patyşa Abu Sagydyň hem oňa bolan garaýşyny üýtgedýärler. Şeýdip, 718-nji ýylda[1] ony ogly hoja Yzzeddin Ybraýym bilen bilelikde öldürýärler we onuň bedenini bölek-bölek edip, her bölegini bir şähere iberýärler. Ol öldüriljek wagty ýüz-ugra şu beýtleri düzüpdir:

Ýyllarboýy mende alada bardy,
Hiç aladadan uzaklaşyp bilmedim,

Erk aýymam gam tutulma ýetmändi,
Aýş-eşrete ýetip bilmedim.

Çarhy-pelek zeper ýetirmek isleýärdi maňa
Emma onuň muňa güýji ýetip bilmedi,

[1] Miladynyň 1318-1319-njy ýyllary.

Ahyry ýöne islänini etdi,
Oý-hyýallara gelmejek ýol bilen tutdy.

Reşideddin hoja Aly şa şeýle hat iberipdir: «Bigünä halyma meniň janyma kast etdiň. Döwür senden arymy alar. Ikimiziň tapawudymyz şu bolar, ýagny meniň görüm köne, ýöne seniňki täze bolar».

Jelaleddin Atygy onuň mertebesi we taryhy barada şeýle diýipdir:

Din-döwlet bagtyýary, ahyrete göç etdi,
Kätip taryhyn ýazdy talap edişi ýaly.

Hoja Reşideddiniň on dört sany ogly bolupdyr.

Birinjisi Sagdeddin, ikinjisi Jelalleddin, üçünjisi Mejdeddin, dördünjisi Abdyllatyf, bäşinjisi Alaýeddin Muhammet, altynjysy Ahmet, ýedinjisi Aly, sekizinjisi Şafy[1]...

.... duşmanlar köpdür, bozuklar sansyzdyr. Jyhat üçin köp tagalla et.

**On ikinjisi**, dili hapa-sögünç sözlerden päk sakla.

**On üçünjisi**, nygmat – bolçulyk, rahatlyk ýeten wagty, «Perwerdigärimiň beren nygmatlary hakynda

---

[1] Asyl nusgada şu ýerden beýleki, ýagny 155 a sahypa geçýär. Bu ýerde birnäçe jümleler galdyrylypdyr. Çünki, Reşideddiniň ogullarynyň sekizinjisiniň adyny aýdansoň, birden onuň öwgi-nesihatlaryna, sargytlaryna meňzeş jümlelere geçýär.

aýdyp dur, ýatlap dur»[1] diýen hüküme görä şükür et. Kynçylyk peýda bolan wagty «Agyr-ýeňil günlerde we jeň-jedel wagtynda sabyr-takat edijiler ýagşy kişilerdir»[2] diýen aýata laýyklykda sabyr et. Bu iki häsiýet iman syrlaryny we Allany tanama usullaryny öz içine alýandyr. Allanyň resuly hezreti Muhammet (goý, oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) şeýle diýýär: «Iman iki bölek: biri şükür, beýlekisi sabyrdyr».

Iman bagynyň güli sabyrdyr,
Alla ýetmek ýoly sabyrdyr.
Muňa berk ýapyş, çünki, ony alsaň,
Arkaýyn git, din çadyryna girensiň.

**On dördünji**, ýyrtyjylaryň sypaty we haýwanlaryň ahlagy bolan men-menlik we gahar-gazap ýolundan sowul.

**On bäşinji**, ýaramaz ahlagy – öwgüli häsiýetlere, erbet işleri — gowy işlere öwür.

**On altynjy**, daýhan garamaýak halky ünsden düşürme. Çünki, olar älemiň sütüni, Adam ogullarynyň ýaşaýşynyň hem gün-güzeranlarynyň serişdesidirler. Nep-peýdalaryň köpelmegi, ösüşleriň gazanylmagy olaryň zähmetine we işlerine baglydyr.

---

[1] Gurhanyň 93-nji («Zuha») süresiniň 11-nji aýaty.
[2] Guranyň 2-nji («Bakara») süresiniň 177-nji aýaty.

Deý[1] aýynyň gelmegi bilen, ýagny sowuk howanyň bagy-bossanlarynyň reňkini we ysyny üýtgedip, ýagyş gözýaşlary howada we bady-sabanyň gursagynda doňup, gyş leşgeriniň sowuk tuglaryny dikip, howanyň zeper ýetirmelerinden ýaňa älemiň we adam ogullarynyň burunlary dykylyp, süýji suwlar ýaplarda daşa öwrülende, gyş leşgeri läläň elinden pyýalasyny alanda hem-de nerkes-nesrin gülleriniň başyndan zer täji ogurlanda we bagy-bossan daragtlarynyň ýüzi ejizleme hem natuwanlyk zerarly, zagpyran reňke boýalanda, ünsi esasan guýulary abat saklamaga we ýaplary gazmaga gönükdirmeli. Haçanda gaty yssydan we jöwzadan ýaňa howa ataş küresine öwrülip, çeşmeler guranda, polat ýumurtgalar yssy howa zerarly mum ýaly ýumşanda, yssylyk tamdyry ýeri bitap edende, ataş küreleri suwlary gaýnadyp gutaranda, jahan dowzah, çemenzarlyklar takyra öwrülende, daýhanlary orum işlerine, hasyl ýygnamak işlerine gönükdirmeli. Berk belle, daýhanlary-ekerançylary sylamakda we olara hormat goýmakda köp tagalla et. Ekini goramakda, olara hemaýat-goldaw bermekde äwmezlik we ýaltalyk etme. Eger olary ünsden düşürseň, kynçylyk ýüze çykar, döwletiň esasy güýç-daýanjy elden gider.

**On ýedinji**, edermenlik, mertlik-merdanalyk tokaýynyň şirleri, garadangaýtmazlary hem batyrgaýlyk daglarynyň peleňleri bolan leşgeriň we goşunyň ahwalatyndan gapyl we bihabar galma.

---

[1] Deý – hijri-şemsi ýyl hasaby boýunça gyş paslynyň birinji aýy.

Bendeleriň bähbidi we ymmatlaryň üstünligi gylyjyň hem-de galamyň dilinde gizlenendir. Olara mydama hormat goý, olary syla. Olar seniň goldawyň hem yhlasyň bilen duşmanlary öz ataş seçiji naýzalarynyň ujy bilen ýok edip, boýnyýogynlaryň boýunlaryny seniň kemendiňe salyp getirerler. Basyp alynmagy we ele salynmagy asla mümkin bolmadyk berk galalar, beýik binalar hem diňler olaryň kesgir gylyçlarynyň we jan alyjy naýzalarynyň urgusy bilen synar.

Ýurtlary basyp almak üçin,
janyn pida ederler,
Eziz janlaryny zarbalara
garşy galkan tutarlar.

Bu topary hernäçe wasp etseň-de, müňden bir, köpden azdyr. Bu toparyň ahwalyny düzgüne salmaga köp üns beriň!

**On sekizinji**, akyl-parasat eýeleri we döwletiň arkadagy bolan adamlaryň galamlarynyň ujy dile çeperlik bossanynyň bilbili we kämil bilimlilik şahalarynyň saýrak guşudyr. Olar daň ýaňagyny anbar ysly gijäniň zülpi bilen bezeýärler. Döwlet ýüzüne we ýeňiş permanyna ebedilik meňi we maksat-myrat tugrasy bilen zynat berýärler, patyşalaryň öýlerini Karunyň genji-hazynalaryna we Peridunyň gömündi baýlyklaryna öwürýärler. Seresap bol, bu topary goldamakda we olaryň namysyny saklamakda elde baryňy et.

**On dokuzynjy**, din-u millet nahaly, halal-haram nyzamy bolan ulamalardyr. Gurhany Kerimdäki: «Ol Özi islän kişilerine hikmet (peýdaly bilim) berýär. Kime hikmet berlen bolsa, bes, oňa çäksiz köp ýagşylyk berlipdir»[1] diýen aýat olar hakda inendir. «Heý bilýänler, ylymlylar bilen bilmeýänler, ylymsyzlar deň bolarmy?!»[2] diýen aýat bolsa ylym-bilimde saýlananlaryň belent derejesini görkezýär. Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň «Alymlar pygamberleriň mirasdüşerleridir» diýen hadysy olara mertebe we «Meniň ymmatymyň alym-ulamalary Ysraýyl ogullary kowumynyň pygamberleri ýalydyr» diýen göwher sözi bolsa olara bezegdir.

Ylym hem kanagat gazanmak maňa mertebe,
Bu zamanda ol ikisinden başgany istemen,

Kanagatly bolsam — baý bolaryn,
Ylymly bolsam — aman bolaryn.

Garamaýak bilimsizler körlerdir, bilgin,
Bu jahanda diňe ylymly
akyldarlar gözlüdir.

Pygamberleň, enbiýalaň mirasdüşeri –
Ylym-düşünje eýeleridir, bes belli.

---

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 269-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 9-njy aýaty.

Berk bellegin, bu toparyň öňünde bendelik we hyzmatkärlik şertlerini berjaý et. Olaryň permanlaryndan «Alymlaryň emri höküm, olara etagat etmek bagtdyr» diýen jümleden daşlaşma. Olaryň aýak tozanlaryny başyňa täç, gözüňe sürme et.

**Ýigriminji**, özüňe bezeg üçin alan gowy baýlyklaryňdan her gün irden garyplara, hossarsyzlara, ejizlere, ýagşyzadalara, takwalara sadaka ber. Çünki, sadaka belaň öňüne galkan, kynçylyga sowutdyr.

**Ýigrimi birinji**, mazlumlaryň halyndan, ejizleriň ahwalyndan gapyl galma. Mähnet güni zerarly ýanyp-bişenlere hem-de renj-u dert beriji guraklyk ýyllary sebäpli, ejir çekenlere «Ýaýylýan saýa astynda, akdyrylyp goýlan suw üstünde, gutarmaýan we gadagan edilmeýän köpden-köp (dürli-dümen) miweler astynda»[1] diýen göwnejaý jennetde mekan ber. Ähli uly-kiçi işlerden habarly bol, şonda ýakynlar-daşlar we dogry ýoluňdan çykmazlar.

**Ýigrimi ikinji**, ýolagçylar, täjirler, getirilýän hem çykarylýan harytlar ýol kynçylyksyz, salgyt meselesiniň talanma aladasy bolmazdan, arkaýyn gatnamagy üçin, bendeleriň ýollaryny erbetlik-pisatlyklardan päklemeli.

**Ýigrimi üçünji**, zyndyklary öldürmekde, mülhitleri asmakda, kapyrlaryň ülkelerini weýran

[1] Gurhanyň 56-njy («Wakyýa») süresiniň 30-31-32-33-nji aýatlary.

etmekde we bozgak pyssy-pyjurlyklara temmi bermekde ýeňillik etmäge ýol berme.

**Ýigrimi dördünji**, nädogry we ýaramaz ýola eýerip, mülk – ýer edinen naýyplardan hem-de diwan ýolbaşçylaryndan alan haram zatlaryny yzyna gaýdyp al.

**Ýigrimi bäşinji**, öňki öten-geçenlerimiziň gurduran, ýöne häzirki döwürde weýran bolup barýan medreselerini, metjitlerini, hanakalaryny, dürli niýetler bilen gurlan gorlaryny, kerwensaraýlaryny abadanlaşdyr.

**Ýigrimi altynjy**, ýurduň Rum bilen çäkleşýän her bir serhetlerinde gözegçilik derwezelerini gurdur, olary gora. Gorkuly, howp-hatarly ýollarda berk kerwensaraýlary gur.

**Ýigrimi ýedinji**, aýallar bilen köp söhbet etme, çünki, olary ýanyňa ýakyn etmek agraslygy bozýar, ygtybara şikes ýetirýär. Şyh Nyzamy şeýle diýýär:

Müňlerçe bolsa-da aýallar bary,
Ähtlerinde durmazlar, çekdirer zary.

**Ýigrimi sekizinji**, Allatagala we onuň resuly Muhammet alaýhyssalama tabyn bolmakdan, etagat etmekden boýun gaçyrma we: «Alla boýun boluň, pygambere boýun boluň hem-de özüňizden bolan ýolbaşçylara tabyn boluň»[1] diýen aýatyň mazmunyna

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 59-njy aýaty.

görä, tabynlyk ýolunda hyzmat gadamy bilen ýöre. Allanyň birligine, pygamberlere, asmandan inen kitaplara iman getir, olary ykrar et. Takdyra doly hem ýürekden ynanyp, haýr-u şeriň, nep-u zereriň Allanyň eradasyna, razylygyna baglydygyny bil. Gurhanda: «Ähli zat Alladandyr»[1] diýilýär. «Asman bilen Ýeriň arasyny tutýan jennet»[2] diýlip wasp edilýän behişti, «Haçan olar jähenneme taşlananlarynda, gaýnap duran (jähennemiň edil eşegiň aňňyryşy ýaly) bir bögürik perýadyny eşiderler. Ol dowzah gazapdan bölünip, set para bolup gitjek bolar»[3] diýen jümlede suratlanylýan dowzahy, syrat köprüsini, mizan terezisini, hasap kitaby, sogaby we günäni, Ysrapylyň suruny çalmagyny, ölmekden soň direlmegi hak we hakykat bilgin. Pygamberimiziň öz hadysalarynda beýan edilýän zatlara yhlas bilen ynan, ynam et. Ýolbaşçylara, emr eýelerine tabyn bolmagy hem-de: «Häkimiňe boýun boluň, hat-da ol bir hebeşi gul bolsa-da» diýen hadysa görä, wajyp we hökmany saýgyn.

**Ýigrimi dokuzynjy**, saňa ýeten ähli zatlary Alladan bil, näme alkyş-sena aýtsaň Alla aýt, isleseň Alladan isle. Muhammet Mustapa şeýle diýýär: «Bir mukdar duz gerek bolsa-da, ony Alladan diläň, soraň».

Eý, «takdyrdan ýetdi maňa

[1] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 78-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 3-nji («Ÿli Ymran») süresiniň 133-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 67-nji («Mülk») süresiniň 7-8-nji aýatlary.

Müň dürli zulum-sütem» diýýän adam.
Ähli zat Onuň islegi bilen bolýandyr,
Şat bol, düşse-de ýüregiňe gam.

**Otuzynjy**, ýaş wagtyňda hem juwan eýýamyňda «Toba ediji ýaş-juwan Allanyň dostudyr» diýen jümlä görä, owadan ýaşlyk lybasyny günä kirinden ýalkaw dileme sabyny bilen ýuw. Şonda «Alla toba edýänleri we özlerini mydam päk saklaýanlary söýýär»[1] diýen aýatdakylaryň hataryna girersiň.

**Otuz birinji**, gaty gitme we ýeňil saýma aýyplaryndan saplan we edermenlikde hem-de sahylykda öte geçme. Çünki, edermenlikde we sahylykda öte geçmek garadangaýtmazlyga, isripçilige, diwanalyga hem biderek çykdaýjylara sebäp bolar. Ol iki häsiýetde ýeňil bolmak we bärden gaýtmak bolsa bahyllyga we gorkaklyga elter. Çünki, «Edermenlik – hüşgärlik, garadangaýtmazlyk – diwanalyk» diýipdirler. Ortalykdan çykýan zat ýaramaz häsiýet saýylýandyr.

**Otuz ikinji**, aý ýüzli gulamlar bilen aýşy-eşret sürme. Eger muňa ýol berseň, betnamlyk peýkamyna nyşan we biabraýlyk gylyjyna galkan bolarsyň. Çünki, hadyslarda «Töhmetli ýerlerden gaça duruň» diýilýär.

**Otuz üçünji**, halaýyklar rahatlyk gujagynda rahat ýaşap, gulakdynçlyk düşeginde arkaýyn bolarlary ýaly,

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 222-nji aýaty.

arabozar göripleri we görip arabozarlary ýanyňa golaýlaşdyrma.

***Beýt***

Ýaramaz arabozarlar bilen
oturyşmak aýandyr,
Beýikleriň atlaryna hem
şalaň şöhratyna köp zyýandyr.

**Otuz dördünji**, beden lybasynyň bezegi we söz eşiginiň nagşy bolan belent asylly durkuňy ylym hem amal şerbeti bilen nadanlyk keselinden hem-de agzybirlik derdinden halas et. Çünki, eger janyň we durkuň ýagdaýyna düşünip, barlykdan hem ýoklukdan, ýaradylan zatlardan hem ezeli zatlardan, başlangyçdan hem kyýamatdan habarly bolanyňdan soň, şek-şübhesiz Ýeke-täk Allany äşgär deliller we anyk mysallar bilen tanadygyňdyr. «Her kim özüni tanasa, Allasyny tanar» diýlipdir.

Hiç haçan ertir-agşam, säher-gije ýaşaýyş nahalyny goparyjy, şatlyklary we lezzetleri ýok ediji, dostlar üýşmeleňini dargadyjy we dost-ýarlary aýra salyjy ölümden gapyl galma. Çünki «(Eý, Muhammet) hiç şek-şübhesiz sen hem ölümlisiň, olar hem ölümlidir»[1] diýen jümle bilen ýüzlenilersiň. «Ondaky (dünýädäki)

[1] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 30-njy aýaty.

ähli kimseler panydyr»[1] diýen nagyş seniň üstüňe-de çekiljekdir. Berk belle, bu jahanyň aýşy-eşretine we bezeglerine aldanma, dünýäniň nagyşlarydyr harplaryny pikir tagtaňdan syryp aýyr. Çünki, hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: «Dünýäni söýmek ähli ýagşylyklaryň başy, dünýäni terk etmek bolsa ähli ybadatlaryň başydyr». Hezreti Aly bu dünýäniň ýitip ýok bolup gitjekdigini süýji sözler we çeper beýan etmeler bilen şeýle düşündirýär: «Adamlar ýolagçylardyr, dünýä bolsa karar tapma mekany däl-de, geçiş öýüdir. Adamyň ejesiniň göwresi onuň syýahatynyň başy we ahyretidir. Adamyň ýaşaýyş mütdeti, ömri onuň syýahatynyň mukdarydyr, ýyllar onuň menzilleri, aýlar parsahlary, günler kilometrleri we demleri ädimleridir. Onda adamyň ýaşaýyş mütdeti diňe gäminiň ýolagçyny äkidişiniň mukdaryça bolýar».

Seresap bol, her dem näkesleriň nikasynda we gujagynda ýatýan bu pitneçi gelniň (dünýäniň) näz-kereşmesine we jilwesine ýüregiňi baglama, adamlaryň ýürek söýgülerini gazan. Täze çykan düzgünleri, bedgatlary, jebir-jepaly kanunlary ýok et. Şonda adamlar Rum ülkesinde galyp, adyllyk daragtynyň miwelerinden mahrum bolmazlar we parahatçylykdan ýaňa şu şygyr bilen hiňlenerler:

Adamlaryň ählisi parahatlykda ýatarlar,
Ählisi-de sag-aman rahatlykda

[1] Gurhanyň 55-nji («Rahman») süresiniň 26-njy aýaty.

bu panydan öterler.

Agyz gutusyny luwluw sadaby ýaly owadan we keýik göbegi ýaly müşk-anbar ysly edýän bu aýdylan syrlardan hiç haçan ýüz öwürme we bu yşarat eden zatlarymy hökman amal et. Şonda sen ahyrete bagtly garaşýan we ýer ýüzüniň päk adamlaryndan bolarsyň. Bu zatlarda hiç hili bärdengaýtmalara ýol bermegin.

Mundan başga-da Reşideddin soltan Muhammet Hurabendäniň «Horasan ol ýeriň häkimleridir emeldarlary zerarly weýran bolupdyr» diýen habary eşidip, Alaýeddin Muhammedi ol ýere gözegçilik etmek üçin ibermekçi bolan mahaly, ogluna şu haty ýazypdyr: «Perzendim Muhammet (Alla oňa uzak ömür bersin!) Nyşapur ilatyny özüniň sahylyk hem haýyr-yhsan suprasyndan daşlaşdyrma, Jam we Bestam sebitleriniň uly-kiçisini sylag-serpaý çeşmesinden gandyr, Damgan hem Semnan ülkelerini zamananyň hadysalaryndan we ýaramazlaryň şerlerinden gora, Sarahs etrabyny eçiliş şygarly bulut bilen ....[1]

Ol Erba han bilen emir Aly Paşanyň arasynda bolan söweşde Aly Paşanyň leşgeriniň eline düşýär. Birnäçe gün ony zyndanda saklaýarlar. Aly Paşa tussag edilen Alaýeddin Muhammediň ýanyna adam iberip: «Sen şol wezir ekeniň» diýip, mährемlikler görkezýär. Onuň

[1] Bu ýerde kitaby göçüren kätip säwlige ýol berip, birnäçe jümleleri galdyrypdyr ýa-da bir-iki sahypa aýrylypdyr. Çünki, Reşideddiniň ogluna ýazan haty şu ýerde kesilip, şol döwrüň ahwalaty we wakalary beýan edilip başlaýar.

maksady hazynalary we baýlyk gömündilerini ele salmakdy. Alaýeddin Muhammet dana-akyldar adam bolansoň, özüniň diri galmajagyna göz ýetirip, gödek sözler bilen: «Men hiç ýagdaýda halas bolmaryn. Abu Sagyt galmady, Erba han galmady. Indi men hem galmasam geň däldir. Sen wepaly bolmadyň, Hudaýyň duşmany bolduň. Alla seniň jezaňy berer» diýýär. Onuň bu aýdan sözleri Aly Paşa ýetirilýär. Şondan soň şol gün agşam ony gylyçdan geçirýärler. Aly Paşa soltan Abu Sagydyň daýysy eken. Alaýeddin Muhammet 736-njy ýylyň[1] Oraza aýynyň 21-ne öldürilipdir. Onuň ölümine bagyşlanan mersiýede şeýle diýilýär:

Ol mynasybydyr parlak ýyldyzlaryň,
Pelekden ýaňa başlaryna gum sowurmaklary.

Örteýji ahy-nala
edijiler dert-renç çekip,
Daň şapagy deý
lybaslaryn çäk-çäk edýärler.

Olar: «Ýa Alla, medet, medet» diýip,
Rençli ahy-perýat urýarlar.

Elkyssa, çingizleriň döwleti soňlanýar. Soltanlyk olaryň neslinden gidip, dürli nesilşalyklara ýetýär. Şol

[1] Miladynyň 1335-1336-njy ýyllary.

sanda olardan soň Äli Muzaffar we Gurly patyşalar soltanlyk edýärler. Allanyň towpygy hem ýardamy bilen olaryň patyşalyklary we wezirlikleri hem beýan ediler.

# ON BIRINJI BAP
# MUZAFFAR NESILŞALYGYNYŇ WE GURLY PATYŞALARYŇ WEZIRLERINIŇ BEÝaNY

Öňden gelýän düzgüne görä, ilki Gurly soltanlaryň wezirleri barada gürrüň edilmelidi. Çünki, bu patyşalar musulman dindar patyşalary bolup, köp ýagşy işleri bitiripdirler. Olaryň wezirleriniň beýanyny çingizleriň, hatda horezmşalaryň wezirlerinden hem öň ýazga geçirmelidi. Emma hiç bir taryhy eserlerde Gurly soltanlaryň wezirleri barada beýan edilmändir. Bu ýerde Muzaffar nesilşalygy bilen Gurly patyşalaryň wezirleriniň beýany bir bapda getirilýär, çünki, olar bir döwürde höküm sürüpdirler hem-de olaryň wezirleriniň sany on üç sany şahs bolansoň, bu makala on üç baba bölündi.

## *Hoja Burhaneddin ibn Kemaleddin Abulmagaly*

Pars ülkesi we Yragyň käbir sebitleri emir Mubaryzeddin Muhammet Muzaffaryň ygtyýaryna geçensoň, köp oýlanmalaryndan soň wezirlik ygtyýarynyň bijesi hoja Burhaneddiniň paýyna düşýär.

Onuň kakasy hoja Kemaleddin Abulmagaly beýik şahsyýetleriň we abraýly adamlaryň biri bolup, onuň asly hezreti Osmana ýetýän eken. Ol päk göwni, kämil halatlary bilen tanalypdyr. Reşideddin şehit bolansoň, wezirlige mynasyp birnäçe adamlar köp synalýarlar. Olaryň iň saýlantgysy hoja Kemaleddin Abulmagalydy. Ol Allanyň towpygy bilen köp gezek Allanyň öýüne – Käbä zyýarat etmek bagtyna ýetipdi. Ýezdde metjitler, medreseler, hanakalar we şypahanalar ýaly haýyr-sogaply ýerleri gurdurypdyr. Ol alym-ulamalar üçin rahat şertleri döredipdir we gural-esbaplar bilen üpjün edipdir. Ol 738-nji ýylda[1] wepat bolupdyr. Emir Mubaryzeddin Muhammet hoja Burhaneddini kakasy wepat bolmazyndan öň çagyryp, hatlar iberen eken. 742-nji ýylda[2] hoja Burhaneddine wezirlik işini tabşyrýar. Ol 752-nji ýylda[3] öz islegi bilen işinden çykypdyr. Pars welaýaty basylyp alnansoň, ol 756-njy ýylda[4] kazylar kazysy wezipesi wezirlik wezipesi bilen bilelikde tabşyrylýar. Ol dini we dünúewi işleri dolandyryjy iki sany möhüm wezipeli adama öwrülýär.

### *Hoja Kawameddin Sahyp Ybat*

---

[1] Miladynyň 1337-1338-nji ýyllary.
[2] Miladynyň 1341-1342-nji ýyllary.
[3] Miladynyň 1351-1352-nji ýyllary.
[4] Miladynyň 1355-nji ýyly.

Kawameddin Sahyp Ybat Şa Şujagyň weziri bolupdyr. Ol kämil sypatlary özünde jemlän hem-de uly hormatly-sylagly adam eken. Hafyz Şirazy öz gazallarynda ony şeýle ýatlaýar:

Döwrüň gam-gussasy zerarly,
Hafyzyň ýüregi gan boldy,
Ol hoja Kawameddiniň aýralygynda
ýanyp-bişdi, girýan boldy.

Kawameddin 750-nji ýylda[1] Şa Şujagyň hyzmatyna barýar we özüniň beýik hümmeti bilen işleri dolandyrýar. 752-nji ýylda wezir bolýar, 755-nji ýylda[2] soltanlygyň naýyby we 756-njy ýylda şanyň oruntutary hökmünde Kermanda tagta geçýär. Ol derrew şanyň ynamyna girýär. Ahyry 764-nji ýylyň[3] Boş aýynyň ortalarynda köp ezúetlerdir azaplardan soň, Şa Şujag oňa ölüm jezasyny berýär. Onuň beden agzalaryny bölek-bölek edip kesip, her bölegini bir ýere iberipdirler.

### ***Kemaleddin Reşidi***

Emir Kemaleddin Reşidi wezir Kawameddin öldürilensoň, Şa Şujagyň wezirligine geçýär. Hoja

[1] Miladynyň 1349-1350-nji ýyllary.
[2] Miladynyň 1354-nji ýyly.
[3] Miladynyň 1362-1363-nji ýyllary.

Jemaleddin Turanşa emir Kemaleddinden soň wezirligi ýöredipdir.

### *Hoja Täjeddin Müşiri*

Täjeddin Müşiri Şa Mahmydyň weziri eken. Ol hilegärlikde hem aldawçylykda döwrüň ýeke-tägi bolupdyr. Haçanda Şa Mahmyt soltan Uweýsiň gyzyny dilände soltan Uweýsi doganym diýip atlandyrypdyr. Şa Mahmyt emir Ygtyýareddin Hasany gudaçylyga iberipdir. Hoja Täjeddin Müşiri Şa Mahmydyň dilinden şeýle jümleler bilen hat ýazýar: «Bende we onuň elindäki zatlar hojaýyn üçindir. Mahmydyň bendesi-gulamy birnäçe wagt bäri bu dergähiň hyzmatkärliginde işläp, dostluk-muhabbet zynjyryny hem-de bendelik we gulluk gulakhalkasyny boýnuna hem gulagyna bezeg edinip, alyhezretden yzygiderli ýetýän ýagşylyklara we mähremliklere şükür etmek bilen hemişe dili senalydyr. Yrak sebitini daş-töwerekleri bilen alyhezretiň mülküne geçirip, kanuny ygtyýarnamany häkimiň goly-möhüri bilen ýazyp, hyzmatkärlere we bagtyýar wezirlere ibermek üçin ýollady. Ol: «Eger şükür etseňiz nygmatlaryňyzy artdyraryn»[1] diýen hüküme görä, edilen ýagşylyklara şükür eder we hormatly halat bilen serpaýlanar diýip umyt edýäris. Mundan beýläk ýagşy işleri ýerine ýetirmekde biliňi guşap, dik dur, eliňden gelen

[1] Gurhanyň 14-nji («Ybraýym») süresiniň 7-nji aýaty.

hyzmatlary et. Eger ömür pursat berse, älem-jahany ol alyhezretiň ygtyýaryna geçirmekde ýardamçy bol, wessalam».

Täjeddin soltan Uweýsiň ýanyna baranda, köp hilegärlikler edýär. Şeýdip, soltan Uweýs Ygtyýareddin Hasana ýüzlenip: «Men gyzymy muştak dogana däl-de, hakyky hyzmatkäre berýän» diýip, gyzy Şa Mahmyt üçin nikalap, Yraga iberýär. Selman bu waka barada uzyn kasyda düzüpdir. Bu ýerde ýazgylarymyza bezeg bolar ýaly, ondan iki beýt getirýäris:

Bu babatda ýerlikli köp tagallalary etdi,
Hoja Täjil-hakky Weddin Müşril-hak.
Öz ökdeligi bilen şeýle bir iş etdi,
Ony tutuş döwürde eden bolmandy onuň dek.

# ON IKINJI BAP
# HEZRETI SAHYPKYRAN[1] EMIR TEÝMIR KÖREKENIŇ WEZIRLERI

## *Hoja Jelaleddin Yslam ibn Bähramşa Tabasy*

Jelaleddin Yslam ibn Bähramşa Tabasy ilki Kort patyşalarynyň[2] döwründe hoja Şyh Ýahýa Hafynyň nökeri bolupdyr. Ýagny ol hoja Şyh Ýahýanyň Gyýasylmülk Kortyň weziri bolan mahaly, bir ýyllap onuň saraýynda hyzmat edip, öz ahwalatyny hiç kime aýan etmändir. Bir ýyl geçensoň Şyh Ýahýanyň atyna münüp gezip ýören mahaly ol:

– Men Yslam Bähramşanyň ogly. Birnäçe wagtdan bäri şu dergähiň hyzmatkäridirin – diýýär.

Şyh Ýahýa:

– Näme üçin munça wagtlap özüňi tanatmadyň – diýýär.

---

[1] Sahypkyran – iki bagt ýyldyzynyň eýesi.

[2] Kort patyşalary – 1245—1388-nji ýyllarda Eýranyň gündogarynda höküm süren gurlularyň neslinden bolan nesilşalyk. Olaryň paýtagty Hyrat bolupdyr. Olaryň patyşalygyny emir Teýmir Köreken agdarypdyr.

Hoja Jelaleddin:

– Men hezreti hojanyň özüniň meni tanamagyny, maňa don geýdirip, ata mündürmegini isleýärdim – diýýär.

Şondan soň ol adamlaryň köp ýüzlenýän adamsyna öwrülýär. Birnäçe wagt geçensoň, haçanda beýik hakan hezretleri Sahypkyran aýaga galanda, hoja Şyh Ýahýa ony ilçi hökmünde patyşanyň dergähine iberýär. Sahypkyranyň ähli soraglaryna ýerlikli hem dogry jogaplary berensoň, ol alyhezret Sahypkyrana ýaraýar. Şeýdip, ony öz köşgünde alyp galýar. Birnäçe wagt hyzmatkär bolýar, soňra wezirlige ýetýär. Ol wezirlikde güýçli erk-ygtyýarly we ygtybarly adam bolupdyr. Onuň kakasy Eslim Bähramşa we agasy Jelal Bähramşa Tabas galasynda ýaşaýan ekenler. Tabas galasynda Bähramşa taýpasynyň arasynda gapma-garşylyk peýda bolýar. Eslim Bähramşa bilen dogany Jelal Bähramşa Bedreddin Muhammet Şerefalyny we Abu Nasr Şerefalyny gije öldürip, olary bir çukura gömýärler. Şol gün Jelalyň garnynda bir dert-agyry peýda bolýar. Ol dady-perýat edip, şobada ölüpdir. Eslim bolsa ol diýardan gaçyp, Hyrata gelýär we Hüseýin patyşanyň hyzmatkäri bolýar. Patyşa ony öz ýasawuly edip belleýär.

Şerefaly ogullarynyň öldürilendikleri aýan bolansoň, olaryň ejeleri ar alma ýaglygyny daňynyp, ýola düşýär. Şol wagt Soltan Abu Sagyt Hudabende Soltanyýýada eken. Hüseýin patyşa bolsa Hyratda häkim eken. Bir toparlary oňa Soltanyýýa gitmegi

maslahat berýärler. Ol «Häzir Hüseýin patyşanyň ýanyna Hyrada bararyn» diýip, ogullarynyň süňklerini alyp, Hyrada gelýär. Eslim patyşanyň ýasawuly bolansoň, ol köşge baryp perýat etmezligi özüne maslahat bilýär. Şeýdip, her gün köşgüň bag-bakjalarynda özüni patyşa edip görkezer eken. Bir-iki günden soň Hüseýin patyşa onuň ahwalyny soraýar. Ol garry aýal ähli bolan zatlary giňişleýin gürrüň berýär. Patyşa ondan şaýat isleýär. Eslim ol şaýatlaryň ählisini ygtybarsyz şaýat hasap eder eken. Ahyry bir gün ol aýal şol ýerdäki köprüniň üstünde patyşanyň jylawyna ýapyşyp:

– Eý patyşa, musulmanlar horlanýarlar. Eger sen bu gün şu köprüniň üstünde meniň perýadyma ýetişmeseň, men Syrat köprüsiniň üstünde senden hakymy alaryn – diýýär.

Bu söz patyşa uly täsir edýär. Ol öz gulamyny çagyryp, Eslime ony takyklamagy buýurdy. Soňra ol aýalyň ogullarynyň süňklerini Tabas galasyna eltip jaýlamaklaryny tabşyrypdyr. Bu habar hezreti Sahypkyranyň weziri Ibn Bähramşa-da baryp ýetýär. Ol Sahypkyranyň ýanynda uly ynama eýe bolansoň, onda Hüseýin patyşa bolan uly ýigrenç döreýär.

Garaz, birnäçe wagtlap Jelal Eslem wezir bolýar. Onuň Sahypkyranyň ýanynda ynamy şeýle bir derejede uly bolupdyr. Haçanda hezreti Sahypkyran Rum ülkesini basyp alanda, ol ýeriň patyşasy Ýyldyrym Baýezidiň gyzyny öz weziri Jelalyň ogly Muhammede nikalap beripdir. Muhammediň ol aýalyndan Hudadat

atly oglan dünýä inýär. Häzir şol Hudadatdan iki-üç ogul galypdyr. Hudadat bahyl we gysganç adam bolupdyr. 882-nji ýylda[1] bu kitabyň ýazary — men[2] Tabas galasyna bardym. Ol ýeriň ilaty, onuň uly-kiçi adamlary kyn ýagdaýa salýandygyny, suwy-nany gymmatladandygy üçin, hiç kimiň suw-çörek alyp bilmeýändiklerini aýtdylar. Şu rubagy onuň hereketlerine degişlidir:

Eý, käsäň gara, gazanyňam ak,
Olaryň ikisem ot-suwdan umydyn üzen.
Bu diňe ýagyş bilen ýuwular,
Ol diňe gün bilen gyzar.

Sahypkyran Rum ülkesinden dolanansoň, Töwrize barýar. Hoja Mesgut Semnany Bagdatda peýkam zerarly ýogalypdy. Hoja Aly Semnany Hyratda we hoja Müstöwfi Tuly beýleki welaýatlarda sahypdiwan bolupdylar. Hoja Mesgut ýogalansoň, onuň ýaranlarynyň we yzyna eýerýänleriniň bir topary hem-de täze sahypdiwan bolan hojalar hojasy[3] Jelal Eslemden arza-şikaýat edýärler. Ony tussag etmeklige höküm edilýär. Köp azaplar hem gynamalar bilen onuň bar bolan ähli zatlaryny alýarlar. Permana görä, köşk derwezesiniň öňünde onuň eşiklerini çykarmakçy

[1] Miladynyň 1477-1478-nji ýyllary.
[2] Bu ýerde Seýfeddin Hajy ibn Nyzam Ukaýly göz öňünde tutulýar.
[3] Hojalar hojasy – halypalar halypasy. Ylym öwrediji mugallymlar başy.

bolýarlar. Ol ýalaňaçlanmakdan boýun towlaýan eken. Oňa bu işi etdirmek niýeti bilen köp azap, gynama berendikleri üçin ol guşagyndan pyçagyny çykaryp, öz garnyna urýar we bihuş bolup ýykylýar. Emir Sahypkyran bu habary eşidip, onuň gaýratlylygyndan ýaňa haýran galýar. Ol lukmanlara elde baryny edip, ony halas etmeklerini buýurýar we eger diri galmasa, ondan soň hiç bir adam beýle hereket etmez ýaly ony otda ýakmaklaryny tabşyrýar. Lukmanlaryň tagallasy bilen ol aýaga galýar. Sahypkyran oňa maliýe işlerde işlemegi gadagan edýär. Oňa täjik leşgeriniň serdarlygyny tabşyrýarlar. Ol Soltanyýa ýetende, atyň üstündekä bir pidakär pitneçi:

– Jelal Eslem şumy? – diýip soraýar.

Olar:

– Hawa – diýýärler. Ol şol bada ýaýyny alyp, onuň gursagyna peýkamyny şeýle bir çümdürýär welin, peýkam onuň arkasyndan parran geçýär.

### *Hoja Mahmyt ibn Hoja Şahap*

Mahmyt ibn Hoja Şahap hezreti Sahypkyranyň ygtyýarly weziri bolup, birnäçe wagt bu işi dolandyrypdyr we köp mal-mülk toplapdyr. Ahyry ony tutup, ähli emläklerini we mal-mülklerini alansoňlar, oňa ýene-de iki ýüz at bermegini tabşyrýarlar. Bu tabşyrygy berjaý edip bilmänsoň, ony öldürýärler.

### *Hoja Ýahýa Semnany*

Ýahýa Semnany Sahypkyranyň weziri bolup, diýseň atly-abraýly adam bolupdyr. Ol Allanyň rehmetine gowuşansoň, hezreti emir wezirligi onuň ogly hoja Mesguda beripdir.

### *Hoja Mesgut ibn hoja Ýahýa Semnany*

Hoja Mesgut kakasy ýogalansoň wezirlige geçýär. Sahypkyranyň döwründe diwan eýelerinden hiç kim onuň derejesine ýetmändir. Hatda hezreti emir hem oňa «perzendim» diýip ýüzlenipdir. Onuň şeýle derejede ynamdar bolmagyna şu aşakdaky waka sebäp bolupdy. Bir gün Müsürden ilçi gelýär. Hezreti Sahypkyran onuň bilen görüşmek isleýär. Emma hoja Mesgut: «Müsürde pidakär pitneçiler köp, soltanyň onuň bilen görüşmegi dürs däl, ätiýaç etmeli» diýip, bu duşuşygy gadagan edýär. Ilçini barlap görseler, onuň ýeňinden zäherlenen pyçak çykýar. Şondan soň Sahypkyran hoja Mesguda «perzendim» diýip, ýüzlenip başlapdyr. Hoja Mesgut Bagdat gabawa alnanda öldürilipdir.

### *Hoja Ysmaýyl Hafy*

Ysmaýyl Hafy Sahypkyranyň weziri eken. Ýöne onuň wezirlik döwri barada taryhy kitaplarda maglumat ýok. Ol ahyry tussag edilipdir. Ysmaýyl Hafy ähli zatlaryny döwlete tabşyrypdyr. Şundan soň ol şäher derwezesiniň öňünde oturyp, adamlardan pul

dilär eken, ýygnan pullary gün-güzeranyna-da ýetmeýän eken. Ahyrsoňunda ol köp gynamalara sezewar edilip öldürilipdir.

### *Hoja Şerefeddin Aly Semnany*

Şerefeddin Aly Semnany Töwrizden gelip, emir Sahypkyranyň köşgünde işleýär. Oňa hoja Semenderi bilen bilelikde wezirlik etmek tabşyrylypdyr.

### *Hoja Semenderi Tuby*

Semenderi Tuby hem wezir bolupdyr, ýöne onuň wezirliginiň möhleti we ahwalaty barada hiç hili maglumat ýok.

### *Hoja Ahmet Tusy*

Ahmet Tusy hem Sahypkyranyň weziri bolupdyr. Ol emir hezretleriniň köşgünde şeýle bir hormat-ynama eýe bolmagy bilen Sahypkyranyň esasy geňeşçisine öwrülipdir.

### *Hoja Salar Semnany*

Salar Semnany emirzada Şahruh Bahadyryň weziri bolupdyr. Ol diýseň şerraý adam bolup, emirler we döwlet emeldarlary bilen yzygiderli dawalaşyp, hemişe olaryň garşysyna gider eken. Ol bir depder alyp, döwlet

emeldarlarynyň her haýsysyna aýyp ýapyp, olary şol depderde ýazar eken. Beýik emirlerden bolan emir Jahanmülk Salar Semnany zerarly kör bolýar. 810-njy ýylda Seýit Fahrylmülk Salar Semnana köp pul beripdir we şol puly alandygy üçin aýyp ýapypdyr. Emirler Seýit Fahrylmülküň tarapyny tutupdyrlar. Hoja Salar işinden boşadylyp, köp azaplar berlip öldürilipdir.

### *Seýit Fahreddin*

Salar wezirden soň Seýit Fahreddin bagtyýar han we emirzada Şahruhyň wezirligine geçýär. Onuň asly Sebzewaryň[1] bir obasyndan bolup, onuň nesli pygamberimize baryp ýetýär. Kakasy täjirçilik bilen meşgullanypdyr. Ol wezir wagty sansyz baýlyk we mülk toplapdyr. Seýidiň birnäçe wagt öň zatsyz goýan adamy bolan emir Aly Şagaby Seýit Fahreddiniň iki ýüz tümen para alanyny bilýär. Ol ilki bu işi derňemek maksady bilen hazynaçynyň ýanyna baryp:

– Hazynanyň resmi işlerini barlamak tabşyryldy – diýýär.

Hazynaçy Seýide pul beren we onuň adyna tümen geçiren adamlaryň sanawyny görkezýär. Emir Aly Şagaby şol resminamany delil tutunyp, dawa edýär. Kazyýetde Seýidiň garşysyna dawa edenleriň delilleri

[1] Sebzewar – Horasan ülkesinde, Maşat şäheriniň gündogarynda ýerleşýän uly şäher.

güýçli çykýar. Ol her ýyl köp mukdarda jerime tölemeklige hököm edilýär. Ol şol ýylyň Dört tirkeşikleriniň üçünji aýynda dünýäden ötüpdir. Hoja Münşi onuň wepat bolan döwrüniň ýagdaýlary barada şeýle diýipdir:

Döwrüň şöhratlysy,
älem serweri Fahreddin,
Onuň haýbat-beýikligine pelek hem ýetmändi,
Ýazgyt zarbyndan ýaňa gije dünýäden ötdi,
Mawy gümmezde ýas sesi
eşidildi, daňam atmandy.
Onuň wepat bolan ýyly dünýä ýüzünde
Işleriň ählisi esen-amandy.

Ol Sebzewar ülkesinde «Fahryd» ady bilen tanalýan medrese, başga-da birnäçe şypahanalar, hanakalar hem kerwensaraýlar gurdurypdyr.

### *Hoja Nyzameddin Ahmet Dadyk*

Nyzameddin Ahmet Dadygyň asly Hyratdaky şahaplylar taýpasyndan bolup, ol ilki Seýit Fahreddiniň kömegi bilen han hezretleriniň weziri bolýar. Birnäçe wagtlap Seýit bilen bilelikde diwanda işläp, oňa garşy resminamalar düzülmegine ýol bermändir. Seýit dünýäden ötensoň, ony möwlana Fahreddin Hafy bilen bu işde şärikdeş edip goýýarlar. Hoja Ahmediň täsin

gürrüňleri we degişmeleri köpdür we ol ähli ýerlerde tanalýandyr.

### *Möwlana Fahreddin Hafy*

Onuň asly Baherz[1] diýen ýerden bolup, tahallusy Hafydyr. Birnäçe gün hoja Ahmet Dadyk bilen bilelikde wezir bolýar. Onuň bu işi uzaga çekmeýär. Ony işinden boşadýarlar. Ol soňra Mürze Baýsunkaryň diwanyna geçýär. Baýsunkar hem Fahreddini gowy görmeýär. Ahyry ony işinden boşadyp, köp azap-ezúet berýärler. Ol sowatsyz adam bolupdyr. Käbir taryhy kitaplarda onuň hem-de perzentleriniň sowatsyz bolup, hasapdan başlarynyň çykmandygy barada ýazýarlar.

### *Hoja Ahmet Hafy*

Ahmet Hafy 820-nji ýylda[2] Seýit Fahreddin wepat bolansoň, bagtyýar han hezretleriniň wezirligine ýetýär. Ol han hezretleriniň ömrüniň soňuna çenli, ýagny otuz ýyllap onuň weziri, geňeşçisi hem kömekçisi bolýar. Ahmet Hafy halkyň işlerini birkemsiz ýerine ýetiripdir. Ondan öňki wezirleriň hiç haýsysy onuň ýaly bilimli hem işbelet bolmandyr. Depder, girdeýji-çykdaýjy işleriniň ýazgysyny ýöretmek ýaly zerur işleri ýola goýupdyr. Ondan soňky

---

[1] Baherz – Horasan welaýatynda ýerleşen şäher.
[2] Miladynyň 1417-1418-nji ýyllary.

wezirler onuň işlerini dowam etdiripdirler. Hiç bir wezir onuň döwri ýaly gülläp ösüş hem parahatlyk döwrüni döredip bilmändi. Keremlilikde hem sahylykda döwrüň tanymalydy. Mertebe-derejesi bagtyýar han hezretleriniň döwründe günbe-günden galýardy. Öz döwründe beýik-beýik binalary gurdurypdyr. Şol sanda pirler piri şyh Abu Bekriň, hezreti şyh Hafynyň guburlarynyň üstüne gümmez galdyrypdyr, Hafda metjitler gurdurypdyr. Onuň öwgüli häsiýeti we ýagşy işleri sanardan we beýan etmekden köpdür. 850-nji ýylda[1] bagtyýar han hezretleri Hakyň rehmetine gowuşýar. Wezir hem köp wagt bäri ýüreginde beslän arzuwyny – Allanyň öýi Käbä zyýarata gitmegi amala aşyrmagy niýet edýär. Ol Allanyň kömegi we ýardamy bilen sag-aman haja gidýär we gaýdyp gelýär. Gaýdyp gelensoň, soltan Muhammet Mürze oňa öňki işinden daşgary, emirlik haladyny-da ýapýar. Wezir Hoja Ahmet Hafy onuň köşgünde-de atly-abraýly işläpdir. Hezreti soltan her gün onuň mertebesini göterer eken. Şeýdip, ol hezreti soltanyň döwründe beýik emirleriň hem-de döwlet sütünleriniň hataryna goşulýar. ...[2]

.... Elkyssa, bu biwepa we pany pelek öz işini berjaý edýär. Akyldarlaryň biri şeýle diýipdir:

Bu başsyz-aýaksyz mülke her gün seret,

[1] Miladynyň 1446-1447-nji ýyllary.
[2] Bu ýerde birnäçe jümleler galdyrylypdyr.

Ol bir pes kişini toprakdan pelege ýetirer.
Beýik işler ediji asylzadalary bolsa,
Ýere agdaryp, arzuwyn berbat eder.

Wezir Hoja Ahmet Hafy 857-nji ýylda Mürze Bahadyryň gahar-gazabyna duçar bolýar. Ol weziri emir Hasan Ala tabşyrýar. Wezir köp yza-ezúet çekensoň, şehitlik bagtyna ýetýär. Ähli halk, uly-kiçi onuň dünýäden ötenligine gynanýarlar. Şol wagt ýas sesi älem-jahana dolýar.

Şeýle ýaşa sen, eý adam,
Şonda bagta-hormata-da ýetersiň,
Seň gamyňda aglap, gözýaş dökerler,
Aýak tozňy olaň gözne sürme edersiň.

### *Japar Töwrizi*

Japar Töwrizi hoja Ahmet bilen bilelikde wezir bolupdyr, ýöne ol barada anyk maglumatlar ýok.

### *Hoja Alaýeddin Salary Ahmet Andhoýy*

Alaýeddin Salary Ahmet Andhoýy ilki Mürze Baýsunkaryň weziri bolupdyr. Ol özüniň jomartlygy bilen tanalypdyr. Japar Töwrizi ýogalansoň, ol bagtyýar hanyň wezirligini hoja Ahmet Hafy bilen bilelikde dolandyrýar. Köp wagt geçmänkä, Töwriziň Garabag diýen ýerinde amanadyny tabşyrýar.

## *Mir Aly Şagaly*

Alaýeddin Salary Ahmet Andhoýy Hoja Salary Ahmet wepat bolansoň, Mir Aly Şagaly hoja Ahmet bilen şäriklikde wezir bolýar. Birnäçe wagt geçensoň Mir Aly Şagaly hem ajal perişdesiniň elinden ajal şerbetini dadýar.

## *Hoja Şemseddin ibn Hoja Mahmyt Balynja Semnany*

Şemseddin Şemnany 845-nji ýylda[1] Mir Aly Şagaly ýogalansoň, hoja Ahmet bilen şärikdeş wezir bolýar. Ol ýagşyzada adam bolupdyr. Hoja Ahmet bilen wezirlikde şärikdeş bolanlaryň hiç haýsysy onuň ýaly bolmandyr. Öňki wezirleriň hiç biri Hoja Ahmediň kararyna garşy çykyp bilmändirler. Emma Hoja Şemseddin wezir bolansoň, özdiýenli hereket edipdir. Hezreti bagtyýar han dünýäden ötensoň, ol hem köp wagt geçmänkä, pany dünýä bilen hoşlaşypdyr.

## *Hoja Mahmyt Hafy Fasyh*

Möwlana Fasyh Hafy Esferaýn obasynda ýogalansoň, hezreti Babyr Mürze onuň ogly hoja Mahmyda hoja Şemseddin bilen şärikdeşlikde wezirligi berýär. Hezreti soltan Muhammet Mürze Horasana

[1] Miladynyň 1441-1442-nji ýyllary.

gelensoň, hoja Mahmyt çykgynsyz hala düşýär we şol gün Horasanyň Istebl diýen ýerinde wepat bolýar.

### *Hoja Şemseddin Müşerref*

Şemseddin Müşerref Babyr Mürzäniň soltanlyk döwrüniň başlarynda wezir bolýar. Ol öňki wezirleriň ýollaryna eýeripdir we köp wagt geçmänkä wepat bolupdyr.

### *Müstet Ymadeddin*

Müstet Ymadeddin 852-nji ýylda[1] şehit han Mürze Ulugbegiň weziri bolýar. Ol aňrybaş ýagşyzada we akyldar adam bolupdyr. Ol ýyldyzşynaslyk, taryh we başga-da birnäçe ylymlar boýunça ussat bolupdyr. Ol şehit hanyň wezirliginden soň, Babyr Mürze hezretleriniň döwründe Sanjar Mürzäniň hem weziri bolupdyr. Şol döwürde Allanyň takdyry bilen panylyk öýünden baky saraýa göç edýär.

### *Hoja Fahreddin Nyzamylmülk*

Fahreddin Nyzamylmülk Tus welaýatyndan hoja Nyzamylmülküň neslinden eken. Ol Babyr Mürzäniň weziri bolupdyr. Hezreti Babyr Mürzäniň döwründe onuň düzgüne goýan kanunyna görä, ähli sebitler

[1] Miladynyň 1448-1449-njy ýyllary.

emirleriň arasynda paýlanylypdyr. Emirler welaýatlarda ýol-ýörelgeler goýýardylar. Babyr Mürze her emeldaryň we döwlet emirleriniň mertebelerini saklap, olar bilen maslahatlaşar eken. Onuň alymlary we diwan işgärleri welaýatlara barmandyrlar. Babyr Mürzäniň diwanynda takwa kişiler işläpdirler. Babyr patyşa merhum bolansoň soltan Mahmyt Mürze tagta geçýär. Ol Horasan ülkelerini doly basyp almagy ýüregine düwýär. Bu wezir hem soltan bilen bilelikde ýola düşýär we ýolda onuň ajaly ýetýär. Ondan hiç perzent galmandyr.

### *Hoja Hydyry Bahşaýyş*

Hydyry Bahşaýyş hoja Fahreddin bilen şärikdeş wezir bolupdyr. Ol hasap-hesip we wezirlik işlerinden bihabar eken. Wagtyny boş we bihuda zatlar, oýun-degişmeler bilen geçiripdir. Kakasy Bahşaýyş Rum gullaryndan bolupdyr. Ahyrsoňunda Hydyr Bahşaýyş masgara bolup, işinden kowlupdyr hem-de biabraýlyk bilen dünýäden ötüpdir.

### *Möwlana Ymat Münşi*

Ymat Münşi hezreti Babyr Mürzäniň dergähinde köp tagallalar we netijeli işler edensoň, wezirligi hoja Fahrylmülk bilen bilelikde ýöredipdir.

### *Şemseddin Muhammet ibn hoja Ahmet Şirazy*

Şemseddiniň kakasy hoja Ahmet Şirazy bagtyýar han Şahruh Mürzäniň köşgünde işläpdir. Kämil akyldar wezir hoja Şemseddin Muhammet dürli ylymlardan baş çykarýan ussat bolupdyr. Kätiplik, hatdatlyk we hasapçylyk işlerinde deňsiz-taýsyz bolupdyr. Ol hezreti Şahruh Mürzäniň döwründe Samarkanda hezreti Ulugbeg Mürzäniň wezirligine ýetýär. Şehit soltan Abu Sagyt Mürze Horasan ülkesini basyp alansoň, Şemseddin Muhammet doly özygtyýarly wezir bolýar. Hezreti soltanyň oňa bolan mähremligi aňrybaş derejede bolupdyr. Ol patyşanyň huzurynda ak ýürekli, ýüzi açyk bolup, diwanyň pullaryna erk eder eken. Hezreti soltan Abu Sagyt Mürze syýasatda berkdigine we özüniň ähli işleriniň syrlaryny bilýänligine garamazdan, ylymlylygy hem ýagşyzadalygy sebäpli ony işinden boşatmagy gelşiksiz görýärdi. Ol Şemseddin Muhammedi wagtlaýyn işinden boşatsa-da, ýene yzyna alýardy. Soltanyň köşgünde başga-da düşbi, ökde alymlardyr wezirler bolupdyr. Şol sanda tanymal hoja Kemaleddin hem bolupdy. Ol soltanyň älemi penalaýjy dergähiniň ýakyn adamlarynyň biridi. Soltan ol kämil hoja Şemseddini wezirlikden boşadyp, derejesini peseltse-de, onuň hormaty-sylagy aradan aýrylmaýardy. Şemseddin işinden boşadylsa-da, ýurdy dolandyrmak babatdaky ähli möhüm işlerde oňa ýüz tutulyp, ondan kömek soralýardy. Çünki, ol bu işe şeýle bir dürs hem ökde çemeleşýärdi welin, başga hiç kim işi onuň ýaly dolandyryp bilenokdy. Soltan ony

birnäçe gezek Mawerannahra emeldar edip belläpdi. Ol az wagtyň içinde Jeýhunyň üstünde köpri gurdurdy we birnäçe ýyl Rezewiýe medresesini dolandyrdy. Öň bu medresäni nökerler we hyzmatkärler ýöredipdirler. Hezreti şehit soltan Yrak we Töwriz ýurtlaryna tarap ýöriş edende, Yspyhanyň häkimligini oňa tabşyrýar. Yrak ýurdy basylyp alnyp, ol ýerde Jahanşa Mürzäniň hökmürowan ogullary ol haýbatly hoja Şemseddin Muhammet arapdyr ajamlardan birnäçe adamlary ýanyna alyp, beýewanyň ýoly bilen köp wagt geçmänkä, Yspyhanda we Nyhawentde düşleýär. Ol ýeriň işleri hem halky onuň eline geçýär we onuň at-owazasy Yraga hem Hyjaza ýaýraýar. Ol ýerler doly zabt edilýär we daş-töwerekdäki garyndaşlar pytraýarlar. Ol sebitiň ilaty aşyklar dek bu diýara ýüzlenýärler hem-de mähnetiň penjesinden halas bolýarlar. Onuň döwletiniň adyllygy sebäpli, hiç kim onuň çäginden çykmaýardy, diňe Yrakda galtamanlar zerarly nalyş edilýärdi. Ol tä hezreti soltan Abu Sagyt şehitlik derejesine ýetýänçä, ol ýerde häkim bolupdyr. Ol şehit bolansoň Hasan beg Mürze hezretleri oňa we-zirligi bagyş edýär. Birnäçe ýyllap wezirlik sürensoň, döwlet bagtlylygyna nähak el uzadýanlygy sebäpli, onuň sag elini kesýärler. 883-nji ýyl[1] bolan häzirki günde ol Töwrizde ýaşap ýör. Ol soltan Abu Sagyt Mürzä bagyşlanan taryhy eseri ýazmaga meşgul.

[1] Miladynyň 1478-1479-njy ýyllary.

# IKINJI MAKALA. ZAMANANYŇ ASYFYNYŇ[1] AHWALATY WE ONUŇ BAŞDAN GEÇIRMELERI

[1] Asyf ibn Berhiýa – beni Ysraýyl kowumynyň alymlarynyň biri. Rowaýatlara görä, ol hezreti Süleýman alaýhyssalamyň weziri bolupdyr. Ol dürli ylymlarda ussat adam bolupdyr.

# BIRINJI BAP
# OL ALYHEZRETIŇ AHLAGY WE ONUŇ ÄLEM WEZIRLERINDEN RÜSTEMLIGI

Hakykatdan hem dürs garaýyşly Asyf özüniň akyllylygy, kämil ylymlylygy, sabyrlylygy, hümmetliligi, agraslygy, ýokary dindarlygy, dogruçyllygy, amanatdarlygy we päk ygtykatlylygy bilen älem wezirlerinden ýokarydyr, olardan ozandyr.

Düşbi, akyldar, röwşen köňülli,
Akylly garry, döwleti juwan geçýär.
Onuň parasatyndan kämil akyl haýrandyr,
Onuň pikirleri bilen Bedr[1] nur seçýär.

Bu sözlere delil hem subutnama şulardyr:

***Birinjiden***, döwür wezirleriniň iň asyllysy. Onuň ata-babalary päk ygtykatly bolup, beýik neseplilik, asyllylyk we kämillik bilen bezelendir. Olaryň käbirleri dini ylymlarda uly derejelere ýetseler, ýene käbirleri hormatly orunlarda we wezipelerde uly abraý bilen

[1] Bedr – doly aý, on dördi gijedäki dolup duran aý.

işläpdirler. Olary ýatlap geçsek, kitap gaty uzaga çekjek.

***Ikinjiden***, Asyfyň päkligi hem dindarlygy şeýle bir derejede bolup, ol çagalykdan tä häzirki gününe çenli ähli günä-gadagan işlerden daş durupdyr. Onuň beýik mejlisinde hiç kim, kim bolsa bolsun, şerabyň gürrüňini edip ýa-da adyny tutup hem bilmezdi. Ol mydama pygamberimiziň «Şerap içiji melgundyr» diýen sözüni berk belläp, aragy şeýtanyň bir nejis amaly saýýardy. Mundan başga-da erkek-aýala jynsy höwesleri bolan şöhwetparazlar onuň döwründe bu ýaramaz işe baş goşup bilmändirler. Bu weziriň nurly köňli we beýik aňy beýle zatlardan päk bolupdyr. Bu gözel häsiýetli weziriň ahwalatynyň päklik etegine beýle haram işleriň nejasaty hiç degmändir. Şeýdip, ähli ülkelerde soltanyň beýik permany bilen arak içmek gadagan edilýär. Şalar-gedalar we döwlet sütünleridir emirler arak içmegi doly terk edipdirler. Bu döwürde şol myrdary içmek şeýle derejede aýrylyp, ýok bolupdyr welin, beýle zat hiç bir taryhda we hiç diýarda görlüp-eşidilmändir. Eýsem, şol günä işi edip bilip hem ony taşlamak bagty haýsy döwrüň wezirlerine miýesser edipdi?! Älem wezirleriniň köpüsi zynakärlik, beçebazlyk, pyssy-pyjurlyk, şerap içmek ýaly ýaramaz hem gabahat işler bilen meşgul bolupdyrlar. Olar bu zatlara esasy ünsi berip, olary şygar edinipdirler. «Elbetde, siziň Allanyň ýanynda iň

hormatlyňyz takwaňyzdyr»[1] diýen jümle bu weziriň halyna doly gabat gelýär.

***Üçünjiden***, beýik wezirleriň her biri egindeşleri bilen gapma-garşylyk hem duşmançylyk edip, dürli yza-ezúetler bilen biri-birlerini ýok etmekde elde baryny eder ekenler. Mysal üçin, wezirleriň nobatçysy saýylýan hoja Nyzamylmülk Tusy hoja Abu Nasyr Kündüri öldürmekde mümkingadar köp tagalla edipdir. Öz döwrüniň taýsyzy bolan hoja Ahmet Hasan Meýmendi hoja Hasanak we soltan Mahmydyň käbir wezirleridir nedimleri bilen duşmançylyk edip, garşylyk görkezmekde köp tagalla edipdir. Sahylyk, jomartlyk at-owazasy beýge galan sahypdiwan hoja Şemseddin Mejdilmülk Ýezdini öldürmek üçin köp arabozarlyk etdi. Halypalaryň weziri hem şular ýaly başgalaryň janyna kast edipdirler. Emma bu päk göwünli Asyf ýakyn bolsun ýa daş, garyp bolsun ýa baý hemmelere mähremlik we sylag-hormat gözi bilen garaýardy. Ol öz döwletiniň duşmanlary, gep gezdirýänleri, göripleri bilen hem duşmançylyk etmändir. Eger birden bir görip adam özüniň aňrybaş göripligi we betbagtlygy bilen göriplik sürmesini gözüne çalyp, güneş çeşmesini doly örtmek we gömmek islese, ol alyhezrete günä ýöňkese, Allatagalanyň enaýaty we ol taýsyz weziriň hoşahlaklygynyň bereketi bilen, hiç ýerde, hiç wagt

[1] Gurhanyň 49-njy («Hüjreler») süresiniň 13-nji aýaty.

kabul edilmezdi. Gaýtam, ol mertebeli wezire dürli mähremlikler edilerdi.

Ýamanlyga ýamanlyk etmek aňsatdyr, bet.
Eger mert bolsaň, ýamanlyga ýagşylyk et.

***Dördünjiden***, tutuş ömründe has-da özüniň möhüm hem mübärek işleri dolandyran döwründe dogruçyllygy, kanagatlylygy, nähak zada el uzatmazlygy özüne şygar edinip, hiç kimden para almandyr. Ol bu ýaramaz işiň gapylaryny şeýle bir ýapypdyr welin, salamlaşmak we sowgat-serpaý bermek maksady bilen ol alyhezrete bir alma getirmek hem hiç kimiň oý-hyýalyna gelmändir. Eger birden adybelli beýikler we at-abraýly alymlar tarapyndan teperrik hökmünde bir tesbi ýa-da namazlyk getirseler hem ol alyhezret mylaýymlyk we ýuwaşlyk bilen ony yzyna gaýtarýardy. Şeýdip, ol alyhezretiň köňlünde we ahwalat sahypasynda hiç käýinç ediljek tozy oturmandyr. Ol ähli adamlarynyň işlerini we hajatlaryny edil öz işleri ýaly görüp, hut özi ol meseleleri çözmäge girişip, derrew-de çözer eken.

Eger bir kişä bagt ykbal ýar bolsa,
Ol elini il-ulusdan gysga saklar.
Halkyň bähbidini gözleýän bolsa eger,
Ähli halaýyklaň içinde şa bolar meger.

Hemmelere belli bolşy ýaly, öňki wezirler adamlardan köp tamakinçilikleri bolupdyr we baýlyk toplamakda aňrybaş tagalla edipdirler. Olar para almak we kişi zadyna nähak el uzatmak bilen, uly wezipelerde oturypdyrlar. Şeýdip, haýbatly emirleriň we döwlet sütünleriniň oňa elleri ýetmändir ýa-da baýlyk toplamaga güýçleri çatmandyr.

***Bäşinjiden***, halkyň mal-mülküne göz gyzdyrmazlygy berjaý edensoň, öz naýyplarynyň, nökerleriniň we hyzmatkärleriniň hem hiç haýsysyna adamlardan hatda bir dinar tamakin bolmaga rugsat bermändir. Ýöne ol alyhezretiň hyzmatkärleriniň özlerem öz hojaýynlarynyň gowy ýörelgelerine we öwgüli häsiýetlerine eýerip, her dürli derejedäki adamlardan tamakinçilik etmek diýilýän zadyň pikirini hem edip bilmändirler. Emma älem wezirleriniň ygtyýarly naýyplary bolup, ol naýyplar öz tamakinçilikleri bilen dürli ýaramazlyklary edip, musulmanlara yza-ezúet bermäge çalşypdyrlar we zyýanly tamakinçilikler edipdirler.

***Altynjydan***, ol «Mazlumyň arzyna gulak salmak sadakadyr» diýen parasatly jümlä eýerip, mazlumlaryň, biçäreleriň arzyny, şikaýatyny üns berip diläp, olaryň haýyşyny bitirmäge çalşardy. Ol hatda ähli wagtyny şoňa sarp etmeli bolsa-da, arzy, niýeti, kasty, kemligi, keseli doly anyklap, rehimli tebip we ökde lukman ýaly ony bejermäge girişerdi. Kemçilikleri dep etmekde elde baryny edip, şu beýtleriň mazmunyna ýüreginiň töründe orun bererdi.

Seresap bol, birden bukulaga-da,
Bir burça çekilen edäýmesin erbetlik.

Garry aýal ir säher
peýkamyn nyşana uraýmasyn,
Ýanan-köýen ýüregi bilen
edäýmesin berbatlyk.

Olar dady-perýat edensoň,
saňa hiç zat nep bermez,
Alla näletlär seni, mülküňi
berbat eder, dep bermez.

Ý***edinjiden***, ol jenap mydama hezreti Muhammet pygamberimiziň «Allanyň emrine boýun bolmak, Allanyň bendelerine rehimdar bolmak» diýen sözlerini özüne esas we ýörelge edinip, başardygyça din tuguny galdyrmakda, şerigatyň hökümlerini berk ýöretmekde we pygamberleriň serweri Muhammet alaýhyssalamyň emrlerini berjaý etmekde köp tagalla edip, halkyň we golastyndakylaryň ahwalatyny gowulandyrmagy iň möhüm mesele we iň uly maksat saýýardy. Halk bähbitli işleri Alla razylygy üçin serenjam berip, tertibe salýardy. Ol hemişe garyplaryň, ejizleriň we garamaýak halkyň işlerini diwan işlerinden-de öňe sürýärdi. Bir gün Turşiz welaýatynyň garyp-

biçäreleriniň biri mübärek orda[1] gelip, çykgynsyzlykdan we aňrybaş garyplykdan ýaňa her kime ýüz tutupdyr. Köp eýläk-beýläk urnup, sabyrsyzlyk bilen belent köşge baryp, şeýle arz edýär: «Meniň miras galan emlägimiň hasylynyň ondan üçüni alýarlar. Muňa garamazdan, başga önümlerden hem salgyt-paç alýarlar». Onuň bu arzy ol zamananyň Asyfyna ýetende, ol aýaga galyp: «Bu işe nähili rugsat berdiňiz? Bir derwüşiň öz miras galan salgyt emlägini diwanyň hasabyna goýup, çykdaýjy edip ekin ekensoň, salgytlardan ýaňa özüne hiç zat galmaz, pahyr derwüşiň haly harap bolar, perzentleri ol mülk ýerden mahrum galar. Çünki, ol öz ýerinden hiç hili peýda gazanyp bilmeýär.

«Eger görsem kör adamy hem çukury,
Şonda dymyp dursam, aýypdyr maňa».

Şeýdip, ol mazlumyň işini düzedip, oňa peýda ýetirmek üçin beýik soltana bu teklibi ýetirýär we ol şeýle perman çykarýar: «Onuň mülk ýeriniň hasylynyň diňe ondan birini almaly. Diwan çykdaýjylary we soltanyň hazynasy üçin hiç zat almaly däl».

Her kimiň işi mähremlik bolsa,
Perwerdigär hem oňa eder rehimi.

---

[1] Ordanyň manysy goşun diýmekdir. Ýöne bu ýerde leşgergäh göz öňünde tutulmagy mümkin.

Ne gözel diýipdi ol päkýürek Sagdy,
Onuň päk kümmedine rehmet bolsun!

Bejit bil, golastyndakylaň gamyn edin,
Döwrüň golastynda bolmakdan çekin.

Haýsy at-abraýly taryhçylar we beýik tezkireçiler zamana wezirlerinden şeýle mähremlik-mylaýymlyk görüpdirler we taryhyň gatlarynda okapdyrlar?!

***Sekizinjiden,*** ol sögünçden, hapa söz aýtmakdan bütinleý daş bolupdyr. Ol hiç kime, ýakynyna-daşyna, hyzmatkärine-nökerine ýowuz gep aýtmandyr. Bu bagt döwlet wezirler-ä beýle-de dursun, Allanyň dostlarynyň we onuň dergähine ýakynlaryň hem köpüsine miýesser etmändir. Ýogsa, olaryň özi hem bu häsiýetiň ýaramazdygyny ykrar edipdirler.

Dili bilen ýara salan her bir adam,
Ahyry şol ýaradan zyýan görer özi-de.
Dili bilen çakýan tiken hem,
Çakansoň döwülýändir dili-de.

***Dokuzynjydan,*** «Günäsi geçilmek üçin rehmet-magfyrat dileýän barmy?» diýlip, jar çekilýän mahaly bolan gijäniň soňky üçden bir bölegi, ýagny döwrüň weziriniň gündelik işlerinde dileg-mynajat edýän, Gurhan okaýan we Allanyň dergähinden günä geçme dileýän pursaty säher wagty bolupdyr. Ol ylaýta-da şol

wagt yzygiderli tagat-ybadat we toba etmek bilen meşgul bolýar eken. Bu iş Allanyň dostlaryndan, beýik pirlerinden başga adamlara miýesser etmeýär.

Allanyň Hafyza beren bagt
baýlygy hereketindendi,
Gijeki dogalaň we säherdäki
zikirleriň bereketindendi.

**Onunjy**, ähli adamlara, esasan hem beýik seýitlere, yslam kazylaryna, keramatly pirlere, döwrüň ulamalaryna, ýagşyzadalara, garyplara we takwalara çäksiz hormat-sylag eder eken. Şeýdip, olar arkaýyn, hiç hili aladasyz tagat-ybadat etmek, sapak öwretmek, ylym bermek, ylmy bäsdeşikler bilen meşgullanyp, päk göwünleri we doly yhlaslylyk bilen gonamçylyklara zyýarata baryp, şol ýerde takwalyklaryny artdyryp hem-de bereket tapar ekenler.

Bu aýlanyp duran pelek näme edip biler?
Mertleň gaýratlylygy
ähli zady amala aşyrýar.

# IKINJI BAP
# OL ALYHEZRETIŇ WEZIRLIKDEN ÖŇKI AHWALATY WE BITIREN IŞLERI

Alyhezret weziriň önüp-ösen wagty, ýagny mübärek ýaşynyň takmynan ýigrimi bäş wagty, merhum patyşa Babyr Mürzäniň soltanlyk döwründe «Afak bikäniň»[1] beýik sallançagy ony terbiýeläp, özüne wezir hem geňeşçi edip alýar. Ol şol döwür öz mübärek durkunda orun alan dindarlyk, dogruçyllyk, amanatdarlyk ýoluny özüne şygar edinip, ol işleri dolandyrýar. Soltanlyk nobaty şehit han hezretleri soltan Abu Sagyt Bahadyra baryp ýetende, ol soltanlyk öýi Hyradyň we onuň daş-töwereginiň işlerini onuň işbeletlik we amanatdarlyk boýnunda goýýar. Ol bu tabşyrygy şeýle bir dürs hem ýerlikli ýerine ýetiripdir welin, her gün dindarlyk, mynasyplyk we amanatdarlyk alamatlary ol ýagşyzada weziriň maňlaýynda görner eken. Ol han-begleriň, döwlet emirleriniň öňünde, beýik soltanlyk köşgünde uly ynama eýe bolýar. Ýagşyzada soltanyň oňa bolan

[1] Anyk maglumat ýok.

enaýaty we mähremligi artýar. Zamana oňa heniz ösüşleriniň öňdedigini buşlaýardy. Ol sekiz ýyllap bu möhüm işi iň gowy görnüşde ýerine ýetirýär. Halk ondan razy we hoşal bolýar. Haçanda 871-nji ýylda[1] ýalkanmyş hezreti hakan Yraga we Töwrize tarap jylawyny çekende, ol Horasanyň işlerini dolandyryp ýördi. Ol bu işi öz adamlaryna tabşyryp, mübärek üzeňňi bilen hemralykda Yraga ýüzlenýär. 872-nji ýylda[2] Kumuň, Reýiň we ol ýerleriň daş-töwerekleriniň mal-mülklerini zabt etmek bilen, ol ýerleriň wezirligi oňa berilýär. Işleri ýöretmek jylawy onuň mynasyplyk we işbaşarjaňlyk eline düşýär. Ol bu işleriň ählisiniň hötdesinden gelýär. Bu ülkelerde köp öwgüli yzlary galdyrýar we ýagşy hem netijeli işleri amala aşyrýar. Halk onuň janköýeridiklerini, yhlasly dostlarydyklaryny bildirip, oňa alkyş-sena aýdýardylar. Alyhezret wezir şehit soltanyň[3] başyna düşen elhenç wakadan soň öz döwleti, sagadaty hem bagty bilen halypalyk penalaýjy, Süleýman mekanly, Jem (Jemşit) haýbatly, Allanyň saýasy beýik han Abylgazy soltan Hüseýin Bahadyryň (goý, Alla onuň patyşalygyny we soltanlygyny müdimi etsin!) älemi penalaýjy dergähine barýar. Ol dindar soltanyň eziz döwletiniň we mübärek soltanlygynyň ilkinji günleri bolansoň, heniz işler doly tertip-düzgüne girmändi. Adamlar jogapkärçilikli işlere

---

[1] Miladynyň 1466-1467-nji ýyllary.

[2] Miladynyň 1467-1468-nji ýyllary.

[3] Bu ýerde şehit soltan diýlip soltan Abu Sagyt Bahadyr göz öňünde tutulýar.

girişip bilmän, soltanlyk köşgüniň saýasyna ýygnanýardylar. Köp wagt geçmänkä, soltanlyk işleri belli-külli düzgün-nyzama girýär. Garşydaşlar we duşmanlar doly dep edilýär. Ýeňiş nyşanly goşun Merwiň gyşlagynda düşleýär. 875-nji ýylda[1] beýik han hezretleri ol ikinji Asyfy soltanlyk öýi Hyratdan çagyryp, ýurtlary hasaba almak depderini derňemek işini tabşyrýar. 875-nji ýylyň Dört tirkeşikleriň ikinji aýynyň 20-ne «Älemi penalaýjy dergähiň kätipleri we Hyrat köşgündäkiler bu ýere gelsinler» diýip, hökmany boýun bolmaly beýik perman çykýar. Şol ýylyň şol aýynyň 26-syna alyjenap wezir doly bagtyýarlyk bilen wezirlik tagtynda oturýar. Bu jar Arşdan ýerdäki ýaşaýjylaryň gulagyna ýetýär.

Perwerdigäriň keremine müňlerçe şükür,
Jahanda beýiklik ornunda oturdy.

[1] Miladynyň 1470-1471-nji ýyllary.

# ÜÇÜNJI BAP
# OL ALYHEZRET WEZIRIŇ ÖZ WEZIRLIK DÖWRÜNDÄKI AHWALATY

Ol işbelet wezir wezirlik haladyny geýip, wezirlik tagtyny özüniň sahawatly durky bilen mübäreklänsoň, özüniň öňden gaýdýan dogruçyllyk we el uzatmazlyk şygarlaryna eýerip, takwalyk, amanatdarlyk, päklik hem dindarlyk ýolunda berk durup, doly erk-ygtyýar bilen, bu uly hem jogapkärçilikli işe girişýär. Bu mübärek wezipäniň ygtyýar jylawy ol päk garaýyşly Asyfyň eline düşensoň, ol her gün öwgüli häsiýetleri we peýdaly hem netijeli işleri bilen bu ugurda köp tagallalar edýärdi. Älemleriň Perwerdigäriniň goýan amanatlary bolan halk, adamlar ol päk ýörelgeli weziriň mähremlik hem ýagşylyk bereketi bilen rahat-parahat durmuşda ýaşap, doly arkaýynlyga eýe bolýarlar. Ol beýik wezir özüniň mübärek durkunda peýda bolan ýagşylyk etme we haýyr isleme häsiýetleri bilen käte-käte «Haýyr işe gönükdiren şol haýyr işi eden ýalydyr» diýen hüküme görä, hökümdaryň haram we gadagan eden işleri etmegine böwet bolardy we ony sogap-haýyr işlere höweslendirerdi.

Patyşa onuň her pikirini goldaýan bolsa,
Onuň ýagşylykdan başga
teklibi bolmaly däldir.

Şeýdip, ol weziriň dogry-dürs pikirleri bilen ýurtda dürli rahatlyklar
we asudalyklar peýda boldy.

Oň döwleti heniz hem köp gülläp öser,
Bu diňe beýiklik daňyndan bir ýagtylykdyr.

Elkyssa, ol wezirlik işlerine girişip başlansoň, onuň dindarlyk we haýyr-yhsan etme häsiýeti köp wagtlap dowam edip gelýän ýaramaz bedgatlary ýok edip, olaryň ýerine halky parahat durmuşa eltýän ýagşy ýörelgeleri ornaşdyrmagy talap edýär. Şeýdip 875-nji ýylyň[1] Oraza aýynyň 28-ne ol Horasan ülkesinde adyllyk hem dogrulyk kanunyna garşy düzülen kararlara beýleki welaýatlardyr etraplardaky kararlar bilen bilelikde düzedişler we düşündirişler girizip, täze kararlary beýik köşge hödürleýär. Beýiklik tagtyndan bu düzediş kararlaryň halkyň peýdasyna we bähbidinedikleri nazarda tutulyp, weziriň islegine görä jogaplar gelýär. Eger her welaýat we etrap baradaky düzediş kanunlary bu ýerde getirseň, has uzaga çeker. Ýöne okyjylar ol beýik weziriň päk isleglerine we

[1] Miladynyň 1470-1471-nji ýyllary.

haýyrly işlerine göz ýetirmekleri üçin, şu ýerde Horasanyň beýik şäherlerinden bolan soltanlyk öýi – Hyrata degişli täze düzediş girizilen karary we beýik köşkden ony makullap ýazylan jogaby getirýäris.

## Weziriň teklip eden düzediş karary

«Täjirlerden alynýan salgydy şol bagtyýar hanyň döwründäki bellenen mukdarynda almaly we ondan artyk talap etmeli däl. Täjirleri garşy almaga gidýänlere olardan sowgat almazlygy, olara üns bermekligi we kömek etmekligi tabşyrmaly. Ýöne söwdagärleriň yzyna düşüp, olara ýol görkezýänler olara «ýol rugsatnamasyny almandyrlar» diýen bahana bilen gohgalmagal edip, täjirlere päsgelçilik hem zyýan ýetirýärler. Bu zatlary gadagan etmeli. Olardan hiç zat almaly däl. Eger täjirlere ýolbelet gerek bolsa, Hyrat diwanyna ýüz tutmaly. Ýolbeletler hem olara «ýol rugsatnamasyny almandyr» diýip zyýan ýetirmeli däl. Gözegçileriň täjirlere degişli işleri bolsa, olardan şol bellenilen salgydy alýan wagtlary ol meseleleri çözmeli. Soňra olara azar bermeli däl».

## Jogap

«Täjirler döwrüň saýlananlary we gözel ahlak kesp edijiler bolansoň, olaryň hal-ýagdaýlaryny üns merkezinde goýup, olara mümkinçilik döretmegi öz belent hümmetimize wajyp saýyp höküm edýäris.

Olardan alynýan salgyt şol ýalkanmyş hanyň döwründäkisi ýaly bolmaly, ondan köp bolmaly däl. Salgyt ýygnaýanlar olaryň ýanyna salgyt üçin baryp, olardan sowgat almak üçin, olara azar-ezúet bermeli däl. Olar Hyratdan çykjak wagtlary, eger başga ýurda ýa-da başga ýere gitmek isleseler, Hyrat diwanyndan ýolbelet almaly. Salgytçylar olaryň yzyndan baryp, «ýol rugsatnamany almandyrlar» diýen bahana bilen goh-galmagal turuzman, olara goltgy-goldaw bermeli».

## Weziriň indiki teklibi we düzediş karary

«Kerwensaraýlarda ýerleşen dellallar dellallyk hakyny bagtly hanyň döwründäkisi ýaly almaly. Olar muňa doly amal edenoklar. Olara gözegçilik edip, edýän işlerini derňemeli. Olardan öz işlerine doly mynasyp däl adamlary bu işden çykaryp, ýerlerine amanatdar hem ynamdar adamlardan birnäçesini saýlap, yslam kazysy möwlana Kemaleddin Hüseýiniň ýanyna eltmeli. Ol bolsa saýlanan täze dellallara kerwensaraýlarda adalatly-ynsaply işläp, daş ýerlerden gelen täjirleriň iş salyşýan adamlarynyň pulsuz batan adamlar däldigini anyklamaly, täjirleriň pulunyň biderek ýele sowrulmagyna ýol bermeli däl. Dellallar dellallyk hakyny şol bagtyýar hanyň döwründe bellenen mukdardan köp almaly däl».

## Jogap

«Teklibi eşidip şeýle karar edýäris. Dellallar öz dellallyk haklaryny diňe şol ýalkanmyş hanyň döwründe alnan mukdardan köp almaly däl. Ynamdar däl dellallary aýryp, ynamdarlary we amanatdarlary kazylar kazysy möwlana Kemaleddin Şyh Hüseýiniň saýlamagy we seljermegi bilen işe bellemeli. Dellallar täjirleriň satmaga getiren harytlary, matalary we beýleki zatlary heder bolmaz ýaly, olaryň pulsuz batan adamlar bilen söwdalaşmagynyň öňüni almaly».

## Ýene bir teklip we täze karar

«Habar berişlerine görä, ýol gözegçileri, derweze sakçylary adamlardan pul-salgyt alýarlar. Şol alynýan salgytlar bagtyýar hanyň we şehit hanyň döwründäkisinden köp bolmaly däl. Mundan başga-da möhüm işlerde jogapkär işgärler bolup işlänler ýaramaz, bozuk adamlar bolmaly däl. Eger şeýle adamlaryň bardygy anyk belli bolsa, olary işden çykaryp, olaryň ýerlerine ynamdar adamlary bellemeli».

## Jogap

«Höküm edýäris. Derweze sakçylary halkdan alýan salgytlaryny diňe ýalkanmyş hanyň döwründe alynýan mukdarda almaly. Ol işleri alyp barýanlaryň içinde ýaramaz we nämynasyp adamlar bar bolsa, olary çykaryp, ýerine ynamdar we ynsaply adamlary bellemeli».

## Ýene bir täze karar

«Käwagtlar gözegçi salgytçylaryň halkdan salgydy ýok zatlar üçin hem salgyt alýan pursatlary bolýar. Şonuň üçin ol salgytlary nämelerden salgyt almalydygyny bilmeli we olaryň bilgeşleýin nähak salgyt almaklaryna böwet bolmaly».

## Jogap

«Doly derňemeli, halkdan nähak salgyt-töleg almaly däl».

## Ýene bir täze teklip

«Dürli wezipelerde işleýän uly jogapkär adamlaryň raýatlar bilen nähili gatnaşykdadyklaryny, halky bilen mähremlikde gatnaşýandyklaryny derňäp durmaly. Olaryň öz işlerini nähili dolandyrýandyklaryna seret-meli. Eger olar halka gowy hyzmat etmeýän bolsalar, onda halka haýyr ýetirip bilýän adamlary tapmaly».

## Jogap

«Derňelip, wezipeli adamlara gowy hyzmat edip bilmeýänleri aýryp, olaryň ýerlerine mynasyp, jogapkär adamlary bellemeli diýip karar edýäris».

## Ýene-de teklip

«Şehit soltanyň döwründe köşk emeldarlary aýlyk haklaryny diwanlaryň girdejisinden alýardylar. Emma häzir olara diwanyň daşyndan hak tölenýär. Eger öňki dessura görä, olara diwanlardan aýlyk tölenip, ondan daşary gelýän girdejiler tygşytlansa gowy bolardy».

## Jogap

«Höküm edilýär. Öňki ýörelgä görä, köşk işgärleri diwanlaryň girdejilerinden aýlyk hakyny almaly. Beýleki girdejiler ýurduň başga ýerlerine sarp edilmeli».

## Ýene-de täze teklip

«Şehit soltanyň döwründe daşyndan gelýän girdejileriň ýüzden üç bölegi saklanylýardy. Emma häzir ýüzden on ýarym bölegi saklanýar. Salgytlardyr tölegleri ýygnamaga meşgul bolan nökerler köp wagt egleýärler we olara edilýän çykdajy hem ýüzden ikä ýetýär. Eger öňki dessura görä amal edilmäge höküm berlip, şol ýüzden üç bölekden köp alynsa we ol nökerleriň çykdajylary hem şol ýüzden on bölegiň içine girse oňat bolardy».

## Jogap

«Öňki ýörelge esasynda, diňe daşarky girdejileriň ýüzden on böleginiň alynmagyna we bu işi amala aşyrýan nökerleriň hakynyň hem şondan berilmegine höküm edýäris».

## Teklip

«Geçen ýyl käbir emirler dürli işlerde işleýän wezipedarlardan käbir bahanalar bilen birnäçe mukdar pul alypdyrlar. Ol emirler geçen ýylky dessura görä amal edipdirler. Bu ýörelge öňden gelýän dessur bolmansoň, olaryň ol wezipedarlara azar bermän, öňden gelýän adyl kanunymyzy ýene-de öz güýjüne girizmäge höküm etseňiz ýagşy bolardy».

## Jogap

«Bu iş öňden gelýän ýörelge bolmansoň, mundan beýläk olara azar bermeli däl diýip höküm edýäris».

## Ýene-de täze teklip

«Jogapkär wezipedarlara we dürli kärdäki işgärlere pul-hak bermegi belläpdirler. Olar haky yzygiderli alýarlar we olara diwan tarapyndan töleg tölenýär. Eger makul bilseňiz, olaryň arkaýyn öz işlerini ýerine ýetirmekleri üçin, olardan töleg alynmazlygyna höküm etseňiz gowy bolardy».

## Jogap

«Biragyzdan goldanylan we kabul edilen dessura amal etmeli we ondan çykmaly däl».

## Teklip

«Käwagtlar bir zatlar gazanar ýaly, işgärlerdir ilçileriň işlerini barlamaklyk barada buýruk we perman ýazýarlar. Bu bolsa halka zyýan ýetirýär. Eger höküm etseňiz, işgärlere hiç hili zyýan-zeper ýetirmesinler. Şonda halkyň rahat ýaşamagy üpjün ediler».

## Jogap

«Mübärek perman bolmazdan, olar barada beýle iş etmeli däl».

## Ýene bir teklip

«Öňki döwürlerde, käwagtlar Hyratdaky döwlet resminamalaryny derňäp, başga ýere geçirýärdiler. Häzirki döwürde bolsa her ýyl ýa-da her iki ýyldan käbir bähbitleri göz öňünde tutup we diwan tarapyndan bir iş eder ýaly dürli kärdäki işgärleriň iş resminamalaryny barlap, olary agdar-düňder edip, halka azar berýärler. Makul bilseňiz, tä işgärlerdir wezipedarlaryň özleri derňemek işini talak edýänçäler,

emir ýa-da diwanyň jogapkär işgärleri olara azar bermezlige, höküm etseňiz gowy bolardy».

## Jogap

«Höküm edýäris. Eger işgärlerdir ýolbaşçylaryň özi talap etseler we mübärek perman çykarylsa, derňew işler edilmeli. Halka azar berip, olaryň biderek wagtyny almaly däl».

## Ýene-de bir täze düzediş teklip

«Bagtyýar hanyň döwründe şäheriň emirtümeni[1] her bir adam sanyna düşýän girdejini hasaba alýardy we etraplaryň adam sanyna düşýän girdejileri hem şehit soltanyň döwründe hem adam sanyna görä hasaba alnyp, adamlaryň haky paýlanylýardy. Olary hasaba alyp, ýaranlaryň haky hökmünde diwana bir mukdar pul berilýärdi. Bu bendäni başga işe bellän senelerinden soň, şu işe bellenilenler bu röwüşde amal edip bilmändirler ýa-da özleri bilgeşleýin amal etmändirler. Häzirki döwürde girdejileriň jemini hasaplap, ol işi ýerine ýetirýäniň hak-tölegi hökmünde halkdan bir zatlar alýarlar. Bu bolsa adamlara zyýan ýetirýär. Eger makul bilip, bagtyýar hanyň döwründe bolşy ýaly, şäheriň emirtümeniniň öz çäginden çykmazlygyna her bir paýyň aýry-aýry hasaplanyp,

[1] Emirtümen – on müň esgerden düzülen goşunyň emiri.

eýeleriniň adyna hasaba alynmagyna, bu işleri ýerine ýetirmek üçin bolsa ýörite jogapkär işgär bellenilmegine höküm etseňiz gowy bolardy. Bu işi ýerine ýetirýänler diýen bahana bilen adamlara azar bermeli däl».

## Jogap

«Höküm edilýär. Ýalkanmyş hanyň döwründäki dessura görä işlemeli. Şehit soltanyň döwründe hak alynýardy diýen bahana bilen diwana zat ýetirjek diýen bolup, adamlara azar bermeli däl».

## Täze teklip

«Bagtyýar hanyň döwründe etrap miraplaryndan diwana hiç zat alynmandyr. Käwagtlar eger miraplardan diwan üçin, miraplyk töleg alynsa, miraplyk işi yhlasly ýerine ýetirilmeýär, ekin meýdanlaryna nogsanlyk ýetýär we diwandakylar miraplara göz dikip başlaýarlar. Eger miraplardan hiç zat alynmazlygyna höküm etseňiz miraplyk işi gowy, doly ýerine ýetirilerdi we ekin meýdanlarynda kemlik bolmazdy».

## Jogap

«Öňden galan dessur bolmansoň, ýörite jogapkär işgärlere göz dikilmezligine we bagtyýar han

hezretleriniň döwrüniň dessuryndan çykylmazlygyna höküm edýäris».

## Ýene täze teklip

«Käwagtlar emeldarlardyr diwan ýolbaşçylary mülk ýerlerini kireýine alýarlar. Şeýdip, halka azar-ezúet ýetýär. Eger höküm etseňiz, beýik permana görä amal edinip, halkyň asudalygy we rahatlygy üpjün bolar ýaly, emeldarlara ýerleri kireýine almaklyga rugsat berilmese gowy bolardy».

## Jogap

«Beýik permana görä, ýerler hem welaýatlar kireýine emeldarlara berilmeli däl».

## Täze teklip

«Hiç bir adam möhürli resminamasy bolmazdan, hiç kimden pul-töleg islemeli däl. Permana laýyklykda, edilen işleriň çykdajylaryny döwlet gaznasyndan almaly. Ol emläginde ýok adam ol ýere jogap berer ýaly, jogapkär wekil bellemeli. Başga welaýatlardan gelenler beýik permana görä, eger alyhezretiň tagta geçmeginden öň gelen bolsalar, olardan hasap soralmaly däl».

## Jogap

«Karar edýäris. Möhürli dessur bolmazdan, adamlardan hiç zat talap etmeli däl. Mülk ýeri bar, ýöne başga ýerde ýaşaýan adam diwanyň öňündäki hasap kitaplarynda jogap berer ýaly, ol ýerde wekil bellemeli. Patyşa tagta geçmezden öň, göçüp gelenleri yzyna gaýtarmaly däl we olary hasaba çekmek gadagan».

## Ýene-de bir teklip

«Hasyl salgyt alyjylar, emeldarlar we ýokary wezipeli ýolbaşçylar adamlardan hak-töleg we para almaly däl, adamlar hem olara para-pul bermeli däl. Eger berseler, alyjy hem, beriji hem günäkärdir. Eger bu meseläniň üstünde emeldarlar bilen halkyň arasynda uruş-dawa dörese we emeldarlardan biri öldürilse, onuň hun haky aýrylýar diýip, beýik perman çykarylsa bähbitli boljak».

## Jogap

«Emeldarlar we wezipeli ýolbaşçylar adamlardan pul-para almaly däl, olar hem para bermeli däl. Eger berseler, olaryň ikisem günäkärdir. Eger bu meselede olaryň arasynda dawa-jenjel dörese we emeldar öldürilse, hun hakyny almalydyr».

## Teklip

«Käwagtlar jöhitlere şerigata garşy hiç iş etmändiklerine garamazdan, ezúet berip, olardan jerime alýarlar. Şeýdip, agzalalyk ýüze çykýar, tertip-düzgün bozulýar. Eger höküm çykarsaňyz, jöhitler şerigata garşy iş etmeseler, azar berilmese we emirlerdir diwandakylar olaryň mallaryna göz dikme-seler, has gowy bolardy».

## Jogap

«Bir adamyň ýa-da jemagatyň şerigata garşy işi subut edilmänkä, mezhebiniň ýa-da dinleriniň garşy bolandygy üçin hiç kime azar-ezúet bermeli däl we jöhit diýip, olardan tamakin bolmak gadagandyr».

## Täze teklip

«Bagtyýar hanyň döwründe ýer hasyllarynyň salgydy ol hasylyň görnüşine görä bellenilýärdi. Şehit hanyň döwründe bolsa käbir hasyllar görnüşine, käbirleri bolsa bahasyna görä bellenilipdi. Häzir baglaryň köplügi sebäpli, diwanyň bu babatda işlerinde düşnüksizlik we bulaşyklyk döredi. Eger bagtyýar hanyň döwründäki ýaly, hasyllar öz görnüşine görä hasap edilse, baglaryň abat hem bolhasylly bolmagyna sebäp bolardy».

## Jogap

«Ýalkanmyş bagtyýar hanyň döwründäki dessura görä amal edilmegini höküm edýäris».

## Täze teklip

«Diwanda bellenilşine görä, etraplardaky ekin meýdanlaryndan köp mukdarda salgytlar alynýar. Emma mundan beýläk ol salgytlary kemeltseňiz, adamlara ýeňillik we olaryň ekinlerinde bolçulyk bolardy».

## Jogap

«Geljeki ýylyň başyndan salgytlary iki esse aşak düşürmeli».

Patyşa bu kararlaryň ählisini tassyklap, makullap, iň soňunda möhürläp şeýle ýazypdyr: «Adyllyk şygarly soltanlaryň we döwletli hanlaryň huzurynda, ýurdunda işleýän serwerler, kazylar, alymlar, hojaýynlar, ekerançylar, daýhanlar — ähli ildeşler, soltanlyk öýi — Hyrat köşgüniň işgärleri özlerini çäksiz ynsaplylyklary we soňsuz tagallalary bilen din-döwlet işine nyzam, patyşalyga tertip bermeli. Hudaýa şükür, at-abraýly weziriň beýik hümmeti, taýsyz tagallalary we her bir zadyň soňy barada oýlanma häsiýeti bilen bedgat ýörelgeler ýok bolup, berk göwnejaý sünnetler (ýol-ýörelgeler) binýat edilýär. Beýle hereketleriň yzlary döwürler sahypasynda galmalydyr. Bu sözlerden

maksat ýaňy-ýakynda beýik wezir hoja Kawameddin Nyzamylmülk özüniň päk niýetleri we halka bähbitli pikirleri bilen agzalalyga we perişanlyga sebäp bolýan zatlary ýigrimi iki bölümde beýik dergähe ýetirdi. Ol tekliplerdir düzediş girizmeleriň peýdaly hem bähbitlidigine göz ýetirip, olaryň ählisini tassyklap, jogap ýazdyk. Bu täze kanunlar öwredilmeli, onuň kadalaryna özgertmeler girizmek gadagan we onuň çäklerinden çykmaly däl. Häkimler, soltanlyk öýi Hyratyň diwandakylary, mal-salgyt ýygnaýjylar, hasapçylar, beýik depderhananyň işgärleri bu permanlary ýöretmekde elde barlaryny edip, olaryň çäklerinden birjik-de çykmaly däldir».

## MAZMUNY

Giriş ................................................................................... 3

**Birinji makala. Öňki wezirleriň beýany**

**Birinji bap.** Beýik sahabalaryň we ymamlaryň wezirleri ....................................................................... 21

**Ikinji bap.** Gadymy soltanlaryň wezirleriniň beýany 23

**Üçünji bap.** Emewi wezirleriň beýany ...................... 52

**Dördünji bap.** Apbasly wezirleriniň beýany.............................................................................. 67

**Bäşinji bap.** Samanlylar neberesiniň wezirleriniň beýany.............................................................................. 269

**Altynjy bap.** Gaznaly patyşalarynyň beýany .......... 275

Ý**edinji bap.** Buweýh neberesiniň wezirleriniň beýany.............................................................................. 359

**Sekizinji bap.** Seljuk neberesiniň beýany.............................................................................. 371

**Dokuzynjy bap.** Horezmşa soltanlarynyň wezirleriniň beýany............................................................ 463

**Onunjy bap.** Çingiz hanyň we onuň ogullarydyr agtyklarynyň wezirleriniň beýany............................ 470

**On birinji bap.** Muzaffar nesilşalygynyň we gurly patyşalaryň wezirleriniň beýany............................................................ 506

**On ikinji bap.** Hezreti sahypkyran emir teýmir körekeniň wezirleri.................................................. 512

**Ikinji makala. Zamananyň asyfynyň ahwalaty we onuň başdan geçirmeleri**

**Birinji bap.** Ol alyhezretiň ahlagy we onuň älem wezirlerinden rüstemligi........................................... 534

**Ikinji bap.** Ol alyhezretiň wezirlikden öňki ahwalaty we bitiren işleri........................................................ 545

**Üçünji bap.** Ol alyhezret weziriň öz wezirlik döwründäki ahwalaty................................................ 549